**Öwezdurdy Nepesow**

# Uzak-uzak ýyllar

**ROMAN**

**Aşgabat «Magaryf» – 1986ý.**

Uruş adamzadyň başyna nähili agyr günleri saldy. Sowet adamlary ähli kynçylyga döz gelip, mähriban toprak üçin uruşsalar-da, tylda ägirt uly gahrymançylyk görkezildi.

Ýaş ýazyjy Öwezdurdy Nepesowyň bu romanynda şol uzaga çeken agyr ýyllaryň gahrymançylygam, agyr hesretlerem örän täsirli, çeper beýan edilýär. Her bir gahrymanyň ykbaly okyjyny çuň oýlandyrýar.

Roman SSSR-iň döredilmeginiň 60 ýyllygyna bagyşlanyp geçirilen edebi eserleriň respublikan konkursynda üçünji baýraga mynasyp boldy.

**Elektron görnüşine geçiren Erkin Baýmuhammedowiç Çaryýarow**

---

**Aşgabat – 2018ý.**

## ÖWEZDURDY NEPESOW



Türkmenistanyň halk ýazyjysy, filologiýa ylymlarynyň doktory Öwezdurdy Nepesow 1947-nji ýylyň 1-nji iýulynda Magtymguly (Garrygala) etrabynyň Garaganly obasynda Nepes hojanyň maşgalasynda eneden bolýar.

Ol ýaşlykda ýetim galyp kyn güzeran başyna düşüp, çekene çopany, bagban, sakçy bolup işlemeli bolýar.

1963-nji ýylda Balkanabat (Nebitdag) şäherindäki 3-nji gurluşyk uçilişesiniň agaç ussaçylygy bölümine okuwa girýär we gapdalyndan şäheriň agşamky işçi ýaşlar mekdebinde okaýar. Okuwyny gutaranyndan soň oba gurlyşyklarynda kerpiç örüji suwagçy, agaç ussasy bolup işleýär. Soň 1966-njy ýylda etrap merkezindäki 1-nji orta mekdebi tamamlaýar.

Ol ýaşlykdan watanymyzyň gözel künjegi bolan Sumbar jülgesiniň ajaýyp tebigatynyň, bu jülgäniň adamlarynyň mähribanlygyndan ýagşy ganýar. Olara gatyşyp garyşyp, bulut ýaly gara baglyklarda zähmet çekýär.

1967-nji ýylda häzirki Magymguly adyndaky Türkmen döwlet unwersitetiniň türkmen filologiýasy fakultetine okuwa girýär. Unwersitet kalby hujuwdan doly ýaş ýigide ylymyň, bilimiň dürli ugurlary tylla işigini açýar.

Hut ol talyplyk ýyllaryndan şygyrýet, ylym bilen çynlakaý meşgullanyp başlaýar. Ýoldaşlary ýaş ýigidiň ýazýan goşgularynyň diliniň şirinden duýgurlygny, suratkeşligini, duýgyny obrazly beýan etmegiň güýçliligini, pelsepe öwüşginlerine baýlygyny belläpdirler. Emma ol juda az ýazýardy.

Ol 1972-nji ýylda bu ýokary okuw jaýyny tamamlap, «Türkmenistan» neşirýatynda korrektor, Türkmen döwlet kitap palatasynda bibliograf bolup işleýär. 1973-nji ýylda «Türkmenistan» gazetinde habarçy bolup işe başlaýar.

Aşgabatda ýaşap belli gazetiň redaksiýasynda uly habarçy, bölüm müdiri bolup işlemek onuň üçin uly döredijilik mekdebi bolýar. Ol respublikanyň belli ýazyjy-şahyrlary bilen duşuşyp, olaryň döredijiligi, özleri bilen ýakyndan tanyşmaga mümkinçilik alýar. Soňra onuň özem goşgudyr, poemalar döredip, olary merkezi metbugatda çap etdirip başlaýar.

Öwezdurdy respublikan konkurslara gatnaşyp olarda ýeňiji bolýar.

Şol döwürlerde ol ylym bilen hem meşgulanyp ylymlaryň doktory, professor Öde Abdyllaýewiň ýolbaşçylygynda «Berdi Kerbabaýewiň döredijiliginde momumentallyk» diýen temada dissertasiýasynyň üstünde işläp başlaýar.

Ol gazetiň ýeňil bolmadyk hysyrdyly işiniň daşyndan şygyr, publisistika, ylym

bilen meşgullanýar. Şol günleriň birinde bolsa oňuň «Uzak uzak ýyllar» romany respublikan konkursynda üçünji baýrakly oruna mynasyp bolýar.

Öwezdurdy Nepesow 1984-nji ýylyň başynda «Garagum» žurnalynda («Sowet edebiýaty») jogapkär kätip bolup işe başlaýar. Bu ýerde 1988-nji ýyla çenli işläp, «Uzak uzak ýyllar», «Jylawsyz sähra» romanlaryny bu žurnalda çap etdirýär. Onuň «Daş-61» atly pýessasyny Daşoguzyň Andalyp adyndaky sazly drama teatrynda goýýarlar.

Onuň «Aýdere» poemasy hem respublikan konkurusda baýrak alýar. Ol «Berdi Kerbabaýewiň döredijiliginde momumentallyk» diýen temada jemagat öňünde dissertasiýa goraýar. Onuň bu dissertasiýon işi respublikamyzyň ylmy jemgiýetçiliginde däl, şol wagtky soýuz derejesinde bu ugurdan edilen ilkinji ajaýyp iş hökmündde ykrar edildi. Onuň şahyrana kyssa bilen ýazylan «Uzak uzak ýyllar» romany özbaşdak kitap bolup okyjylara gowuşdy. Oňa Türkmenistanyň Ýazyjylar guramasynyň prawleniýesiniň «Berdi Kerbabaýew» baýragy berildi.

Ony 1988-nji ýylda Ýazyjylar guramasynyň agzalygyna kabul edýärler.

Şol döwürde ony döwlet işine çekýärler. Emma ol döredijilik bilem meşgullanmasyny taşlamaýar. Ajaýyp romanlary, hekaýalary, powestleri, poýemalary, goşgulary döredýär.

1990-njy ýylda ol Türkmenistan ýazyjylar soýuzynyň prawleniýesiniň guramaçylyk sekretarlygyna saýlanýar. Ol bu ýerde ýazyjy şahyrlar bilen göniden-göni iş alyp barýar. Ýazyjylar guramasynyň döwür bilen aýakdaş gitmegine ýardam berýär. Sähelçe wagtdan soň ony Türkmenistanyň Prezidentiniň geňeşiniň ylym-bilim, medeniýet, sungat işgärleri baradaky komitetiniň başlygynyň orunbasary wezipesine, soňra Türkmenistanyň ministrler kabinetiniň medeniýet we döredijilik işlerini dolandyrmak bölüminiň müdirligine işe çekilýär.

Ol bu ýerde ýedi ýyllap işläýär. Şol döwürde ol iki kitapdan ybarat «Pyragy» romanyny, «Zyýarat», «Kyýamat magşara çenli», «Gyrnak» romanlardan ybarat «Zyýarat» trilogiýasyny, powestlerini, poýemalaryny okyjylara hödürledi.

Ol 1995-nji ýylyň 6-njy iýulynda «Taryhy prozamyzyň poýetikasy» diýen temada Jemagat öňünde doktorlyk dissertasiýasyny goraýar. Onuň «Türkmen taryhy prozamyzyň poýetikasy» diýen ylymy monografiýasy ylym dünýäsinde gymmatly täzeçillige eýe bolan saldamly ylmy iş bolup, ilkinji bolup prozamyzyň ylmy derňewini türkmen edebiýatyny öwreniş ylymynyň dolanşygyna girizdi.

Oňa 1993-nji ýylda «Türkmenistanyň halk ýazyjysy» diýen hormatly at dakyldy.

Ol Türkmen döwlet unwersitetiniň edebiýat, žurnalistka kafedrasynda, Türkmenistanyň Milli billim inistitutynda professor, baş ylmy işgär bolup işledi.

Öwezdurdy Nepesow müňden gowrak goşgy, poemalarynyň onusyny, powestleriniň on bäşini, hekaýalarynyň ýüze golaýyny, ýigrimä golaý roman ýazdy. Onuň döredijiliginiň belli bir bölegi okyjylara ýetrildi.

Ol Türkiýe respublikasynyň türki döwletleriniň ýazyjylarynyň arasynda geçrilýän bäsleşiginde üçünji baýrakly oruna mynasyp boldy.

Öwezdurdy Nepesow häzir hem döredijiligiň otly körüginde arman-ýadaman zähmet çekýär. Onuň «Magtymguly dünýä akyldarlarynyň almaz täji» diýen ýygyndysyna Magtymguly Pyragy barada ýazan ylymy-derňew makalasynyň bir bölegi girizildi.

Ol häzirki wagtda Türkmenistan ylymlar akademiýasynyň inisitutlarynyň alym

kätip bolup işläýär.

Aýaly Miwe Osmanowna Nepesowa, uly ogly Nepes 1972-nji ýylyň 18-nji iýunynda doglan (aýaly – Baýramsoltan (Aýgül) – çagalary: Nurgeldi, Enejan, Nurana), ortanjy ogly Begenç 1974-nji ýylyň 15-nji iýunynda doglan (aýaly – Şemşat – çagalary: Nazar, Nurmuhammet), körpe ogly Röwşen 1976-njy ýyldyň 2-nji noýabrynda doglan (aýaly – Aýjemal – çagalary: Nurgözel, Nurjahan, Nurbibi).

Öwezdurdy Nepesow häzir maşgalasy, çagalary bilen bagtly, eşretli durmuşda ajaýyp durmuşyň hözirini görüp ýaşaýarlar.

Onuň salgysy: Aşgabat şäheri, Mir 4/1, jaý 5, otag 119. Telefon belgileri: iş 39-46-65, öý 47-15-70.

**2016ý.**

**Internet maglumatlary esasynda taýýarlanyldy**.

# PROLOG

Oba aralaşan badymyza burnumyza güýzüň şireli, salkyn şemaly urup gitdi. Günuzyn awtobusyň üstünde oturyp, aran ýolagçylara birden gozgalaň aralaşdy. Olaryň ýadaw ýüzüne şatlyk alamatlary çaýyldy. Her kim gygyryp gürleýärdi. Sähelçe zada şowhun edip gülüşýärdiler.

Menem özbaşyma ýylgyrýardym. Dogrymy diýsem, penjirä garap, ýolagçylardan çekinip ýylgyrýardym. Nämä ýylgyrýanymy özümem duýamokdym. Diňe gursagmyň şatlykdan dolup-daşanyny duýýardym. Ýüregim süýjüje tyrsyldaýardy. Kükregim sergin howanyň ählisini özüne soraýsam diýýärdi...

Duralgada adamlar awtobusdan basa-bas bolşup düşdüler. Ýolagçylary garşylamaga çykanlaram ep-esli bardy. Men maşyndan düşenimde bolsa olaryň ählisi alagaraňkylygyň gujagyna siňip, diňe gaty-gaty gürrüňleşýän sesleri eşidilýärdi.

Birsalym duralgada aýak çekdim. Töwerek maňa düýbünden nätanyşdy. Duşumdan geçýänlerem nätanyşdy. Diňe güýzüň sergin howasy, öleňlerden akyp gelýän salkyn akym nätanyş däldi. Bu akym meni özüniň lezzetine gark etjek bolýana, näçe ýyllap küýsäp, näçe ýyllap arzuwlap gezen oglany birden gandyraýjaga çalym edýärdi. Bu salkyn howadan çagalyk döwrümde mähriban adamlaryň üstünden kükän, meniň bütin ömrüme doýup bilmedik mähriban ysymy alýardym.

Arkadagym, obam. Gör, men näçe ýyllap ýürek üzüp küýsänimi seniň goýnuňa basan ilkinji ädimimden tapdym. Eziz obam, eziz obam...

Nirä, kimlere barýan?! Kimim bar bu ýerlerde?! Meniň bu bolgusyz, gamgyn sowallara jogap beresim gelenok. Obam bar ahyry. Eziz obam. Heý, ýekeje eziz zady bolanam bir kemsinermi?!

«Ilaman jan, git käbäm. Sen indi tutuş respublika belli adam. Adyň bar abraýyň bar. Şol obada haýsy öýe baranyňda myhman alynmarsyň. Git, köşek, çekinip ýörme...»

Daýzamyň özelenip ýalbarmasy ýöne ýerden däldi. Demir ýolda işlän otuz bäş ýylymyň içinde, gör, näçe gezek bu mähriban ýere gaýtmak isläpdim. Emma, iş, çagalar, aý, garaz wagt tapylmady. Onsoňam, bu ýerde kimim bar?

Ýöne, geçen ýyl Sosialistik Zähmetiň Gahrymany diýip at dakansoňlar welin, oba ýatlamalary, oba gitmek höwesi meniň ýüregimde ýara bolup dömdi.

Daýzamam meniň şol bir gürrüňlerimden ýadan bora çemeli. Her görende «git, git» bilen goýmaýardy.

«Illi jan, sen öňki ýetim oglan däl ahyry, sen FZO-nyň okuwçysam däl. Işçi. Öz ilini, obasyny unudýan adamlar halanýan däldir. Git, tanyşlyk aç, gatnaş. Sen ilki bir gidip gel, soň menem ýegenleri alyp giderin...»

Wah, daýzajan, daýzajan, ine geldimem-dä, ýeri, indi nirä baraýyn?!

Uly asfalt ýol bilen öňe garşy ýöräp başladym. Öňüm tümüstan garaňkylyk. Garaňkylygy iki bölüp barýaryn. Ýoluň gyrasynda, baglyga bürenip oturan öýlerden haýsydyr bir bagşynyň tanyş owazy eşidilýärdi. Klubda kino gidýäne meňzeýär. Adamlar topar-topar bolup garşymdan çykýarlar. Olar kino barýan bolsalar gerek.

– Salowmaleýkim! – Kimdir biri ýiti-ýiti seredip geçip gitdi. Zordan – Salowmaleýkim – diýip ýetişdim. Öz-ä birhili tanyş ses ýaly. Tanyş! Gör, eýýäm, ikinji tanyş! Nähili eziz zat, Eýsem, iň eziz zatlaryňy doglan obaňdan tapman, başga nireden tapjak ahyry?

Tanyş ses... Kimiň sesikä? Megerem, meniň ýatlamalarymyň, ýürek depderimiň gatlaryna siňip gidep adamlaryň biriniň sesidir? Belki...

Men howlugýardym. Häzir welin howlukmak gerek däldi. Men bu ýere gyssag iş bilen gelemok ahyry. Öz obama geldim. Meni ösdüren, ulaldan, höwürtge bolup soňam uçmaga medet beren obama geldim. Obam – öýüm. Heý, öýüne gelenem howlugarmy? Ýok, eziz öýüm, men howlugamok.

Asfalt ýol şol gidip otyr. Men onuň gyrasyndaky baýra dyrmaşaryn. Bu ýerde «Ynkylap» kolhozynyň sklady bardy. Indi onuň üsti boş meýdan bolup dur.

Depäniň üsti hasam salkyndy. Aşakda oba hem sal kynlyga çümüp, gijäniň owadan lybasyny üstüne büräp otyrdy. Obanyň yşyklary bolsa toý köýnegine düzülen ýakut monjuklar kimin gyzyl ýaýyrt bolup lowurdaşyp ýatyrdylar.

Günuzynky ýadawlykdanmy, ýa-da obanyň lezzetine melullykdanmy, gaty ýer maňa ýelek düşekçeden hem mazaly görünýärdi.

Asman neneňsi owadan?! Ýyldyzlar nurly gözlerini balkyldadyp, şeýle bir ýakyndan garaýardylar, gözüňi gyrpyldadaýmasaň, edil gözüňe düşjege çalym edýärdi.

Hana, biziň ýaşan öýümiz, ol ýedigeniň ýedinji ýyldyzynyň aşajygynda, sekizinji ýyldyz ýaly bolup oturandyr. Biziň mellegimiz, erik agajy, göwnüme bolmasa olaram görünip duran ýaly.

Ýok, olar görünmeýärdi, görnende-de indi biziňki däl. Bir wagt, uzak-uzak ýyllar mundan öň biziňkidi. Indi welin, däl.

Men oba bilen hoşlaşan günümi ýatlajak boldum. Hiç hakydama gelenok. Diňe bir zady bilýän. Daýzamy Aşgabada işe çagyrypdylar. Olam meni ýeke goýup gitmejek bolýardy.

– Jan, Illi jan, bileje gideli. Okarsyň, hünärlije bolarsyň. Ondan soň gaýdyber. Sen hor-homsy bolup ýörme. Gideli, soň häli-şindi habar tutar durarys.

Meniň obany taşlap gidesim gelenokdy. Daýzam welin has ynamly deliller getirýärdi. Ahyry yryldym.

Yrylmagyma sebäp bolan esasy zadam, dädem janyň indi bu dünýede ýokdugy baradaky habar bolupdy. Ony dädem bilen bileje söweşen, ony ukrain topragynda öz eli bilen jaýlan Gurban Çary diýen adam getiripdi. Gurban aga uruş gutaryp, oba gelse meni tapjagyna, habaryny ýetirjegine söz beren eken. Ol sözünde tapyldy. Ýöne ol habar meniň iň soňky umydymy elimden alypdy.

Ine şeýle günleriň birinde Goçakly frontdan geldi. Ol ilki onda, munda ýaşady. Soňam meniň ýanyma geldi. Maňa köp-köp göwünlik berdi. Ýöne başga hiç zat soramady. Soranda-da men oňa hiç zat aýdyp berip biljek däldim. Ol gaýtjak bolanda çekinjeňlik bilen sözledi:

– Inim jan, men bir maslahata gelipdim. Makul bilseň aýdaýyn. Diňle, soňam oýlanyp gör.

Ol kynlyk bilen habaryny aýtdy:

– Men, men Ene gelnejeňi nähili görerdim. Şoňa ýetjek bolup ölümiň içinden, gabryň gyrasyndan gaýtdym. Heý, beýle edäýmek bolarmy? – Goçakly uludan birki gaýta dem aldy-da gaty-gaty gepläp başlady.

– Men ony henizem gowy görýän. Näme-de bolsa, meniň şu ýerden gidesim gelenok... Ol çuňňur oýa batdy. Birsalymdan ýüzüme dikanlady.

– Sen, inim, öýüňiziň ýanyndan jaý salmaga rugsat ber. Senem... menem ýeke, bileräjik bolarys, birek-birek bilen arkalaşypjyk ýöreris.

Men Goçakla näme diýjegimi bilmedim. Ene ýogalansoň onuň öýüniň derde ýarar ýaly zadyny Meretgül äkidipdi. Hatda olaryň jaýynyň üstüne goýlan agaçlaram söküp äkidipdi. Goçaklynyňky düşnüklidi. Harabany dikeltjek bolanyňdan, täzeden jaý guranyň müň paý amatlydy.

Goçakly meniň jogabyma garaşýardy. Men näme diýeýin? Näme jogap bereýin. Men saňa düşünýärin, Goçakly aga, seniň niýetiň gowudygynam duýýan.

– Goçakly aga, men okuwa gitjek bolup ýördüm. Bolmasa... bolmasa sen biziň jaýymyzda boluber...

– Wah, inim, özümi tutýançam beýle döwletli maslahatyň bolsa näsini diýýäň. Ine okuwyňy tamam edip gel. Şu öýde ikimize-de el ýaly ýer tapylar. Ikimizem hor bolmarys. Okasyň gelse oka, işläsiň gelse, gel-de işläber...

Şondan soň köp wagt geçmänkä Aşgabada gaýdypdyk. Men demir ýol ugrundan FZO okuwa girdim.

Ýadyma bir zat düşen ýaly boldy. Ýanky salam berenem Goçakly aganyň sesi bolaýmasyn.

Günbatardan gelýän akym has sowaýardy. Obanyň ýşyklaram seýrekleşipdi. Meniň welin ýerimden galasym gelmeýärdi. Duýgularym, pikirim şol eziz günleriň gujagyna atmaga meni taýýarlaýardylar. Men bolsa şo-ol günleri ýatlajagyma hem begenýärdim hem gynandym.

# BIRINJI BÖLÜM

## 1.

Bu günki jöwza türkmen tomsunyň gelip ýetendigininiň alamatydy. Howlynyň ortasyndaky erigiň nowçalary hut şu gün göze ilip başlapdy. Erigiň saýasyna özüni atan torgaýlar bolsa çüňklerini haçja ýaly edişip, ysgynsyz ýaltaklaşýardylar. Serçeleriň jürk-jürki ynjyly çykýardy. Ýolda-yzda adam-gara görünmeýärdi. Yssy özüniň ýalyndan ýaňa titräp duran perdesi bilen obanyň ýollaryny baglan ýalydy.

Diňe Ilaman bu yssyny duýanokdy. Ol inçejik boýnuny süýndürip, kiçijik penjireden gaýtý-gaýta ýola garaýardy. Gözjagazlaryny balkyldadyp kakasynyň geläýjek ugurlaryny çyny bilen yzarlaýardy. Kakasy bolsa geler ýerde gelenokdy. Oglanjyk garaşmakdan ýadady. Ahyry ýeňiljek göwresini keçäniň üstüne goýberdi.

Ilaman oýananda garaňky gatlyşypdy. Kakasy jaýyň öňüne, teläriň aşagyna ýazylan keçäniň üstünde çaý içip otyrdy. Muny gören oglanjyk diýseň begendi. Ylgap baryp onuň ýanyna çökdi.

– Däde, haçan geldiň?!

– Häli, oglum.

– Men bolsam, saňa kän-kän garaşdym.

– Iş çykdy, köşejigim.

Oglanjyk kakasyn gysmyljyrady. Kakasy tüňçeden çaý guýup, saçagyň üstünde duran käsäni çaýkady. Soň oňa keýik aşygy ýaly gowurdak atyp, üstüne çaý guýdy. Saçakdan ep-esli çörek döwüp aldy.

– Çaýçorba bilen iý, garynjygyňy doýur, ajygansyň. Onsoňam, gowja ýatdyňmy?

Oglan ýylgyrdy.

– Hawa, gowja ýatdym. Däde, bilýäňmi, men düýşümde kimi gördüm?

Ýaşuly ogluna çiňňerilip garady. Ol oglunyň berjek gürrüňi şeýle möhüm ýaly ykjamlandy.

– Kimi?

Oglan göwnündäkini birbada aýdyp bilmedi. Ol häzir aýtjak zadyna birhili ynanmaýan ýalydy. Ol eger bu gürrüňi aýtsam «kakam ynjaýmasyn» diýýän ýalydy.

Emma ol kakasyny aldap, ony köp garaşdyryp biljek däldi.

– Ejemi gördüm!

Oglan ýüzüni sallady. Kakasy-da uzaklara dikilen gözlerini ogluna aýlamady. Ýene oglan başlady.

– Bilýäňmi, däde, näme? Ejem şeýle bir ýakynyma geldi. Saçymy sypalady. «Mert bol, oglum. Seni gaýgy edýän, dädeňi gaýgy edýän» diýdi. Soň ýene-de kän zat Diýdi. Ol şeýle bir owadan, şeýle bir owadan. Men ony ýanjagazyndan synladym. Ol «Dädeňi göresim gelýä-dä» diýdi. Soň bolsa bir ýere gidipdir.

Kakasy ýene-de oglunyň ýüzüne garap bilmedi. Oglanjygyň gussaly ýüzüni oňa garamasa-da görüp durdy Aýalynyň didaram alyslardan oňa garaýardy. Bularyň bary onuň ýüreginde bent alan duýgulary gaýnara getirýärdi. Emma oglunyň ýanynda beýdip oturasy gelmedi. Gürrüňi başga ýana sowasy geldi. Ýöne bolmady.

– Oglum, oglum! Ejeň gowy adamdy. Mähribandy, dünýädäki ähli aýallaryň iň gowusydy, köşek.

Oglan dikeldi. Ol kakasyna gysmyljyrady.

Aşak tarapdan ýyljajyk şemal öwüsýärdi. Şol şemaldan bozaganyň, ýowşanyň delje ysy kükäp durdy Emma oglan muny duýmady. Onuň Ähli ünsi kakasyndady. Kakasy bolsa ogluna ähmiýet bermeýän ýaly uzaklara garap otyrdy. Ol guraksy gürledi.

– Hawa, ol «dädeňi göresim gelýär» diýer. Ol aýal däldi, perişdedi. Haýp onuň bagty açylmady. Bizem taşlap gitdi... Görgülim.

Oglan üçin kakasynyň aýdýan sözleri ýöne bir gürrüň bolman, ene hakdaky hüwdüdi. Oglan onuň süýjüliginden meýmireýärdi. Ol mähriban ejesi barada köpräk eşitmek isleýärdi. Ol pyşyrdady:

– Däde, aý däde, ejem barada gürrüň beräý-dä!

Onuň kakasy ýene-de dymdy. ýöne ol öz içinden ýalňyz oglunyň haýyşyny kanagatlandyrmaga taýýarlanýardy.Geçen ýyllary ýekän-ýekän ýatlaýardy. Şol ýyllarda öz aňynda galan suratlary söze geçirmegiň çemini gözleýärdi.

– Kolhoz gurulup başlapdy. Menem Baky baýyň çopançylygyndan çykyp, kolhoza girdim. Maňa kolhoz diýseň garaňky göründi. Pagta ekmeli diýdiler. Pagta nirede gören zadym. «Oňarman» diýýän. «Kyn zady ýokdur» diýýärler. Ahyry ýer sürdük, ýerleri dökünledik. Taýýar ýere tohum gerek.

Tohumy gaty uzakdan, demir ýol assansyýasyndan getirmeli. Ine, şonda maňa-da iki ýaby goşulan araba berdiler. Heziller edindim.

Assansyýa ikinji gezek gidişimdi. Ýagyş ýagýardy. ýol jork bolup ýatyrdy. Şonda-da gitdim. Sallahdym. Başga bir güýmenje-de ýok. Sowuk ýagyş şeýle bir guýýardy welin, edil ýer bilen asman bitişen ýalydy. Araba tohumlyk çigit ýüklediler. Durdy ýasawuly alaýyn diýip assansyýa bardym. Ol wagtlar ýanymyzda tüpeňli-zatly ýasawul bordy. Ýogsa, çigidi-beýlekisi bilen ýandyrylyp taşlanan neresseler bolupdy.

Bardym. Ýasawul ýok. Assansyýa adamdan hyryn-dykyn doly. Garaşdym. Gelmedi. Aý, gaýdaýyn diýip durdym. Ýabylaryň uýanyny silkenimem şoldy. Biri jynssyz gygyrýar.

– Dur-r!.. Dur, gitme! – Ýasawuldyr öýdüp seredýän. Ýok. Silkme telpekli, gyrmyzy donuň üstünden hywa don geýnip, bilini çekip guşan dolmaç ýaşuly. Onuň täzeje çokaýy ýagşa mazaly ezilipdir. Gahardan ýaňa titreýän kellesindäki telpeginiň buýralaryndan iri-iri damjalar şabyrdap pytrap gidýärdi.

– Eý musurman çagasy, dursana. Dur! Haýsy obadan!

– Akçeşmeden.

– Wah, men nädeýin. Sen maňa gulak as, ýigit. Zamana çöwrüldi, ýogsa... Bizi Sibire sürüp barýalar. Hawa, zamanamyz tersine çöwrüldi. Bir ýer tersine çöwrülenok, galany boldy. Ol ýerde näme boljagyny taňrynyň özi bilmese, musurman bendesi bilip bilenok. Aýal-ebtat bary yzanda-çuwan. Hawa... – Ýaşuly gahardan ýaňa sandyraýardy. Ol gyp-gyzyl, gahardan püre-pür bolan gözlerini maňa dikdi.

– Hawa, bir gyrnagymyz bar. Şol bir kapyra ýal bolmasyn. Şoňa eýe bol. Kim bilýä Sibirinde-gabrynda başymyza näme melamat, näme şumluk gopjak.

Ýaşuly gitdi, ep-esli wagtdanam bir maşgalany yzyna tirkäp getirdi. Ol maşgala ýaglygyny çümreräk atynyp ysgynsyz eňreýärdi.

– Waý, meni taşlamaň. Sadagaň bolaýyn, meni taşlama. Ölsemem siziň bileň öleýin, arkadagym!

– Kes sesiňi! Min araba! Gara maňlaýyňdan gör. – Ýaşuly hökümli gürledi.

Ol getiren maşgalasyny araba mündürip, yzyna garaman gitdi. Diňe, wagonyň gapysynda duran ýaragly adamlaryň oňa haýbat atanyny görüp galdym.

Men otly ugraýança garaşyp durdum. Ýaşuly dolanmady. Ýagşyň şabyrdysy bilen şol maşgalanyň eňremesi diýmeseň, assansyýa gugaryp galypdy.

Ýabylar tanyş ýola düşdüler. Ýagyş şo-ol ýagyp durdy. Arabanyň üstündäki maşgala bolsa eňräp otyrdy. Men welin oýa batdym... Kimkä ol ýaşuly. Meger bir baýdyr. Ony ähli maşgalasy bilen sürgün edendirler. Bu hem onuň hyzmatyny edip ýören ýetim biçäredir. Baý ony aýal edinip, indem göçhä-göçlükde ýük görüp taşlap gidendir. Ah, zalym baý, ah, garawsyz biçäre gyrnajyk. Hawa, zamana her kimiň päline görä ömür berer. Zalyma gargar, biçäräni ýalkar. Ine, menem ýalkandym ahyr. Öň menem gargalypdym.

Öýe daňdanlar geldik. Arabany gapyda saklap, ol maşgalany öýe çagyrdym. Öýde un bolsa-da, çörek bişirinmäge wagtym bolmandy. Kendirik doly bolsa-da, saçak boşdy. Şonuň üçinem çaý goýup oturmadym-da içmegimi töre ýazyp, çäkmenimi aýagujuna goýdum. Soň özüm sklada gitdim.

Çigidi sklada äkidýänçäm, düşürip ýabylary kanuşna tabşyrýançam gün guşluga galdy. Myhmanymyň bardygy öýe gelemsoň ýadyma düşdi.

Myhman maşgala şol öňki oturan ýerinde otyrdy. Içmek bilen çäkmenem meniň ýazyşym ýalydy. Ol gozgalmandyr.

Men ömrümde aýal-gyz bilen ugurly gürleşip gören adam däldim. Bu myhman bilenem näme gürleşjegimi bilemokdym. Şonuň üçinem ony azara goýubam durmadym.

Suw ýylatdym. Kendirigi orta ýazyp, hamyr etdim. Soň odun getirip, öýüň ortasyndaky ojakda ot ýakdym. Oduň sesi daşardaky ýagşyň sesini basyp bilmese-de, öýi ýylatdy. Ot ýanyp közi galansoň çörek ýasap ýapdym. Myhmanymyň şol oturyşydy. Gyzgynjak çörek, gowurma, çaý taýýarladym. Myhman iýer öýtdüm. Ol ýüzünem açmady. Ol iýmänsoň, meniňem ugrum bolmady.

Men tohum getirmäge assansyýa gitmelidim. Myhmany näme etjegimi bilmedim. Ýabylary araba goşup gapa getirdim. Saçak ortada durdy. Myhman bolsa gyşarypdyr. Ol sowukdan ýaňa titräp ýatyrdy.

Üstüne içmegimi, çäkmenimi ýapdym. Näme etmeli? Bu biçäräni kime tabşyrmaly?! Kimden haraý islemeli?! Näme etjegimi bilmedim. Ýa-da oba şurasyna baryp baryny aýdyp, bu baýyň gyrnajygyny şolara tabşyrmalymy? Şeýle pikirler bilen öýe girdim. Öý garaňkyrapdy. Myhman hyklaýardy.

– Aý, dogan, näme bolýar, saňa? – Ýuwaşja soradym. Ol tisginip gitdi.

Çalaja zaryn seslendi.

– Suw. Suw! – Suw alyp berdim. Içdi. Onuň ap-ak näzik ellerini ilkinji gezek gördüm. Onuň eli titreýärdi.

– Dogan, men seni nirä goýsamkam? Men ýene assansyýa gitmeli.

Myhman ýüzüni açdy. Onuň aý ýaly ýüzüne haýran galdym. Ol gyrnaga däl-de, ertekilerdäki perizada çalym edýärdi. Birden özüme gelen ýaly boldum. Ol özelenip ýalbarýardy:

– Agajan, meni getiren ýeriňe elt, men bagtygara kömek et. Käbelerimiň giden ýoluny bir göreýin. Näme bolsam şolaryň ýolunda bolaýyn...

Men kän oýlanmadym. Arabanyň içine gyşdan galan küdäniň bedesinden düşedim. Onuň üstüne içmegimi ýazdym. Ol araba kynlyk bilen mündi. Içmegiň

gyrasyn-da arabadan ýapyşyp oturdy. Onuň arkasyna çäkmenimi ýapdym. Ol ýaglygyny bürenip otyrdy. Ine men indi ony görýärdim.

Ýolda ýagyş diňdi. Käte bölek-bölek bulutlaryň arasyndan aý jyklaýardy. Mem ömrümde birinji gezek aýyň adamzada meňzeşligini gördüm.

Men indi düýbünden başga hilli pikir edýärdim. Zalym baý «gyrnak» diýip iň owadan, iň gözel gyza aýdypdyr. Ol gör kimi ýük görüpdir. Gawunyň gowusyny gör kim iýýän eken...

Assansyýa şeýle çalt geldik. Araba saklandy. Ol maşgala kynlyk bilen düşdi. Soň yra-dara ýöräp ugrady. Men näme etjegimi bilmedim. Ol yzyna garaman gitdi. Onuň yzyna düşüp gitmegi uslyp bilmedim. Baza bardym. Çigit aldym. Indi öňki arkaýynlygym ýokdy. Köp wagtlap ýanymda göteren bir gymmat bahaly zadym galan ýalydy.

Assansyýa geldim. Märekeden doly. Aýlanyp çykdym. Ýok. Lapym keç boldy. Gynandym. Gaýdasym gelenok Agtardym. Töwereklere çenli agtardym. Ýok. Aýagym ädilenok. Nätjek, gaýtmaly. Geldim. Araba mündim. Ýabylaryň uýanyny silkdim. Araba ugrady.

Birden ýabylar sakga durdy. Uýany silkýän. Ýabylar burunlaryny parryldadyp ýer depeleýärler.

Gamçyny alaýyn diýip gapdala egildim. Ýöne gözlerime ynanmadym. Gapdalda myhmanym durdy.

Böküp ýere düşdüm. Araba mündürdim. Ol aglaýardy. Ýöne ýüzi açykdy. Onuň owadan ap-ak ýüzüne, ullakan gara gözlerine, galam gaşlaryna mähribanlyk şöhlesini çaýylan ýalydy.

Bu sapar uýany silkmeli bolmadym, ýabylar keýpihonlyk bilen ýöreýärdiler. Göwün guşum uçdy. Näme hakynda pikir edenimi bilemok. Ýaňaklarym gyzaryp süňňüme-güýç, ýüregime guwanç dolup-dolup gidýärdi.

Öýe gelenimde garaňky gatlyşypdy. Daş çyrany ýakdym. Çaý goýdum. Saçaga gowurma, çörek çykardym Myhmanym saçaga elini uzatdy. Başym göge ýetdi. Begenjimi saklap bilmän ýylgyrýardym...

Ýaşuly oglunyň başyny sypalady. Onuň gözlerine ençeme ýyldan bäri ilkinji gezek guwanç alamaty çaýyldy.

Şol seniň ejeňdi. Ady Sonady. Sona diýseň Sonady. Hawa ilde-günde onuň ýaly maşgala ýokdy. Onuň katdy-kamaty, edep-ekramy, gaýratlylygy gör näçe maşgala degýärdi. Ony hudaý aýratyn yhlas bilen ýasapdyr, oglum.

Oglan kakasynyň sözüni böldi.

– Däde, onsoň näme boldy?

– Onsoň, ogul, öwrenişdik. Ol Kerim diýen uly baýyň uly gyzy eken. Baýy sürgün edip, malyny-mülküni kolhoza geçirmeli edipdirler. Kerim baý gyzynyň ýat ýerlere düşmegini islemän, goýup gitmegi ýüregine düwüpdir. Ol «gyrnagym bar, şoňa eýe boluň» diýip, köp adama aýdypdyr. Emma hiç kim onuň diýenini etmändir. Ahyram, men gabat gelipdirin.

Ýöne bu wakanyň soňy örän ýaramaz boldy. «Baýyň gyzyna öýlenipdir» diýip, meni kolhozdan çykardylar. Iş bermediler. Soň nalaç bolup Akçeşmeden gaýtmaly bolduk. Çynarla gelen ýylymyzam sen bolduň. Adyňy ejeň pahyr goýdy. «Il aman bolsun – il aman bolsa gidenlerimiz aman geler» diýdi. Mazaly hem ejeň diýeni boldy,

hem atañ ady geldi. Menem bu bolýan işlere iki bolup bilemokdym, emma soňy armanly eken. Sen dört ýaşanyňda görgüli ikigat boldy. Seni maňa goýubam ýaş üstünden gitdi. Görgüli.

Ilaman indi kakasynyň gürrüňini diňlemeýärdi. Indi ol öz ejesiniň mähriban didaryny görüp başlapdy. Gara gözi balkyldap duran, ap-ak owadan ýüzi çalaja ýylgyrýan mähriban aýal oňa seredip durdy.

Oglanyň gözlerinden gyzgyn zat akýardy. Ol ýaş däldi. Ol ýaşajyk oglanyň päkize ýüreginde eziz enä bolan mähriň çeşmesinden akýan bulakdy. Şol bulak näçe köp çogdugyça, enäniň keşbi oňa ýakynlaşýardy. Onuň didary oglanyň garaja göreçlerinde şonça köp saklanýardy. Ol mähriban keşp şol janlylygy, owadanlygy bilen onuň ýüregine ýazylýardy.

Kakasy oglunyň kellesini sypalap oturyşyna gyryk seslendi.

– Aglama, oglum. Sen ýigit çykdyň. Aýyp bolar. Başym dik bolsa zada zar etmen. Ýurt parahatçylygy bolsa bolýar...

Bu gije şeýle täsin gije boldy. Ataly-ogul ýerlerine geçse-de, olaryň gözüne uky gelmedi. Her kim özü-ne eziz bolan süýji duýgularyň mähir deňzinde gulaçlady, ýüzdi, gulaçlady, ýüzdi. Ahyr syrdaş mährinden doýa ganmadyk ata bilen ene didaryndan doýmadyk ogly tomus gijesi özüniň gujagyna gysdy. Gije bir mähriban didara mätäçlik çekýän bu iki ynsanyň kemis göwnüni özüniň çensiz-çaksyz lezzeti bilen gandyrjaga meňzeýärdi. Aý bolsa örän golaýjaga gelip, ataly-ogluň üstüne kökenek gerip duran şol arzyly didara çalym edýän ýalydy. Ol öz ezizleriniň ýanyndan aýrylmagy juda kyn görýän enä çalym edýärdi. Megerem, ol şu gije bu iki ynsanyň üstüne öz lowurdap duran tylla saçlaryny ýorgan edip ýapypdy. Ömründe ilkinji gezek bir ýerde gozganman durupdy. Megerem, bu şeýle-de bolupdy.

Ilaman oýananda kakasy ýerinde ýokdy. Günüň tylla tyglary erigiň gür ýapraklarynyň arasyndan ötüp, oglanyň endamyna gezelýärdi. Ol ýerinden turdy-da, suw kädiden tüňçä suw guýdy. Daşarda çaý oturtdy. Ýuwundy. Düşekleri ýygnaşdyrdy. Şol wagtam kakasy geldi.

– Turduňmy, köşek? Menem mellege aýlanyp gaýtdym. Şu ýyl oglum, hudaý berse ekin başyna gören ýaly bolar. Biziň Çynarly obamyzyň hemmesiniň ekini gowy.

Şondan soň ataly-ogluň arasynda kän bir gürrüň bolmady. Olar çaý içip bolanlaryndan soň kakasy işe bakan gitdi. Ilaman bolsa Üzümgül mugallym barada pikirlenip durşuna, mekdebe gitmäge taýýarlyk görýärdi.

## 2.

Kerwen aga öýden çykyp, kolhozyň kontoryna bakan ugrady. Ol bu gün arpasyny ormak üçin rugsat almakçydy. Soň gyrkyma-beýlekä gitmeli bolsa el degjek däldi. Şonuň üçinem brigadiri görmekçidi. Ol ýolda Goçaklynyň yzyndan ýetdi.

– Inim, armaweri, senem sygyr alypsyň, döwletli mal bolsun.

Goçakly keýpiköklük bilen ýylgyrdy.

– Taňry ýalkasyn, Kerwen aga. Ahyr biziňem gapymyzda dört aýakly ýerlejek eken.

– Weý, aýdýanyň näme? Nesip etse şu gidişine gitsek, süri-süri mallam bolarys. Garybyň güni gelendir, inim.

Goçakly beýgelen ýaly boldy. Ol jübüsinden Enäniň täzelikde keşdelän temmäki haltajygyny çykaryp, çilim ýasamaga başlady.

Goňşularyň kontoryň agzyndaky märekä gözi düşdi.

– Be, kanturyň agzyna adam üýşüpdir-le? – diýip, Goçakly dillendi.

– Aý, gyrkyma gitmeli sesi bardy-da – diýip, Kerwen aga göwnüne gelşi ýaly seslendi.

Olar märekäniň çetine baryp aýak çekdiler. Iş gyrkymyň-beýlekiniň gepine meňzemeýärdi.

Anna başlyk bilen raýondan gelen wekil kontordan çykdy. Başlygyňam, wekiliňem ýüzi salykdy. Kerwen aga nä hekaýatyň bolanyny aňşyryp bilmedi. «Ýene bir kümsügiň biri kolhoz zadyna el urandyr» öýdüp çaklady.

Raýondan gelen wekiliň sözi onuň pikirini böldi.

– Ýoldaş kolhozçylar. Men häzir bir zat aýtjak. Siz gorkmaň – ol sakyndy. Soňam zordan gürledi.

– Mähriban Watanymyzyň üstüne Gitler Germaniýasy çozdy Öten agşam ýarygijeden soň Germaniýa biziň üstümize uruş başlady. – Hiç kimden ses çykmady. Adamlar agyr bir zadyň astynda galan ýaly, demlerini zordan alýardylar. Ýöne olar bu sözleriň manysynyň şeýle elhenç yzasyny heniz duýup bilenokdylar.

– Ýoldaş kolhozçylar, siz howsala düşmäň. Biziň halkymyz ähtiýalan Gitler Germaniýasyny külpeýkun eder. – Ol ýene-de sözüni dowam etdirdi. Aýtjak zadym erkekler fronta gitmäge taýýar boluň. Aýal-gyzlar, siz bolsa ähli güýjüňizi gaýgyrman işläň. Siz näçe oňat işleseňiz, duşmany şonça-da tiz ýeňeris.

Soň başlyk gürledi, başga-da iki-eke gürlän boldy. Ýöne gürrüňe höwesek ýokdy. Her kim bu sözleriň manysyny derňäp, bu aýylganç-habary maşgalasyna ýetiresi gelýärdi.

– Häýt, büý-ä bolmad-ow – diýip, Kerwen aga öýüne gaýdyp gelýärkä dillendi.
Indi nähili bolarka, Kerwen aga? – diýip, Goçakly sorag üstüne sorag ýagdyrýardy. Ýöne Kerwen aga bu zatlara düşünip baranokdy. Ol diňe «Hudaý bardyr-da» diýmek bilen oňýardy.
Kerwen aga öýe gelende Ilaman mekdebe ugrajak bolup durdy. Ol kakasyna geň galyp seretdi.

– Däde, eýýäm geldiňmi?

– Aý, ogul, gelmeli boldy. Gaty erbet bolupdyr, oglum.

– Näme, däde?

– Uruş turupdyr... Uruş.

– Uruş...

– Hawa, Girman öten gije üstümize çozupdyr. Indem, erkekleriň bary gitmeli bolar.

Oglanyň ýüzi ak tam boldy. Ol mekdepde «uruş» sözlerini eşidipdi. Ýöne ol sözüň manysyny açyk bilenokdy.

– Däde, girman güýçlümi, ulumy?

– Hudaý bilýär, ogul. Ýöne ýaňy agzymyz aşa ýetipdi. Ýaman boldy, gaty ýaman boldy.

Oglan sesini çykarmady. Ol mekdebe-de gitmedi. Öz kakasyny ilkinji sapar görýän ýaly bolup, oňa howsalaly garady.

Olar oýa batyp oturyşlaryna, gaýraky goňşularynyň gelni Sülgüniň gelenini-de duýmadylar. Gelin salam berdi, Soňam gorkuly gürledi.

– Kerwen aga, uruş turupdyr, şeýlemi? Çynmyka ýa-da?..

– Çyn, keýgim... Çyn.

Sülgün was-was bolan ýaly gaty-gaty sojady.

– Biziň Myratlymyz dagy dowar üstündedi, dagda. Ol nähili bolarka?..

– Ony alada etme, gelin. Heniz belli zat ýok. Il bar, gün bar. Näme bolsa, bile bolar. Olaryň habary ýokdur. Habary bolsa oba eňerdi.

Sülgün ýaşmak astyndan uly howsala bilen gürledi.

– Kerwen aga, ýa yzyndan gidäýsemmikäm?

Ýok, gelin. Çagalaň arasynda bol. Myratlyny alada etme. Ol çaga däl ahyry, geler.

– Wah, näbileýin-dä.

Ataly-ogul öýläne çenli gapyda oturdy. Öýlän Durdy ýasawul gapy-gapy aýlanyp, raýon harby komissariatyna barmalylara sygryň dili ýaly kagyz paýlaýardy.

Ataly-ogul ýassyna çenli gapyda oturdy. Olaryň bu aýylganç habara ynanaslary gelmeýärdi. Olaryň göwnüne «bu habar-a bir agzy boşuň gürrüňň eken, urşam turmandyr, beýlekem» diýen habar getiriläýjek ýalydy. Emma beýle habary äkelen bolmady. Ýok. Habar çyndy.

Kerwen aga uka gitdi. Emma Ilamanyň gözüne uky gelmäýärdi. Ol aýyň dogarna garaşýardy. Ahyram aý dogdy. Ol ýüzdi-ýüzdü-de oglanyň ýatan ýeriniň golaýjagyna gelip, daýandy.

Oglan aýa seredýärdi, aý bolsa oglana. Oglan ahyry aýyň ýüzünde bir mähribanlyk gördi. Ol aýyň owadan gözlerine bakyp dillendi:

– Eje, eje jan!

Aý-da oglana ýiti-ýiti garady. Soň onuň ýüzüne täsin nur çaýylyp gitdi.

– Jan-a, jan oglum! Näme gerek, balam?!

– Eje jan, sen näme üçin meni taşlap gitdiň?

Aý jogap bermedi. Onuň nurana ýüzüni ýelek ýaly ýeňil bulutlar tutdy.

– Eje jan, sen näme üçin geleňok? Eje jan!

Aý ýüzündäki bulutlary owadan barmaklary bilen syrdy-da ýylgyrdy:

– Jan bala, ine geldim ahyry, ýene-de gelerin

– Eje jan, uruş turupdyr.

Aýyň ýüzüni ýene-de bulutlar tutdy. Ol bulutlar gap-garady.

– Eje uruş näme üçin bolýar, uruş bolmasyn, eje jan!

Aý ýüzüniň ýarysyndaky gara bulutlary syrdy-da gussaly ýylgyrdy.

– Uruş bolmasyn, uruş bolmasyn, oglum.

Eje sen uruş bolmaz ýaly etsene, eje jan!

Aý bir göründi-de, soň bulutlara garyldy. Şondan soň ol görünmedi. Ýöne oglan öz ejesiniň «Garaş, oglum, gelerin, garaş» diýen sesini eşidip ýatyrdy.

– Garaşaryn, eje jan!

Oglanyň ýüregine rahatlyk aralaşdy. Ol daňa golaý uka gitdi.

Ol ertir turanda kakasy derwezäniň ýanynda kimdir biri bilen gürleşip durdy.

Ilaman kakasynyň ýanyna bardy. Kerwen aga ogluna habar gatdy:

– Goçakly dädeň puronta ugrajakmyş, hoşlaş oglum.

Goçaklynyň aýaly Ene adamsynyň boýnundan ýapyşyp şumjarýardy. Kerwen aganyň ýanyna ýetenlerinde-de, ol elini aýyrmady. Emma Goçakly uýaldy. Ol gelniniň elini boýnundan aýyrdy.

Oglan sag elini uzatdy. Goçakly onuň sag elinden tutup gujagyna alyp ogşady. Ilaman ilkinji gezek temmäkiniň dymyljyk ysyny duýdy. Ol ýüzüni gapdala öwürmänkä, Goçakly ony ýere düşürdi. Onuň başyny sypap durşuna:

– Jigim, gelnejeňe-de göz-gulak bol, eliň degse oňa kömek ber. Ine, nesip bolsa girmany ýok edip gelerin. Saňa bolsa ýyldyzly papak getirerin. Bormy?!

Ilaman başyny galdyrman «bolýa» diýen yşarat etdi.

Kerwen aga beýle haýyşyň özüne degişlidigine derrew düşündi.

– Goçaklym, gezen ýeriňde ünjüsiz gez, gelniňi gaýgy etme. Ondan arkaýyn bol. Başymyz dik bolsa zada zar etmeris ony.

Goçakly diýseň razy boldy. Onuň göwni bitdi. Onuň ýalňyz ünjüsi bardy. Ol hem Enedi. Kerwen aga ondan hem arkaýyn etdi. Ol indi arkaýyn gidip biljekdi. Ol arkaýynam gitdi.

Urşuň ikinji güni. Ilaman mekdepden üçünji klasa geçendigi baradaky habary getirýärdi. Onuň bu habary kimdir birine buşlasy gelýärdi. Öýde kakasy ýokdy. Ol goňşularyna bardy.

Goçaklylaryň öýi olaryň tamynyň elli-altmyş ädim gündogaryndady. Olaryň öýi ýekeje jaýdy. Onuň penjiresem, gapysam ileri bakyp durdy.

Ilaman öýe girende hiç kime gözi düşmedi. Gözi garaňka ýagşy öwrenişensoň burçdaky garany saýgardy. Ol Enedi. Ol aglaýardy.

Öýe kimdir biriniň gelenini duýan gelin ýerinden turdy. Onuň gözleri gyzarypdy, badam kimin enaýy gabagy pökgeripdir. Saçynyň tarlary ýüzüne düşüp, gözýaş bilen ezilip, bulaşyp durdy.

Ilamanyň gursagynda dolup duran şatlyk şol bada nirädir uçup gitdi.

– Gelneje, Goçakly dädem basym geler. Sen aglama – diýdi.

Ene oglanyň ýanyna gelip, onuň başyny sypalady. Oglanyň kellesini belent göwüslerine goýdy-da agyly gürledi.

– Ol gitdi. Onsuz meniň aýym, günüm neneň dogup ýaşar, Illi jan...

Onuň gözünden akýan gyzgyn damjalar oglanyň çekgesine degip, syçyrap ýere akýardy. – Uruş turmanlar geçsin. Ýetim goýdy, meni – Ene oglany goýberdi-de oturdy. Kellesini dyzyna goýup aglap başlady. Oglanjyk çydamady:

– Gelneje, aglama. Olar girmany basym kowup geler. Biziň obamyzdan kän adam gitdi. Özlerem, hemmesem güýçli. Girman olary görende gaçyp gider. Olar onsoň basym geler-ä... Hemmeler şeýle diýýä. – Emma bu sözler gelne täsir etmedi. Ilaman ýuwaşlyk bilen öýden çykdy.

Oglanjygyň girmana gahary gelýärdi. Ol girman ertekilerdäki ýedi kelleli aždarha ýaly bir zatdyr, şol aždarha ýeňilse, uruş gutarar öýdýärdi. Ol aždarhany ýeňmek bolsa beýle bir kyndyr hem öýtmeýär-di. Ony Çynarly obasyndan gidenleriň bir özleri hem ýeňip, dolanarlar öýdýärdi.

Hawa, köp adam urşy şeýle göz öňüne getirýärdi. Köp adam uruş erte-birigün gutarar öýdýärdi.

Obanyň erkek adamlarynyň köpüsi bu gün raýon merkezine tarap ugrady. Durdy ýasawul ýene-de oba arasynda aýlanyp ýördi. Ol Sülgünleriň gapysynda gyr ýabysyny saklady. Öýden Sülgün çykdy. Onuň gujagynda kiçijik çaga bardy.

– Hany Myratly?!

Gelin ýaşmagyň aşagyndan ýuwaşja gürledi.

– Onuň-a şol dowar üstüne gidişi. Henizem gelenok.

Ýasawul ýan torbasyndan bir bölek kagyz çykardy-da, geline uzatdy. Gelse, şaýyny tutup yraýona barsyn, pronta gitmeli.

Gelin haty alyp gözüniň öňüne tutdy. Ýöne okap bilmedi. Ol entiräp öýe girdi.

Ýasawul ep-esli gidip ýabynyň başyny öwürdi-de, gynançly garap duran Ilamana azmly gygyrdy.

– Heýt, oglan, ataň öýdemi?

Ilaman söz bilen jogap berip ýetişmän, kellesi bilen «ýok» diýip yşarat etdi.

Ilamanyň ýürejigi gyzyp gitdi.

«Dädemem gider, men näme ederin?» Oglan öýlerine baryp, gulply işige arkasyny berdi.

Urşuň başlanyna ýaňy bir gün boldy

Obalarynda öň bolmadyk elhenç tukatlyk Ilamany gysyp-gowrup barýardy. Ol howluda takat tapmady. Melleklerine ugrady. Kakasy mellekde-de ýokdy. Ol arpalaryny orup, harman edip basyp, nirädir bir ýere gidipdir.

Ilaman ýene-de öýe dolandy. Kakasy öýde-de ýokdy. Oglanyň göwnüne bolmasa, ol kakasyny indi hiç haçan görmejek ýalydy. Ol ogly bilen görüşmän, eýäm girmany ýok etmäge giden ýalydy. Oglanyň gözüne ýaş aýlandy, ýüregi gysdy. Soň kontora tarap ugrady.

Kontoryň agzyndan çekine-çekine giren oglanjygy kakasy garşylady. Ol kontordan çykyp gelýän eken. Oglan ony garsa gujaklady.

– Däde, ýasawul aga saňa kantura barsyn diýdi. Menem seni kän gözledim, seni gaty göresim geldi.

– Ine, menem kanturdan çykyp barşym.

– Däde, senem girmany kowmaga, urşa gitmelimi?

– Ýok, meni iberenoklar. Oba-da, kolhoza-da adam gerekmiş. Göreris-dä, alnymyzdakyny.

Ilaman kakasynyň fronta gitmeýänine diýseň begendi. Ýöne kakasynyň tukatlygy oňa ýaramady. Ol kakasyna habar gatdy.

– Däde, Myratly dädemem gitmeli boldy. Ertir irden ýasawul aga olara-da hat getirdi.

Kakasy sesini çykarmady.

Ol ertir oýananda gapyda Myratly durdy. Onuň gujagynda uluja gyzy bardy. Ol kakasyny gujaklap jagul-jugul edýärdi. Ilaman kakasynyň sesini eşitdi.

– Il bilen gelen toýda baýramdyr. Çagalaryň bir zady bolar.

Ol-a dogry-la, ýöne arpa-bugdaýy ýygnabam ýetişmedik. Mellegem şol durşudyr. Sülgünem ýaş çagasy bilen näbileýin-dä. Menem häzir ugramaly...

– Sen mellegi gaýgy etme, mellegi özümiz bir zat ederis. Arpany agşam oraryn. Bugdaýyň-da bir çäresi bolar.

Myratly köp minnetdarlyk bildirip öýüne gitdi. Köp eglenmänem raýona ugrady. Ilamanam onuň bilen hoşlaşmaga çykdy.

Obanyň gaýrasyna ep-esli adam üýşüpdi. Kimiň-kim bilen hoşlaşýany belli däldi. Ilaman gabat gelep adam bilen hoşlaşýardy. Aýallar, çagalar aglaşýardylar. Ilaman Myratlyny gözledi. Ol bir gyrada gelni Sülgün bilen durdy. Elinde-de gyzy. Gelnine bir zatlar diýýärdi. Sülgün ejizleýärdi.

Gorkma, ine, geleris, çagalary horlama. Hökman geleris. Uruş bir ýyla-da ýetmez. Biziň döwletimiziň öňünde durjak güýç bolmaz. Sen bolsa aglaýaň. Heý aglarlarmy. Gaýta, il bilen gidýänime begen Ine geleris...

Obanyň ýaşulularynyň biri gidýänlere ak pata berdi. Obanyň men diýen adamlary gidip barýardylar. Olar özleri üçin juda garaňky bolan ykbalyň her ädimini eginleri bilen süýşürýän ýaly, ýuwaşja ýöräp, saýhally ädip barýardylar. Olaryň hiç birem yzyna garamaýardy. Sebäbi ene ýabyň köprüsiniň ýanynda üýşüp durýan aýal-ebtatlaryň, çagalaryň suratyny her kim aňyn-da berk saklamaga çalyşýardy. Şol surat indi olaryň hemişelik ýoldaşyna öwrülmelidi.

Hawa olar dünýäde elhenç urşuň barýandygyndan habarsyz ýaly, ýa-da bu habara asla ynanmaýan ýaly gorkusyz-ünjüsiz barýardylar. Ýene-de sanlyja günden şu ýol bilen topar tutup, gaýdyp geläýjek ýaly bolup gidip barýardylar...

## 3.

Urşuň başlanyna bir aý geçipdi. Emma gidenler gelenokdylar. Asyl, olardan habar-hatyram ýokdy.

Tomsuň jöwzaly günleri başlandy. Çynarlynyň adamlary bugdaý oragyna taýýarlanýardy. Çynarly obasy dag eteginde ýerleşýärdi. Şonuň üçin-de, onuň esasy territoriýasy daglyk ýere düşýärdi. Şol sebäpli «Ynkylap» kolhozy diýäýmeseň, bu obany kän bilýänem ýokdy. Çünki, oba raýon merkezindenem, uly ýoluň ugrundaky obalardanam çetdedi.

«Ynkylap» kolhozy bugdaýy köplenç düme ekýärdi. Sebäbi gaýraky dagda tagta-tagta bolup uzalyp gidýän düzlük meýdanlar köpdi. Geçen ýyl şonuň ep-esli bölegine güýzlük bugdaý ekilipdi.

Adamlar «düme diýseň bitginli bolupdyr» diýip gürrüň edýärdiler. Şonuň üçin-de adam azlygyny, hasylyň gowulygyny nazara alyp, oraga ir çykyldy.

Çynarlylar bu ýyl hem Garaçeşmäniň başynda düşelge gurdular. Kerwen aga dagy öňünden gidip uzyn telär dikipdirler. Düşelge taýýar bolandan soň, beýleki adamlar hem daga göçdüler.

Dagda orakçylara goşulyp işlemek Ilaman üçin hem hezildi hem kyndy. Bu ýerde içiň gysjak gümany ýokdy. Adamlar gülüşýärdiler-degişýärdiler. Işläniňde-de ýadawlyk duýlanokdy. Ýöne ir turmalydy, giç ýatmalydy. Süňki bekemedik oglanjyk bolsa agyr orakdan soň özüni tutup bilenokdy.

Ilaman Ene bilen bir ýerräkde goş tutupdy. Sebäbi oňuň kakasy köpçüligiň ýaşaýan telärinde däl-de, harman ýerinde bolýardy. Düşelgä diňe garbanmaga gelerdi. Soň ýene-de yzyna gidýärdi.

Ene Ilamany özüne höwürdeş edinýärdi. Şonuň üçin bolsa gerek, olar işlände-de bir ýerräkde işleýärdiler.

Bugdaý hakykatdanam bitginlidi. Bäş-alty gün geçenden soň dagyň depesindäki tekiz meýdan ýöne desse bolup ýatyrdy.

Obadan hyza getirdiler. Ol iki sany uzyn pürsüň üstüne tagta kakylyp tekizlenip, gyralaryna tagtadan belent germew edilen tigirsiz araba ýaly bir zatdy. Hyzany iki sany gara öküz çekýärdi. Orakçylar oranlaryny desseläp gidýärdiler. Indi ony harmana çekmelidi.

Bu işe Ene bilen Ilamany bellediler. Iş ýeňil däldi. Bugdaý ekilen meýdanlar dagyň üstündedi. Harman ýeri dagyň aşak ýüzündäki tekizlikdedi.

Çünki araba bilen dagyň üstüne çykmak kyndy. Onsoňam ol ýere kän bir ýel degenokdy. Harman atmak üçiň bolsa ýel gerekdi. Şonuň üçin, hemem ýol ugry bolany sebäpli şol tekizligi harman ýeri edipdiler.

Ene bilen Ilamanyň işi jogapkärlidi. Çünki tutuş kolhozyň ýekeje hyzasy bardy. Ähli bugdaýy şonuň bilen harman ýerine çekmelidi.

Tomsuň ortasydygyna garamazdan, dagyň depesi gijelerine sowaýardy. Käte ýagşyň ýagaýmasy-da bardy. Oragyň ilkinji günleriniň birinde-de şeýle boldy. Howa gündiz ýandy, agşam dagyň başyny duman alyp ýagyş şytyr-pytyr edip geçip gitdi...

...Ilaman daňdan üşäp turdy. Ol ýorgany ýene-de başyna çekdi. Ýorganyň içi ýyljakdy. Meýmiredip barýardy. Häzir ondan çykmak barada pikir edip hem boljak däldi.

– Ilaman, ýatma, tur. Iller eýýäm iş ýerine ýetdi. Çaýyňy iç, bizem beýdip oturmaly, gideli – Enäniň mylaýym sesi oglanyň gulagyna hüwdi ýaly bolup eşdildi. Ol şu söze Enäniň hoşamaýlap turuzmagyna oraga gelenleri bäri öwrenşipdi.

Olar bile çaý içdiler. Soň öküzleri hyza goşup, oragy orulan meýdana ugradylar. Şol meýdana birinji tagta diýýärdiler. Sebäbi düşelgäniň gapdalyndaky birinji tekizlikdi. Ondan aňyrda at çapybermeli tekizligiň ikisi bardy.

Öküzler ýuwaşja ýöreýärdi. Hyzanyň aşagyndaky uly pürsler daşa degip, jygyrdap ses edýärdi, germew agaçlar jygyldaşýardylar. Birinji tagtanyň üsti sap-sary bolup ýatyrdy. Diňe bugdaý desseleri gözüňe ilýärdi. Kolhozçylar bolsa hol ikinji tagtanyň bäri başynda hatar gurap bugdaý orýardylar. Olaryň gürrüňleri, gülküleri has uzaklardanam eşidilýärdi.

Öküzler pytrap ýatan desseleriň deňinde daýandy. Ilaman desseleri gujaklap-gujaklap daşaşdypyp başlady. Ene bolsa şol desseleri birden, ikiden çarşagyň ujuna ildirip, depesine galdyrýardy-da hyza basýardy. Hyza ep-esli meýdanyň dessesi ýerleşýärdi.

Hyza dolabara bolansoň iş has kynalýardy. Onsoň biriň hökman dessäniň depesine çykmalydy. Çünki ýük indi çarşak ýeterden has belentdi.

Ilaman dessäniň depesine çykdy. Enäniň aşakdan ýalyp berýän desseleri agyrdy. Gara dere batan oglanyň sütüni süýnüp barýardy. Ýöne ol Enä sereden badyna ähli ýadawlygyny unudýardy. Her dessäni uzadanda gelniň ap-ak boýnundaky damarlar gögerip galýardy Bugdaýyň ýiti gylçyklary, tozan onuň üstüne dökülse-de onuň gözlerindäki mähir, mylaýymlyk, ýüzündäki näziklik kemelmeýärdi. Şonuň üçin-de Ilaman ýadan mahaly Enä seredýärdi. Ene bolsa bugdaýly sährany aňk edip pyşyrdaýardy.

– Ýadaýdyňmy?

Ilaman her näçe ýadanam bolsa:

– Ýok, ýok. Heniz ýadamok – diýip jogap berdi. Şondan soň onuň süňňündäki ýadawlyk el bilen syrylana döndi. Oňa Ene bilen işlemek şeýle hezildi.

Hyza desseden doldy. Ilaman öküzleri harmana bakan idip ugrady. Ene çarşak bilen desseden sypan bugdaý başlaryny syryp hyza atýardy. Desseleri basyşdyrýardy.

Olar harmana baranlarynda gün guşluga galypdy. Ene deseleri düşürüp başlady. Ilaman gaty suwsapdy. Şonuň üçin-de harmanyň ýanyndaky täläre garşy gitdi.

Hyza desseden doldy. Ilaman öküzleri harmana bakan idip ugrady. Ene çarşak bilen desseden sypan bugdaý başlaryny syryp hyza atýardy. Desseleri basyşdyrýardy.

Olar harmana baranlarynda gün guşluga galypdy. Ene desseleri düşürip başlady. Ilaman gaty suwsapdy. Şonuň üçin-de harmanyň ýanyndaky teläre garşy gitdi.

Harmanda iş gyzyşypdy. Bir adam alty at bilen döwek döwýärdi. Iki sany aýal harman atýardy. Iki sany ýaşuly aňyrrakda, taýýar bolan çäji halta gapgarýardy.

Telär arassa bugdaýyň harmanynyň ýanyndady. Ilaman teläriň aşagyndaky bedräniň ýanyna bardy. Ýöne suwy nähili içjegini bilmedi. Bedrä eňegini basmagy-da birhili gördi. Ol eýlesine-beýlesine garanjaklady.

– Heý, Kerweniň ogly, sen näme işleýäň bärde? Oraga gitseň bolmaýamy? – Ilaman bu haýbatly sese tisginip gitdi. Diňe şondan soň Akga brigadiriň teläriň kölgesindäki keçäniň üstünde ýassygy ýaplanyp ýatanyny gördi. Ol ýuwaşja gürledi:

– Men hyza çekýän.

– Kim bilen çekýäň sen hyzany?

Oglan näme diýjegini bilmän az-kem ýaýdandy-da:

– Ene gelnejem bilen – diýdi. Soň ol suw içmegi-de undup hyza bakan ugrady. Brigadir onuň yzyndan azymly gygyrdy.

– Heý, adyň näme?

– Ilaman.

Brigadiriň hümürdisi Ilamana eşidilmedi. Sebäbi onuň ýüreginde birhili gorky emele geldi. Ol ýat adamyň beýle hyrsyz keşbini, haýbatyny ilkinji gezek görüp, egni bilen çekipdi. Bu oňa şeýle agyr degipdi. Ýöne oglanjyk süňňündäki gorkyny hut şonuň üçiň diýip düşünmedi. Ol harmana bir özüniň baranyna, suw içjek bolşuna utandy. Ýüzüne şagga inen utanç derini öl-myžžyk ýeňi bilen süpürip, has hem kepän dodajygyny gaýta-gaýta ýalady.

Ilaman gelende Ene hyzadaky desseleriň ep-esli bölegini düşüripdi. Ýöne onuň juda ýadandygy bildirip durdy. Howa ýanyp başlapdy. Oňa ýene-de bir kyn ýeri, adamlardan ýaşynmasydy. Şonuň üçin oňa yssy howada işlemegem, dem almagam kyndy. Ýöne onuň işleýşi ýadana asla meňzemeýärdi.

Ene bilen Ilamanyň düşüren dessesi kiçiräk depe ýaly bolup durdy. Ilaman hyzanyň az-küç ýük almaýandygyna şonda düşünip galdy.

Ilaman öküzleriň başyny çekip ugranda Akga brigadiriň gelýänini görüp, öküzleri saklady. Onuň ýadyna ýene-de suw düşdi. Ýöne brigadiriň mysalasy onuň howuny basdy.

Akga uzyndan ýasy gaşly papagyny çep eli bilen çekgesine süýşürip, ýasgynjak alan donunyň ýakasyny sag eli bilen tutup durşuna Enä seredýärdi. Ene onuň güneý tarapynda bolany üçin gözüniň biri çekgesine tarap aýlanyp, garasy ýitip, diňe agy galýardy. Şonuň üçin-de ol öküzlere tarap aýlandy. Emma onuň gözleri Enäni ýuwdarly

görünýärdi. Ol ýüzüne, gympaý gözlerine gelişmeýän ýylgyryş bilen Enäni boýdan-başa synlady-da

– Haý, berrekella! Şeýdiň ahym. Siziň her dessäňiz duşmana gülle bolar, enşalla – diýdi.

Ene brigadiriň sözüne uýaljaň ýylgyrdy. Onuň ýadaw, owadan ýüzi nurlanyp gitdi. Bu görnüş Akgany oda salan borly. Ol Enä habar gatdy.

– Hä, Ene gelin, arma – diýip, erinlerini gyşartdy. Ene ýylgyryp baş atdy:

– Sen, Ene, kän kösenme, birden biliňi-zadyňy agyrdaýma. Ýuwaş-ýuwaş işläber. Ine ýanyňa ýene kömekçi birin, bomy? – diýip, ýuwan ýylgyrdy. Soňra ol Ilamana habar gatdy. Ýöne iki gözi Enededi.

– Sen-ow, gowja işlegin. Bolmasa kowar goýbärin. Ilaman onuň sözüni diňlemän, öküzleriň başyny çekdi. Hyza jygyrdap süýrenip başlady.

Juwan gelin bilen nowça ýigit sarylyga siňip gitdi...

Ertesi howa hasam gyzdy. Günortanyň jokrama yssysynda töwerek lowurdap duran sary ýalna dönüpdi.

– Me, şunam al, soň bir dynç alaly – diýip, Ene ullakan dessäniň bagyndan tutup, Ilamana uzatdy. Emma dessäniň bagy çala towlanany üçin, Ilaman ýokary batly dartanda desse açylyp Enäniň üstüne bir çelek suw ýaly bolup akyp gitdi.

Ene «waý» diýip gyra bökdi. Ilaman gynanjagynam, güljeginem bilmän doňup galdy.

Şol wagt bir ýerlerden Akga brigadir gelip ýetişdi. Ol atyny Ilamanyň üstüne sürerli görünýärdi. Gam çysyny galgadyp gelşine gygyryp başlady. Ol dessäniň pytranyny gören bora çemlidi.

– Heý, tilki, bu bugdaý Kerweniňki däldir. Bilip goý şony. Bu halkyň zadydyr. Sen oýun eden bolma. Gör, näçe adam güne ýanyp, kösenip ýör. Seniň bolsa, it ogly, oýun ýadyňa düşýär. Dogry-daý walla. Il-ä onda gan dökýä, biz munda der saçýas, muňa bolsa oýun gerek.

Ol murtunyň ujuny ýalap, ýene-de bir zatlar hüňürdäp, Enä garady. Soň atyny sürüp gitdi. Taýak atym ýerlendi aty yzyna dolady. Ol mylaýymsyrap Enä ýüzlendi.

– Eneş, näçinjiňiz, şü?

Ene üç barmagyny görkezdi.

– Haý, öz-ä azyrak. Gaýrat et. Saňa ynam bardyr Onsoňam seni, hyza çekmäge özüm goýupdym – ol süwümsiz agyzlaryny jallardyp ýylgyrdy. Has owadan sözlemäge çalyşdy. – Seniň ýaly näzli gelinleri oraga salyp bolmaz.

Ilamanyň göwnüne bolmasa, Enäniň ýüzünde şatlyk alamatlary görnüp giden ýaly boldy.

Şol günden soň Ilaman üçin işiň gyzygy gaçdy. Sebäbi Akga brigadir Enäniň ýanyna zol-zol gatnaýardy. Oňa lak atýardy. Ene öň ondan ýaşynýardy. Indi Akgadan ýaşynybam duranokdy.

Ol gün orakçylar ikinji tagtanyň bugdaýyny orup bolup, üçünji tagta geçipdiler. Üçünji tagta birinji tagtadan has uzakdady. Şonuň üçin birinji tagtanyň üsti çolady. Howa salkyndy. Ýene-de birki gezek çekseň, bu tagtanyň bugdaý desseleri gutarjakdy. Şonuň üçin Ene bilen Ilaman has çalt işleýärdiler.

Hyzany ikinji gezek harmana alyp barýardylar. Hyza ýola düşensoň, Ilaman yzyna gaňryldy. Soň çalaja seslendi:

– Gelneje! – Ene Ilamana golaý geldi.

– Gelneje, Akga näme üçin günde biziň ýanymyza gelýär-ä? – Gelin ýere bakdy. Onuň güne ýanan ýaňaklaryna gyzlymtyl öwüşgin çaýylyp gitdi. Ol ep-esli wagt sesini çykarmady. Soň gülümsiräp gürledi.

– Aý, brigatdyr-da, biziň işleýşimizi görmäge gelýän bolaýmasa.

– Gelneje, ol gelmese oňat bolar, hä.

– Nämüçin?!

– Ol gözüni senden aýranog-a. Men ony halamok. Sen onuň bilen gepleşmesene, gelneje jan, bor diýsene.

Ene oglanyň boýnuny burup durmasyna dözmedi.

– Bor, bor. Aý, ýöne, ol gelende, gelmände-de parhy ýok bize.

Şondan günorta naharyna çenli hiç kimden ses çykmady. Ýöne Ilaman Enäniň agyr oýa batýandygyny her ädimde duýdy. Ýöne bu zatlary aýdanyna welin ökünmedi.

Öýlän iş gyzyşan wagty Akga ýene-de geldi. Ol atyň üstünden görkezme berýärdi. Enä habar gatýardy.Ýöne Ene jogap bermedi. Akga bolsa atynyň uýanyny dartyp, şol güýmenen bolup durdy.

Hyza dolabara boldy. Ol:

– Güýmenmän, doldurjak bolup oturmaň-da, köpräk gatnaň – diýdi.

Ene onuň atynyň golaýyndaky desseleri alyp durşuna:

– Waý, birgat, boş gatnandan doly gatnan ýagşy. Bir desse bir desse ahyry – diýip seslendi.

Akganyň diýeni geldi. Ol ýirik erinlerini ýygnap bilmän durşuna, samyrdady.

– Wah, Enäm, ol dogry, ýöne bu ýoldaşyň bilen haçan hyza doldurjak sen. Güýjüňize basarak bolsun diýýän-leý.

...Akganyň ýüregi Ene diýip üzülip barýan ýalydy. Akgany gynandyrýan zat başgady. Iller «Ene Akga bilen bolup ýör» diýip agyzlarynyň jähegini ýiräýjek bolýarmyşlar. Wah, ejem ogly, sölpi. Her zat etmeli welin, şu gün bellisini etmeli. Wah, birje gezek. Ýeke- je gezek nemedäýseň, onsoň onuň gitjek ýer-ä bolmaz-la. Göwni ýogam däl-le. Goý, illerem gürrüň etse etsin, gaýta, bu erbet däl. Özem razy bolar-la, ondan, mundan eşidiberse...»

Akga uly lezzet bilen ýylgyrdy. Düýnki wakany göz öňüne getirdi. Şonda gelende tagtada Ilaman ýokdy. Enäniň bir özüdi. Akga atdan düşdi. Ene arkaýyn otyrdy. Ol Akgany görüp ýaşyndy. Akga ýalt-ýult etdi. Soň bir bökende Enäniň ýanyna bardy. Çöküne düşüp Enäni garsa gujaklady. Hasur-husur öpüp başlady. Ene bogulýan ses bilen ýalbardy, sypjak boldy. Akga jallyk erinlerinden suw akdyryp, gelniň ýüzüni gyllygy bilen ýuwupdy. «Biri görer!». Akga atylyp ýerinden turdy. Oňa çenli Ene-da ýerinden galypdy. Görse, hiç kim ýokdy. Akga ýene-de topulmakçy boldy. Ýöne Ene oňa el bererli däldi. Ol gülüp «Waý, biri görse gowy däl, oglan» diýip gaçgaklaýardy.

«Wah, tentek, şonda etjegiňi edäýmel-e. Häk, gowy pursat elden gitdi-dä...»

Akga Enäniň keşbini bihaýalyk bilen synlady: «Ah, onuň göwüslerem, bolgusyzyň onusyna degýär-ä. Wah, bir nemedip, beýläňe geçirip bolsa, ak göwüslerini...» diýip, arzuw kölünde ýüzýärdi.

Hyza doldy. Öküzler ýuwaşja ýöräp başlady. Enede hyzanyň gapdaly bilen ýuwaşja ugrady. Akga atyny Enä golaý sürüp ýuwaşja gürledi.

– Ene, sen bu sapar dynç alaýsana, hyzany ojagaş oglanyň özi äkider-le. Nämä gerek ikiňizem kösenip.

– Aý, ýok. Gideýin. Ol çaga ahry.

– Çaga nirede. Öwrener gatyny. Haçana çenli çaga bolsun.

– Ýok, gideýin Soň dem alaryn.

– Neme, Ene, seniň bilen bir gürrüňüm bardy. Ýa-da soň yzyndan ýetersiň-le. Meniň şojagaş gürrüňümi bir diňle. Azajyk saklan-da, ýa walla senem – Ol Enä boýnuny burup durşuna, Ilamana azymly gygyrdy:

– Heý, Kerweniň ogly, harmana garşy gidiber. Ene häzir barar.

Ene iki göwünli bolup Akganyň ýanynda galdy.

Ilaman ep-esli gitdi. Emma Ene gelmedi. Onuň Akga gahary gelýärdi. Häzir hyzany saklap, baryp Enäniň elinden çekip alyp gaýdasy geldi. Hyzany saklady. Emma Ene görnenokdy. Gapdaldaky belende çykdy. Ene bilen Akga hälki ýerde henizem gürleşip durdylar.

Akga atyndan düşdi. Enä has golaý geldi. – Ene gelin, boýuňa gurban bolaýyn. Sen näme üçin maňa öňräk duşmadyň?! Seni harmanda görelim bäri Mejnuna döndüm-le, men. Wah, gözüm gapylsyn...

Ene ýylgyrdy. Emma sesini çykarmady.

– Indem, göwnüm seniň ýanyňda. Sen bolsa gaçjak bolýaň, janym – ol Enä suwygidijilik bilen seretdi.

Ilaman bu gürrüňleri eşitmedi. Ýöne ýüregi bilen duýdy, ol öküzleri göwünsiz idip başlady. Hyza kese şiremden geçdi. Indi baýryň eňňidinden geçmelidi. Şondanam geçse, tä harmana barýança tekiz ýoldy.

Oglan ilki eňňidiň bärisinde öküzleri saklap, Enä garaşmakçy boldy. Emma ol ýüreginde emele gelen kinä bäs gelip bilmedi. Öküzleri sürdi. Eňňit ortalaberende garaşylmadyk ýagdaý ýüze çykdy. Hyzanyň depesindäki iki desse süýşüp, eňňide tarap aşak gaçdy. Ilaman şu ýeriň ýaramazdygyny pikir edip gelensoň, aljyrady. Häzir Ene bolsa bu beýle boljak däldi. Ýöne Ilaman öküzleriň başbagysyny elinde tutup durşuna gapdala geçip, gaçan dessäni galdyrmakçy boldy. Bagy oglanyň elinde bolansoň, öküzlerem eňaşak aýlandylar. Şol wagt agyr hyza-da eňaşak buruldy-da, dagyň bölegi ýaly bolup gaýtdy. Desseleri hyza ýüklejek bolup gara dere batyp duran Ilaman desseli hyzanyň üstüne gaýdanyny zordan saýgaryp ýetişdi.

Bu wagt Akga henizem gürleýärdi. Ol ellerini Enäniň egnine degrip-degrip goýberýärdi.

Enäniň gözi birden hyzanyň galyp giden burçuna düşdi. Ol ýüregi ýarylan ýaly bolup, ylgap gaýtdy. Akga welin atynyň başyny başga ugra dolady.

Ilaman harmanda özüne geldi. Ol özüni Enäňiň bu ýere nädip getirenindenem habarsyzdy. Ol gözlerini elek-çelek edip töweregini gözledi. Kakasyna gözi düşüp utandy. Turjak boldy bolmady. Bir ýiti agyry janyny alyp barýardy. Ol oturjak boldy. Ýene-de özünden gitdi.

Ene Ilamany arkasyna alyp, ýüzüni ak tam edip gelende Kerwen aga elini-aýagyny ýitirdi. Ilaman harmandan düşelgä getirilensoň hem özüne gelmändi, Agşam hemmeler üçin umumy bolan fonar-çyrany oglanyň başujyndan asdylar. Adamlar onuň başujuny alyp ýatyrdylar. Düşelgede doktor ýokdy. Çagyraýaly diýseň-de bu ýerde, o ýerde oba barmy?

Gije ýarymdan agansoň oglan samrap başlady. Ol gaýta-gaýta «Eje, eje» diýýärdi. Onuň gara köýük bolan dodajyklary biri-birine ýelimlenen ýalydy. Käte şol ýelim açylyp, ondan üzlem-saplam düşnüksiz sözler çykýardy.

Kerwen aganyň gözüne çiş kakylan ýalydy. Daňa golaý çyg düşdi. Ol akja ýaglyk bilen oglunyň kellesini daňdy. Oglunyň döşjagazyny sypalady. Ellerini, aýaklaryny owkalady. Birden Ilaman gözlerini açdy. Ol çyra, soňam kakasyna garady.

– Däde, aý däde. –

– Jan, oglum. Ýatyber. Heniz wagt bar daňa.

– Däde, aý dogmadymy?

– Bulut bar oglum. Aý-a dogaram welin...

– Däde, hyza agdymy, döwüldimi, hä?!

– Ýok, oglum. Hyza gyşarypdyr, az-owlak desse dökülipdir üstüňden.

– Däde, meni indi işletmezlermi, maňa käýýärlermi?

– Sen ýaly ýigit tapsalar ikelläp işlederler, oglum. Seniň ýaly mert ýigit tapsalar...

– Däde, kelläm gaty agyrýar – Kerwen aga oglunyň kellejigini sypalady. Onuň eli oglunyň gözlerinden akýan ýaşa degdi. «Häzir aglasa oňat bolar, ýürejigi giňär» diýip pikir etdi. Ol şol oturşyna uzak wagtlap oglunyň kellesini sypalaşdyryp oturdy. Ahyry Ilaman seslendi:

– Däde, ajygýan – Kerwen aga oglunyň bu sözüne begendi. Oguljygyna agşam özüne berlen ýarmasyny getirip iýdirdi. Agşam onuň-da damagyndan zat ötmändi.

Ilaman ýagşy naharlandy. Soň ýene gyşardy.

– Däde, gel bileje ýataýaly-la...

– Bor, oglum.

Ataly-ogul gujaklaşyp gyşardylar. Häzir olaryň armany ýokdy. Ogly atasynyň ajymtyk deriň ysy gelip duran gujagynda meýmireýärdi. Atasy bolsa ogluny elden gidirerin öýdüp alan howsalalaryny unudyp, ýeke dikrarynyň ýene-de diriligi baradaky süýji pikirleriň gujagyna özüni oklap meýmireýärdi. Şeýdip ataly-ogul daňa golaý uka gitdi.

* * *

Ilamanyň kellesindäki ýiti agyry aýrylmaýardy. Soňa baka ol gözüni ýumsa üstüne hyza agyp gelýän ýalydy. Ony oba alyp gitmek gerekdi. Kerwen aga ertesi daň bilen Akga brigadiriň ýanyna ugrady.

Akga harmanyň ýanyndaky çertekde ýaşaýardy. Kerwen aga baranda ol çaý içip bolup, gyşaryp ýatyrdy. Kerwen aga çertege girmedi. Ýöne daşyndan ähem-ühümläp habar gatdy:

– Birgat, turanmysyň?!

Içerden bazzy-buzzy ses eşidildi.

– Kim biý. Häziz düsezgä bazýan. Ot alyp bazmaýan bozsa özüm bazýansam gazaşmazy bozda, ýöne yzgasyp duzsuňuz.

Kerwen aga ynjyly gürledi.

– Ot-ha alanok. Oglanjygymyz ýaranok. Düýn hyza basypdyr. Şony oba aşyrmagyň alajyny etmeli. Arabaň birini diläýjekdim. Oglanyň haly pes.

Akga çertekden dazlap çykdy. Agzyndaky nasyny gapdala püfläp, Kerwen aganyň ýüzüne alarylyp seretdi. Soňam gyzaran gözlerini çerreldip, barmagyny uzadyp, azymly gürledi.

– Sen, how, Kerwen, öz aklyňdamy, hä? Özüňem araba dileýäň! Heý ynsabyň barmy?! Uruş gidip dur. Hemmeler urşa gitdi. Uly il Watan üçin göreşýä. Ine, gör uruş bolmadyk bolsa şu nälet siňen çertekde ýaşajakmy, men. Ýa-da ili al. Gör, aýal-gelin-gyz öýden bizar, şu düme diýip. Sen bolsa araba dileýäň. Araba bolsa maňa ber. Men bu bugdaýyň bir arabasy-ha däl, bir gysymyny aşyrsam begenýän. Hökümete gerek. Şeýle, menden araba dileme.

Akga öz sözünden diýseň göwnühoş boldy. Ol öňünde duran «hä şeýle eken-ow» diýip yzyna hyrra dönüp gider öýtdi. Emma diýeni bolmady.

– Akga, inim, oguljygymyzyň haly pes. Hyza kellä degen borly. «Kelläm» diýip ýatyr. Ynsap et, köpüm-küjüm ýok. Senem musurman çagasy, inim. Bir araba...

Akganyň bolmajasy boldy. Ol Kerwen agany görene göz edip kowmagy ýüregine düwdi. Harmandakylar eşitsin, çekinsin diýen äheňde sesine bat berdi:

– Sen, Kerwen, musurman-pusurman diýen bolma. Musurman seniň özüň. Sen meniň boýnuma köne urp-adat pikir dakjak bolma. Men köne pikirli däl. Sen köne pikirli. Araba berjek däl, saňa. Ogluňy eziz görseň, arkaňa al-da git. Ogluňy eziz görseň edep öwret. Ol kelew ogluň üçin öküzlemmi maýyp etdim, hyzasyz galdym. Men ynsap etmeýän bolsam olara yşdyrap edip, boýnuňa atmaly. Özüňi puranda ibermeli. Ýene men edemok. Gör, sen bolsa meni masgara etjek bolýaň. Gör, senmi, adam däl ekeniň sen...

Kerwen aganyň gahary geldi. Ol indi Akganyň gykylygyny eşitmeýärdi. Onuň gykylygyna kolhozyň başlygy Anna aga bir ýerden çykdy. Ol öten agşam obadan gelipdi.

– Haw, birgat, sen dänim, beýle bolma. Arabaň bolmasa araba sözüň dänim ýokmy? Ýagdaýyny diýseň Kerwen çaga däl ahbetin. Onuň oguljygynyň haly pes bolsa sen dänim, bir alaç et.

Akganyň bady gaçdy. Ol başlyga garap, birden was-was bolan ýaly dillendi.

– Men bir ýumuş oglany, aga. Maňa-da araba gerek, aga. Men nädeýin. Bir araba bersem, bir araba bugdaý galar. Hersi bir zat diýýär. Men nädeýin, aga.

– Giň bolarlar. Adamlara arka dursaň bir araba bugdaýy arkalary bilenem dänim, alyp giderler. Giň bol ahbetin.

Akga ýumşady.

– Bolýa, how, aga. Bir arabany alsyn şol. Äkitsiň ogluny nirä äkitse. Ýöne sesi çykmasa bolar.

Başlyk atyny münüp orakçylaryň üstüne gitdi Akga çertege girdi.

Kerwen aga gün öýlä galanda at goşulan arabany idip barýardy. Arabanyň üstüne haltalar endigan basylyp, soň içmek ýazylypdy. Onuň üstünde Ilaman ýatyrdy.

### 4.

Arabanyň bady ýuwaşjady. Kerwen aga howluganokdy. Ilaman göge garap ýatyrdy. Günbatardan salkyn şemal öwüsýärdi. Oglan asmanda gündogar tarapa toýnak gurap geçip barýan guşlary gördi.

– Däde, şol guşlar näme?

Kerwen aga asmana garady.

– Olar durnadyr, oglum.

– Durnalar nirä uçýarlar?

– Olar erkin gezýär, oglum, Ýaz çyksa geler, gyş düşse gider. Nire yssy bolsa durna şoňa gider. Nire dynçlyk bolsa durna şoňa barar.

– Däde, han-a bir durna barýar. Ol öň geçenleriň yzyndan ýetermi?

– Bilmedim oglum.

– Däde, şol durna men bolsadym!!!

Kerwen aga yzyna garady. Emma oglunyň gara çynydy.

– Ýok, oglum, sen bir ýalňyz galma. Azaşarsyň durnajygym, azaşarsyň.

Oglanam, kakasy-da oýa gitdi. Ýaşuly öz içinden oglunyň sözlerini saldarlaýardy. Onuň sözlerini çaga sözleri hasaplaýardy. Ogly bolsa hyýalynda durnalara goşulyp, uzak-uzak ýerlere uçup gidýärdi. Ýaz çykanda ýene-de kakasynyň ýanyna gelýärdi.

«Dädejan, men-ä ýene geldim!», «Weý, durnajygym azaşmadyň gerek? Indi bir gitme, azaşarsyň, durnajygym».

Oglanyň süýji arzuwlaryny ne kakasy, ne şemal bozýardy. Ol asmana garap ýatyrdy. Gökde ýene-de hälki durna göründi Ol öz sürüsini gözleýärdi. Onuň ganatlary örän haýal galgaýardy. Ol halys ýadan bolmaga çemli. Hawa ol azaşypdy. Emma ol öz azaşandygyny boýun alman borly. Ol dereleri, jülgeleri agtarýardy. Sürüsi bolsa ýokdy.

Ol arabanyň depesinden ýene-de bir gezek aýlaw etdi. Soň gözden ýitip gitdi.

Azaşan durnajyk, ýok, ýalňyz durnajyk Ilamanyň ýadyna Enäni saldy.

«Ene gelneje!..» Ilaman içini çekdi. Häzir ol Enäni juda göresiniň gelýändigini duýdy. Sebäbi ol Enäni düýnden bäri görmändi. Ene nämüçindir agşamam onuň ýanyna gelmändi. Halyndan habaram almandy.

Ilamanyň gussasyz göwnüni howsala gaplady.

– Däde, Ene gelnejem hany? – Kerwen aga kalbyny gaplan oýlardan oýanan ýaly boldy.

– Näme diýýäň, köşek?

– Ene gelnejem galdymy diýýän.

– Galdy. Ene-de geler, beýlekilerem. Sen bir aýak üstüne gal.

– Däde, Ene gelnejem gowy gerek?

– Gowy oglum, gowy.

– Däde, nämüçin onuň ýanyna Akga brigadir gelýär-ä?

Kerwen aga gulaklaryna ynanmady.

– Akga gelýär?! Nirä?!

– Ol günde-günde Ene gelnejemiň ýanyna gelýär. Ene gelnejemi hiç işledenok. Şo-ol gürläp dur.

– Ene näme diýýä?

– Sesinem çykaranok. Gaýta gülýär.

– Gülýä?! Häk...

Kerwen aga oýa batdy. Soň oba çenli sesini çykarman geldi.

Oba Ilamany tukat garşylady. Arzy doktor oňa derman berdi.

– Heý, Ilaman jan, Sona boýdaşymyň balasy, akja çagam, Ilaman. Ine gutularsyň – diýip göwünlik berdi. Düşekde turman ýatmagy sargady. Onsuzam Ilaman kellesini kän galdyryp bilmeýärdi.

Kerwen aga ogly sebäpli daga gitmän, skladda işläp başlady. Ol günorta gelip ogluna göz-gulak bolup gidýärdi.

Ilamanyň ýanyna Arzy doktor, Üzümgül has köp gelip gidýärdi. Üzümgül oňa gatyklyja unaş, süýt, gatyk, ýyljak çörek getirip naharlaýardy.

Bu gün bolsa Kerwen aga işe giden badyna Sülgün geldi.

– Köşejigim, kelläň nähili? Gutul janym, gutul – Ol gyňajyna dolan ýyljak çöregini saçaga dolady. Soň saçagy Ilamanyň ýanyna süýşürdi. Süýtli okarany düşege golaýda goýdy.

– Al, janym, süýt sowamanka iý. Gutul. Alla garaşyk etsin-dä, neressäm.

Ilamanyň näzijek göwni ersdi. Ol ýürejiginde beslän sözlerini aýtdy.

– Gelneje, taňyr ýalkasyn! Myratly dädem sag-aman gelsin.

Sülgün gapynyň agzyndan çykyp barýardy. Ol Ilamanyň sözüni eşitdi. Soň aýagy ädilmedi. Yzyna gaýtdy. Gelip düşekde ýatan oglanjygyň ap-ak bolan manlaýjygyndan ogşady:

– Wah, wah, diliňden aýlanaýyn, didäm. Diliň-dişiň bitindir. Şeý diý. Arkadagym.

Onuň gözlerine ýaş aýlandy. Ýaşyny gyňajynyň çowy bilen süpürdi-de çykyp gitdi.

Sülgüniň süýji sözi oglanyň ýüregini ezdi. Ýyljak çörek bilen gyzgynjak süýt iýýärkä-de onuň gözlerinden ýaş akýardy.

Üzümgülüň, Sülgüňiň goldawy, Kerwen aganyň hoşamaýy, Arzy doktoryň däri-dermany Ilamany gün-günden gurplandyrýardy. Ol indi iç-daş girip çykýardy. Sülgüniň gyzjagazy Aýsoltan bilen oýnaýardy.

Orakçylar ýagşy güýz düşensoň oba eňdiler. Ilaman orakçylary aýak üstünde garşy aldy. Kellesindäki agyry indi kän duýudmaýardy.

Ene iň soňky tapgyr bilen oba geldi. Ilki arabalylar, soň eşekliler, iň soňky tapgyrda-da pyýadalar geldiler. Arabalylaryň öňüni Akga birgat çekip gelýärdi. Ol Ilamany görmediksiredi. Arabalylar oňa habar gatýardylar. Emma arabanyň şakyrdysy bilen kän bir eşidilmeýärdi.

Ilaman pyýada gelýänler bilen görüşüp çykdy. Ol Enäniň ýanyna uýala-uýala bardy. Ene-de ony görüp begendi. Ýöne sesini çykarmady. Enäniň ýüzi az-kem garalypdy. Kellesindäki börüginiň daňysy agarypdy. Ýöne bu görnüş ona juda gelişýärdi. Onuň gözleri ýylgyranda oglanyň dünýäsi giňäp gitdi. Ilamanyň oňa bir gowy habar aýdasy geldi. Ýöne näme aýtjak, bir zat onuň ýadyna düşdi. Ol ýere garap dillendi.

– Ene gelneje, ejeň size göçüp geldi.

Ene begendi.

– Şeýlemi? Biziň öýmüzde bolýamy?

– Hawa, çopandan sygryňyzy aldy. Onam sagýar.

– Aý bolaýypdyr.

Obada galanlar orakçylary şowhunly garşyladylar. Agşam öýlerde çyra ýandy. Oba azajyk şagalaňlandy.

Ilaman agşam Enelere geldi. Penjiräniň öňünde çüýşesiz çyra ýanýardy. Ene gyşaryp ýatyrdy. Onuň ejesi gapyda gydyrdanýardy. Ilaman işigiň ýanynda saklandy.

– Gelneje, menem gutuldym – Ene ýatan ýerinden gürledi.

– Şeýlemi, bolaýypdyr. Dädeň nirede işleýär?

– Dädem, skladda bugdaý eleýär. Indi bizem okap başlarys, hawwamy?

Şol wagt Enäniň ejesi öýe girdi. Ol Ilamana garaman töre geçdi. Soň Ilamana habar gatdy.

– Haý, çaga. Işikde durmazlar. Aýyp bor. Bajyň ýadap gelipdir. Ona azar bermezler. Bar, ejeň seni gözläp ýör.

– Daýza, meniň ejem ýog-a.

– Ejeň bolmasa dädeň gözleýä. Nahar-şam wagty öýüňde bolarlar.

Ene sesini çykarmady. Ilaman öýe gaýtdy. Onuň ýürejigi agyryp gitdi. Sebäbi öýlerinde adam ýokdy. Kakasy işden gelmändi. Ol keýpsiz öýe girdi. Çyra-da ýakman gyşardy. Şol wagt gapyda çybşyldy eşidildi. Onuň aýal adamdygyny Ilaman saýgardy. Enedir öýtdi.

– Illijan, barmyň, ýör jigileň ýanyna bar. Garban köşegim. Süýjüje nahar bişirdim.

Bu gelen Sülgündi. Ol Ilamanyň «gitjek däline» bakman, alyp gitdi. Süýjüje nahar, Aýsoltanjygyň täsinje gürrüňleri Ilamanyň göwnüni açdy. Ol Enäniň ejesiniň sözünem unutdy.

* * *

Günler yzly-yzyna geçýärdi. Uruşdan gelýänem-gidýänem ýokdy. Gidenlerden hat-habar gelmeýärdi. Şeýle seredeniňde Çynarly obasy bilen urşuň arasynda hiç hili baglanyşyk ýok ýalydy. Emma fronta giden adamlaryň ýokdugy her haçan bildirip durdy. Öýleriň teri boşdy. Her kimiň gulagy uruş taýdady. Gazetlere ýazylan habarlarda bolsa begener ýaly zat aýdylma- ýardy.

Güýzüň soňy gyşa ýazdy. Adamlar gyşyň beýle ir düşerine garaşmandylar. Öýlerde peçler ir oturdyldy.

Ilaman ol gün ýene giç geldi. Ol Igdeliden tüwesini getirmäge gidipdi. Ýelnini ýetiren tüwe şahyna ýüp ilen badyna ýuwaşady. Ol Ilamana kän azap bermedi. Uzak ýol oglany halys etdi. Ol tüwesini howluda daňyp, öňüne ot dökdi. Soň işigi açdy, çyrany ýakdy. Peje ot salyp, çaý goýdy.

Günbatardan öwüsýän sowuk ýel pejiň turbasyny şakyrdadýardy. Penjiräniň yşyndan sowuk ýel kürsäp öýe girýärdi. Ilaman kakasyna garaşdy, emma ol geler ýerde gelmedi. Kakasyny güni bilen görmänsoň, oglany howsala basýardy. Kakasy indi gaýdyp hiç haçan gelmejek ýaly bolup durdy.

Ol kakasyny soramagy-idemegi ýüregine düwüp, ençeme gezek daş çykdy. Ýöne meýdandan sowuk ýelden heder etdi. Ol ýele pitiwa etmese-de etmezdi. Ýöne kakaňy nireden gözlejek. Kimden sorajak. Emma ünji ony öz erkine goýmady. Ahyry ýene-de meýdana çykdy. Meýdan sowukdy. Çapgyn ýel ýyly ýerden çykan oglanyň gulaklaryny, ýüzüni keýp edip çawlaýardy. Onuň ýaňaklaryny ýalap, ýarym açyk ýakasyndan içine girýärdi.

Ilaman sowuga gurşan barmaklaryny owkalap, öýe girmäge hyýallandy. Şol wagt ýoldan gelýän garany görüp saklandy. Garaňkynyň içinde biri gaty-gaty ýöräp gelýärdi. Ol garaşdy. Ýakyna gelende şadyýan seslendi:

– Däde! – Ol gara tisginip gitdi.

– Gijäniň içinde näme, ýoly saklap dursuň, ýa-da ýola garawul goýuldyňmy?!

Akga brigadiriň sesini eşidip Ilamanyň ini dyglap gitdi. Soň doňup duran ýerinden ony synlady. Ol Eneleriň işigine baryp, arkasyndaky haltany düşürdi. Soň töweregine garanjaklap, olara girdi.

Ilamanyň ýüregi agyryp gitdi. Akganam, Enänem neletledi. Häzir Enäniň ejesi Meretgülüň ony kemsideni ýadyna düşdi. Ol duýdansyz Goçaklyny ýatlady: «Häzir ol bolan bolsa, gör nähili oňat bolardy».

Şol wagt:

– Oglum, tüweleme, tüwäňi getiräýdiňmi? – diýip, kakasy habar gatdy.

Ilaman tisginip gitdi:

– Hawa – diýip, ol ysgynsyz gürledi. Ol diňe şondan soň kakasyny, howludaky düýäni görüp galdy.

Kakasy öýe girende oglunyň gök dalak bolan elini, ýüzüni görüp käýinjiredi.

– Sen näme, indi çaga däl ahyry. Öýde oturmaly ekeniň.

Kerwen aga şondan soň ogluna käýemesini goýup, çaý demledi. Saçak ýazdy. Ilamanyň hiç zat bilen seri ýokdy. Ol ýer salynmanka uka gitdi.

Goňşularyň horazy ikinji gygyranda Kerwen aga oýandy. Ol çyrany ýakdy. Çaý goýdy. Düýeleriň öňüne petde atdy, tüwä ot berdi. Çaýyny demläp, ogluny turuzdy.

– Oglum, men oduna gitjek. Üç düýe ýüki alyp gaýtjak. Ýene-de birnemäni şol ýerde taýýarlajak. Senem ýanyma alaýmaly welin, indi gyş düşdi, horlanarsyň. Onsoňam tüwäňem horlanar. Sen gowusy obada bol. Bormy?

Ilaman kakasyndan galmagy kyn gördi. Bolsa-da galmasa boljak däldi. Sebäbi kakasynyň aýdany onuň üçin kanundy.

Ol ertir turup tüwesine ot berdi. Soňra ýakmak üçin kerkaw çapdy. Ilaman odun çapyp durka onuň ýanyna Enäniň ejesi Meretgül geldi. Ol uzyn, hor ýüzüni mürşerdip, agzyny pakgyldadyp gepledi.

– Heýt, berekella. Akylly oglan ir turup iş eder. Senem, akyllyja çaga, irdenjik odun çapyp, oňarawoýýaň.

Ilaman garry ýanyna gelensoň odun çapmasyny goýdy. Ol Ilamana sorag baryny ýagdyrýardy.

– Çaga, ataň öýdemi seniň?

– Ýok, ol-a daga gitdi.

Kempir gynançly gürledi.

– Wah, wah, habarym bolman galypdyryn. Seniň gowy ataň bar. Rehimli ataň bar. Ine, biz iki ýetim naçara rehim et diýjekdim. O gyzyň ýerçeken ýetimegi, uruş diýip, dawa diýip gitdi. Bizem bärde ölümiň öýünde ýüz-ýüze bakyp oturmaly. Ne bugdaý bar, ne un ne odun bar, ne ot. Bu bir öý däl-de, sowuk gabyr-leý. Ýog-eý, gabyram gowudyr mundan.

Ilaman ýaşuly adamyň zeýrenennni ilkinji gezek görýärdi. Onuň bu kempire rehimi indi.

– Daýza, dädemden näme kömek gerekdi?

Kempiriň guşy uçdy. Ol şol bada gözüne ýaş aýlady:

– Wah, çaga jan. Biz naçara kömek gerek. Aýdýan-a ol-a peçde ýakmaga eken, diş synçgamaga zat ýok gapyda, zadymyz ýok.

Ilaman suwuny çeken kerkawdan ep-eslini Eneleriň işigine daşady. Ony çapyp berdi.

Şondan soň tä kakasy gelýänçä kempir olardan kerkaw odunyny çekinmän äkidýärdi.

Kerwen aga üç günden soň oba dolanyp geldi. Ilaman kakasyny garsa gujaklady.

Olar düýeleri howla getirdiler. Düýeler kerkaw odunyndan ýagşy ýüklenendi. Olar ýadawdy. Kerwen aga göherdiň owsaryny ogluna berdi:

– Me, oglum, şu düýäniň ýüküni Sülgün gelnejeňlere düşür.

Ilaman guş bolup uçdy. Ol kakasynyň jomartlygyna uçaýjak bolýardy.

– Dädejan, ýaşa, ýaşa. Häzir Sülgün gelnejem baý begener-ä.

Ol birden sakga durdy. Kakasynyň ýüzüne ýalbaryp garady.

– Däde!

Kerwen aga oglunyň bolşuny geňläp, onuň ýüzüne dikanlap garady.

– Näme boldy?

– Bir düýäniň odunynam Ene gelnejemlere beräýeli-le. Hä, bolýamy?

Kerwen aga kän ikirjiňlenmedi.

– Häýt, oglum. Bolýa-da. Sen şony isleýän bolsaň, äkit, şolara. Ýöne niýetim-ä Üzümgüledi. Zeleli ýok, özümiziňkiniň ýaryny bererin, oňa.

Ilaman ganatsyz uçýardy. Onuň ýüregi indi ençeme aý bäri ilkinji gezek şeýle ersdi. Onuň kakasyna bolan minnetdarlygynyň möçberini ölçäp boljak däldi. Ýok beýle bagt ynsanda az-az bolýardy. Sebäbi uruş ýakymsyz düýş ýaly bolup hemmeleriň böwrüni müňküldedýärdi.

Agşam Kerwen aga ogly bilen Enelere bardy. Enäniň ejesi olary çaýa çagyrypdy.

Ilaman Enäniň bu aýalyň gyzydygyna ynanasy gelmeýärdi. Ol aýal bükrelibräk ýöräp, öz mürşük ýüzündäki çym-gyzyl gözlerini içiňden geçirip barýardy.

– Adyňa döneýin, bu gyz bir dowhaza düşdi. Ýetim-çä sataşdy. Ine, bu ketekde hiç zat ýok. Ömrüňiz uzak bolsun, ýene hudaý seni iberipdir. Men gelmedik bolsam bu çaga ne günlere sataşardy. Bu ýagy ýaly gyşda. Wah...

Şol wagt gapy şakyrdap açyldy-da ýapyldy. Kerwen aga muňa kän bir üns bermedi.

Kempir gözýaşyny süpürip gapa çykdy. Soň Enäni çagyrdy. Ene işige çykyp, girer ýerde girmedi. Ol bir erkek adam bilen hümürdeşýärdi. Kempiriň keýpi kökelipdi. Ol gülüp gürrüň berýärdi.

– «Kyrk ýyldan gyran geler, onda-da ajallyny alar» diýipdirler. Hudaýa müňde bir şükür. «Allam diýene garaşyk ederin» diýipdir. Ine geldim, barysy düzeldi. Odunam geldi, däne-de geldi. Allajana döneýin, allajana...

Kempir ýene-de şumjardy:

– Wah, çagamyň bagtyny ýatyran ekenim. Ol ýerçeken gözümiň garasyny ne güne salan eken. Wah, oňa Akga jan ýaly hudaýyň emel beren, hoşroýy duşsa bolmadymy? Henizem şol neresse kyn günde goldan. Iki ýetim naçar derdimizi, dadymyzy kime ýetireli.

Enäniň öýe girmegi bilen kempiriň sözüniň arasy kesildi. Gelniň sowuk çawlan ýaňaklary çyranyň yşygyna gülgün öwüsýärdi. Kempir gyzynyň gözündäki begenji derrew okady.

Ertesi meýdany ýukajyk gar örtdi. Kerwen aga düýeleri äkitmäge taýýarlanyp otyrdy. Ilaman tüwesini çeşmeden suwa ýakyp getirdi. Şol wagt ýoldan Akga birgat geçip barýardy. Kerwen aga oňa habar gatdy:

– Birgat, dur-la.
Akga ýüz-gözüni çytyp ýabysynyň uýanyny çekdi. Ýabynyň aýagynyň astynda it gary jygyrdaýardy. Kerwen aga howludan ýola çykdy.
– Gurgunmyň Akga – Kerwen aga saglyk-amanlyk soraşdy. Akga haýbatly gürledi:
– Iş kän, iş. Näme habaryň bolsa aýt. Eşdeli.
Kerwen aga kynlyk bilen gürledi:
– Habar-a inim, saňa bir zat aýtjakdym.
– Aýt-da, näme diliňden çekip almalymy.
– Ýok-la, neme-le inim, Sen... neme.
Akganyň bolmajysy boldy.
– Näme, neme, neme. Aýt-da, how, gutaran adam.
– Neme, inim. Sen indi gaýdyp Goçaklynyň gapysynda görünmeseň gowy bordy.
– Näme, näme?!
Kerwen aganyň gany depesine urdy.
– Seni Goçaklynyň gapysynda gaýdyp göräýsem, eýgilik isleme...
Akga atyny Kerwen aga has ýakyn sürdi. Ol gamçysyny silkip ujuny eline aljak boldy. Emma bolmady. Gamçy Kerwen aganyň gözüniň öňünden şuwlap geçdi. Kerwen aga azym bilen:
– Gamçyňy çek diýýän – diýip gygyrdy.
Ýaby Kerwen aganyň aýylganç sesine tisginip yza çekildi. Akga bir gapdala agan telpegini bir eli bilen tutmaga zordan ýetişdi.
Ol Kerwen aga ýene-de ajysyny pürkdi.
– Kerwen, sen bir zady ýatdan çykarma. Goçakly ýetimçe seniň iki dogup bir galanyň däl. Ene-de ýerden ýeke çykan uýaň däl. Sen öz günüňe gez...
Kerwen aganyň zarply sesi onuň azymyny basdy:
– Sen han, gowja bol. Gowja bol diýän saňa. Goçakly ýetimem bolsa seniň ýalylaň müňüsine gaýra dur diýýändir. Sen namart ekeniň. Sende erkeklik tüýi ýok eken, düşünýäňmi, sen heleýe meňzeýäň, han. Goçakly seniň ýeriňe galan bolsady, seniň törde oturaňyňa göz gyzdyrmazdy. Sen ol gelni ýoldan çykarýaň. Munyň bolmyýa...
Akganyň aňyrsy bärik gelýärdi. Ýöne Kerwen aganyň gamçy ýaly şarpyldap degýän sözlerini basaýjak awuly gep tapyp bilmese-de, ol hem içindäki ýygnanan berçini daşyna çykardy.
– Sen Kerwen, maňa gowja bol diýen bolma. Meniň bagtym getirdi. Meniň küşdüm ýöreýä. Hemme zat gyssam gysymymda açsam aýamda. Gelen wagty sürjek. Goçakly ýetimçe kim, Ene kim. Enäni heleýimiň üstüne heleý edip aljak. Onsoňam bir zady bil. Ganjyk guýruk bulamasa köpek sürünmez. Saňa men ara düşen Garaçomak diýerin. Sen onsoňam ýene bir zady bil, Goçakly ýaly dönük bolanyň aýalyna el urma däl, öýüni talasaňam azdyr...
Kerwen aga tisginip gitdi. Ol depesinden inen agyr daşy sowýan ýaly yza çekildi.
– Haý, gurrumsak diýsäni. Binamys, seni kemala getiren atany görüp, ýüzüne tüýkürsemdim, şonda inim sowardy. Wah...
– Senjagaz, bilip goý, eger garaçomaklygyňy goýmasaň senem pronta ugrarsyň. Onsoň nemisiň azysyna bir düşersiň, maslygyň ite-guşa şam etdirerin, onsoň seniň hol duran enesiz toklyň ömür boýy yzylar yzyňda. Haýwan...

Kerwen aga bu agyr urga çydap bilmedi. Ol aşak oturdy. Akga brigadir bolsa bu göreşde ýeňenine diýseň guwanýan görnüşde, it ýylgyryşyny edip, atyny dabaraly sürüp gitdi.

**5.**

Dekabr düşdi. Günbatardan öwüsýän ýel içiňden, bagryňdan geçip barýardy. Kerwen aganyň getiren oduny azalypdy. Mellekden ýygnalan bugdaý gün-günden kemelýärdi. Urşa gidenlerden hat-habar ýokdy. Moskwanyň eteginde aldym-berdimli söweş barýar diýip, gazetlerde ýazylýardy.

Ilaman sowuk ýele gagşap howla çykdy. Tüwesine ot berdi. Ol tüwäniň myşşyldysynyň öňküsi däldigini aňdy. Tüwe urunýardy. Onuň kellesine goňşularyny çagyrmak pikiri geldi. Onsoň howanyň sowugyny undup, çyplaňlygyna Enelere ylgady. Bu ýagdaýy Enäniň ejesi Meretgüle habar bermek isledi. Ýöne öýde diňe Ene bardy.

– Gelneje, tüwämize bir zad-a bolýar. Ýöne myşylap dur.

Ene gözlerini güldürdi.

– Näme bolýar, ýüwürjijigim?!

Ilaman onuň sözleriniň äheňine ünsem bermedi.

– Öz-ä, ýaman horlanýar. Meretgül daýzama aýdaýalyla. Göräýsin-dä. Ýa dädemi çagyraýsammyka?

– Häzir göreýin – Ene başyna köneräk çabydyny atyndy.

Ilaman eýýäm tüwäniň ýatagyna barypdy. Tüwe myslap urunýardy. Ol Ilamandan haraý isleýän ýaly, oňa ýňranýardy. Ene gelip tüwäniň halyny aňdy. Ol gelşiksiz kikirdedi:

– Waý, Illi, ol-a guzlajak bolýar. Oňa azar bermesene. Aýrylsana.

Ilaman gyssandy.

– Ol ölüp barýar ahyry.

– Ýok, ölmez. Birinji garnyna kynrak bolýandyr. Adam görse gysylar, golaýyna gelme, bar-bar, gir öýüňe.

Öýüň içi ýylydy. Ene işigiň golaýynda odunyň üstünde dyz epdi. Ol bir hyýala gark bolupdy. Ilaman oňa habar gatjak boldy, ýöne çekindi. Sebäbi Ene gözlerini süzüp, agyr oýa batyp otyrdy.

Ene bir zatlar aýtjak boldy, ýöne saklandy. Bir söz onuň bokurdagyna ýapyşýan ýalydy. Ol ardynjyrady, ýöne bogazyny arçap bilmedi.

Ilaman ol bu aýraçylyga, ýeter-ýetmezlige gynanýandyr öýtdi. Ol Enäniň ýüzüne ynjyly garady. Häzir onuň Enäni köşeşdiresi, oňa göwünlik beresi geldi, Birdenem, Akga bilen kakasynyň arasynda bolan gürrüňi Enä aýdasy geldi. Ýöne ýetişmedi. Gapyda at aýagynyň sesi eşidildi.

Ilaman ylgap gapa çykdy. Gapyda kolhozyň başlygy Anna aga atly durdy. Ol Ilamana baş atdy.

– Ogul, gurgunmyň? Hany Kerwen?

– Dädem hyşa çapmaga ertirki gidişi.

– Sen, köşek, dädeňe aýt, meni şu gün dänim, görsün, kanturda boljak, bomy?

Ol atynyň uýanyny silkdi. At derwezä dyzady. Anna aga derwezäniň deňine ýetende bir zatlar diýdi. Emma Ilaman eşitmän oňa garşy ylgady.

– Näme diýýäň, Anna däde?

Anna aga atynyň başyny çekdi.

– Tüwäň guzlapdyr diýýän, gölesini dänim, sowuga beräýme diýýän. Dädeň gelýänçä dänim, göz-gulak bol diýýän.

Tüwe şondan soň Ilamanyň ýadyna düşdi.

– Gelneje, tüwämiz guzlady – diýip, howlyny ýaňlandyryp begençli gygyrdy. Emma Ene ýokdy.

Erkek gölejik atan-satan bolup enesini gözleýärdi. Ýykylanda çöp-çör ýapyşan şire-şepbeşikli tumşujygyny enesiniň garnyna, aýaklaryna süýkeşdirýärdi. Sarç tüwe gölesini kellesi bilen itip, yza-yza süýşýärdi, ýykylyp-süýşüp ýören bu jandardan ürkýän ýaly hyňranyp, gazygynyň daşyndan aýlanýardy.

Ilaman bu ýagdaýy synlap, çydam edip bilenokdy. Ol bir gölejige, bir tüwä seredýärdi. Ol tüwäniň ýüpünden tutup, ony bir ýerde saklap, göläni emdirmegi ýüregine düwdi. Emma tüwe baş bermedi.

– Degme, oglum. Azar berme, tüwäňe...

Ilaman kakasynyň boýnuna bökdi:

– Däde, gölejik, özem erkek.

Kerwen aga mylakatly gürledi.

– Bolaýypdyr oglum. Saňa hurşlujak bolar.

Kerwen aga tüweni kynlyk bilen sagdy, soň owuz süýdüni asdy.

Olar öýe ýaňy girenlernnde Anna aga ýene-de geldi. Ol atdan düşdi. Atynyň uýanyny teläriň paýasynyň kelteräk hapbasyna ötürdi. Kerwen aga bilen iki elläp görüşdi.

– Kerwen, amanlykmy? Saglykmy? Höwrem köp bolsun, akly bolupsyň.

Kerwen aga minnetdarlyk bildirip, ony öýe çagyrdy. Owuz süýtli gazana gözi düşende başlygyňam keýpi göterilen ýaly boldy.

Ilaman saçak ýazyp, tabaga goýltmak guýup, ortada goýdy. Ýyljak goýltmak, ýer ojakda bişen çörek üşäp gelenleriň agzyna bal bolup degýärdi.

Dymyşlygy Anna aga böldi.

– Kerwen diýýän-ä, ýagy ýaly gyşam-a dänim geldi. Uruşam-a gutararly däl. Mallaryň ot-çöp ýagdaýam-a dänim, öwerli däl. Ot-çöp gamyny iýjeklerem puronda gitdi. Şeýdibem, üstümizi basdyrdyk.

Kerwen aga agyr oýdan soň başyny galdyrdy.

– Gyşam-a geldi, bizem bar dänämizi soňlap barýas. Däne-de gerek, odunam gerek, biz-ä kolhoza arkaýynlanýadyk. Olam şeýle bolsa, öz-ä kyn boljak.

– Wah, sen bir özüň dänim, hä diýmän ýaza çykarsyň-la. Puronda gidenleň maşgalasyny diý, şolara dänim gerek, gallaňam, odunyňam, goldawyňam. Iň esasy dagdaky dowarlaryň ýagdaýy kyn. Gyş ir düşdi.

Kerwen aga başlygyň näme diýmek isleýänine düşünmedi.

– Dowarlara dagda kyn bolsa, jülgä eňtermek gerek. Bärde her zadam, bir alajy tapylardy.

– Wah, bu aldajy aýazda olary dänim, sürüp getirmede bar ahyry. Şonuň üçinem däninim seniň ýanyňa maslahata geldim. Sen bir ýaz çykýança dowar üstünde bol. Ýaz çyksa, onsoň dänim, uruş gutarsa, puronda gidenler gelse, seni jülgä eňtereris. Kerwen aga ýere garady. Ol tutuk halda dillendi:

– Annam, bi, Illijanam-a ýeke bor weli...

Anna aga öz delilleriniň baryny orta dökdi.

– Wah, Kerwen, şu purant bolmadyk bolsa, seniň däninim, ýyly ýeriňi sowatmaga dözjekmi men? Dag näme, häli-şindi gelip görnüp durmaly, iller dulundaky gelnini taşlap däninim, bir süri çagasyny taşlap gitdi oduň içine. Seniň-ä ogluň ýigit ýetipdir, tüweleme.

Anna aga sözüni has berkitmek isledi.

– Akga birgadam dänim, şol işi sen gowy oňararsyň diýýär maslahat salsam. Ondanam dänim adam aljak bolsaň müň gürrüňiň başyny agyrdýar. Sen däninim, gardaş, iliň oňlanyna hawwa diý. «Il oňlasa – atyňy soý» – diýýärler.

Kerwen aga oýa batdy. Ol Akganyň edip ýören işidir diýip düşündi. Soň gynançly gürledi.

– Annam, sen, gelip aýtdyň, bes. Akgany ara sokma. Akgaň öwenem, syndyranam maňa bir köpük ?

– O nämüçin?

– Aý onuň nämüçini ýok. Şol bar ýerinde men ýok. Şony bilip goý.

– Kerwen, sen dänim beý diýme Ol han ogludyr. Onuň däninim, adama ýamanlyga ýokdur. Sen ýalňyşýan bolaýma?!

Kerwen aganyň gahary geldi.

– Hawa-la men ýalňyşýandyryn. Ol-a etjegini edip ili-güni aýagyna ýapyşan palçykça görmeli däl. Ýalňyşýanam men bolmaly.

– Sen dänim, Kerwen, Akga ýalňyş düşünme. Häzir dänim ile-güne buýurmaga şonuň ýaly agyzly adam gerek. Uruş gidip dur. Hiç kimiň işläsi gelenok. Sen bolsa däninim...

– Akga ýaly ýarak itler däl-de, ynsaply adam gerek, urşuň gidip duranyny sen aýtmanyňda-da bilýän. Işleýän kileň göwni ýarym aýallar, garry-gurty. Olaň ýarym göwnüni depelemeli däl-de, seýiklemeli, başlyk.

– Sen Kerwen gyzma, maňa seniň gyzanyňam däninim gerek däl. Hä, onsoňam Akga ýaly işgär tapsam dänim, edil gözüme sürme etjek, sürme. Onuň dänim, prawlinýe çlenidiginem unutma. Seniň ýalynyň dänim müňüniň gepinden onuň ýekeje ähemi rüstem çykýandyr.

Kerwen aga-da gyzdy.

– Hawa, prawleniýe çleni fronta gidýäniň namysyny basgylamaly!? Şolaryň yzynda galan naçarynyň ýeter-ýetmezinden, eli kelteliginden peýdalanyp, aýak assyna salmaly? Seniňçe şeýle?!

– Kimmiş ol dänim, aýak astyna salynýan, biderek dänim, gürrüň etme, Kerwen.

– Sen başlyk, sen iliň öňbaşçysy, sen ilden öň bilmeli bu zatlary. Bilýäňem, bilip aňyrsyna-da geçýäň. Ýöne senem dyzyňy çümmüklärsiň welin, giç bolar.

– Kerwen, men seni dänim beýledir öýtmeýärdim. Arada Akga seniň bu häsiýetiňi dänim, ýanyp-ýanyp gürrüň berse-de ynanmandym. Akga dänim, hak diýen eken.

– Saňa hakykaty aýtsaň ýakanok. Gör, sen nähili bolupsyň. Gör, sen kime ýapjalyk edýäň, Anna. Senem özüňi tanatdyň. Ýöne hemmesi üçinem hasap soralar.

– Bes et. Bes et, sen däninim gep çagaladyp oturmaňy. Buýtar-suýtaryňy goý-da, ertir goýna ugra, gürrüň dänim, gutardy.

Başlyk gapyny gazap bilen açyp çykyp gitdi. Kerwen aga atyşgir bilen ody dörjeleşdirýärdi. Oduň gyzgylt ýagtysyna onuň göreçleri lowurdap gidýärdi.

Başlyk bilen kakasynyň arasynda bolan gürrüň Ilamana uly urgy boldy. Ol kolhozyň başlygyny beýle adamdyr öýtmeýärdi. Ol diýseň mylakatly, mähriban adama meňzeýärdi. Ilamanyň göwnüne bolmasa, indi ol Akgadanam beter hyrsyz, dik-düşdi adamdy. Ol bu gün uruş başlanaly bäri bu öýde birinji gezek bolmaly şatlygyň mazasyny alypdy.

Ilaman gazandaky sowap giden goýltmaga parhsyz garaýardy. Ilkinji garnyna guzlan tüwe-de, ýaňja ýöremäni öwrenen gölejigem onuň üçin gyzyksyz, adaty zada öwrülipdi.

Ol okara-okara goýltmagy goňşulara, öýbe-öý paýlajakdy. Goňşylaryň alkyşlaryny alyp, olary öz begenjine şärik etjekdi. Emma arzuwyna ýetip bilmedi.

Ertesi Kerwen aga daga gitmedi. Sebäbi başlyk gidenden soň, Kerwen aga oýa batyp köp oturdy. Soňra has ir turup raýona gitdi. Ol ýerden gaty giçlik dolanyp geldi. Agşam ol daga niýetläp bişiren çöreginiň iki sanysyny saçaga saldy. Tüňçe-käsäni çykardy. Soň az-kem gowzan çal horjuny dula süýşürdi.

Kakasynyň bolşy Ilamany hem gozgalaňa saldy.

– Köşek, sen ullakan adam çykdyň. Mert bol-da maňa gulak as.

Ýaşuly ýere garady. Oýlandy. Ol bu güne öňdenem garaşýan ýaly, şonuň üçin niýetläp goýan sözlerini bu gün aýtmaga çemlenip, indem ýumagyň ujuny tapmaýan ýaly bolup otyrdy.

– Oglum! Türkmen halkynyň duşmandan üýşenip ýagydan basylanny gören, bilen ýokdur. Görogly babamyz Hüňkaryň goşunyny çym-pytrak edip gelipdir. Keýimir kör babamyz gyzylbaşlary gan eňredipdir. Hawa...

Kerwen aga yzyny tapmady. Ýöne ol aýlawyny kiçeltmek hem islemedi.

Magtymguly babaň bolsa şeýle diýipdir:  
Teke, ýomut, ýazyr, gökleň, Ahal ili bir bolup,  
Kylsa bir jaýga ýörişi, açylar gül lälesi.

Külli gyzylbaş baryny atdy dag arkasyna.  
Gije saba ýatyrmaýyr, geler olaryň nalasy.

– Menem, obada bulaşyp ýörmäýin. Oglanlar-a ol ýerde gan döküp ýör. Menem, oýlanyp, ölçerip gördüm bärde ynjalyp gezip biljek däl. Ahyr, çydaman weýenikemada bardym. Mazaly, yrazy boldular. Indem ine gitmeli bolup otyryn, puranda...

Ilamanyň gözleriniň öňüne çal perde indi. Ol dumanyň çuňlugyna çümdi. Gulaklary gapyldy. Onuň ýüregini birhili duýgular gaplap aldy. Ol kakasy bilen ikiçäk galdy. Onuň kakasy agras, emma mylaýym gürläp durdy Ol şol süýjülükden özge hiç zady duýanokdy Dine süýji duýgulardy...

Kerwen aga ogluny köşeşdirip bilmejegine düşündi. Ol daş çykyp, iç girdi. Howlynyň odur-budur ýerlerine el degren bolup, düzeden bolup ýördi. Onuň eginleri sallanan ýalydy. Ýüzi agralypdy.

Ol frontdanam, gitmedenem çekinýän adam däldi. Ony häzir horlaýan zat Ilamandy. Ýalňyz oguldy. Mähriban aýalyna beren sözüdi.

«Ilaman jany hor-homsy etmegin». Aýalynyň oňa goýup giden iň soňky sargydy şoldy. Ýogsa, ol görgülide bu sözleri aýdara mejalam ýokdy.

Kerwen aganyň aňyşyna görä, aýalyny alan şu sözdi. «Ol şol sözlemi aýtjak bolup, ähli güýjüni jemläpdi. Şondan soň gan gitmesi hasam güýjäpdi görgüliniň».

Aýalynyň naýynjar keşbi, owadan, gamgyn gezleri Kerwen aga has aýdyň görnüp başlady. Ýaşuly onuň ruhuny bimaza edenine gaty gynandy. Ýöne onuň etjek alajy ýokdy. Gitmelidi, «il bilen gelende ajalam bolsa dolanmasy bolmaz». Ol hyýalynda ogluny goňşularynyň hemmesinde goýup çykdy. Emma ol boljak zat däldi. Ilaman näme, ile ynanar ýaly ogulmy.

Ilaman ýerine geçdi. Kerwen aga daş çykdy. Soňam obanyň ilerligine garşy ugrady.

Gije aý aýdyňdy. Edil gündizlik ýalydy. Kerwen aga ýapyk gapyny çekip, içeri girdi. Içerde Üzümgül mugallym kitaba güýmenip otyrdy.

– Gyzym, bimaza etdi diýme. Men puronta barýan. Ertir ugramaly. Illi jany tabşyraýyn diýdim. Gaýrat et, göz-gulak bol, bala.

Üzümgül mugallym işikde duran adamyň agzyndan çykan sözleri aňynda aýlap ýetişmese-de, ýöne «bor, bor» diýip durdy. Diňe ýaşuly hoşlaşyp gidenden soň «Wah, otur, çaý iç diýmegem undupdyryn!» diýip gaty gynandy. Kerwen aga bolsa häzir oturarlam däldi.

Kerwen aga öýüne gelende howlynyň daşynda başlygyň atyny gördi. Ol gijäniň bu çagy başlygyň bu ýere düşüp ýörşüne haýran galdy. «Ýa-da, çopan gerek, beýleki gerek» diýip tükezzibana tutup, goýbolsun etdirip ýörmükä, gitmämi? Aý, ýok, men indi galyb-a bilmen...»

Ol şu pikirler bilen işikde bükülip duran başlygyň salamyny göwünsiz aldy. Ýöne soň özüni tutdy,

– Anna, içden oturaly...

Başlyk birhili sesini sandyradyp gürledi.

– Häk, Kerwen, sen dänim, giç gelmesi nämekän-hä diýersiň welin, aý bähbit bolsun, Ýaňy yraýondan gelişim. Weýennikemat şeýle-şeýle diýensoň «Häk, bir görşüp galaýyn» diýip dänim gaýdyberdim.

Kerwen aga çakynyň çykmanyna öz ýanyndan razy boldy. Ol başlygy öýe çagyrdy.

Anna aga dulda çökdi. Öňüne atylan saçakdan barmagyň başy ýaly çörek döwüp agzyna saldy. Megerem, çöregi çeýnemän ýuwdan borly. Gäwüşemän gürledi.

– Kerwen, men düýn saňa göwne geler ýaly sözler diýdim welin, indem, şondan bärem dänim, ýüregimden heýç çykaryp bilemok. Sen men doňuzdan kine etme. Käwagt gözüm-başym dänim, aýlanyp gidýä. Sen dänim, uzak ýola ugrasaň göwnüň arassa bolup git – diýip gelşim. «Göni gelen keýgiň dänim, iki gözünden başga aýby ýok» diýipdirler...

Kerwen aga agyr oýa batdy.

– Aý, Annam, men saňa bir zat aýdaýyn, nemis meniň watanyma göz dikse, şol seniň penalaýanyň meniň namysyma göz dikýä. Şol nemis bilen Akganyň arasynda tapawut barmy, ýok. Sen şony seljermediň. Biz ikimiz bu döwleti näme üçin gurduk. Iner-iner oglanlar näme üçin ölüme gidip durlar. Namysy depeletmezlik üçin iliň-günüň, watanyň namysy diýip gidenleriň naçarynyň namysyny gorap bilmedige men näme diýeýin. Sen gowusy gelmeli däl ekeniň.

Anna aga burulyp ýerinden turdy. Ol ýene-de bir zatlar diýjek boldy. Emma diýip bilmedi.

kellejigini sypalady. Assaja pyşyrdady.

– Jan oglum, guzujygym, näme?!

Ilaman aýtmaga söz tapmady. Ol ullakan gözlerin süzüp uly lezzete gark bolup ýatyşyna, ýene-de pyşyrdady.

– Eje jan, eje! Dädem fronta gidýär, eje jan! Aýyň owadan keşbi gussalandy. Ol gamly gözlerini oglana dikip, pyşyrdady.

– Köşejigim, gamlanma, il bilen gelen toýdur. Gama batma oglum. Sen indi ullakan adam ahyry.

Ol öz mylaýym gözleri, hüwdi ýaly mähriban sözleri bilen oglany hüwdüledi. Ony näzik ellerine alyp, şeýle bir zaryn hüwdüledi. Ilaman ukynyň arasynda öz mähriban ejesiniň owadan, sary zülplerine çolaşyp ýatanyny çalaja duýup galdy.

* * *

Ol ertesi kakasyny ine şeýle duýgular bilen ugratdy.

Kerwen aga uly ýabyň köprüsiniň ýanynda saklandy. Ol oba ýene-de bir gezek seretdi. Soň ogluna müýünli garady. Ol häzir bir agyr habary aýtjak ýalydy.

– Oglum sen düşün. Men toýa gidemok. Mert bol. Alamçylykdyr. Her hili ýagdaýyň bolmagy mümkindir. Atam meni taşlap gidendir, ýeke goýup gidendir diýip oýlanson men senden razy bolmaryn. Obadaşlar bilen bol. Gerek ýerinde olar meniň ornumy tutarlar. Ile-güne daýangyn... Üzümgül mugallymyň bilen arkalaş. Ol aýalam bolsa, mert aýaldyr.

Kerwen aga oglunyň ýüzüne teşnelik bilengarady. Soň çäkmeniniň goltuk jübüsine gataňsy ellerini sokup, döşüni sermeleşdirdi. Ondan könеräk düwünçejik çykardy.

– Ine, şu ejeňden galan şaý. O pahyr «oglum öýlense, gelnime dakaryn. Halal zadym» diýip köp aýdardy. Emma näme, boldumy? Adamçylykdyr, sen şuny al. Eger-de...

Kerwen aga özüni saklap bilmedi. Ol Ilamany bagryna basdy. Soň onuň ýaňaklaryndan taýly gözek öpdi-de, yzyna garaman gitdi.

Ol gidip barýardy, gidip barýardy. Hemişelerem giderdi, gelerdi. Ýene-de gelmelidi. Çünki, adamlar gelmek üçin gidýärdiler. Hawa, olar ahyr soňunda obalaryna, öýlerine gelýärler. Hökman gelýärler...

Ilaman muňa berk ynanýardy. Heý, kakasyzam oňup bormy? Heý, kakasy ogluny ýalňyz goýup, gelmän bilermi?

Ilaman düwünçegi emaý bilen açdy. Onuň içindäki sarymtyl gülýaka oglanyň dumanlap duran gözlerini hasam gamaşdyrdy. Ol assaja pyşyrdady.

– Eje jan, seniň gülýakaň?! – Ol gülýakany eline aldy. Gülýaka gürläp duran ýalydy. «Oglum öýlense, gelnime dakaryn. Halal zadym...». Oglanyň ýüregini mylaýym, ýumşak duýgular gaplap aldy...

Onuň kakasy bolsa alyslara uçup barýan durna ýaly gözden gaýyp bolup barýardy. Ilaman welin iki sany eziz adamyň aralygynda süýji duýgulara gark bolup durdy. Olaryň ikisi-de ezizdi, mähribandy. Olaryn ikisinden hem doýma ýokdy. Olaryň ikisem häzir onuň ýanynda ýalydy. Ol häzir süýjülnkden özge hiç zady duýanokdy...

## 6.

1942-nji ýyl hem şo-ol öňki durmuşy üýtgedip bilmedi. Durmuş gün-günden kynlaşmasa ýeňlemeýärdi. Kerwen aganyň gidenine ep-esli wagt bolupdy. Ilaman üçin bolsa täze kynçylyklar başlanýardy. Olaryň tüwesini ilki-ilkiler Ene sagýardy. Ýöne soňabaka ol hem sagmasyny goýdy.

Sebäbi Meretgül:

– Haý, bidöwlediň çagasy, sen agşamyň biçaky, ertiriň biçaky külüň-kümrüň üstüni depeläp, sygyr sagýan. Sygyr sagman galan – diýip, Ene sygyr sagmaga gaýtdygy, gygyryp başlaýardy.

Ene onda-da gelerdi. Tüwe-de oňa ýagşy imrindi. Ýöne başga bir ýagdaý ýüze çykdy. Bir gün Ene sygyr sagmaga has ir geldi. Howa sowukdy. Ol süýt kädini çaýkap göläni gazykdan boşatdy. Göle birazajyk emensoň bagyny tüwäniň artky aýagyna ýagşy baglady. Emma sagmaga ýetişmedi. Şol wagt onuň ejesi hasanaklap geldi.

– Tur, tula, ýör öýe.

Ene gitmejek boldy.

– Ýör diýdim, ýör. Gijeler gygyryp ýataňok, ýene-de başarmajak işiňi edýäň. Eger gitmeseň, ýelniňi keserin. Taşla kädiňi, çyk sygryň aşagyndan.

Ol Enäniň elinden gazap bilen çekdi. Süýt kädi gapdala tigirlenip gitdi. Meretgül sesiniň ýetdiginden gargynýardy, käýinýärdi.

Ene ejesine bir zatlar diýýärdi. Ejesi bolsa has öjügýärdi:

– Bolup geçsin. Ýetimligine sen günäkär däl. Hudaýyndan görsün. Enesi ýok diýip ene boljakmy?..

Meretgülüň şerraý sesi gyş gününiň säherinde has daşa gidýärdi. Ony bütin oba eşitdi. Ilaman näme iş etjegini bilmedi. Tüwe iki ýana gaçgaklaýardy. Onun aýagyna daňylan gölesi kä ýykylyp, kä turup süýrenip barýardy. Tüwe bu ýagdaýa has hem ürkýärdi.

Ilaman göläni tüwäniň aýagyndan boşatjak boldy. Emma başarmady. Tüwe ony golaýyna goýbermedi. Ol öýden orak getirip, göläniň ýüpüni kesmegi ýüregine düwdi.

Ol öwrülip gelende tüwäni bir aýal sagyp otyrdy. Ol Ene ýene-de öwrülip gelendir öýtdi. Ýöne onuň ejesiniň gykylygy indi eşidilmeýärdi. Ol Üzümgüldi. Ilaman gözüne duýdansyz inen gözýaşyny süpürmäge ýetişmedi.

Ilaman ertesi has ir turdy. Has dogrusy, ol bu gije ýatmandy.

«Tüwäni nätmeli? Gölesini emdiriberseňem boljakdy. Ýöne bu günler süýt juda gerekdi. Sülgün gelnejemleriň çagajyklarynyň ýalňyz hurşy şol. Onsoňam dädem gelse näme diýer».

Ilaman köp oýlandy. Soň belli karara geldi. Ol süýt kädini çaýkady. Gyrasy galaýy bilen çeňklenen kädi kän agyr däldi. Ony goltugyna alyp ýataga bardy. Göläni goýberip, soň ony tüwäniň aýagyna daňdy.

Kädini ýerde goýup, tüwäniň doly emjeklerini elledi. Tüwe durşy bilen tisgindi. Oglan gorka-gorka ýene-de emjekleri elledi. Tüwe şahlak kellesini gapdallaýyn bulap goýberdi. Häzir onuň aýlanyp ýa-da oglany depeläp gitmegi-de mümkindi.

Ilaman sygryň iki emjegini ýokarragyndan tutuň, sagyp goýberdi. Iki sany inçejik suwuk ýol jyzlap akdy-da gumak ýeri tozadyp gitdi. Oglan süýt kädini: öňräk süýşürdi. Ýene sagdy. «Dast» edip kädä bir damja süýt akdy. Ýene bir damja. Ýene, ýene...

Oglanyň eljagazlary ýadaýardy. Ol şonda-da goýmady. Ol boldum edende gün dogar-dogardady. Oglan ýaryma golaýlan kädini gapdalda goýup, göläni goýberdi. Ol şol başagaýlap oturyşyna, Üzümgül mugallymyň gelip, synlap, synlap gideninem aňmandy.

Ol diýseň begenýärdi. Özüniň tutan ýoluny, pikir eden zadyny ýerine ýetirenine begenýärdi. Onuň aýagy ýeňläpdi. Üstüniň-başynyň durşuna süýt bolanyny-da diňe ot ýakyp, süýt ataranyndan soň bilip galdy.

Ol köýnegini oda tutup geýdi. Oňa çenli süýt bişdi. Ol okarany ýagşy çaýkap, ony süýtden dolduryp gapa çykdy.

Ilaman baranda Sülgüniň gyzjagazy ynjyly aglaýardy. Şonuň üçin Sülgün gyzyny aýagynda ýatyryp, üwreýärdi. Ol Ilamanyň gelenini görüp begendi. Gyzyny gapdalda goýup, ýerinden turdy. Kiçijik gyzjagazyň alkymynyň aşagy çişipdi. Ol ysgynsyz hykylaýardam.

Çygly, sowuk içerä ýyljak süýdüň ýakymly ysynyň kükäp gideninden oglan habarsyzdy. Aglaýan gyzjagaz sesini goýdy.

Sülgün süýde diýseň begendi.

– Wah, Ilaman jan, boýuňa döneýin, nämä gerekdi. Azara galyp.

Ilamanyň göwni bitdi. Oňa şu sözler besdi. Çünki, oglan indi gör, näçe wagt bäri ýyly söze zardy. Bu sözler onuň öňki şatlygyny has göterdi. Ýekesirän göwnüne aram berdi.

Sülgün şol arada bir zat gözleýärdi. Ol ýorganlaryň arasyna çenli agtaryp çykdy. Soňam utançly ýylgyrdy.

Wah körpäm bermäge zadymam ýok. Bir düwür nabatjagaz bardy. Huşum gursun, çagalardan ýygşyrypdym, nirede goýanymy bilemok-da. Tapamda eltipjik beräýerin.

«Ýok gelneje gerek däl. Men nabat iýemog-a, men indi çaga däl-ä» – diýjek boldy. Emma diýmedi.

Ilaman Sülgünlerden çykanda gün ep-esli galypdy. Gyraw düşen toprakdan goýy duman göterilýärdi. Howadan birhili hoştap ys gelýärdi. Ilaman öz şatlygyny göterip bilmeýäne döndi. Ol bökjekläp öýe geldi. Onuň şatlygy sakarja gölä-de geçen ýalydy. Ol iki baka çapan bolýardy, ürken bolýardy. Ilamana sürtenen bolýardy.

Ilaman ýene öýe girdi. Häzir onuň ýüregine bir hyýal guýuldy Ol okarany süýtden doldurdy. Süýt syçyrap, gurandan soň epin-epin bolan köýneginiň etegini çekişdirdi. Soň süýtli okarany göterip Enelere bakan ugrady.

Ilaman süýtli okarany işikde goýup, gapyny açdy. Soň ýene okarany göterip öýe girdi.

Meretgül dula bakyp hamyr ýugurýardy. Peç gübürdäp ýanýardy. Peçde atarylan gazan lasyrdap gainaýardy. Ap-ak köpügiň arasyndan uly-uly omaçalar çümüp-çykyp durdy. Ilaman öýden gaýnatmanyň ýakymly ysyny aldy.

Meretgül bärsine öwrülmän gürledi.

– Kim gyz, bi, gelen?

Oglan tisginip gitdi. Ol sakynyp gürledi.

– Daýza, neme, bu men. Men size süýt getirdim.

Meretgül azymly gürledi.

– Sen bolsaň gapyny açyp, ýapyp durmalymy? Duruber şo ýerde, palçykly aýagyň bilen ýokary geçmede. Süýt getirseň, şojagaz ýerde goýdajyk gidiber.

Ilaman gitmedi. Ol okarany boşadyp berilmegini sorady.

Meretgül gykylyklamaga başlady.

– A gyz sen bir turaýsana. Näme äriň ölen ýaly, ýatmadan doýmadyň-la. Boşat şonun okarasyny. Gün asmana galdy. Seniň azaryňamy bir? Häzir ol oglan geler.

Ene turdy. Ol çişen gabaklaryny owkalap Ilamana garady. Ulurak okara alyp, ony ýuwman-etmän süýdi şoňa guýdy. Ilamanyň okarasynam eline berdi.

Ol: «Ene gelnejem sygry özümiň saganymy bilse begener» diýipdi. Emma Ilamanyň garaşany çykmady, Ol baharyň ilkinji gününiň agyr dumanyna duwlanyp öýlerine gaýtdy.

Öýde oňa örän uly şatlyk garaşýardy. Kerwen agadan hat gelipdi.

* * *

Şol günüň ertesi irden Akga geldi. Ol azymly gygyrdy.

– Heý, Gara Çomagyň ogly, çyk çaltrak öýüňden.

Ilaman ylgap daş çykdy. Akga ony äsgermän gürledi.

– Ertirden başlap, hol Üzümgül mollum bilen sagan süýdüňi «Ynkylap» kolhozyna, mekdebiň jaýyna äkitmeli. Ýöne ýadyňdan çykarma, gijä galsaň almytyňy alarsyň...

Akga gitdi. Ilaman onuň «Gara Çomagyň ogly» diýmesine öz ýanyndan ot aldy. Akga onuň kakasyny Gara Çomaga, ýagny Ene bilen arasyna düşýän adama meňzedipdi.

Ertesi Ilaman has ir turdy. Tüwesini sagdy. Gölesini gazyga baglady. Süýt kädiniň bagyny gysgaltdy. Soň öýüň işigini berkläp Üzümgül mugallymlara garşy ugrady. Üzümgülleriň öýi obanyň çeträginde bolansoň, Ilaman olara barýança ýadady. Süýt kädi götermäge diýseň çemesizdi. Diňe gerdeniňde götermelidi. Aýagyňy sähel gyşygrak bassaň, süýt jülpüldäp, çaýkanjyrap, soňam syçrap başlaýardy.

Gara der bolup, egni kädili baran oglany Üzümgül tanamady. Ol diýseň geň galyp, gorka garaýardy. Onuň çiňňerilip garaýanyny görüp, Ilaman hem aýak çekdi.

– Salam, mugallym!

Üzümgül gorkuly gürledi.

– Waý, kimsiň. Daňyň alagaraňkysynda adamyň ýüregni ýarýarsyň-la!

Ilaman Üzümgülüň howsalaly sözlerine ýygrykdy. Kädisini egninden düşürdi. Soňra çekine-çekine gürledi.

– Mugallym, men Kerwenow, gorkma. Maňa seniň bilen «Ynkylap» kolhozyna süýt äkitmeli diýdiler.

– Wah, Kerwenow jan, seniň egniňdäki kädiň näme?

Ilaman açyldy.

– Bu kädi däl, süýt kädi. Içinde süýt bar.

– Waý, heý kädi bilen munça ýola süýt äkidip bormy? Bedre ýokmudy?

– Bizde bedre ýok-da.

Üzümgül öz bedresindäki süýdi süzüp durşuna dillendi.

– Ýok, bedresiz-ä kyn bolar saňa. Bolmasa menin bedrämi alaý.

Üzümgül öz bedresini Ilamana berdi, kädini egnine aldy.

Ýaz gününiň säheri diýseň lezzetlidi. Ýüzüne daňyň çygy çaýylan gökje maýsalar Ilamanyň aýagyna pamyk ýaly ýumşajyk degýärdi. Çüýşe ýaly dury asman depäňe

degäýjek bolýardy. Dünýäde uruş bolmaýan ýaly, obadan hiç kim front diýip gitmedik ýaly duýulýardy. Oglan oýa batdy. «Belki uruş turanam däldir. Meger men düýş görendirin. Düýşüme aýylganç zatlar girendir. Dädem janam, Goçaklam, Myratlam uruş diýip giden däldir. Ene gelnejem-de şol mähribanlygyna gezip ýörendir... Belki.»

Säheriň şypasy oglanyň göwnüne ýene-de täze oýlary getirýärdi. Ýöne şol oýlar bu geçen günleriň düýş däldigini oňa düşündirýärdi.

Üzümgülem çuňňur oýa batyp barýardy. Onuň häzir näme hakynda pikir edýänini kim bilsin. Üzümgül obadaky dört ýyllyk mekdebiň mugallymy. Onuň adamsy Bezirgende şol mekdepde mugallymdy. Üzümgül ikinji, dördünji klasy goşup okadýardy. Birinji, üçünji klasy bolsa Bezirgen mugallym okadýardy. Geçen ýaz Bezirgen mugallymy goşunçylyga alypdylar, ol ondanam fronta gidipdir. Üzümgül obada ýalňyz ýaşaýardy. Bezirgen ikisi durmuş gurup şu oba gelipdiler. Heniz olaryň çagasy-da ýokdy. Bezirgen mugallym bolmany üçin, häzir birinji, üçünji klasy okatmaga adamam ýokdy.

Ilaman öz mugallymyny ýatlady. Bezirgen inçeden uzyn, görmegeý ýigitdi. Ol okuwçylara käýemeýärdi. Gatyrganmaýardy. Aýdym sapagynda onuň aýdýan aýdymlary diýseň şirindi. Ilaman ony ýatlanda ýüregi ýylap, göwni ýagtylyp gitdi. Ol şeýle höwesiň badyna Üzümgüle sorag berdi.

– Üzümgül mugallym, Bezirgen mugallym haçan geler-ä?

Üzümgül esli wagtlap soraga jogap bermedi. Onuň owadan meňzine al reňk çaýyldy. Ullakan köşek gözlerinden gussa ýitip, onda mylaýym ýylgyrma peýda boldy.

– Mugallymyňy göresiň gelýämi? – Soňam – Geler köşek. Nesip bolsa, basym uruş gutarar. Hemmeler geler. Nesip bolsa, seniň mugallymyň hem geler – diýdi.

«Ynkylap» kolhozynyň merkezi uçastogy dagyň içinde ýerleşýärdi. Kolhozyň kontory, mekdep şol ýerde bolany üçin oňa kolhoz diýýärdiler. Üzümgül bilen Ilaman çaýyrly ýodajyga düşdüler. Indi öňde uly öleň bardy. Öleňiň gutaran ýerinden oba başlanýardy.

Olar kolhoza gelenlerinde gün ep-esli galypdy. Mekdebiň jaýy obanyň bäri başynda bolany üçin, onuň töweregi gum-guklukdy. Üzümgül süýt kädisini mekdebiň agzynda goýup, içeri girdi. Häzir bu mekdepde-de okuw gitmeýän ýalydy. Adam-gara ýokdy. Üzümgül mekdebiň içinde kän eglenmedi. Ol gartaňrak aýal bilen geldi. Ilamanam olaryň yzyna düşüp klaslaryň birine girdi.

Ilaman uruşdan getirilen çagalary görmek isläp, töweregine ýaltaklaýardy. Ýöne çaga görnenokdy.

Gartaň aýal olaryň süýdüni gazanlara guýýarka, Üzümgül ol daýzadan çagalary sorady.

– Wah, o neresseleri gije getirdiler. Bir topar çyr-çülpe çaga. Hudaýym uruş takrasyn. Neresseler göz monjugy ýaljak. Enesinden aýrylan guzy ýaly mäleşip ýörler-dä.

Üzümgül bilen Ilaman yzlaryna gaýtdylar.

...Urşa gidenlerden hat-habar ýokdy. Kim bilýär uruş eýýäm gutarsa-da gutaryp ýörendir. Ýöne Myratlydan habar ýoklugy welin Ilamanyň keýpini bozýardy. Sebäbi Sülgüniň güni obada hemmeleriňkiden kyndy. Onuň bir gyzy sagalsa, beýlekisi keselleýärdi. Şonuň üçin ol işe-de çykyp bilenokdy. Çagalar ýarawsyz bolany üçin ol hemişe öýde ot ýakýardy. Ýarawsyz çagalara hurşam gerekdi. Sülgün kyn günde

galýardy. Bu urşuň dagyny obada diňe şol çekýän ýalydy. Ýöne ol kän bir zeýrenmeýärdi. «Çagalaryň atasy gelse bolýar, galanynyň bir alajy bolar» diýýärdi. Ol Myratlynyň geljegine ynanýardy. Şol ynam hem oňa güýç kuwwat berýärdi.

Ilamanyň ýüregi öýde takat tapmady. Ol edip oturan pikirinden aýňalyp bilmän Sülgünlere bardy. Sülgün kiçijik gyzyny aýagynda ýatyryp, uluja gyzjagazynyň köýnejigini ýamap otyrdy. Ol Ilamany görüp ýylgyrdy-da ýygnanyp oturdy:

– Gel, köşejik, geç ýokary. Senem ýat bolup gitdiň bu günler.

Ilaman aýagujrakda oturdy. Öýde çyg ysy bardy. Sülgüniň gözleriniň aşagy çişipdir. Ýüzi ap-ak bolup, duluklary çöküşipdir. Ol hop-horja elleri bilen gyzyny tapbatlaýardy. Ýöne del adamyň sesini eşiden gyzjagaz ýene-de aglap başlapdy.

Sülgün gyzyny gujagyna alyp duldaky ýandak petdesinden peje saldy. Pejiň aşagynda duran käsäni pejiň üstünde goýdy.

– Düýn bir çemçe bulamak bişirdim. Şu çagalar halys etiňi iýip barýar. Iýjek, içjek wagtlary. Öýde-de zat ýok. Nädeýin, düýnküje bulamakdan başga zadym ýok. O-da bir ýürekde durarly zat däl, bulara ýokam bolanok. Onsoň ýöne aglaşyp durlar. Howa azajyk maýlasa, selmeden getirip, bulary hor etmerin-le. Ýöne häzir kyn-da.

Ilaman Sülgüniň ýagdaýyna ol aýtmanynda-da düşünýärdi. Ýöne onuň elinden geljek peýda ýok ahyry. Nätsin?

O ýene-de tüwesiniň ýanyna bardy. Tüwe Ilamany görüp ýeriňden turdy. Pyşgyryp, kellesini bulaýlap goýberdi. Ilaman onuň bagyny çözdi-de örä kowmaga ugrady. Ol Eneleriň öýüniň ýanyndan geçip barýarka, Meretgül:

– Aýu oglan, saňa gel diýýäler – diýip azmly gygyrdy.

Ilaman ony kän garaşdyrmaýyn diýen pikir bilen, sygryny aňyrrak kowdy-da, olara tarap ugrady.

Ilaman ýaýdana-ýaýdana işigi açdy. Onuň burnuna gaýnatmanyň süýjümtik ysy haplap urdy. Öýde Akga bilen Ene bardy. Akga törde ýazylan täzeje keçäniň üstünde çäşerilip ýatyrdy. Ene bolsa pejiň gapdalynda tikin tikip otyrdy. Akga gopbamsylyk bilen Ilamana habar gatdy:

– Süýt eltdiňizmi, ýokary?

Ilaman başyny atdy.

– Ol ýetimçeleri getiripdirlermi?

Ilaman düşünse-de, «düşünemok aýdanyňa» diýen yşarat etdi. Akga ýene-de wagyrdap gürledi. Şol wagtam Meretgül içeri girdi. Ol gargynjyrap Ilamana herreldi.

– Ol ölüm almyşyň oty zat goýmady. Näme ony getirip, gapa goýberýäň, ýok et, onyňy bar-da – Oglan Akganyň soňky sözüni eşitmedi.

Gün öýläne sapypdy. Ilaman öýden kakasynyň ýan torbasyny alyp, ýabyň boýunda örklenen tüwesiniň yzyndan gitdi.

Ol agşam garaňky garyşansoň öýe geldi. Onuň ýan torbasy terje selmeden doludy. Ol tüwesini sagyp, süýdüň ep-eslisini okara guýdy-da, torbasynam egnine atyp Sülgünlere ugrady.

Ertesi ol has ir turdy. Tüwesini sagdy. Okara ýene-de süýt guýup, galanyny egnine alyp Üzümgül mugallymlara baka gitdi.

Arzy doktoryň öýünden eşidilýän sese onuň ini tikenekledi. Arzy daýzalarda aýallar uly ili bilen aglaşýardylar. Goňşy-golamlaryň hemmesi olaryň jaýynyň öňüne üýşüp durdy.

Arzy daýzanyň zarlap eňreýän sesi ähli agy seslerinden saýlanýardy. Ol goşgy ýaly birzatlar aýdýardy. Ýöne Ilamanyň endiräp duran ýüregi ol sözleriň manysyny aňardan ejizdi. Şeýle aýylganç sesi ilkinji gezek eşidipdi. Bu ses onuň süňňüni sarsdyrypdy. Şonuň üçinem ol özüni tutup bilmän Üzümgüllere geldi.

Üzümgül kellesine gara çargat daňynypdy. Onuň gözleri gyzaryp durdy. Ol Ilamany görüp bozuldy:

– Görgüli, Arzy daýzanyň ýekeje ogly Serdar uruşda ýogalypdyr. Wah, görgüli indi neneň ýaşar? Bar guwanjy, begenji şol ogludy. Ähli obanyň derdine derman ederdi, pahyr, öz ogluna bolsa alaç edip bilmedi.

Ilamanyň hem gözüne ýaş aýlandy. Bu urşuň ilkinji alamaty. Urşuň salan ilkinji ýarasydy. Ol ýara bir adamy alýar, emma gör näçe adamyň ýüregini sanjylaýardy.

Uzümgül tä «Ynkylaba» barýança sesini çykarmady.

Mekdepdäki çagalar eýýäm örüpdi. Gökje gözleri balkyldap duran çagajyklar Ilaman bilen Üzümgülüň daşyna üýşdüler. Olar üýtgeşik dilde enaýyja gürleşýärdiler. Ilamana ellerini uzadyşyp birzatlar diýýärdiler, ýylgyryşýardylar. Ak saçlyja eýjejik gyzjagaz bolsa eýýäm Üzümgülüň gujagynda otyrdy. Olardan aýrylyşmak kyndy. Ýöne olaryň ýanyny alyp, oturybam boljak däldi.

Ilaman bilen Üzümgül çagalary galdyryp, oba gaýtdylar. Üzümgül öleňiň gyrasyna gelende gamgyn dillendi:

– Wah, uruş, adyň ýitsin-dä, ylaýym!

Ol çargadynyň çowy bilen gaýta-gaýta ýaňagyny süpürýärdi. Çalaja horkuldaýardy, Ilaman ep-esli yza galypdy. Sebäbi bu gelniň bolşuna, häzir arkaýyn seredip durmak mümkin däldi.

Şol wagt ilerki gaýa tarapdan bir süri guw olaryň depesinden ganatlaryny şapyrdadyşyp, pessejik uçup öleňlige tarap geçip gitdi. Üzümgül şolaryň yzyndan durup-durup garady. Ahyry ol yzyna seretdi, Ilamanyň ep-esli yzdadygyny görüp hiňlendi.

Ilaman doňup galdy.

Bu çaýyrly ýodalar
Öleňden çeşmä bar-ýa
Uçup barýan ak guwlar-a
Göwnüm size ýalbar-ýa.

Leningrad iline
Elin baryp gaýdyň siz
Çynar boýly ýarym-a-la
Salamymy aýdyň siz.

Gara dagym Bezirgen
Göwnüm seni-ýä küýseýä.
Ýalňyz galan naçaryň-a
Didaryňa-ýa suwsa-ýa.

Bu zaryn owaz oglanyň endamynda garynja ýöreýäne dönderdi. Ol howul alyp töweregine garanjaklady. Alysdaky baglar, depeler gözüne inen perdäniň derdinden zordan saýgarylýardy. Onuň gulaklaryna şol zaryn, mähriban owaz ýaňlandy durdy. Onuň göz öňüne kakasy geldi. Oglan gözlerini balkyldadyp, oňa sowal berdi. «Kaka jan, ejem hakykatdanam, Üzümgül mugallyma meňzeşmidikä?»

Ilamanyň hüňürdisine Üzümgül sakga durdy. Ol ýaşly gözlerini ýaglygynyň çowy bilen süpürip durşuna, Ilamana sowal berdi:

– Näme diýdiň, Illi jan?!

Ilaman uýaljaň, aljyraňňy ýylgyryp ýere bakdy.

**7.**

Günler geçip durdy. Ir gelen gyş, akmaýa ýaly bolup çöken gar, bol ygal bu ýazy ersdiripdi. Meýdanlar gül-pürçük bolup ýatyrdy.

Ilaman işde halys sütüni süýnüp, agşam özüni düşege goýberýärdi. Şondan tä daňdana çenli niresine ýatanyny bilmeýärdi.

Ol bu gün biraz giç turdy. Ýazyň ýakymyndanmy ýa-da şol gaýtalanyp duran durmuşdanmy, onuň hiç galasy gelmeýärdi. Ol iki göwünli bolup ep-esli ýatdy. Soňam irkilenini duýman galdy.

Ol tisginip oýananda, günüň tylla tyglary ýere, asmana ýagşy sanjylyp başlapdy. Oglan nirede ýatanyny-da bilmeýän ýaly, düşekden galman oturdy. Gapyda bolsa kimdir biri garalyp durdy.

Ilaman ylgap diýen ýaly daş çykdy.

– Üzümgül mugallym! – Ol geň galyp ol aýala garap durşuna, aljyraňňy gürledi – Men ýatyp galaýypdyryn. Häzir men...

Ol öýe girip soňam daş çykdy. Üzümgül onuň aljyraýanyny aňdy.

– Duraweri. Howlukma, hany süýt kädiň, sygryňy bir sagaly, entäk...

Ilaman sakga durdy. Megerem, şondan soň, haýsy işe başmalydygy baradaky pikir onuň kellesine gelen bora çemli. Ol süýtden dolabara gaby getirdi.

Sygyry ilki Üzümgülüň özi sagmakçydy. Ýöne sarç tüwe ony bu gün aşagyna goýbermedi. Ýöne heniz süňki bekemedik oglanyň işine seredip oturmagam Üzümgüle hoş ýakmady.

Ilamanyň çeýeje bedeni eliniň badyna yranyp-yranyp gidýärdi. Onuň hereketi, çemsiz oturyşy bu işleri nalaçlykdan edýändigini aýdyp durdy. Sebäbi emjekden gaba inýän süýdüň sesi bir akymda däl-de, bir aram, bir batly, birem haýal çykýardy.

Üzümgül Ilamanlaryň öýüne girdi. Öýüň içiniň aýal eliniň yssysyny görmänligi bildirip durdy. Ýorgan-düşek galdyrylýan ýük tertipsizdi. Oglan howlugan bora çemli. Çäýnek, käse, içi ýarmaly okara, boş saçak ojagyň gapdalynda ýaýrap ýatyrdy.

Ilaman içeri girende haýran galmakdan, utanmakdan ýylgyrdy. Içeri tämizdi. Ol öýüň içini tertipsiz saklanyna indi utandy. Ýöne begenji hem bardy. Onuň tüwäni sagyp bilýänini Üzümgül mugallymy hem görüpdi. Şol duýgy Ilamana kuwwat berýärdi.

«Ynkylapdan» gaýdyp gelýärkäler Üzümgül Ilamanyň göwnüni galkyndyrmagy ýüregine düwdi. Ol Ilamana duýdansyz sowal berdi:

– Ilaman, sen näçe ýaşadyň? – Ilaman beýle sowala garaşmany üçin ep-esli dymdy. Soňam:

– On iki – diýip gysgajyk jogap berdi.

Üzümgül oglanyň ýüzüne dikanlap seretdi, ýöne hiç zat diýmedi. Ol oglan on dört-on bäş ýaşandyr öýdýärdi. Şonuň üçin-de oňa ak gelin arzuw etjekdi. «Uruş gutaran badyna seni öýereris. Soň öýňüzem beýle bolup durmaz. Nesip bolsa, urşa gidenlerem aman gelerler. Şonda bu günlerem ýatlarys. Gaýta, şol oňat günleriň gadryny bilmäge gowy bolar» diýjekdi. Emma saklandy. Oglanyň nowça dünýäsini gozgalaňa salmaýyn diýdi. Şol wagt Ilaman oňa urşuň ýagdaýy, Serdaryň ölümi barada sowal berdi.

Üzümgül bu urşuň elhençlikleri barada eşidipdi. Bezirgen oňa hatynda şol elhençlik barada jikme-jik ýazypdy. Ol gazetlerde ýazylýan zatlaram sypdyrman okaýardy. Ýöne şol gazaply ýagdaýy oglana aýtmalymy? Üzümgül «ýok» diýen karara geldi. Şonuň üçinem üzlem-saplam gürledi.

– Aý, elbetde, boljagydyr-da. Nätjek, ölüme çäre barmy? Bezirgen mugallymyň-a her hatynda duşmany kül-peýekun ederis diýýä. Gazetde-de duşman kül-uşak edilýä diýip ýazýalar...

Ilaman mugallymynyň gürrüňine ynandy. «Bu urşa hut şu obadanam uly-uly adamlar gitdiler ahyry. Dädemem şolaryň arasynda... Ine şunça adam gidensoň, faşistler eýýäm puşmana gelýändirler. Urşuň bireýýäm gutaran bolmagam ahmaldyr. Ýöne biz kolhoza süýt çekişip ýörşümize habarsyz galan bolmagymyzam mümkin».

Ilaman bu süýji oýlardan ganyp bilmeýärdi. Ýöne Üzümgülüň oňa gysmyljyramasy, uzakdan gelýän at aýagynyň güpürdisi ony özüne getirdi. Ol gelýän Akga brigadirdi. Ol atyny öňürdigine berip, ýoldan sowlup bulara garşy gaýtdy. Ol taýak atym aňyrdan habar gatyp ugrady.

– Gör, bulary, seýil edip ýörüşlerini. Näme gül ýygýaňyzmy? Munuň ýaly hezilligiňiz bolsa bize-de aýtmaly ekeniňiz-dä.

Ilamanyň başyndan haýýaty uçdy. Ol bu adamyň gülüm-ýalymynyň yzynda bir çöpüň ýatandygyny bilýärdi. Şol wagt Enäniň ejizligi, kakasynyň depesin-de galgaýan gamçy onuň göz öňüne geldi. Birdenem äpet hyza depesinden inip gelýän ýaly, aşak egildi. Endamynda ýekeje mysgal ysgyn galman, göm-gök ot bolup ýatan ýere döküldi. Ol ýörejek boldy. Ýöne bolmady. Gulaklary şaňlap, gözi garaňkyrady.

Akga bolsa atyny Üzümgüle has golaý getirip, bir zatlar diýýärdi. Üzümgülüň ýylgyryp durşuny, Akganyň atyň üstündäki oýkanjyrap oturyşyny Ilaman saýgardy. Az-kem özüni dürsedi. Üzümgülüň hoşamaý sesini eşitdi.

– Aý, Akga, Akga, bu günlerem geçer. Uruş bir gutarsyn, onsoň görersiň Üzümgülüň bägül bolup açylyşyny.

– Ýok, sen häzirem läläniň duranja özi. Ýöne ýüzüňe seredip oturmaly.

Akganyň beter suwjarmasy gelne ýokuş degdimi ýa-da ýanyndaky oglandan uýaldymy, ol başyndaky owadanja ýaglygynyň ujuny çekişdirdi.

– Akga, beý diýmäweri. Ýanymdaky ullakan adamy göreňokmy? Okuwçym iki sany epeý adamyň masgara bolup durşuny geň göräýmesin, birden.

Akga has hem gylawlandy.

– Kerweniň ogly dälmi, diýjek. Ol geň görmez, dilinem ýarmaz. Öz adamymyz ahyryn, ol.

– Onyň-a şeýle. Ýöne men näme öz adamňyz dälmi?

– Ýok, sen meni beýdip, örteme, Üzüm jan – Ol geliniň mylaýymlygny, onuň bakyşlaryndaky näzi görüp atdan düşdi. Soň Ilamana ýüzlendi – Illi-ow, sen şu atyň derini sowatsana, çapyp-çapyp, suwuny aldym. Aňyrraklardan iýdip gaýt.

Ilaman gitmejek boldy. Ýöne Akga muňa garap durmady. Ol oglanyň eline uýany berip, atyň sagrysyna a gamçy çaldy. At bady bilen Ilamany ep-esli ýere äkitdi.

Akga Üzümgüle gysmyljyrady. Emma gelin onuň hyrsyz ýüzünden, titiräp duran ellerinden çekinip durmady.

– Waý, bu adamy, aýrylaweri.

Akga aýrylarly däldi. Ol ýylan okan guş ýaly bolup elenip durşuna, has golaýlaşypdy. Üzümgül gaýra çekildi. Zarply gürledi.

– Akga, adam bol diýilýä, saňa.

Emma ol hiç zat eşitmeýärdi. Häzir bu ýaş gelni ýuwdarly görünýärdi.

– Ýok, sen beý diýme, Üzüm jan, meni öldür. Men sensiz ýaşap bilemok.

Ol ýene-de elini uzatdy. Ýene-de samyrdady.

– Sen meniň diýenimi etseň, ýag iýip, ýüpek geýersiň. Dünýäde kemiňi goýman. Diýenimi etseň bolýa. Men sen diýip ölýän.

Üzümgül elindäki bedresini aýlap goýberdi. Bedre Akganyň küpesine degip, şakyrdap honda zyňyldy.

– Haý, ýer çeken. Öňem birki sanagyna ýag iýdirip, ýüpek geýdirýäň.

Akga az-kem gowşak gürledi.

– Eýse, ýalanmy? Hana Enäniň näme kemi bar. Gül ýaly ýaşaýar. Kim şu wagt bir diýşlem çörek tapýa. Enäniň durmuşyna seret, gül ýalydyr. Sen ondanam gowy...

Üzümgül onuň soňky sözüni diýdirmedi.

– Akga, sen diňle. – Emma ol diňlärli däldi. Ýöne Üzümgül has ekezlendi. – Dur, gürleme, diňle meni.

Akga saklandy. Ol Üzümgülüň ýüzündäki hyrsyzlyga geň galdy. Gyýşyk gözlernni çerreldip seretdi.

– Sen meni diňle!

Akga agzyny açdy. Üzümgül gürläp başlady.

– Sen nägehan uruşdan öň Bezirgenim bilen näçe tirkeşdiň. Öýe näçe gezek geldiň. Şonda oňa ýarym diýsem, seni doganym saýdym. Doganym bolmansoň dogan ýerini tutarsyň diýip Bezirgen ikiňiziň boýuňyza guwandym. Bezirgen urşa gidende Akga doganyň bardyr, seni hemişe goldar diýipdi. Seniň frontdan galanyňa iki bolup bilmändim. Şumy seniň doganlygyň, şumy Bezirgeniň sözüni tutuşyň...

Akga sypjyklyk edip, ýene-de bir zatlar diýjek boldy. Emma Üzümgül ony gürletmedi.

– Seniň Bezirgenden, Myratlydan nämäň kem. Olar gan döküp ýör. Seni kolhoz sylap birgat edip goýdy. Sen iliň-günüň arkasyny almaly, halyny soramaly halyňa «Meniň diýenimi et» diýýäň. Seniň ýagyň, ýüpegiň kän bolsa eltde neresse çagalylara ber.

Akga müzzerildi.

– Näme berýän-ä. Olaram hor edemizok how, biz.

– Ýok, Akga. Bu zatlaryň hasaby soralmaz öýtmegin. Enäniň başyna ne günleri salanňy bilemok. Il-ä oňly gürrüň edenok. Ýöne Ene seniň zadyňa zar gelin-ä bolmaly däl. Eger ony köseseň, oňa-da jogap bermeli borsuň. Sen tetelliniň edeni öňünden gider öýtme...

Akga Üzümgüle çiňňerildi.

– Üzümgül, sen meni garalajak bolma, eger Enäniň özi razy bolmasa menden oňa zowal bolarmydy? Ine men saňa çala duýdurdym. «ýok» diýdiň bolany şol. Indi men seniň adyňy tutarynmy? Men Bezirgen bilen näçe çörek iýişdim. Heý, onuň naçaryna el gatarynmy? A onuň özi, ejesi bilen meni günüme goýanoklar.

Üzümgül ony gabady.

– Menem seni günüňe goýamokmy. Entek dur, Bezirgen bir gelsin. Sen şonda görersiň kimiň seni günüňe goýmaýanyny. Indem, ugra meniň ýanymdan...

Akga bu sözden gorkdy. Ol hyrra yzyna dolanyp, Ilamanyň elinden uýany alyp, atyna münüp, oňa gamçy çaldy. Ilaman geň galdy. Misli ýabysyny çapdyryp barýan hälki haýbat bilen gelen Akga däl ýalydy.

Üzümgül bedresini ýerden galdyrdy.

Ilamanyň selme ýygyp, Sülgün gelnejesine eltip bermek umydy puja çykdy. Onuň süňňüne ýaýran galpyldy henizem köşeşerli däldi. Ol özüni ysgynsyz duýýardy.

Ýöne ol bir zada haýran galdy. «Akga näme üçin beýle çalt gitdikä? Üzümgül mugallym oňa näme diýdikä?»

Ilaman olaryň gazaply ýüzlerini, azymly sözlerini eşitmedi. «Üzümgül mugallym Akgany ýigrenenokmyka? Ýa-da Akgany diňe men ýigrenýändirin? Ýok, beýle bolsa, ol näme üçin Goçakly frontda gezip ýörkä, onuň aýalyna azar berýär? Ol näme üçin dädeme gamçy bulap, el gaýtardy? Näme üçin Eneleriň öýünden çykanok? Näme, onuň öz öýi ýokmy? Onda Üzümgül mugallym näme üçin onuň bilen mylaýym gürleşýärkä. Ýok, Üzümgül mugallym ony bedresi bilen oňatja sugşurdy ahyry. ýok, ol Akganyň diýjek adamsy däldir!..»

– Illi jan, saňa näm boldy? – Üzümgülüň gussaly sesi Ilamany çuňňur oýlardan oýardy. Ol Üzümgülüň gözlerine garady. Onuň gözleri gözýaşdan dumanlap durdy. Ol gözýaşyny süpürjegem bolmady.

– Sen, köşegim hiç zady gaýgy etme. Nesip bolsa Bezirgen mugallymyň, urşa giden ähli adam geler. Şonda Akga ýaly ar-namysyny ýuwdanlaram jogap bermeli bolar.

Üzümgül dymdy. Soň ýuwaşja sözledi.

– Ol menem Enedir öýdýär, haramzada. Diňe maňa-da däl, obanyň gyzyl gyňaçlysyna gyllygyny akdyryp ýör, ol läşi ýanan.

Üzümgülüň gahary Ilamany köşeşdirýärdi. Çünki, ol Enäniň bolşuna asla meňzemeýärdi.

– Üzümgül mugallym, sen brigadire näme diýdiň?

Üzümgül ýylgyrdy. Onuň ýüzi bulutdan çykan aý ýaly ýene-de şöhle saçdy.

Ilamanyň gözüne Üzümgül ähli gelinlerden owadan, akylly bolup göründi. «Meniň ejem şunuň ýaly owadan, mert bolandyr». Bu pikir bir ýerlerden oglanyň kellesine geldi. Oglan ony şunça ýadyndan çykarjak boldy. Emma muňa onuň özem pugta ynanyp barýardy.

Olar oba golaýlaşdylar. Ilaman Üzümgüle garaşmadyk sowalyny berdi.

– Mugallym, siziň obaňyz nirede?

Üzümgülüň gözüne ýaş aýlandy. Gaýdyp gürläp bilmedi. Ol öýlerine gelýänçä gözüni süpürip geldi. Ilaman ondan aýrylanda, çaga ýüregi gyýym-gyýym boldy.

Gapylarynda daňylgy duran eşegi görüp, Ilamanyň ähli aladasy ýadyndan çykdy. Eşek nätanyşdy. Asyl bu obanyň malyna meňzemeýärdi. Onuň kellesine her hili oýlar

gelip geçdi. «Dädem gelen bolaýsa. ýok, myhman gelendir!» Ýekelikden iren oglanyň duýgulary,höwesi aýaklaryna geçdi. Ol uçup diýen ýaly öýleriňe geldi.

Gapyda, ojagyň üstüne horjunyny goýup, onuň üstünde bir ýaşuly irkiljiräp otyrdy. Ilaman ony tanamady.

– Salowmaleýkim, daýy!

Ýaşuly tisginip gitdi. Soň ýalt edip ýüzüni öwürdi

– Maleýkim, manlykmy, jigi!

Ol Ilamana çiňňerilip-çiňňerilip seretdi. Soňam oglanyň garaşmaýan soragyny berdi.

– Sen bu ýerlerde näme işläp ýörsüň?

– Bu biziň öýmüz-ä, daýy! – Ilamanyň jogaby ýaşulyny geň galdyrdy.

– Sen kimiň çagasy bolmaly?

– Kerwen aganyň ogly! – Ilaman oňa haýran galyp seretdi.

– Ataň obadamy? – Ilaman oňa düşünmedi. Ýöne ony jogapsyz goýmady.

– Dädemmi? Dädem purontda.

Ýaşuly gözlerini mölerdip seredip durşuna samrady.

– Meni ne hudaý tutdy. Edenim ugruna däl. Hany oba, hany il. Bary upbat bolupdyr.

Ýaşuly hasanaklap galyp, eşeginiň ýüpüni çözüp, yzyna seretmän gitdi. Ol aljyraňňylykdan gazyga büdredi. Kellesindäki ýatyş telpek ep-esli ýere tigirlendi.

Ilaman Enäniň ejesiniň bäri gelýänini gördi. Ol elini gözlerine kölegeledip, ýiti-ýiti seredýärdi.

– Aý-u, kişi, dur-u-u! – Ýaşuly telpegini kakyp durşuna, ynjyly ýüzüni sypjyklatdy. Soň gidiberjek boldy.

Meretgül oňa has golaý geldi. Agzyndaky ýaşmagyny hepbik dodaklary bilen çeýnäp gürledi.

– Hiý-bu-u, gara bagty ýatan, men. Bi, gurbany boldugym Oraz aga ýaly-la?! – Ol iki elini oňa uzatdy. – Gurbanyň bolaýyn, şyh aga, geliň görüşäýeliň. Atasa-babaňa döneýin, Oraz aga jan. Hi-bu-u.

Ýaşuly sag elini sary giden çäkmeniniň holpuk ýeňiniň içinde gizläp, oňa uzatdy. Çep eli bilenem öz sag golundan tutdy.

– Manlykmy, gelin? Man saglykmy? Bala-çaga, mal-baş, öý-il gurgunçylykmydyr?!

Ol boşan elini geçininki ýaly çüri, mor sakgalyna ýetirdi. Soň töweregine garanjaklady. Soň Ilamanlaň öýüni görkezdi.

– Ine, bu biziň öýümizdi. Öý, il galman oguşýan. Meretgülüň dili açyldy. Ol ýaşmagynyň öp-öl bolanyna garamazdan, ony çeýnäp-çeýnäp gepledi:

– Wah, käbäm, obam, agam. Öý goýdularmy? Il goýdularmy? Baryny hazan urup, upbat boldy. Ylaýym, ýerler ýuwutsyn bulary. Hany ol döwürler, hany ol döwranlar. Baryny upbat aldy. Wah...

Onuň sesini ýaşuly kesdi.

– Men nirä gideýin indi. Kime baraýyn indi... Meretgül serhoş ýaly yrandy.

– Ýöri, öýe baraly. Gurbanyň gideýin, ataňa-babaňa döneýin. Ýör öýe, ýöri.

Ilaman bularyň bolup barşyny hezil edip synlady. Meretgül Göroglynyň atyny ogurlan kempir ýaly salpy gulak, hor eşegiň tanapyny dartyp barýardy. Ýaşuly bolsa Kemineden utulan Äraly pir ýaly leňk-leňk edip, sallanyp ýöreýärdi.

## 8.

Howa gyzyp başlapdy. Apreliň başydygyna garamazdan meýdanlar gül-gülälekdi. Çynarlynyň ýaýlasy ýaz aýlary aýratyn owadan bolýardy. Güllerden ýaňa her baýyr bir dürli öwüsýärdi. Ýöne ýazyň beýle jomartlygy adamlary beýle bir begendiribem baranokdy. Her kim eli ýetdigi selme, ysmanak ýygmaga gidýärdi.

Ilaman çaý gaýnadyp, gaty-guty çörek bilen garbanjak bolup durka, Sülgün geldi:

– Illijan, jigileňem alyp ysmanak ýygmaga gideli-le? – Ol dula seretdi. ýöne Ilamana hiç zat diýmedi. Ilamanyň dulundaky unly çuwalam kän gowzapdy. Heniz oraga çenli ençeme aý bardy.

Sülgün agyr oýdan aýňalyp gürledi.

– Biz-ä şu iki çaga bilen iki diwaryň arasyna çüýlendik. Şu gün-ä howa-da gowy ýaly, bile gidäýseň oňat bordy. Illi jan.

Ilaman gaýnan tüňçesine böwürslen ýapragyny atyp durşuna ysgynsyz gürledi:

– Sen öýde bolsaň, men getirip beräýerdim-dä gelneje.

– Ýok, köşegim, kömek edip bilýäň. Men saňa ýük bolmaýyn, özüň neresse çaga. Biz bir sana geçen bolsak seniň özüňe kömek etmeli. Nädeýin. Jigileňe kömek berseň, menem beýdip oturman daş-iç çykyp göreýin.

Olar öýlän obanyň gaýrasyndaky tekizlige çykdylar. Ysmanak azdy. Megerem, bu ýerlere öň adamlar gelip, ýetişen ysmanagy çöplän borly.

Ilaman çagajyklaryň töwereginde aýlanyp ýörşüne ep-esli ysmanak ýygdy. Ýöne Sülgüniň kiçi gyzy Nursoltanjyk ony ysmanak ýygmaga goýmady. Ol inçejik ellerini ejesine garşy uzadyp aglaýardy. Ilaman ony gujagyna aldy. Gyzjagaz has gaty aglap başlady.

Gyzynyň sesini eşiden Sülgün ep-esli ýerden ylgaşlap gaýtdy. Ol gelip ýakasyndan bir taý göwsüni çykaryp gyzynyň agzyna tutdy. Soňam ony gyňajynyň seçekleri bilen ýapdy. Ol ýaşyl parç bolup ýazylyp ýatan otuň üstünde oturyşyna oba tarap seredip oýa batypdy.

Ilaman onuň getiren ysmanaklarynyň üstüne özüniň ýyganlaryny-da goşdy. Soň dyz epdi.

Bu ýerden obanyň aýtymy eliň aýasynda ýaly görünýärdi. Palçyk tamlar egnini gysyp otyrdy. Häzir oba has, içgysgynç görünýärdi. Diňe bir göwün göteräýjek zat, ol hem çeşme suwy akýan salmajygyň gapdalyndaky uly tutlukdy. Diňe şol häzir ýaşylymtyl öwsüp, bir hili ýakymly duýgy döredýärdi. Sebäbi basym gurçuk tutulmaly. Onda beýle içgysgynçlygam bolmazdy.

Ilaman oýlanyp oturyşyna Eneleriň tamyna seretdi. Gapdalyna küde basylan jaý onda üýtgeşik duýgy döretmedi. ýöne ol Enäni ýatlady. Enäniň keşbi, tanyş, mylaýym sesi onuň üçin ýat bolup gidipdi. Ol indi näçe gün bäri Enäni görmändi.

– Illi jan, şol gelýän Enemi? – Sülgüniň sesine ol ýalt edip seretdi. Hakykatdan hem Ene olara bakan gelýärdi.

Ene golaý gelende Ilaman ýerinden galdy. Ene öňküdenem owadanlaşypdy. Ýanaklarynyň aly goýalypdy. Ol kirpikmen ullakan gara gözlerini balkyldadyp gürledi.

– Naýynsaplar, maňa-da aýdaýmal-a, ysmanaga gitjek diýip, menem siziň bilen bileje giderdim-dä.
Sülgün Enäniň sowalyna jogap bermedi.
– Ene, gurgunmyň gyz, gözden ýitdin-le. Dünýäniň ýüzünde barlygyň bir çynmy seniň.
Ene ynjyly ýylgyrdy.
– Wah, bardyryn-la. ýöne iş-güýç bilen öýdenem çykyp bolanok. Garrymyzam öýde. Olam gepi köpräk aýal, sypdyranok-da meni.
Ene aşak oturdy. Ol Ilamana habar gatdy.
– Ilaman, senem barmy? – Soň ol Sülgüne ýüzlendi – Goňşam bolsak hi biri-birimizi göremzok-da.
Ilaman sesini çykarmady.
Sülgün ýuwaşja gürledi.
– A gyz, hiý, Goçaklydan hat-habar gelýämi?
Enäniň ýüzi birhili gamaşdy. Ilamanyň göwnüne bolmasa, owadan aýly gijäniň ýüzüni bulut örten ýaly boldy.
Ol ep-esli dymdy. Soň aşak oturdy.
– Şol gidişi-gidişi. Hatam ýok, habaram. – Enäniň sesi ýeriň aşagyndan çykan ýalydy. – Çynmy, ýalanmy bilemok. Oba Oraz şyh diýen biri göçüp geldi. Şol-a dünýäden habarly. Şonuň aýtmagyna görä, Goçakly pilin düşüp nemislere geçenmişin. Näbileýin-dä, dogan. Men-ä näme diýip-aýtjagymy bilemok. Wah, bagty gara ekenim. Bagtym gara bolmasa bu belalar başyma düşermidi?
Onuň uzyn kirpiklerine hünji bary düzüldi. Göwher monjuk ýaly iki sany düwme onuň etegine patlap gaçyp, pytrap gitdi.
Sülgün ýumşak äheň bilen gürledi.
– Goý, gyz, sen näme? Bu belalar ýeke seniň başyňa düşüpmi? Il bilen gelipdir. Biziň Myratlymyzdan-a hatmyş, habaram ýok.
Enäniň dykyn alan böwedi böwsülen ýaly boldy. Ol başyndaky ýaglygynyň ujuny gözüne ýetirdi. Soň eli bilen ýüzüni tutdy. Ol ähli derdini-aladasyny häzir gözlerinden akdyryp boşadaýjak ýalydy. Eginleri silkinip, silkinip aglaýardy. Ilaman beýle agyny hiç haçan görmändi, eşitmändi. Bu agy däldi-de, dilin bilen aýdyp bolmajak bir iň agyr, iň gizlin syry iň ýakyn hossaryň ýanynda açmakdy. Ýöne Sülgünem, Ilamanam şol syryň nämedigine nähilidigine düşnerden ejizdiler. Ene elenip oturyşyna samraýardy.
– Men bagty gara ekenim, bagtygara. Maňa iňdi bu belalardan aman sypma ýokdur.
Sülgün ony ýene-de köşeşdirmek isledi. Ýöne Nursoltanjyk çirkin-çirkin aglady.
Günbatardan sowuk ýel öwsüp başlapdy. Lemmer-lemmer bulutlar obanyň üstünden kerwen bolup geçip barýardy.

**10.**

Ilamanyň her güni bir ýyla dönýärdi. Onuň urbalyk uny-da birki tendirlik ýa bardy, ýa-da ýokdy. Ony gaýga batyrýan zat başgady. Sülgüniň hiç zady ýokdy. Onuň gyzjagazlarynyň ýüzüne gök ýöräp başlapdy. Indi ysmanak hurmalap, selmä-de gurt düşüpdi. Iýmäge hiç zat ýokdy. Ala tüwäniň süýdi sogulýardy.

Okuw başlany üçin Ilamanyň bir özi «Ynkylaba» süýt alyp gidýärdi. Üzümgül mugallym hem ýaranokdy.

Şol günleriň birinde Ilaman üçin garaşylmadyk wakalar ýüze çykdy. Durdy ýasawul oňa edil pişme ýaly edilip eplenen kagyz bukja getirip berdi. Oglan haty alyp öýe ylgady. Gapyny açdy. Keçäniň üstünde süýnüp okady.

«Ynkylap» kolhozy, uçastok Çynarly, Ilaman Kerwen». Ol gyşyk-çaýşygrak ýazylan latynça haty okdy. Soň bukjany açdy.

«Salam haty. Köpden-köp dogaýy salam bolsun, kim, öz dädeň Kerwenden oglum Ilaman jana köp salam bolsun.

Salamdan soňky sözüm budir ki, eý, oglum Ilaman jan. Biz munda sag-gurgun.

Biz şu mahal Aşgabadyň golaýynda ýatyrys. 87-nji türkmen diwizýä. Özümiz bolsa weýenniý okuw geçýäris. Eger puronta alyp gitmeseler, saňa hat ýazarys.

Özümiz bolsa «mawy» eşikli gezip ýörüs. Şonun üçin bize «mawy diwizýä» diýip aýdýalar.

Eý, oglum, Ilaman jan! Seniň saglygyň neneň? Oba, il, goňşy-golam amanlykmy? Üzümgül mollumyňa, Ene gelnejeňe, Sülgün gelnejeňe köp dogaýy salam bolsun. Başga soran-idäne köp dogaýy salam bolsun!

Men seni şolara tabşyrýan. Olary hudaýa tabşyrýan.

Dädeň. Kerwen Ilaman.

Haty ýazan Gurban Çary.

11/IV – 42ý.

Ilaman haty gaýtalap-gaýtalap okady. Soň Sülgünlere ylgady.

Sülgünin kiçijik gyzjagazynyň haly harapdy. Ol gyzdyrýardy. Onuň bokurdagynda çiş emele gelipdi. Şonuň üçin Sülgün daş çykyp bilenokdy.

A Ilaman baranda ol işigiň ýanyndaky takyr ýere ýüň serip otyrdy. Ol Ilamany görüp begendi.

– Gelneje, dädemden hat geldi.

Sülgün silkinip ýerinden turdy.

– Kimden diýdiň, köşek? – Ilaman öňküdenem beter begençli gygyrdy.

– Dädemden, däde janymdan geldi.

Sülgüniň keşbine tukatlyk ýaýyldy. Ol hata elini uzatdy. Ýöne haty eline almady. Gykylyga Nursoltanjyk oýandy. Ol ilki aglady, soň iňläp hyklap başlady.

Sülgün gyzynyň agzyna emme tutdurdy, soň göwsüni gyňajynyň ujy bilen ýapdy. Nursoltanjygyň kellesini gyňajyň ujy basansoň, ol ýene-de aglap başlady. Ol horja elleri bilen gyňajy beýlä süýşürdi. Emma ähli ünsi hata beren gelin, ap-ak göwüsleriniň açyk duranyna ünsem bermedi.

Ilaman ýuwdundy. Haty okajak boldy. Emma içeriniň dymyljyk howasy, gelniň ýüzündäki gussa, gyzjagazyň iňňildisi onuň ysgynyny aldy.

Haty Sülgüniň özi aldy. Ol haty haýal okaýardy. Haty ortalaberende onuň gözünden gaýdan goşa monjuk, galam bilen ýazylan ak kagyzyň ortasyna düşüp, pytrap gitdi. Ýaşyň düşen ýeri mawy reňke boýaldy.

Gelin kagyzyň ölüni barmaklary bilen süpürdi. Soň gözlerini süpürdi. Ol haty emaý bilen epledi.

– Illi jan, gözüň aýdyň köşegim. Hemme bendäniň başy aman bolsun. Içinde biziňkinem aman sakla, hudaýym.

Ilaman indi nätjegini bilmedi. Ol hiç zat diýmän daş çykyp barýarka Sülgüne garady. Sülgün ýere garap oturyşyna çuňňur oýa batypdy. Uka giden gyzjagazyň damagynyň hyrryldysy, Sülgüniň açyk göwüsleri indi oňa täsir etmedi. Sebäbi Myratlydan ýekeje hatam gelenokdy.

Oglan Sülgüniň ýüzündäki gögi gördi. Ol hatyň reňkimi ýa-da kyrk ikinji ýylyň selmesiniň reňkimi, ony bilip bilmedi.

Ilamanyň hyýaly haty gapyma-gapy aýlanyp, tutuş oba buşlap, okap bermekdi, ýöne Sülgüniň haly ony öňki hyýalyndan dänderdi.

Onuň oglan göwni ýene-de syndy. Ol öýe girip, haty täzeje ýorganlarynyň gatynda gizledi. Soň oýa batdy, Näme etmeli? Häzir onuň ýekeje arzuwy Sülgüniň göwnüni awlamakdy. Oňa teselli bermekdi. Häzir Nursoltanjygyň horja elleri, Sülgüniň solgun ýüzi Aýsoltanjygyň naýynjar garaýşy onuň gözüniň öňünden gidenokdy. Olaryň öýüniň dymyljyk, zeň ysy henizem burnuna gelip durdy.

Ilaman gapböwürden ulurak tal tabagy aldy. Ony eline alyp çuwally böwre bardy. Şol duran ýerinde-de doňup galdy. Pessejik sekiniň üstünde unly çuwalyň ady-sory ýokdy.

Oglanyň ýüregi howsala bilen dykyldy. Ol ýüregi ýarylan ýaly bolup, ylgap daş çykdy. Tamyň arkasyna aýlandy. Ýene-de iç girip, daş çykdy. Emma «alan ogry, gören taňry» diýenleridi.

Ol tabagyny goýmagy-da undup töre geçdi. Onuň gözlerine däli siller inipdi. Ol özüni bilip beýle aglamandy.

Häzir onuň kellesine her hili oýlar gelip geçýärdi. Emma olaryň başyny jemlemek oglanjyga başartmady. Ol ertirki günüň, güzeranyň pikirini etjek boldy. Emma bolmady.

Ol şeýdip ala tüwe örüden gelýänçä ýatdy. Irden sagylmaga endik eden tüwe daşarda güpürdi berýärdi. Enesini gören gölejigem uzyn-uzyn molaýardy.

Ilaman näçe turjak boldy. Emma eginlerinden daş asylan ýalydy. Hiç galasy gelenokdy. Ala tüwe molady. Eýesini azym bilen çagyrdy. Ilaman henizem turarly däldi.

Ýöne başga bir ýagdaý ony turmaga mejbur etdi. Olam uny tapmak umydydy. Ol obanyň adamlarynyň ählisini göz öňünden geçirdi. Emma birine-de ogurlyk ýapyp bilmedi. Ýöne araky eşekli ýaşula welin çyny bilen münkürlik etdi. Häzirem şonuň ýanyna göni barmagy ýüregine düwdi.

Ilaman obanyň çetine çykdy. Soň Oraz şyhyň bolýan öýüne bakan batly ugrady. Ol «jynly» jaýdy. «Jynly» jaý obanyň iň çetinde, baýryň düýbünde gugaryp otyrdy. Bu eýýamlarda onuň golaýyna baran adam ýokdy. Bu jaýyň kimiňkidigini, nädip onuň jynyň jaýy bolandygyny oglanjyk dädesinden sorapdy.

«Bir wagt bu jaýda bir uly baý ýaşapdyr. Onuň mal dünýäsi bu oba sygmandyr. Obada iň döwletli adam hasaplanypdyr. Kim bir işiň başyny tutjak bolsa şonuň bilen maslahatlaşypdyr. Sebäbi adamlaryň ýeke-täk ekleýjisi şol baý bolupdyr. Kim onun sygryny bakyp, kim goýnuny bakyp, kim öýdeniçersi bolup, kim odunyny, suwuny getirip, kim kerwenini gatnadyp gün görüpdir.

Ýyllaryň birinde dünýeler üýtgäpdir. Ak patyşa agdarylypdyr. Düne garamaýaklaryň eline geçipdir.

Emma bu baýyň bitiniň burny ganamandyr.

Ine şol günleriň birinde oba bir mugallym gelipdir. Özem ýaşajyk gyz eken. Ol «obada mekdep açjak, çagalara sowat öwretjek» diýip oturanmyş. Asyl bir ýarym oglan ýygnap, okadybam başlapdyr.

Baý ilki «aý bir ýumruk ýaly heleý bilen deň bolmaýyn» diýenmiş. Emma soň bolmandyr. Onuň ýekeje ogly bar eken. Olam şol gyza hak aşyk bolupdyr. Şol gyz diýip ölüp ýatanmyş.

Gyzam bu oglany erbet görmänmiş. Bu boluş baýyň sabyr käsesini pürepürläpdir. Ol bir gije gyzyň bolýan gara öýüne jöwher pyçagyny syryp gelipdir. Öýe kürsäp girip ilkinji gabat geleni syhlapdyr. Olam baýyň ýekeje ogly eken. Baý muňa bolmajysy bolup gyzy-da dograpdyr. Özem maly-mülki bilen ol gije göterilip gidipdir.

Şondan soň bu jaýda ot lowurdap görnüp başlapdyr. Kä gijeler bolsa oglan bilen gyzyň ýuwaşja gürleşip oturan sesem eşidilýärmiş. Asyl oglan bilen gyzyň şol jaýa girip barýanyny görenlerem bolanmyş. Şondan soň bu jaýyň golaýyna baran bolmandyr. Onuň ady «jynly» jaý bolup, adamlar ondan daşrakda jaý guranlaryny kem görmändirler».

Oraz şyh ine, şu jaýda ýaşaýarmyş diýip, Ilaman eşidýärdi. Ýöne ol bu jaýyň töweregine gelip göreni ýadyna düşmedi. Jaýa has golaý baranynda bolsa, oglan ýüregi bu jaýa girmäge batyrlyk edip bilmedi.

Ilaman esli durdy. Soň bolsa alaçsyz yzyna gaýtdy. Ol ylgap öýe gelende ala tüwe gölesini emdirip, durdy. Ol göläni tutmaga ylgajagynam bilmedi, süýtkädä ylgajagynam... Näme-de bolsa tüwäniň emjeklerini çekeleşdirdi. Ýöne süýtkädä beýle bir düşen zat bolmady. Göle sygryň ýelnini ýagşy gowşadan eken.

Ilaman töre keseligine süýnende, ýadanyny, ajyganyny, suwsanyny duýup galdy. Onuň içi uzyn-uzyn jugurdady. Öýde bolsa iýmäge dişlem zat ýokdy. Ýene-de ýeri garaldylan unly çuwal onuň ýadyna düşdi. Ýüregi dilim-dilim bolup, zöwwe ýerinden galanyny bilmedi. Emedekläp baryp, pessejik sekiniň üstüni, aşagyny, ýüküň teýini ýagşy barlaşdyrdy. Onuň göwnüne bolmasa özi ýa-da kimdir biri ony öýüň içinde ýygşyraýan ýaly bolup durdy. Ol ýene-de sermendi. Eline ilen zat bolmady. Nalaç bolup, ýene-de dula süýndi.

Ol Sülgünlere girende Oraz şyhyň öýe kürsäp girenini, duldaky uny çuwaly bilen donunyň synyna dolap alyp gidenini indi hiç haçan subut edibem biljek däldi. Seniň çaga ýüregiň syzýandygyny bolsa kime düşündirjek.

Näme etmeli? Oglanyň garny açlykdan ýaňa sork-sork edýärdi. Onuň içini bir zatlar dözümli dyrmalaşdyrýan ýalydy. Agzyndan gara suw gelýärdi. Näme etmeli? Ol Eneleri göz öňüne getirdi. Olaryň öýüni ýadyna salanda burnuna gaýnatmanyň ysy haplap urdy. Ýerinden laňňa galanyny duýman galdy. Onuň garnyndaky jugurdy, erbet agyry ony başagaýladyp, pikrini bulam-bujar edýärdi. Aýagy bolsa gaty-gaty ädildi. Gapy açyldy. Ilamanyň ýüzüne salkynjak şemal çaldy. Ol özüne geldi. Işigiň söýe agajyndan pugta tutup aşak oturdy. Häzir onuň üçin iň esasy zat ýöremezlikdi. Sebäbi açlyk onuň aňyny alyp, gözüni garaňkyradyp, öz girdabyna düýrüp barýardy.

Ilaman süýrenip ýerine geçdi. Ol çörek iýen wagtyny ýadyna saldy. Ondan bäri eýýäm iki gün geçipdir. Oglanjygyň gözüne şagga ýaş indi. Şu pursat onuň garaňky oýlarynyň içinden bir ýylpyldy görnüp gitdi. Ol yranyp turdy-da ýüke golaý bardy. Ýorganyň gatyny sermeläp, kakasynyň hatyny tapdy. Soň ýatdan okady.

«Ynkylap» kolhozy, uçastok Çynarly, Ilaman Kerwene». Ol hatyň yzyny ýatlajak boldy. Emma bolmady, gözýaş ony bogdy. Indi öýüň içi garaňky bolman, çap-çal bolupdurdy. Ol gyryk ses bilen pyşyrdady.

– Dädejan, arkadagym, gelsene. Meni hem öz ýanyňa alsana, däde jan! – Ol ýene-de kän samrady. Dädesiniň keşbi, ýürekden gaýnap çykan zaryn-zaryn ýalbarmalar onuň öňki güýjünem aldy. Ol hesretli ukynyň gujagyna düşeninem duýman galdy.

Ukynyň arasynda kimiňder sesi onuň gulagyna ildi. Ol düýşüň, argynlygyň, hesretiň aralygyndan dargan anyny jemläp bilmeýärdi. Bu sesiň düýşündedigini, huşundadygyny aňyp bilmedi. Ony gataňsy eller awuly silterledi.

– Illi, Illi, tursana, tur diýýän saňa, tur. Ynjyly tanyş aýal sesi ahyr soňunda ony alasarmyklykdan halas etdi. Ol hasanaklap ýerinden galdy. Dik duran ýerinden töweregine gorkuly garanjaklady. Onuň eýmenç gözleri bimany lowurdady. Gözleri açygam bolsa zat görmedi.

– Illi jan, bagtym ýatdy. Tursana, öýüm ýykyldy. Nursoltana bir zat boldy.

Bu Sülgüniň sesidi. Ilaman ukudan açyldy. Öý garaňkydy. Ýöne ol Sülgüniň yzylap durşuny, ýüzündäki hesretini, ejiz keşbini gördi.

– Waý, alla jan, waý, balajygym, waý...

Sülgün gagşaýardy. Onuň endirewik sesi Ilamanyň süňňüni titretdi. Ol birden gorkuly dillendi.

– Hä, gelneje, hä, näme? Näme diýdiň?

– Basymrak bol, öýüm ýykyldy. Nursoltana bir zat bolýa.

Ilaman Sülgüniň yzyndan daş çykdy. Sülgün aýak ýalaň, başy açyk öýüne ylgady. Ilaman ondan galmady. Ol Sülgünleriň içerisine girende ýakylan esgi ysyny aldy. Öý tütün ysyndan petişip durdy. Sülgün ýene-de köne esgi ýakyp, gyzynyň ýüzüne tutdy.

Nursoltanjygyň göm-gök bolan meňzi ýalynyň ýagtysyna has gözgyny görünýärdi. Ol süýnüp ýatyrdy. Pökgerip duran garynjygy her wagt bir tirpildäp gidýärdi.

Sülgün ony bagryna basdy.

– Balajygym, guzujygym, bagyr bagym, ýürek dagym, bagtymy ýatyrmawer, günümi ýaşyrmawer-eý-eý – Onuň eňremesi oglanyň bagryny paralady. Sülgün birden dikeldi. Çalt-çalt gürledi.

– Arza ýet, Illi jan, Arzy tuhtara ýet.

Ilaman gapa atylyp çykdy. Sülgüniň eňreýän sesi Arzy doktorlara barýança onuň gulagynda ýaňlandy durdy.

Arzy doktorlaryň öýi Üzümgül mugallymlaryň aňyrsyndady. Obanyň içi çolalykdy, garaňkylykdy Ilamany eýmendiren zat, olaryň öýi «jynly» jaýa golaýdy. Ilaman ylgaşlap barşyna daljykýardy, haslaýardy. Ýöne iki gözi welin «jynly» jaýdady.

Ilaman «Arzy doktor ýatandyr, ony oýarmaly bolaryn» diýip oýlanypdy. Emma beýle bolmady Onuň aýagynyň sesini bu aýal diňläp ýatan bolmaga |emeli. Ol jaýa golaý baryp, gapyny açmaga ýaýdanyp saklananda öýden ýogyn, gyryk ses çykdy.

– Kim bi gelen. Aý-u, giriber.

Ilaman aljyrady. Ol aňyrdan jemläp gelýän sözlerini, bogdaklan pikirini dargatdy.

– Arza daýza... Sülgün gelnejem diýdi. Neme.

– Näm boldy, beýle? Sülgüne ne döw çaldy seni gijäň içinde süssenekledip ýörer ýaly...

Bu aýalyň sowal bilen aljyratmasy oglanyň, elini baglan ýaly boldy.

– Sülgün gelnejem... Nursoltan... neme...

Ýene-de bolmady. Oňa hakykata meňzeş bir zady aýtmalydy. Ol bolsa juda-juda agyr eken. Ilaman dymdy. Onuň ýüregi jigläp gitdi. Ol beýle-beýle zady aýtmaly däldi. Onuň şeýle boljagyna ynanasam gelenokdy. Ol hyrra yzyna öwrüldi.

Oglanyň aljyraňňylygy köpi gören aýala-da geçdi. Ol bir girdi, bir çykdy. Ahyram ol oglanyň yzdan gygyrdy.

– Dur-u-uw, köşek. Dur, nirä barýaň. Men häzir.

Ol öýden däri-dermanly torbajygyny alyp, Ilamanyň yzyndan ýetdi. Olar Sülgünlere barýançalar dymyşyp gitdiler.

Garaňky öýden Sülgüniň eňreýän sesi eşidilýärdi Arzy doktor öýe girip otluçöp ýakdy. Ilaman öýe girmäge ýürek etmedi. Ol işigiň daş ýüzünde oturdy

Az salymdan ol hasanaklap çykdy. Soň garalyp turan oglana gözi düşenden buýruk äheňli gürledi.

– Bar, Üzümgüle aýt, gelsin!

Ilamanyň aýagy ädilmedi. Ol sömelip ep-esli durdy oýlandy, ölçerdi. Gitmelidi, aýtmalydy. Başga alaç ýokdy. Öýden bolsa depäňi düýrükdiriji zaryn agy çykýardy.

Üzümgül mugallym Ilamany köp eglemedi. Ýolda ol ysgynsyzlyk bilen sorady.

– Köşek, aýallaryň sesi bar, näme Myratla daga bir zat boldumyka?

Ilaman sojap gürledi.

– Sülgün gelnejemiň gyzy Nursoltana...

Olaryň ikisindenem ses çykmady. Sülgüniň sesi uzaklardan eşidilýärdi.

– Arkadagym, Myratly, körpe balaňy aldyrdym.

– Adyň ýitsin uruş-eý, adyň ýitsin, meň balamy awlanyň azmydy, bu neresse çagany, Nursoltany aldyň-la, gül balamy aldyň-la, gyzyl güli soldurdyň, adyň ýitsin – Bu Arzy dogtaryň sesidi.

Bu zaryn sesler beýle-beýle zatlara kän öwrenişmedik Çynarly obasynyň ýüregini lerzana getirdi. Ine şol günden soň toplaryň, tüpeňleriň gümmürdisinden müňlerçe menzil uzakdaky Çynarly obasynda-da hakyky uruş başlanypdy. Ilamanyň göwnüne bolmasa howadan ýanan däriniň ysy gelip duran ýalydy.

## IKINJI BÖLÜM

### 1.

1942-nji ýylyň ýazy paýawlap barýardy. Frontdan gelýän hatlarda, gazetlerde biziň goşunymyzyň uly-uly üstünlikler gazanyp, oba üstüne oba, şäher üstüne şäher azat edýändigi, nemes faşistlerini barha yzyna kowýandygy barada şatlykly habarlar bardy. Ilamany frontdaky ýeňişler ähli zatdan beter gyzyklandyrýardy. Ol günorta arakesmesi wagtyndaky gazet okalşygyndan ýekeje günem galanok diýen ýalydy. Onuň göwnüne uruş şu gün-erte gutaryp, kakasy ýylgyryp geläýjek ýalydy. Ol her gününi, ine şeýle duýgy bilen geçirýärdi. Emma, adamlar welin, «Uruş entek-entekler gutarmasa gerek» diýip aýdýardylar.

Çynarly öňküden has beter çolarypdy. Bu günler obanyň çagalaryna çenli meýdan işine çykýardy. Her kim güýjüniň ýetdiginden işe kömek berýärdi. Onuň üstesine gurçuk tutmak möwsümem gelip ýetipdi. Enelerem şu ýyl bir gap gurçuk alypdy.

Ilaman Akga brigadyň brigadasyna, meýdan işine  gitse-de, oňa tabşyrylan esasy iş Eneleriň gurçugyna kömek bermekdi. Ol meýdan işinden galmajak bolup heniz il örmänkä, soňam günortanyň tüp yssysynda hem-de gün ýaşmanka ýapraga gidýärdi. Ol ilki- ilki ýapragy arkasy bilen daşaýardy. Indi bir arka ýapragyň bir gap gurçuga hiç zadam bolanokdy. Şonuň üçin-de, ýapragy Meretgülüň aýagy agsak eşegine ýükläp getirmeli bolýardy.

Bu gün ol has ir turdy. Gapylaryndaky erigiň şahasynda bilbil saýraýardy. Ony ukudan oýaran şoldy, Ol beýle ahwalaty henize çenli görmändi. «Alahekge gapyňda jakyrdasa uzak ýerden myhmana garaş!», «Baýguş gygyrsa şumluga!» – diýip, ol kän eşidipdi. Emma gapyňda bilbil saýrasa näme bolýandygyny welin aňyna getirip bilmedi. «Ýa-da dädem geläýjekmikä?» Bu süýji duýgy oglanyň göwnüni ersdirdi. Ol süýji oýlara gark bolup, ýorganynyň içinde esli ýatdy. Bilbil bolsa ýüregiňi, göwnüňi ganatlandyryp barýan mahmal sesi, jadyly owazy bilen şol saýrap durdy, saýrap durdy.

Daň atmagyna heniz wagt bardy. Ýöne ol indi ýatyp bilmedi. Onuň süňňüne ornan duýgular, bilbiliň beren şatlygy ony öz erkine goýmady.

Ol ýerinden turdy. Daş çykdy. Bilbil henizem saýraýardy. Daşarynyň howasy dirilik dermany ýalydy. Howadan ýedi jennet ysy gelýärdi. Ol dulda düýrmegi bilen ýatan ýüpüni, oragyny eline alyp, gapynyň gulpuny ildirdi. Soň uly tutluga bakan ugrady.

Şu günki ýaly yhlasy bilen, höwesi bilen işläni onuň ýadyna düşmeýärdi. Muňa onuň özem haýran galdy. Onuň şapyrdadyp tut kesýän oragynyň sesi, assaja hiňlenmesi uzaklardan eşidilýärdi.

Ol tutdan ýagşy ýüklenip gelende oba henizem ýatyrdy. Onuň aýak sesine bir Meretgül turdy. Ol Ilamana näme diýip, näme aýtjagyny bilmedi. Ilaman bolsa oňa ünsem bermedi. Ol tut ýapragyny tekizräk ýere düşürdi.

– Wah, sen ony gara ýere gark etdiň-le. Telärçäniň üstüne goýaý diýdim-ä, saňa.

Oglan ony eşitmedi. Onuň bar yhlasy, bar arzuwy uçup gitdi «Dädem düýnem gelmedi. Uruş henizem ýatmadymyka. Wah, ol haçan gutärarka? Däde jan, sen haçan gelerkäň?»

– Näme ker açdyňmy, lal açdyňmy? – Meretgülüň sesi ony atdan agdarylan ýaly tisgindirdi. Ol özüni dürsände Meretgülüň hyrsyz gözlerini gördi.

Ilaman ýerinden turdy.

– Daýza, näme diýdiň?!

– Bela boldy, bela diýdim saňa. Sen adam äsgermejek bolýaňmy?

– Men eşitmändirin.

– Eşitmeseň eşit. Gurçugymyz ulusyna ýatdy. Äkge aýtdy. Gurçugyňyz ýatdygy, kömekçiňiz meýdan işine çyksyn diýdi.

Ilaman näme diýjegini bilmedi. Bu bolsa garra meçew berdi.

– Git, gidiber. Mugut Buharda ýok. Iş et, iýip-içip ýöne ýatandan.

Ilaman öýlerine gitdi. Emma öýe girmedi. Gün dogup gelýärdi. Ol erigiň üstüne seretdi. Emma bilbile gözi düşmedi.«Eger menem bilbil bolan bolsam nähili oňat bolardy? Ýöne nädip bilbil boljak?!»

Ilaman tüwesiniň bagyny çözdi. Ony idegine alyp, ýabyň boýuna getirip, otlurak ýerde onuň teblesini ýere kakdy. Soň oragyny eline alyp «işanlaň» ýerine garşy ugrady. Bu gün ol Akga brigadyň brigadasyna däl-de, başga bir aýalyň brigadasyna işlemäge gitdi. Çünki, bu brigada oba has golaý ýerde işleýärdi. Onsoňam, Akga brigadiriň hyrsyzlygy, Ene bilen gatnaşygy Ilamana düýbünden ýaranokdy. Bu bolsa onuň elini işden sowadýardy.

«Işanlaň» ýeri tutlugyň aňyrsyndaky tekiz meýdandy. Onuň gaty mes ýeri bardyr. Hasyly oňat getir- ýärdi. ýöne indi onuň ady «front meýdandy». «Ynkylap» kolhozynyň adamlary uly ýygnak edip, şol meý- dandan önen ähli hasyly fronta ibermeli diýip karara gelipdiler.

Ilamana «Front meýdanynda» ilkinji duşan Hudaýberdi diýen oglan boldy. Ol ony gören badyna ylgap geldi.

– Eý, sen göreşip bilýäňmi? – Ilamana onuň sowaly geň bolup eşidildi. Ol näme diýjegini bilmedi.

– Eý, sen züwwetdinmi?! Göreşip bilýänmi diýilýär saňa?!

Ilaman onuň gapdalyndan geçiberjek boldy. Hudaýberdi gözüni mölerdip durşuna, ony ýiti nazar bilen synlady. Birdenem, awuna zyňjak gurt çagasy ýaly ykjamlandy. Bat bilen gelibem Ilamany gabur-gubur basyp, uly bajak keseklериň üstüne batly ýykdy. Onuň bilenem kanagatlanman, balagynyň uçgur bagyňdan tutup, ýokary göterdi. Soň iki eli bilen depesine galdyrdy. Ilamanyň başy aýlanyp gitdi. Ol gaty erbet dyzady. Onuň aýagy ol oglanyň ýüzüne jalkyldap gitdi. Hudaýberdi diň arkan gaýtdy. Ilaman onuň garnyna pöküläp gaçdy.

Hudaýberdi dyzap başlady. Ol Ilamany düýt-müýt ederli göründi. Ýöne aňyrdan gykylyklap gelýän aýaly görüp batly turdy-da gaçyp başlady.

Ilaman ýerinden galyp bilmedi. Onuň bili, ýüzi erbet agyrypdy. Aňyrdan gelýän aýalyň elinde gamçy bardy. Ol gamçysyny ädiginiň gonjuna gysdyryp, Ilamany ýerden galdyrdy.

– Haý, ýaşyň kesilsin. Bu çagany ýanlyga dönderäýipdir, ýaşy kesilen.

Ol aýal Ilamanyň hor eginlerini kakyşdyrdy. Honda ýatan köneje gulakjyňyny kakyp-kakyp başyna geýdirdi.

– Wah, görgüli çagajyk. Onuň ejesine bir aýdaýyn, hamyny sypyrar...

Ilaman utandy. Ýöne aýal eliniň ýylysy, mähirli sözi onuň ýarasyna melhem boldy.

Hudaýberdi uzak gitmedi. Ol ylgap aňyrrak gitdi-de, öwşerilip durdy. Soň bularyň yzyndan ýöräp başlady. Ol aýal aýak çekdi. Oňa haýbat atdy.

– Sen ýene şu çaga degäýseň, gamçy iýersiň.

Hudaýberdi gülümjiräp, eginlerini gaşalap durdy. Onuň bu bolşy Ilamana şeýle bir geň bolup göründi. Ol aýagynyň agyrysyny, öýke-kinesini unutdy. Hudaýberdi olaryň ýüzündäki mylaýymlyk alamatlaryny bada-bat okady.

– Sapargül-eý, Sapargül gelneje, sen maňa sögüber, sögüber gowjany. Men urşa gitsem saňa ýekeje hatam ýazman. Baý göresiň geler-ä. Şonda, wah, sökmeli däl ekenim-ä diýersiň. Diýiber bakaly...

Sapargül sakga durdy. Onuň keşbine mylaýymlyk alamaty indi. Ilamanyň göwnüne bolmasa, onuň gözlerine ýaşam gelen ýaly boldy.

– Hudujan, boýuňa döneýin. Heý, men saňa zat diýjekmi. Sen bu çagany nätdiň. Ýaman algyly ýal-a sen.

Hudaýberdi hem gowşady. Ol bulara has golaý geldi.

– Men nemis bilen uruşmaga türgenleşýän, näme, güýjümi barlamaly dälmi? Urşa gitsem, agzymy açyp duraýynmy.

Sapargül gamçy tutup duran eliniň barmaklaryny agzyna ýetirdi. Hudaýberdi duýdansyz towsup aňry düşdi.

– Toba, sen özüňi görkezjek bolsaň işle.

Hudaýberdi ýene-de olaryň ýanyna geldi.

– Bolýa how, indi degmäýin şoňa, bäh.

Hakykatdan hem ol Ilamana gaýdyp degmedi. Ýöne şondan soň Ilamanyň gapdalyndan aýrylmady.

«Front meýdanynda» iş diýseň gyzyşypdy. Her kim garabaşyna gaýdy.

Eli gamçyly aýal Ilamana işi düşündirdi. Oňa özbaşyna hatar berdi. Iki saply pil berdi. Ilaman pili hyklap göterdi. Onuň bolşy gamçyly aýala ýaramady. Ol gamçysyny oglana uzatdy.

– Me, sakla – Ol piliň her sapyndan bir eli bilen tutup, ýere güpürdedip urdy. Soň pili çala gowşadyp iki gulajyk şitilden birini mäjum bolan topraga gysdyryp, pili ýokary çekdi. Soň ýene-de şeýtdi.

Ol on-onki şitili setirläp ekip çykandan soň gamça elini uzatdy.

– Ine, gördüňmi. Şeýtdejik işläber.

Ilaman janyna dözüp pili ýere bat bilen urdy. Soň ony bar güýji bilen özüne çekip, ýene-de ýere urdy. Soň şitil alyp ýere sünçdi.

– Eräp, akyp barma. Tetirräk bol. Gördüň-ä ýaňkyny. Özüň ýaly oglan, ýöne ot ýaly... Janlyrak bol.

Ilamanyňky ýene-de bolmady. Ol hyklap işleýärdi. Gamçyly aýal dözmedi.

– Huw, Hud-uw, gel, bäri.

Hudaýberdi ylgaşlap geldi.

– Hudujan, sen bujagaz oglan bilen bileje işle. Bu görgülijigiň pile güýji ýetenok. Sen gämik ýeri etseň, ol şitil sünjer. Gaýta, çalt bolarsyňyz. Boluň, naharam köp berdirerin size bu gün.

Hudaýberdi sesini çykarman yzyna gidip, özüniň iki saply täsin pilini alyp geldi.

– Eý, hol, gyrada oturan gyzy görýäňmi? Şony bek belle. Şol ölsem ýeriňki bolar, ölmesem meniňki bolar. Meniň söýgülim. Ady Ogultäçdir. Sen bek belle. Kim şoňa gaňrylyp seredäýse, öldürerin.

Ilaman olaryň haýsy birniň Ogultäçdigini saýgaryp bilmedi. Hudaýberdi oturyp bilmän, oýkanjyrap Ilamana garady.

– Ýör-eý, şolaň ýanyna baraly-la, ýörsen-eý.

Ilaman Hudaýberdiniň ýüzünde ýalbaryş äheňini gördi. Ýöne aýallaryň ýanyna gitmedi. Tä günorta arakesmä çykylýança başyny galdyrman işledi.

Düşelge tutlugyň içindäki goşa erigiň aşagynda ýerleşýärdi. Erigiň aşagy oňat edilip süpürilipdir, suwlanypdyr. Suwly salmajygyň boýunda bolsa ullakan gara gazan bugaryp durdy.

Oglan tamşandy. Ol indi iki gün bäri dişiniň kirinem açmandy. Gazandan göterilýän bug onuň işdä damarlarynyň baryny açdy. Ol birhili yranyp gitdi. Baş aýlanma ol oturansoňam aýrylmady. Erikler onuň üstünde terslin-oňlyn pyrlanýardy. Ol ýerden pugta ýapyşdy. Gözüni açdy. Düne sap-sarydy. Onuň ýüregi erbet bulandy. Gara suw owurtlaryny doldurdy. Soňam pürkülip gitdi.

– Saňa näm bolýar. Ýaraňokmy? – Aýal adamyň sesi Ilamana ýeriň teýinden eşidilýän ýaly boldy. Ol gözüni açmaga-da gorkdy.

– Me, şu suwy iç, aýrylar – Ilaman bir elini öňe uzatdy. Käsäni başyna çekdi. Ýüregi az-kem düzelişdi. Gözüni açdy.

Onuň öňünde bir gyz çommalyp otyrdy. Ol öz bolşundan utandy. Yra-dara bolup ýerinden galdy, ýöne näme etjegini, näme diýjegini bilmedi.

Şol gyz ýene-de gürledi.

– Hol, salmajykdan eliňi, ýüzüňi ýuw, soň ýarma paýyňy al.

Ilaman elini ýuwup, bir gyra çökdi.

Hälki eli gamçyly, aşpez aýala gygyrdy.

– Haý-u-w, Toty! Şujagaz oglana-da bergin, ýarmadan. – Aşpez aýal sesini çykarmady. Ilaman nähilidir bir kyn ýagdaýa düşdi. Ol turup gitmäge häzirlendi. Sebäbi onuň işdäsi kesilipdi. Ýöne başga ýagdaý onuň ünsüni sowdy.

Eli gamçyly aýal gaty-gaty gürläp, ýerinden turup, bir gyrada oturan ýaşulynyň ýanyna bardy.

– Sabyr aga diýýän, sen beýtme-de öz paýyňdan çagalaňa-da ber ahyry. Gör, olar ejeleriniň agzyna ýetirenoklar.

Ilamanyň gözi ýaşulynyň ýanyndaky topbaga düşdi. Şol ýerde oturan aýalyň ýanynda irili-ownukly bäş çaga bardy. Olar şol adamyň aýaly, çagalarydy. Şeýle-de bolsa ol çagalaryna goşulanokdy. Ýaşuly närazylyk bilen hüňürdedi.

– Näme, birgat, hökümet maňa ýarmany çagaňa ber diýip berýämi ýa özüň iý diýip berýämi? Özüň iý diýip berýä. Hana, ejeleri näme etse etsin. Meniň onuň bilen işim ýok.

Aýal has möwç aldy.

– Olaram seniň çagaň ahyry, Sabyr aga, neneň bokurdagyňdan geçýär?!

Sabyr diýilýän adam ýarmany lak-luk atyp, kirli barmaklarny jamyň içinde terslin-oňlyn ýöredip, agzyny şapbyldadyp ýalaşdyrdy. Soň jamy beýlä zyňyp goýberdi. Ýerinden turubam batly gygyrdy.

– Sapar Durdy! Sen birgatmy ýa-da baýar. Sen meniň damagymy her gün burnumdan getirýäsiň. Ýarmaňy ber, galany bilen işiň bolmasyn. Çagalama göwni agyrsa, getir öz paýyňy beräý şolara.

– Bererin, öz paýymy. Haý, naýynsap.

Brigadir aýal öz tabagyny getirip çagalaryň öňüňde goýdy.

Soň gygyrdy.

– Ogultäç, şol, oturan ýerimdäki petirden bir döwüm alyp gel, gyz.

Ilamana suw beren gyz, el ýaly çöregi, özüniň çemçesini Ilamana berdi.

Ilaman ömründe beýle süýji nahary iýip görmändi. Bu ýarma onuň agzyna gitmän, damarlaryna dirilik dermany bolup ýaýraýardy. Ol elindäki çöreginiň, tabakdaky ýarmanyň şeýle çalt gutararyndan gorkup, usullyk bilen iýdi. Ol ýere gaçan ýarma dänesinem, çörek zerrejiklerinem çöpleşdirýärdi. Emma bu lezzetli pursat uzaga çekmedi. Ýarma-da, çöregem gutardy. Ýöne häzir tutuş gazany öňünde goýsalaram Ilamanyň garny, gözi doýjak däldi. Ol ýerinden galdy. Tabagy, çemçäni Ogultäje eltip berdi.

Nahar iýişlik gutardy. Emma oturanlar turmadylar.

– Wah, bu günem täze gazet gelmedimi, gyz – diýip, Sapar brigadir sorady.

Oňa jogap beren bolmady. Çünki Durdy ýasawul bu günem görünmändi.

– Gelneje, ýene düýnkini okaýaýyn, biziňkileriň ýeňşi baradaky habary...

Ogultäç «Sowet Türkmenistany» gazetini alyp okap başlady. Biziň goşunlarymyzyň haýsydyr bir kyn atly şäheri nemeslerden gaňryp alyşlary, Ilamanyň ýüregine kuwwat berýärdi.

Ertesi Ilaman işe has ir gaýtdy. Ol «front meýdanyndaky» işi ýatlanda oňat duýgulara gaplanýardy. Sapar brigadirem, Hudaýberdem, Ogultäjem oňa uzakdan seredip, ony çagyryp duran ýalydylar.

Ol ýolda Hudaýberdä duşdy. Ol birhili gamgyndy. Düýnki dik eginleri birhili sallanan ýalydy. Ol Ilamany görüp saklandy. Ilaman sygryny idip gelşine, oňa gygyrdy.

Hudaýberdi yzyna garaman ýabyň gyrasynda suwa seredip otyrdy. Ilaman sygyry düýnki ýerde örkledi. Son Hudaýberdiniň yzyndan ýetdi.

Ilaman oňa näme diýjegini bilmedi. Hudaýberdi onuň ýüzüne-de seredenokdy. Birden ol gamgyn gürledi.

– Basym seniň ýeke özüň işlemeli bolarsyň. Men puranta gitjek – Ol dymdy. Birdenem açylyp gürledi – Düýnki işleýşimi gördüňmi. Diňe uly adamlar şeýle işlemeli. Menem indi uly adam. Uruşmakda-da, ýer depmekde-de uly adamlardan kem galmaryn. Boýuma seredenem hökman army ýaşa ýetdi diýer. Uly adamlaryňky ýaly meniň öz söýgülimem bar. Indi meni puranta ibererler. Hemme kişi görüp dur-a meni. Ýaşymam eýýäm on alta ýetip barýar. Dogry dälmi?!

Ilaman başyny atdy. Ol bu oglana diýseň guwandy. Hatda oňa gözem gitdi. «Haçan men şunuň ýaly bolarkam?» diýip oýlandy.

Düşelgede başlygyň ýanynda birki sany nätanyş adam bardy. Nahardan soň Anna aga ýerinden turdy. Soň brigadiri çagyrdy, oňa gazetleriň täze nomeriňi berdi, ýygnagyň boljagyny aýtdy. Adamlar bir ýerräk toplanyp oturyşdylar. Anna aga gürledi.

– Howwa, ýoldaş teýhanlar! – Ol gyrymsyja murtlaryny gaýta-gaýta elleşdirip, ýoldaşyna garanjaklady. – Ine, ýoldaş Duwsaýep hem raýkomdan geldi. Howwa, onsoň dänim, ýagdaý birneme kyn. Siz dänim, mundanam dänim gowy işlemeli. Duşmana

dänim, göreşmek üçin has dänim, gowy işlemeli. Siz dänim oňat bilýänsiňiz, näme ekýäniňizi. Siz köwçük ekýäňiz.

Dogrusy, köwçük ekini biziň teýhanlarymyzyň gören ekinem däl. Özi kyn ekin. Ýöne hököwmete gerek bolsa kyny-aňsady ýok. Biz ekerisem, soňunam dänim, göreris. Bir az wagtlyk ekin ekenow bi diýip dänim gowşak ýapyşmalyň. Gaýrat edeliň. Bu dänim, duşmany basmak üçin ilkinji ýarag. Köwçükden ýaragam edilýä, yrzynam edilýä. Ylaýta-da, biziň aýraplanlamyz üçin, maşynlarmyz üçin dänim uly şaý. Şonuň üçin dänim, köwçügi has köp ekmeli.

Anna aganyň sözi köp adama täsir etdi. Olar özara pyşyrdaşyp başladylar. Başlyk olara ýuwaş boluň diýen manyda «ähümledi».

– Size, dänim, ýene-de bir zat aýtjak. Ine, şu ýer däninim, «işanlaň» ýeri bolupdy. Menem şonuň teýhany bolup dänim, kän işledim. Indi bu ýer teýhanlaryň özüniňki boldy, golhozyňky boldy. Bu ýere puranta dänim gerek zat bolan dyrzyn ekýäs. Men ýoldaş Dusaýypy siziň dänim, adyňyzdan arkaýyn edeýin: «Bol hasyl alarys diýip».

Soňra Dusaýew söz sözledi. Onuň aýdan sözleriňi Ilaman doly diňläp bilmedi. Onuň göz öňüne kakasy geldi. Raýkomyň wekili onuň kakasy bolup sözleýärdi.

– Ýagdaý näçe agyr bolsa-da çydarys. Duşmany hökman ýeňeris. Ýeňiş indi daşda däl, ýoldaşlar! Siziň her gysym kauçugyňyz, her baş bugdaýyňyz, her bir zarpçy zähmetiňiz duşman üçin gülledir.

Ilaman kakasynyň näme diýjek bolýanyna düşündi. Ol assaja pyşyrdady.

– Sen arkaýyn söweş, däde jan! Biz gaýrat bilen işläris.

Ýygnagyň soňundan ýene-de gazet okalşygy boldy. Sowet Goşunynyň täze ýeňişleri barada adamlar begenç gözýaşlaryny saklap bilmän diňleýärdiler. Bu habar olara tükeniksiz güýç-kuwwat berýärdi.

«Front meýdanda» bolsa iş has gyzyşýardy. Adamlaryň bir topary indi kelem ekmäge girişipdi. Kelemem edil kauçuk ýaly iki gulajyk şitildi. Ýöne ony keşi suwaryp, soň ekýärdiler. Iş Ilamana örän agyr düşýärdi. Ýöne näme-de bolsa gowudy. Adamlaryň arasydy. Iň esasy zat günortanky ýarmady. Ol agşam ýatyrka-da şol ýarma onuň göz öňünden gitmeýärdi.

Ýygnak bolandan soň üçünji gün Ilaman ir bilen tüwesini alyp işe ugrady. Onuň keýpi kökdi. Onuň ýekesirän göwni adamlary küýseýärdi. Çaltrak olara goşulasy gelýärdi. ýöne garaşylmadyk ýagdaý onuň keýpini duw-dagyn etdi.

Meretgül kempir onuň öňünden hasanaklap çykdy. Soň Ilamana azymly gygyrdy.

– Sen ýetimek, öz hetdiňi haçan biljek – Onuň eýmenç keşbi, tüýdülen saçlary, çözülen alyndaňysy Ilamanyň ýadyna al-arwahy saldy.

Oglan tüwäniň bagyndan berk ýapyşyp durşuna, doňup galdy. Ol aýal bolsa Meretgüle meňzeýäninden arwaha köp meňzeýärdI. Ol ellerini hereketlendirip tans oýnaýan ýalydy. Ilamanyň gözleri petredi, Gulaklary welin şaňlap-şaňlap açyldy.

– Saňa näme tabşyryldy? Ol günki süýt bilen beren çöregim gözüňi tutsun. Şony bermedik bolsam, sen nirede ýatmaly, buwat. Häý, edeniňi bilmez näletkerde. Indi saňa derek men ýapraga gitmeli, indi şu adym, abraýym bilen...

Onuň diýýän zatlaryny eşider ýaly däldi. Ilaman mundan artyk çydamady. Ol tüwäniň yzyna eýerip gaty-gaty ýöräp gitdi.

Kempir agyly uwlady.

– Aý, gargyş gabu-uw, nirä barýaň, dur-r-uw!

Ilaman durmady. Onuň keýpi bolmansoň Akga brigadiriň uzakdan ýetip gelýäninem görmedi.

Akganyň keýpi kökdi. Emma Meretgülüň aglap duranyny görüp, gany depesine urdy.

– Hä, ýeňňe, näm boldy. Aýt, how, aýt.

Meretgül tatyr-tatyr edip gepledi.

– Hana möjegiň, hana-da taýhanyň. Turanyna bir gün boldy, bir pudak tut ýok. Elimi bereýinmi, aýagymy bereýinmi oňa...

Akganyň ham-hyýaldan doly başyny gahar-gazap elendi. Ol atyny yza dolady. Ep-esli meýdandan ýene-de yzyna dolandy. Gazaply sorady.

– Ol... nirä güm boldy?

Meretgül düňňür-düňňür etdi.

– Hol, Sapar Durdynyň brigadynda işleýämiş.

Akga atyny gorgunyna berdi.

Bu gün Ilamanyň işläp keýpi bolmady. Onuň Hudaýberdä nämedir bir zat aýdasy gelýärdi. Ýöne aýdyp bilenokdy. Sebäbi bu gün irden bolan gykylygyň beýle ýatmajakdygyny bilýärdi. Agşam gykylygyň has ula gitmegi mümkindi.

Şol wagt aýallaryň biri gygyrdy.

– Hana, Akga brigadirem-ä gelýär.

Ilamanyň ýüregi bir zat aňyp tyrsyldady. Ol Akganyň ýabysyny gorduryp gelýänini gördi. Akga özi üçin gelýändir öýtdi. Häzir ylgap onuň öňünden çykasy, «front meýdanda» işläsiniň gelýändigini aýdasy geldi. «Meretgül kempiriňkä iberme» diýip ýalbarasy geldi.

Akga «front erigiň» ýanyna garşy aýlandy. Sapar brigadiriň ýanynda az-kem saklanyp, göni bärligine gaýtdy.

Ilamanyň ýüregi has gaty tarsyldady. Onuň süňüni gorky gaplap aldy. Hudaýberdä gysmyljyrady. Soň onuň arkasyna geçdi.

Akga atyny Hudaýberdiniň üstüne sürdi. Soň Ilamana gazaply gygyrdy.

– Sen näme?.. Sen näme bu ýerde entäp ýörsüň? Seni nirä berkitdim? Hä?.. – Ilaman näme diýjegini bilmedi. Onuň brigadire diýip, düşündirjek bolup oturan sözleriniň bary başyndan uçdy. Ol ýene-de bir zatlar diýjek boldy. Akga azymly gürledi.

– Düş öňe, itiň çagasy. Häzir baraly, seni paýa daňyp, edişime seret...

Ilaman gorkdy. Ol Hudaýberdä tarap götinjekledi. Öňem gahar gazany lasyrdap duran Akganyň jallyk erinleri gulagyna ýetdi. Onuň ýüzi durşy bilen gyşyk gözüne tarap aýlandy. Ýalaňaç galan jylk sary dişleriniň jygyrdysy Hudaýberdä eşidilip gitdi.

Ol üzeňňiniň üstüne galyp, ýabysyny batly debisgeledi. Hudaýberdi ekabyrrak bolansoň ýaby ony basyp geçmän, onuň gapdalyndan dolanyp, Ilamanyň üstüne aýlandy.

Akga gazap bilen gamçyny saldy. Ilamanyň eli, kellesi, arkasy erbet daglanyp, daglanyp gitdi. Ol süňňünde ýyldyrym bolup çakan elhenç yza döz gelip bilmän jynssyz gygyryp bökdi. Emma gamçy goýar ýerde goýmady.

– Düş diýýän öňe, it ogly. Düş diýýän saňa, öldirin...

Ilaman atyň öňüne düşüp, uwlap ylgady. Gamçy ýene-de galgady. Birdenem ýaby ürküp beýlä zyňdy. Ilaman Akganyň gamçysydyr öýdüp yzyna gorkuly ýalt etdi.

Işläp duran aýallar «waý-da, waý» bolşup, Akga tarap ylgaşdylar. Bu ýagdaýy görüp Hudaýberdi çydam edip durup bilmedi.

Ol arslanyň çagasy ýaly bolup öňe topuldy. Akgany özüne çekip, ony atdan agdardy.

Aljyran Akga garşylyk görkezjek boldy. Emma Hudaýberdi eýýäm ony gagyrdadyp aşagyna salypdy.

Onuň azan terne ýaly kellesini gatan kesege batly urýardy. Akga güýçli dyzanyp turdy. Ol elindäki gamçysy bilen Hudaýberdini saýgylady.

Hudaýberdi onuň gamçysyndan çekinip durmady, arlap ýene-de topuldy. Zarp bilen gamça ýapyşdy. Ýylgyn sapynyň ujy döwlen gamçyny gaňryp alyp, Akgany saýgylady. Akga düýrügip gapdala garşy gaçdy.

Aňyrdan ylgaşlap gelýän aýallar Hudaýberdini tutdular. Akga daňa galan kirpi ýaly hasanaklap, ýorgalap barşyna haslap-haslap gargynýardy. Sögünýärdi.

Hudaýberdi köşeşdi. Ol Akganyň gamçysyny gapdala zyňyp goýberdi.

Beýle-beýle bolar diýip asla oýlanmadyk brigadir tutlugyň içine sümülip gitdi. Heniz köşeşmedik Ilaman ýerinden gozganyp bilenokdy. Onuň arkasy, boýny ot bolup ýanyp durdy.

Sapar brigadir, Ogultäç onuň ýanyna ylgaşlap bardylar. Sapar onuň daraw-daraw bolup, ganjaryp duran köýnegini galdyrdy. Oglanyň arkasy tasma-tasma bolup, gyzyl ýara bolup durdy.

Aýallaryň «wah-wahy», elhenç gorky, çydap çekerden agyr agyry, ýalňyzlygyň ýowuz horlugy Ilamanyň ýüregini ersdirdi. Onuň gözlerinden ýaş sil bolup akdy. Aýallar ony göter-göter edip düşelgä getirdiler. Bu ýagdaýdan soň hiç kim işläp bilmedi, adamlar arakesmä çykdylar.

Günorta arakesmesinde gürrüň diňe Akganyň zalymlygy barada gitdi. Ilaman welin köşeşip bilenokdy. Akganyň muny beýle goýmajagy bellidi. Ilaman ondan gorkýardy. «Indi nädip öýe baryp bolar? Ýa-da Hudaýberdilere gidäýsemmikäm?» Hudaýberdi ýadyna düşende onuň dünýesi giňeýärdi. Şonuň ýaly batyr, edermen däldigine gynanýardy. «Eger-de Hudaýberdi ýaly bolsam, onda ol meni beýle horlamazdy».

Sapar brigadir Ilamany sylady. Ona tutuş ýarty çörek bilen, bir tabak ýarma berdirdi. Emma oglanyň bokurdagyndan hiç zat geçmedi. Onuň ýarma baradaky, ondan doýup iýmek baradaky bar höwesi ýatypdy. Onuň damagy dolýardy.

Ogultäç onuň ýanyna gelip oturdy. Olam aglaýardy. Gözleri gyp-gyzyl bolupdy. Ilamanyň arkasyna bägülüň guran ýapragyny sepdiler. Bu melhem ýarany has awuşadýardy. Ýöne aýal adamlaryň hoşamaýy ýarym göwün oglanjyga melhemdenem beter hoş ýakýardy.

Sapar brigadir Ilamana ýarmany iýdirdi. Soň Hudaýberdini çagyrdy. Ol horja oglany öýlerine eltmegi tabşyrdy. Hudaýberdi bu ýumşy höwes bilen ýerine ýetirdi.

**2.**

Bu gün Akga üçin aýratyn bir elhenç gün boldy. Edil düýşünde sygyr münen ýalydy. Edeni ugruna däldi. Ýogsa, ol öýünden juda keýpli çykypdy. Ol dorýabysyna münensoň dodaklaryny salpardyp, erinlerini gyşardyp özbaşyna ýylgyrýardy. Näme üçin ýylgyrmajak?! Ýeri, näme üçin ýylgyrmasyn!? Hudaý oňa serpaý don geýdiren

ýaly ahyry. Hany, obany alyp gör. Heý, özüni oňarýan erkek göbekli barmy? Hany, birijigini tap. Tapmarsyň. Gözläbem oturma. «How, diňe Çynarlynyň özünden gör, näçe adam! Bä-h. A tutuş «Ynkylapdan»!? Akganyň düşünişiçe, «Bu uruş ahyrzamana golaý wagtdaky uruş bolmalydy». «Heý munça adamam urşa gidermi? Özlerem şol gidişleri. Bir ýyl boldy. Tutuş bir ýyl. Emma olaryň birindenem derek ýok!

...Bä, şu-how urşuň mädesi juda ir-ow. Şu Kerweni! alan bolsa, bä»...

Akga howatyr aldy. Hopukdy. Ýabysy birden, birden büdreýän ýaly boldy. «Aý, ýok, ýok. Akganyňky gelendir.

Döwlet gelse goç ýigide
Üç-dört öýlener, öýlener, ah-ow Leýlim».

«...Eger döwlet gelmedik bolsa Akga-da Sibirde gözüni açardy. Hany, onuň bitiniň burny ganaýamy?! Ýok. Ana, illeriň ýüzüňe äňet. Otuň-çöpüň gögi öwsüp durandyr. Akga welin Akgadyr. Çagalarynyň ýüzi edil almadyr, alma. «Aý, çörek nämaý? Çörek hiç-le. Wah, üç-dört öýlenmeli, üç-dört».

Kerwen aga bolan ýigrenç Akganyň ýüreginden çykmaýardy. Ol Kerwen agany namart hasaplaýardy. Ol hemişe «Bolduň meň başyma hakykatçy!» diýerdi. Kerwen aganyň özüne juda ynamsyzlyk bilen garaýandygyny duýýardy. Şol duýgy bolsa ýigrenjiň aňrybaş görnüşine öwrülipdi. Ene meselesinde hem onuň «burnuny sokjamagy» Akganyň aňyrsyny bärsine getirýärdi. Ol häzir geçen ýylyň güýzünde Kerwen agany gamçy bilen çalanyna monça boldy, ýöne has berkiräk daramanyna gynandy. Kerwen aganyň fronta gitmegi weli Akga üçin toýdy. Ol muňa begenýänini birki ýerde agzyndanam sypdyrypdy.

«Aý bolanda näme, ýagyň Kerwen bolsa, atyň öňüne gülli ýorunja dök». Akga şeýle sözlemiň kellesine gelenine begendi. Ol bu söz akyllylygyň aňrybaşydyr öýdýärdi. Ylaýta-da oturyşlyklarda, birki bulgur çakyşdyrylansoň iki sözüniň biri şu sözlemdi. «Aý, pylanyň pylan bolsa, aý, pylanyň pissigan bolsa... atyň öňüne gülli ýorunja dök!». «Dogrudaý walla. Adam adam bolmak üçin ilki bilen bagty gelmeli». Bu pikir Akganyň özüniňki däldi. Ol onuň ejesiniň oglunyň gulagyna çagalykdan guýan pikiridi. Akga Enäniň ejesini görende hemişe ejesi ýadyna düşerdi. Gyzsoňy totam. Akga ejesini uly buýsanç bilen göz öňüne getirdi. Obanyň aýallarynyň kethudasy! Etseler-etmeseler toýda-ýasda erkek kişiler bilenem salyşybererdi. Gör, Akga kimiň ogludy. Hawa, onuň ejesi pygamberdi-le. Ol hemme zady bilýädi... Ol ölmänkä «Ynkylabyň» gyzlarynyň balaman ýalysyny Akganyň ýorganyna saldy. Öý, mal, mülk baryny ogluna goýdy».

Akga ejesiniň sözüni ýadyna saldy. «Sen oglum, marly elekde elenip, sary ýaga ýugrulansyň. Öwlüýälere älem dakyp, garynjalara iým döküp alnan ogulsyň. Seni düýşümde pygamberler omyn edip berendir. Edeniň ugruna bolar, işalla».

Ine bagt diýip şuňa diýäýseň!

Akga ýabysynyň badyny gowşatdy. Sebäbi Eneleriň öýüne has golaýlapdy. Onuň ýüzüp ýören pikir köli bolsa durşuna lezzetdi. Ol şeýle oýlardan ganyp bilmeýärdi. «Ýogsa näme, heý, ganar ýalymy? Ol bagtly. Edeni ugruna, birgat, harman elinde, sklad elinde, bugdaý... elinde. Ol Enäni ýatlady.

Birdenem tisginip gitdi. Meretgülüň perişan haly onuň ganyny gaýnatdy. Ol nirä, näme üçin baryanyny ýadyndan çykardy, atyna gamçy çaldy.

«Sen bir itiň çagasy, duruber bakaly!» Akganyň ýüregindäki gahar-gazap ýene-de myggyldaşyp başlady. «Ýok, ony beýle goýmaly däl. Iti güjükliginden dalamaly. Oňa şu gün kimdigiňi ýagşyja tanatmaly. It oglynyň ýanynda oturdy. Soň oňa lak atan bolupdy. Akganyň bolşy Hudaýberdä ýaramandy. Akga-da «aý bu-ha ýumruk ýaly oglan-la» diýip, ony äsgermändi. Ine, birden Akganyň depesinden çalgynyň agyr sapy inipdi. Görse, şol ýumruk ýaly oglan, Akga ünsem bermejek bolupdy, çalgy sapy birki gezek gomuna degensoň welin, ýapdan nähili böküp geçenini duýman galypdy. Oturanlar gyzyl-gyran bolup gülüşipdiler. Hudaýberdä «berekella» aýdypdylar.

Akga şol wakany ýatlanda hasam utandy. Çünki, şol gürrüň iliň dilinden köp wagtlap düşmändi. Bir ujy bolsa aýalyna ýetipdi. Bu günki waka ony hasam eýmendirdi. Ýöne bir zat onuň göwnüni suwlandyrdy. Ol özüniň kimdigini görkezdi. «Hawa, ojagaş oglanyň eýini ýetirdi. Hudujygam bir gün elime düşer. Durubersin» Akga ýerinden hykçoklap galdy. Onuň aýagynyň çykan ýeri, otyr ýeriniň gapdaly bijaý agyrýardy. Arkasy syzlap durdy. Ol tutlukdan çykanda, ýabysynyň Eneleriň işiginde duranyny gördi.

Akga öýe girmedi. Ol Enäniň «Hany öýe gir-dä» diýip, gözlerini güldürip eden mürähedini kabul etmedi. Hyklap ýabysyna mündi. Soň Enä eşitdirip, Meretgüle ýüzlendi.

– Ýeňňe, sen bir zat et. Gurçukdan özüňe düşjek paýyňy al, galanyny, hol, it oglunyň öýüne taşlap gaýt. Ýagşylyga ýaraşmazyň biri diýsänim. Goý, özi seretsin. Görsün kimiň kimdigini. Seretmänem görsün, gözüni Sibirde açdyraýyn.

Ol atnyň başyny ters ugra öwürdi. Kempir Akganyň sözüniň manysyna soň düşünip galdy. Ol tasanjyrap öýe girdi. Öýde düýnden bäri aç gurçuk şibirdäp ses edýärdi. Meretgüli howul aldy. Ol kän bir oýlanyp durmady. «Äkge diýdi gutardy. ýaryny diýse, baryny äkitmeli. Ýumruk ýaly garra gurçuk nämesine gerek. Men o dünýäm bilen ýaşap ýörmeli halyma, gör nämelere bulaşyp ýörün».

Meretgül özüne käýindi. Niräniň ýok zadyny boýnuna alanyna ýanyp-bişdi. Ýöne pile saramaga az galan gurçugy äkitmäge dözmedi.

### 3.

Nursoltanyň aýrylmagy Sülgüniň bilini üzüpdi. Ol indi başyny galdyryp bilenokdy. Ýerinden galsa ýüregi aýagynyň astyna patylap gaçaýjak ýalydy. Öýde iýmäge bir dişlem zat ýokdy. Bolanda-da bişirmäge adam ýokdy. Üzümgülüň bir döwüm tötegi, Arzy doktoryň beren sary uny bireýýäm gutarypdy. Oňa bolsa köpräk iýmek gerekdi. Ysgynyna gelmek gerekdi. Hany, näme iýmeli? Onuň özündenem beter gyzy Aýsoltanjyk hem gurap barýardy. Ol ysgynsyzja ellerini serip, «Eje, çörek» diýende Sülgüniň öňem deşim-deşim bagry, paralanyp gidýärdi. Ol öň bagrynyň bir taýyny aldyransoň, Aýsoltanynam elden gidererin öýdüp gorkýardy. Şonuň üçin eline ilen zady gyzynyň agzyna tutýardy.

Aýsoltanjyk süýnüp ýatan ejesiniň ýanyna geldi. Ol horja eljagazlary bilen ejesiniň guran elinden tutdy.

– Eje, iýjek. Eje iýjek. E-j-e-e!

Sülgün ýüzüni çytyp dik oturdy. Soň gyňajy ysgynsyz çekdi. Onuň ujunda düwen düwünçegini uzak wagtlap gözledi. Soň ony howlukman açdy. Onuň düwünçeginde ýarty owuç gowurga bardy. Ol çala gowrulan gyzylymtyl bugdaý dänejiginiň birijigini

emaý bilen alyp agzyna atdy. Soň ondan bir çümmüjek alyp, gapdala ýazylan ýama-ýama keçäniň üstüne sepeläp goýberdi.

– Aýjan, Aýsoltanjan, al, al, gyzym.

Aýsoltanjyk ejesine elini serdi. Sülgün düwünçeginden ýene-de bir çümmüjek alyp, gyzyna görkezip, keçäniň üstüne sepip goýberdi. Aýsoltanjyk tigirlenip gitdi.

Sülgün agzyna salan dänesini uzak wagtlap çeýnedi, Onuň dili, dişi dänäniň tagamyny duýmaýardy. Ol agzyny dolduryp ýuwdundy. Onuň gözüniň öňüne possuk ýaly tegelenip duran mele myssyk nan geldi.

...Heý bu obada Sülgün ýaly çöregi gowy bişirýän aýal barmydy? Onuň bişiren çöregini bir dadanlar ömür ýadyndan çykararmydy? Toýda, ýasda-da onuň bişiren çöregi mesaňady.

«A gyz, şol Sülgüniň çöreginden bir döwüm äber». «A gyz, pylan ýerden pylan aga gelipdir, Sülgüniň çöreginden äbereweriň». «Sülgüniň çöregini ýygnaň, ýadap gelnensoň çaý içenimizde gerek bolar» diýenlerinde Sülgün näme üçin begenmedikä? Näme üçin şol günleriň lezzetini duýmadyka? Indi şol çörekler çykan tamdyr ýumrulyp ýatyr. Sülgüniň elini hamyrly tabaga sokmanyna niçeme aýlar geçdi.

– Wah, Myratly bolan bolsady...

Sülgüniň bar arzuwy Myratlydy. Şol gelse düneýler düzeläýjek ýalydy. Heniz gelinlik menzilinem ýagşy ýöremedik gelniň gursagynda ullakan dert, wawa bardy. Ýigrimi ýaşamanka elden şuňkaryny aldyran gelniň bagryna köz bolup basylan şol dert ony ýerinden galdyrmaýardy. Eger häzir Myratly bir ýerlerden çykaýsa, onuň boýnuna böküp, ähli derdini aýtsa, ýüregi ýeňlejekdi. Onsoň Sülgün üçin beýle bir agyram bolup durmazdy.

Sülgün iňledi. Ol beýdip ýatmadanam, zeňiň, çygyň gelip duran içeridenem, deriň dymyk, agyr koky küňäp duran ýorgan-düşekdenem iripdi. Onuň daşaryň howasyndan dem alasy gelýärdi. Ol meýdanyň gyrmyzy sary reňkini görüp ýatyrdy. Gyz wagty ertirden agşama çenli gelinler bilen gülşüp, degşip işlän ýerlerini göresi gelýärdi.

Ol şeýle süýji arzuwlar bilen irkilenini duýman galýardy. Düýşünde bolsa dünesi düzüw. Ine, Myratly Nursoltanyny bökdürip, ala ýaz bolup otyr. Aýsoltanam olara goşulyp, jagul-jugul gepläp otyr. Özi bolsa hemişe tamdyryň başynda. Ol birden munuň düýşüdigini düýşünde duýýardy. Çöregim ýanaýmasyn diýibem tisginip oýanýardy. Oňa ýatuw ýokdy. Ukynam aryp işden gelip, dünýäni düzüwläp alsaň.

Nursoltanjyk Sülgüniň derdiniň üstüne dert goýupdy. Ol gyzy barada däl-de, adamsy barada oýlanypdy. «Sülgünim, çagalary saňa tabşyrýan, olary hor etme, gelerin». Bu sözüň astynda uly ynam bardy. Ýöne adamsynyň ynamyny ödäp bilmändigi baradaky oý ýaş gelniň içini it bolup iýýärdi. Ol Myratlysyny getirýärdi. Oňa bu ajy habary telim dürli edip aýdýardy. Emma adamsyny ynandyrar ýaly, özüni aklar ýaly delil tapmaýardy. Myratly ýigidiň gülüdi ahyry. Sülgün onuň nähili mert ýigitdigini göre-duýa durmuş gurdy ahyry. Ol onuň ejesine hossar boldy. Ony eliniň aýasynda saklady. Jaýyna göçüp geldi. Ejesine ogul boldy. Ölen wagty nähilliler edip jaýlady. Ejesi pakyr gidende müňdebir razydygyny aýdyp, dünýeden ötdi.

Aýsoltanjyk bolanda: «Ejemiň ady geldi» diýip, Sülgüniň ejesiniň adyny dakdy. Indem oglum bolsa «öz dädemiň adyny daksam» diýdi. Gyzy bolanda hasam begendi. «Ejemjanyň ady geldi diýdi». Ol ýene-de ogla garaşýardy. Uruş gelip ara gör, nähili

sowuklyk saldy. Hany onuň Nursoltany... Ol zordan ejesine ýetipdi. «Ejem! Ejem!» diýip nähili görýärdi, gyzyny...

Wah, bu belalar bolmadyk bolsa Sülgün ýylda birini dograrrdy. Myratlynyň göwni bitse bolýardy...

Ol şu oýlaryň aňyrsyna ýetip bilmeýärdi. Bu oýlaryň düýbi deşikdi, aňyrsy ýokdy. Şol gidip oturmalydy. Näçe aňry gitseň täze-täze garaňkylyklar başlanýardy.

Sülgün bolsa şol gidip barýardy, gidip barýardy. Ony ukusy, ukusynda-da diňe iki zat biynjalyk edýärdi. Bir-ä, çöregi ýanyp barýardy, birem «Myratly eýýäm gelen bolaýmasyn, meni oýarmaga dözmän oturan bolaýmasyn» diýen pikir biynjalyk edýärdi. Ol ýene-de uka gitdi.

Gapy jygyldap açyldy. Içerik çöregiň ysy ýalp edip, ýaýrap gitdi. Sülgün bir tamdyr çöregi saçagyň üstüne ýaýratdy, her haýsy günüň bir tegelegi ýaly ýalpyldap, gözüňi gamaşdyrýan çörek. «Gurbanyň bolaýyn çörek. Haýsyndan döwjek bulaň». Sülgün döwmäge dözmedi. «Goý, Myratly döwsün». Ol çöregiň ysyndan doýupdy. Birden onuň ýüregi akyp gitdi. Indi näçe gün bäri duz datmadyk, nem emmedik içegeleri jugurdaşdy Ol tutuş bir çöregi eline aldy. Ep-esli döwüp agzyna saldy, ýene-de döwüp aldy, ýene-de... Ol çöregiň azalýanyna gynanýardy. Emma saklanyp bilenokdy. Ýene-de birini eline aldy...

– Gelneje, gelneje – Ol nätanyş sese oýandy. Alasarmyklykda Ilamany tanady.

– Gelneje, ýatyrmyň?

Ilaman ýylgyrýardy.

Sülgün özüne geldi. Ol gözlerindäki çalymtyl gyzgylt perdäni gaýta-gaýta süpürdi. Ol gözlerine ynanmady. Birwagtky bägül ýaly näzik ýaňakly, läle gözli mährem oglanjyk däl-de, çekgelerinde etleri tokgalanan, ýaňagy ýanan, maňlaýyna agyr günleriň möhri düşen ýigitlige-de ýetmedik adam durdy. Gözleri welin şol çaga gözlerdi. Şol Ilamanyň gözleridi.

Sülgün uýaldy. Ol ýorganyny çekişdirdi.

– Gel, Illijan, geç – Ilaman çarygynyň bagyny çalt-çalt çözüşdirdi. Soň töre geçdi.

– Gelneje, näme bolýar, saňa?!

– Wah, gelnejeň gursun. Bir döw-ä çaldy. Ýerimden galyp bilemok, didäm... Nämediginem bilemok...

Ilaman goltugyndan ýarty çörek çykardy.

– Gelneje, çörek getirdim. Men brigadada işleýän. Çörek, ýarma berýäler. Bu gün has köp berdiler. Onsoň saňa alyp gaýtdym.

Sülgüniň gözleri ýalpa açyldy. Onda nähilidir bir ägirt güýç emele geldi. Çöregi garbap alasy, ysgap-ysgap göresi geldi. Emma ejap üstün çykdy. Eli uzamady.

– Men häzir saňa çaýam gaýnadyp bereýin – Ilaman böküp turdy. Bir goltuk odun getirip peji otlady. Öýlerindäki suwdan getirip, tüňçäni peje oturtdy. Öý ýyladady. Ys-kok, çygyň dymyljyk ysy ýom-ýok boldy.

Ilaman jübüsinden düwünçek çykardy. Ondan böwürsleniň guradylyp, owradylan ýapragyny alyp lakyrdap gaýnaýan tüňçä birki çümmük atdy.

– Ine, şunam saňa getirdim. Böwürsleniň ýapragy. Çaýy gowy bolýar.

Sülgüniň gözüne ýaş aýlandy.

– Arkadagym, Illijan, bu ýagşylyklaryňy nädip gaýtararyn, didäm...

Ilaman çaý demledi. Sülgün çaýly käsä batyrýan çöregini çeýnemän ýuwudýardy. Gaýta-gaýta düwünýärdi. Ol döwüp alan çöregini iýip bilmedi. Gyzy Aýsoltan ejesiniň eline topuldy:

– Mekki, mekki. Iýme – Sülgün ýene-de ýuwdundy Ilaman jübülerini sermeşdirdi. Ol keýik aşygy ýaljak çörek çykaryp, Aýsoltana uzatdy. Emma gyzjagazyň sesi ýatmady.

Şol wagt öýe Meretgül, girdi. Ol öýdäkileriň howalasyny basdy. Sülgün ýaşmagyny agzyna çekdi-de ýygnanyp oturdy. Aýsoltanyň garaja gözlerindäki ýaş damjalary monjuk ýaly bolşup doňup galdy. Ilamanyň ýadyndan çykyşan ýaralary sorkuldap başlady.

– Manmy, mansaglykmy, a gyz – Meretgül samyrdap iç işige çökdi. – Soň Ilamana garady:

– Waý, toba, hudaýym, ölmedik adam her haýsyny görjek eken, gyz – Ol Sülgüni tutundy. – Gor, muny. etäňedi gör. Iki naçar bolup aglap-eňräp, görgimizi görüp ýörüs. Bu bolsa... – Meretgül ýaşmagyny ýalady. – Aý, musurman çagasy, sende bir rehim-şepagat bolmazmy? Sen bir erkek oglan ahyry, ýeňil aýak, kömek beräýmel-ä, geläýmel-ä...

Ilaman näme diýjegini bilmedi. Ol Sülgün gelnejesiniň önünde goýan çaýly käsesine büdräp ýerinden turdy.

Häzir onuň arkasynyň agyrysy bütin endamyna ýaýrap, ýüregi larsyldap urýardy. Ol öýlerine ugrady. Enäniň ejesiniň yzyndan gelýänini görüp, ýüki has hem agraldy. Arkasynyň ýaralary bolsa «men bar, men bar» diýip larsyldap durdular.

Ilaman garaňky ýagşy düşýänçä ýaprak ýygdy. Soňra ýapragy bir topbak edip, ýüpe çykady. Onam arkasyna aldy. Emma bolmady. Ol gyzgynyna inçejik ýüpi egni bilen batly dartyp dyzasa-da, netije çykmady. Gaýta, elhenç agyry gözlerinden gözýaş paýratdy Ol ýene-de oturdy.

Ilaman arkasynyň awusyna çydap, ýaprakly topbagy dyzanaklap, dyzanyp ýene-de arkasyna aldy. Yranyp, yranyp ýerinden galdy, soňra emaý bilen ýöräp ugrady.

Ol ýöräp barşyna dişlerini berk gysýardy. Arkasynda larsyldaýan ýaralar gyzyp awuşaýardy. Gürsüldäp-gürsüldäp gidýän ýüregi «Otur, otur, otur!» diýip, onuň erkine badak atýardy.

Ilaman dişini hasam batly gysdy. Dişiniň agyrysy näçe güýçli bolsa-da ýüreginiň gürsüldisinden üstün çykyp bilmeýärdi. Ol dodagyny dişledi. Dodagynyň awusy ýürege ornady. Şol arada ýüregine sowuk-yk salmak üçin pyşyrdap gürledi. «Häzir şo-ol salma çenli ýöräýin, soň oturaryn!» Salma ýetensoň aňyrky uly kesegi belledi. Kesege ýetensoň bellemäge pellehana gözläp töweregine gözledi. Ol uly ýola golaýlan wagtam gözleri ýalpyldap, tüwdürlip gitdi.

Güpürdä ýoldan geçip barýan kimdir biri «Waý» diýip seslendi. Soň tuduň ýapragyny şagyrdadyp bäri gaýtdy.

– Ilaman, Ilaman! – Ol ýapragy beýlä agdaryp, Ilamany ýerden göterdi. – Illi jan, näme boldy! – Ol Üzümgüldi.

Ilaman hyklap urundy, dyzanaklap ýerinden galjak boldy.

Üzümgül onuň köneje gulakjynyny kakyp başyna geýdirdi. Soňra arkasyndaky gumy kakjak boldy. Eli öle degip tisgindi.

– Aý, oglan, arkaňa näme boldy – Ilaman awap Duran ýagyrnysyna el degensoň hasam buruldy.

Waý, degme, degme, mugallym! – Üzümgül ýygrylyp gyra çekildi. Soň aýal dözümsizligi bilen oglana garady.

– Arkaň öl suw-la, seniň. Ýa-da...

Üzümgül Ilaman ýykylanda sypjyrlandyr öýtdi. Soň ol Ilamanyň alaja çit köýnegini dözümli galdyrdy. Ilaman ýene-de iňläp, buruldy.

Oglanyň arkasy joýa-joýa ýara bolup durdy. Ýaranyň ýüzi sypjyrylyp, ganjarypdyr.

Üzumgül ony görüp özüni aşak goýberdi.

– Näm boldy muňa, aýt ahyry.

Ilaman ony kösemek islemedi.

– Aý, neme, Akga birgat arkama gamçy bilen urdy – diýende onuň damagy doldy.

Üzümgülüň gözleri petredi:

– Haçan urýa, ol eli ysmadyk?

Üzümgül onuň jogabyny diňlemedem. Ol tekizräk ýerde oturyp, Ilamanyň kellesini dyzynyň üstünde goýup, onuň arkasyny emaý bilen sypalaşdyrdy. Ilaman gozganmady. Bu oňa şeýle hoş ýakýardy. Onuň ýüregindäki gam-gussa, agyry-ynjy gözlerinden damja bolup suwa mätäç bolup ýatan topraga damýardy. Şol wagtam nirelerden bir ýerden boýnuna, kellesine damýan hünjüleriň ýylysyny ýüregi bilen syzýardy.

Üzümgül zol-zol:

– Ejize ganym, näkes. Heý, beýtmek bormy? Ejize ganym, näkes! – diýýärdi.

Ol Ilamanyň kellesini dyzynyň üstüne alyp, arkasyny sypalap oturyşyna, birden özüne gelen ýaly boldy. Kimdir biri adyny tutýan ýaly boldy. Üýşerildi.

– Il-lu-u-uw, adyň ýitsin-u-u. – Bu gygyrýan Meretgüldi.

Ilaman oýa çümüpdi. Ol mugallymynyň gozgalaňa düşenini duýup özüni tutdy. Az-kem dynç alany üçin onuň süňňi ýeňläpdi. Dyzlaryna gurbat gelen ýaly bolupdy.

– U-u-uw – Meretgülüň gyryk sesi onuňam gulagyna ildi. Ol ýapragy säginmän arkasyna aldy. Ýük hälkiden ýeňläpdi.

Tutlukdan çykan ýerlerinde Meretgül garaşyp durdy. Ol oglany görüp ýüregi ýarylan ýaly boldy, ýöne Üzümgüli görüp sesini çykarmady.

Üzümgülem, Ilamanam olara golaý baranlarynda gapydaky ýabyny gördüler. Ol Akganyň ýabysydy.

Ertesi günorta çaglary Ilaman işden gyssanyp gaýtdy. Onuň biline daňan ýüpi her sagat gurçuga ýaprak ýygmalydygyny duýduryp durdy.

Ol tutlugyň bäri gyrasyndan bir arka ýaprak ýygyp, arkasyna alyp Enelere bakan ugrady. Howa diýseň gyzypdy. Tutlugyň içi bolsa hasam dymykdy. Şonuň üçin-de Ilamanyň tuduň kölgesine çökesi, az-kem irkilesi gelýärdi. Yssy howa, boýnuňy ýakyp barýaň der ýüregini darykdyryp, göwnüň diňe salkynlyk küýseýärdi.

Ilaman ep-esli ýöräp, bir salymjyk dynç almak üçin uly tuduň kölegesine çökdi. Agyr ýükden boşanyp, salkyn saýa ýeten beden häzir aýdyp bolmajak lezzeti alýardy. Oglan özüni dürsedi. Ýene-de ýüpi boýnundan alyp çekdi.

Şol wagt kimiňdir biriniň gülküsi ýakynjakdan eşidilen ýaly boldy. Ilaman gulagyna ynanmady. Indi gülki goşalanyp çykdy. Özem aýal adamyň, hemem erkek adamyň gülküsidi.

Ol ýüpi gowşadyp ýerinden turdy. Soň ýapragy goýup, gülküniň çykýan tarapyna ýuwaşja ýöredi.

Ilamanyň ýüregi gürsüldäp gitdi. Uly tuduň golaýjagyndaky üzüm çyrmaşan garry tuduň aşagynda otuň üstünde Ene bilen Akga brigadir otyrdy.

Akga brigadir Enäni gujaklap, bir zatlar diýýärdi, Ene bolsa jak-jaklap gülýärdi.

Ilaman edil ogurlykda tutulan ýaly boldy. Ol bulara seretmegem uslyp bilmedi. Ýöne onuň titräp duran aýaklary ädilmejek bolýardy. Şonda-da gaýrat edip, ýygan ýapragynyň ýanyna geldi. Emma arkasyna alyp bilmedi. Olar henizem gülşüp gürleşip otyrdylar.

Ilaman olaryň deňinden geçmäge utanýardy. Şonuň üçin ýene-de ep-esli garaşdy. Emma işe-de ýetişmelidi. Gurçugyňam ýapragynyň gutaran bolmagy ahmaldy. Şonuň üçin-de, özüne zor salyp ýerinden turdy. Agyr-agyr ädimläp olaryň deňinden geçip gitdi, ýöne ýekeje gezegem şol tarapa garamady. Barybir, Akganyň Ene bilen gysmyljyraşyp, hahahaýlaşyp gülşüp oturanlary onuň gözünden gidenokdy.

Ilamanyň ýüregi gussadan doldy. Ol ýaşly gözleri bilen Enäniň keşbini ýadyna saldy. Öňki Enä derek solak, bihaýa keşp onuň gözüniň öňünde dikeldi.

Şol günden soň onuň Enä bolan hormaty öçdi. Onuň çaga ýüreginde ýene-de bir adamyň orny boş galdy.

Kauçuk ýaşajyk ýowşan ýaly bolup, gün-günden boý alýardy. Şeýle möhüm ähmiýetli zat bolansoň, keleme, bugdaýa tutulmaly suwuňam ilki bilen şoňa tutulýan wagtlary az bolanokdy. Onuň otuny otamaga, düýbüni ýumşatmaga aýratyn üns berýärdiler.

Aslynda bu ösümligiň şu töwereklere ilkinji gezek ekilişi bolansoň, baý «näzini» çekýärdiler. Raýondan yzygiderli gelýän wekiller ilki bilen şol plantasiýa aýlanyp görýärdiler.

Anna aga günde bir, kä gün bolsa iki gezegem şu ýere aýlanýardy. Ol bu günem kauçuk plantasiýasynyň gyrasynda atdan düşdi. Soňam göni Ilamana bakan gaýtdy.

Ilaman Anna aganyň Akga brigadirli meselede kakasyna azgyrylanyny undanokdy. Şonuň üçinem ondan daşrak bolanyny kem görmeýärdi. Ol kakasy fronta ugrajak bolanda başlygyň gelip gideninden habarsyzdy. Şonuň üçin, häzirem süňňündäki gorkynyň ygtyýaryna berlip gidere ugur gözledi. Başlyk bolsa ýetip gelipdi. Ol alaçsyz salam bermeli bolupdy.

– Maleýkim, essalam, tüweleme, Ilamanjan, sen dänim ullakan ýigit bolup barýaň. Berekella köşegim, berekella – Başlyk kellesindäki tüýi gytygrak telpegini depesine süýşürip, derden ýaldyrap duran maňlaýyny gamçyly eliniň bir barmagy bilen syrdy. Ilaman barmaga ilen der damjalarynyň düşjek ugruna garşy seretdi. Ýöne damja syçramady.

– Oglum, by, Üzümgül gelin bir zat diýdi. Akga brigadir dänim gamçy bilen seni saýgylapdyr – diýdi. Bu dogry gepmidir?

Ilaman ynjyly gürledi.

– Arkama urdy. Henizem yzy gidenok.

Başlyk onuň köýnegini galdyryp arkasyna seretdi. Soňam hiç zat diýmän atyna bakan ugrady.

Aňyrrak baryp ýene-de yzyna öwrüldi.

– Sen arkaýyn işläber, elini dänim batyran bolmaz...

Ilamanyň arkasyna gamçynyň salan tasmasy Anna aganyň ýüregini endiredipdi.

«Heý, neresse çaganam beýdäýmek bormy? Bu adamyň ýüregi daşdanmyka? Özem-ä indi ep-esli ýaşan adam... Häk, Kerwen, Kerwen men seniň göwnüňe dänim, biderejik degdim-dä, gardaş. Seniň dänim, aýdan kepiň ýüregimden haçan çykar indi. Ýürege dänim, çykmajak dert-hä salansyň, gardaş...»

Anna aga Akga brigadiri göz öňüne getirdi. «Işenir, agyzly – diýip dänim depämize çykaraýdykmy?»

Ol atynyň başyny çekdi. Birki günlükdäki bolan wakany ýadyna saldy.

...Uruşdan ewakuirlenip, «Ynkylap» kolhozyna getirilen çagalara seretmäge birneme ýaşrak, mugallymçylykdan, rus dilinden başy çykýanrak zenan maşgala-da gerekdi. Şonuň üçin Anna aga raýona gidip magaryf bölümi bilen ýörite maslahatlaşyp, bu ugurda kömek bermeklerini sorapdy. Şonda oňa Üzümgül mugallymy salgy beripdiler.

Başlyk Üzümgüli görmek niýeti bilen Çynarla barypdy. Habaryny aýdansoň, öňem uruş turaly bäri yzygiderli okuw geçirip bilmän ýören Üzümgül bu işe gitmäge göwünjeň razy bolupdy. Anna aga şonda bu gelniň dogumlylygyna haýran galdy.

– Başlyk, öz aýagyňyz bilen geldiňiz. Meniňem size bir aýtmagy niýet edinip ýören zadym bardy. Ýörite ýanyňyza barjakdym özem.

– Sen, dänim, çekinme, gelin...

Üzümgül onsuzam çekinip duranokdy. Ol öňden bäri ýüreginde dykyn alyp duran gazabyny howlukman, sowuklyk bilen söze geçirdi.

– Anna aga, il-bende gara günde. Özüni oňarýanymyz gan döküp ýör. Aýal-ebtat, garry-gurty, çaga-çugasyna çenli gara günde. Asyl azgynçylyk ýadyňa düşer ýaly däl...

Başlyk howlukdy.

– Sen dänim, gyzym, daşdan aýlama-da, diýiber...

Üzümgül gazabyna näçe bäs gelip bilmese-de, göwnündäkini birbada aýdyp bilmedi. Olam gyssandy.

– Diýip, diýmez ýaly zat ýok bu ýerde. Siziň Akga brigadiriň edip ýören azgynçylygyny görmän ýörşüňize biz-ä haýran.

Başlygyň gabaklary sallandy. Ol öz adyna aýdylan tankytdan däl-de, brigadire ýöňkelýän myjabatdan gorkdy. Ýöne gürrüňiň arasyny bozmady. Üzümgül özüniň gepini subut edip bilmez öýtdi.

– Indi näçe wagt bäri Goçaklynyň gelni bilen-ä masgara bolşup ýörenlerini uly il gürrüň edýä...

– Sen, gelin, iliň gürrüňi bilen gürrüňli boljak bolma. Il agzyny...

– Il gürrüňi däl, şonuň atynyň Eneleň işiginde duranyny özümem telim gördüm. Onsoňam iliň ýok gürrüňi tapyp, ony süýndürip, sarkdyryp ýörere şu wagt elem degenok. Düýbünde bir zat bolmasa gürrüň edilmez.

Üzümgülüň gaşlary çytyldy.

Onsoňam, Kerwen aganyň ogly bir neresse çaga. Golundan gelse, ýok, hökman kömek etmeli adamyň biri şol. Kömekden-ä geçen, ony ne günlere salypdyr.

Başlyk parhsyzrak gürledi.
– Ol oglan dänim, allanäme işläp ýör ahyrym.
– Senem başlyk, ol oglan işläp ýörende-de, git-de arkasyny bir gör. Heý, ynsan balasyny beýtme bolarmy? Kerwen aga bolan bolsady, onuň dyrnagyny döwdürermidi.
Üzumgül janykdy:
– Atasy frontda, garawsyz galdy diýip etjegiňi ediberer ýaly, ýurdy alahekge soranok. Kolhoz çäre görmese, çäre görjek tapylar. Ýöne size dadymyzy aýtman, kime aýdaly.
Anna aga Üzümgüli köşeşdirdi.
– Sag bol, gyzym! Sen dänim, maňa gowy ýatlatdyň. Şu zatlary aýtdyrman özüm duýmaly, görmeli. Ýöne dänim, bolýamy. Sen, gaýrat et dänim, şol çagalara göz-gulak bol. Bu zatlaň ugruna, özüm dänim gowja çykaryn...
Üzümgül mert maşgala diýip, Anna aga häzir şol gürrüňi ýatlap oturyşyna oýlandy. «Gaty hak aýdypdyr. Kerwen oglunyň beýle-beýle bolmagyna dözermidi. Heý, beýle-de bir dänim, naýynsaplyk bormy?»
Ol özüne käýindi:
«Birine ynananymda dänim dagyň sili ýaly yňdarylmalymy diýsene. Şonuň gepine gidip Kerweni ynjydanymam adamçylyga sygjak zat däl ahyryn. Indi bütin ömrüňe dert çekde ýör».
Başlyk Ilamanyň ýanyndan gaýdansoň, göni Akganyň brigadasyna gitmegi ýüregine düwenem bolsa, häzir başga hyýala mündi. Ol atyny Çynarla sürdi.
Enäniň öýdeligi başlygy geň galdyrdy. Ol ýaş gelniň lowurdap duran ýüzüne, bu günleriň ýagdaýynda has ýiti görünýän üst-başyna göz aýlady. Ýöne gürrüňi esasy meseleden başlabermedi.
– Gelin, gurgunmy, saglygyň ýagşymy?
Ene ýaşmagyň aşagyndan «ýagşy» diýse-de aljyrady. Ol başlyk üstüne geler diýip garaşmadyk borly. Özüni ýitirdi. Ýöne başlyk gepi kän daşdan aýlap durmady.
– Işde, beýlekide dänim, görünmänsoň, jany beri sagmyka? – diýip, dänim gaýdyberdim. Sen-ä tüweleme, guraw ekeniň. Onsoň haçan işe çykjak?
Ene ýaşmagynyň agzyndan gaçanynam duýmady. Ogurlykda tutulan ýaly bolup durşuna:
– Haçan git diýseňiz gidäýerin – diýip erksiz pyşyrdady.
Başlygam soňky sözüni aýtdy.
– Häzir ugra işe. Sebäpsiz ýeke günem galma. Sen dänim, çaga däl ahyryn. Hemme zady diýip-aýdyp etdirer ýaly. Çagalar dänim, çyr-çytyr bolşup, meýdanda ýatyp, meýdanda turýar.
Anna aga gazabyny ýabysyndan çykardy. Ol Akgaly gürrüňi soňa goýmakçydy. Şonuň üçinem atyny göni kontora garşy sürdi. Ýöne ýolda Çynarla bakan gelýän Akgany görenden soň welin gazabyna bäs gelip bilmedi. Ol hemişe kimdir biri gelýän bolsa atyny saklap, garaşardy. Saglyk-amanlyk soraşardy. Ýöne bu gün beýtmedi. Ýabysyny Akganyň göni üstüne sürdi. Bara-barmana-da sowala tutdy.
– Birgat, ugur nirä?
Akga başlygyň ruhunda nähilidir bir özgerişiň bardygyny aňdy. Şonuň üçin sypjyklyk edip jogap berdi.

– Başlyk, seniň bilen iş barada maslahatlaşjak zadym bardy. Ýany «puront erige» barsam, sen Çynarla geçdi diýdiler. Onsoň yzyňdan baraýyn-la – diýip gelşim – Häzir Akga ýalan sözleýärdi. Ol Enelere barýardy. Onuň «front erige» baranam ýalandy. Ýöne başlyk onuň bu gepini alga alyp durmady.

– Mesladyň bolsa, dänim, kantura bar. Ýöne häzir sen maňa jogap ber. Kerweniň ogluny näme diýip, dänim beýtdiň?

Akga aljyrady. Ol başlyk bu zatlardan habarlydyr diýip, asla pikirem etmeýärdi. Bu gürrüňler başlygyň gulagyna ýeterem öýtmeýärdi.

– Jogap ber! – başlygyň sesi zarply çykdy. – Ony eklediňmi, sakladyňmy? Sen dänim, semräp ýörsüňmi? Ýa edenim öz ýanymdan gider diýip dänim, oý etdiňmi, hä?

Akga näme diýjegini bilmedi. Ol ýalbarmagy ýüregine düwdi.

– Adyňa döneýin, başlyk. Öwliýä kessin. Heý, men oňa elimi degirjekmi? Men, ýok, ol gurçugy taşlap işanlaň ýerine işe gidipdir. Onsoň, hol Enäniň ejesi, hol Goçaklyň gaýyny-laý, aglap dur. Menem: «aý, inim, beýtme, işleseň iş tapylar, sen bir entek gurçugy sowuş diýsem, ýaňky, hol Akjagülüň ogly Hudaýberdi bilen topuldy üstüme. – Akga suwjuk ýylgyrdy. Soň kellesini silkeläp gürrüňini dowam etdi – Menem oýun edip gamçymy bulaýladym welin bijaýrak degäýipdir. Soň duýup, gynandym. Bu gürrüňler saňa ýeter diýip kelläme-de gelenok. Aý, bolan zat ýog-a diýip ýörün.

Başlyk sesini çykarmady. Ol häzir Akganyň gepine ynananokdy. Asyl indi onuň garşysynda duran öňki Akga brigadir däl ýalydy. Şonuň üçinem ony burça gysdy.

– Bi, Ene-de dänim, seniň üstüňe topulyp durmy?

Akganyň çaşy gözi çerreldi.

– Haýsy En-äý, ol – Anna aganyň ýadyna oýnuň düşmeýändigini görenden soň welin, ýeli çykan tulum ýaly myssardy. Ýöne ýene-de sypjyklyk etdi.

– Öwlüýä kessin, Anna agajan, indi näçe wagt bäri şolara ysymam düşen däldir. Dogry, ýaza golaý birki sapar çaý içip gaýtdym. Soňam dogrusy, iliň dilinden gorkup barmamy düýpden kesdim. Aý, dogrusy gowam däl-däý. Äri ýok, aty ýok öýünde...

Anna aga Akganyň gepine ýene-de ynanmady. Şeýle- de bolsa, onuň ýüzüne hiç zat diýmedi. Ýöne gürrüňi welin has gazaply jemledi.

Sen gepiňi ýandaklyga urup dursaňam, bir zady bilip goý. Mundan beýläk dänim beýle zat eşidilse menden gaty görme. Onnaň dänim, gowy bolmajagyny özüň bilýänsiň. Şu obada garaň dänim, görünmesin. Işiň, aladaň ýokmy? Brigadyňy taşlap bu ýerde gezip ýörer ýaly. Galanynam soň göreris.

Başlyk ýabysynyň böwrüne gamçy çaldy.

**5.**

Tomsuň ahyrlarynda iş hasam gyzyşdy. Kauçuk ýetişdi. Ol «front meýdany» tutup, agaryp ýatyrdy. Aýallar, çagalar, ýowşan ýaly, ýöne has agyrak, düýp-düýp ösümligi oraklap, kätmenläp düýbi bilen köwläp alyp, desse-desse edip basyp goýupdylar. Indi ony raýon merkezine daşamak galypdy. Bu meseläni çözäýmek aňsat däldi. Arabalar aty, öküzi bilen fronta diýlip ugradylypdy. Arkaň bilen äkiderdenem raýon merkezi daşdy. Äkideýin diýseňem adam güýji ýokdy. Şonuň üçin-de bu gün «front erige» Anna aga has ir gelipdi. Ol näme etmelidigini kolhozçylar bilen maslahatlaşmakçydy.

«Front erigiň» aşagy günorta boldugy toý mähellesini ýadyňa salýardy. Ilaman şu erigiň töweregindeň owadan meýdan hiç ýerde ýokdur diýip oýlanýardy. Günortanyň jöwzasy kauçuk ösümliginden ap-ak bolup ýatan meýdana ýaşylymtyl, gyzylymtyl reňk çaýýardy.

«Front erigiň» günorta gapdaly bolsa gözýetime çenli oraga gelen bugdaýly meýdandy.

Arpanyň orulmagy, bugdaýyň ýetişmegi bilen adamlaryň şähti açylypdy. Indi işgärler üçin her günde üç tamdyr çörek bişirilýärdi. Her kime ýarty çörek berilýärdi. Düýn bolsa her kime ýarty bedre arpa uny paýlanypdy.

Anna aganyň aýtmagyna görä, ýagdaý mundan beýläk erbet bolmaly däldi. Öňde duran esasy wezipe bolsa ýetişdirilen hasyly çaltrak ýygnap döwlete tabşyrmakdy. Şonuň üçin-de, başlyk hasyl ýygnalýança, bolmasa gije-de birneme işlemegi haýyş etjek bolýardy. Gündiz hasyl ýygnalsa, agşamam raýona ýük çekilse iş bitjekdi. Başlyk adamlara häzir agram salmaly däldigine düşünýärdi. Ýöne nätjek, döwür agyrdy. Gün kyndy. Gündiz sütüni süýnen adamlaryň agşam ýük çekmäge eliniň degjegem heniz belli däldi. Ýöne nätmeli, ugruny tapmaly-da, başyny bir başlap bolsa, agşam edilen iş ertir görseň biri edip beren ýaly boljakdy. Adamlar şony bir duýsa, galany bitjek gitjekdi. Başlyk munuň üçin häzir köpçülige sala salmagy niýetine düwüpdi.

Günorta arakesmesinde arpa unundan bişirilen çörek bilen gowurdakly bugdaý ýarmasy adamlaryň gözüne degdi. Adamlaryň ýüregindäki alkyşy Tagy gelin başlyga aýtdy.

– Anna aga, gelinler saňa ullakan taňyrýalkasyn aýdýa. Bizi sylasa, seni hudaý sylasyn diýýäler.

Anna aga-da olaryň göwnüni galkyndyraýjak söz aýtdy.

– Bile ýalkasyn gyzlar, bile ýalkasyn. Bu bir dänim, siziň öz zähmetiňiz, öz azabyňyz. Siziň dänim, ömrüňiz uzak bolsun.

Anna aga ýene-de köp-köp hoşamaý sözleri aýtjakdy. Emma saklandy. Öňde agyr mesele bardy. Şony çözmelidi. Ol häzir Durdy ýasawulyň gelerine garaşýardy. «Ýaşuly adam, näme-de bolsa ýagdaýy gowy bilýär-dä».

Emma onuň diýeni bolmady. Durdy ýasawul eglendi. Anna aga adamlar naharyny iýere mähetdel:

– Sapargül gelin – diýdi, Sapar brigadir öz ady tutulan badyna ýaşmagyny agzyna çekdi. Ýalajak bolup duran ýarmaly barmagyny saçaga süpürip ýerinden turdy.

– Sen dänim, ýeriňden turma, arkaýyn iý-iç çaý-nanyňy. Bolaňyzsoň dänim, bir maslahat boljak siz bilen.

Adamlar çaýa garaşyp durmadylar. Ileri-ileri süýşdüler.

Ilaman Hudaýberdiniň ýanynda oturdy. Hudaýberdi agzyna otuň guran baldajygyny salyp, dişini synçgaýardy. Ol derläpdi. Gözleri bolsa Anna aga bakanda lowurdap-lowurdap gidýärdi.

Ilaman başlygy synlady. Ol ýasy telpegini eline alyp, tahýaly takyr kellesini garşy-garşy sypalaýardy. Onuň solgun jüjürkesiniň gursak jübüsi kagyzdan pökgerip durdy, damarlak hor elleri bolsa titräp duran ýalydy.

Anna aga gürrüňi başga ugurdan başlady.

– Adamlar, bu ýyl, dänim, hasyl gowy. Nesip bolsa, ýykma-ýykylma gün görmäge dänim, ýetjek. Gamyşlynyň, Garaňkyçeşmäniň, onsoň dänim darawanyň

gallasyny isrip etmän ýygnasak urymyz Semen baýyň urusyna dönjek. Emma dänim, başga bir mesele bar.

Adamlardan ses-üýn çykanokdy. Diňe «front erigiň» şahalary niredendir bir ýerden şemal alyp, şelpelenip, assaja şybyrdaşýardy. Ýaşuly böwrüni diňledi, ol misli uly märekäniň içinde öz-özi bilen gürleşip oturan ýaly hopukdy. Adamlaryň ýüzüne ýekän- ýekän garady. «Hana Kerweniň ogly otyr. Onuň ullakan kirpikmen gözleri Sona pahyryň gözlerine çalym edip dur. Bürgüt kellesi, agajat çekgeleri, seýregräk gaşy agynjak Kerwen-dä. Heniz neresse çaga-la, ol. Şol oglana işden surnugyp çykansoň nädip işle diýjek. Ine, Ogultäç, ol bir bili bekemedik naçar ahyry». Ol Ogultäjiň dört örülen tokmak ýaly saçyny, başyndaky güne agaran tahýasyny, epgege köýen ýaňaklaryny dözümsizlik bileň synlady. «Ýa goýbolsun edäýsemmikäm? Onda bu hasyly nätmeli, ýylboýy dökülen, azap edilen hasyly nätmeli, onda. Garaşmaga hany wagt, soňa goýsaň biri edip berjekmi? Ýene özüň etmeli ahyryn...»

Başlyk dikeldi. Ol gursak jübüsinden bir kagyz çykardy. Oňa ýiti-ýiti garady.

– Maňa yraýondan hat geldi, onda dänim ýetişeň hasyly ýygnaweriň-ýygnaweriň diýip aýdylýar. Diýmek dänim, siziň gaýratly kömegiňiz gerek. – Ol ýene-de oýa batdy. Adamlara gözüni aýlady. – Emma, dänim, size agram salmaly däl, ýöne başga bir dänim alaç ýok. Hasyl ýetişdi. Köwçügi raýona dänim äkitmeli. Emma, ne ulag bar, ne güýç bar. Indi dänim, näme etsek gowsy boljak.

Adamlardan ses çykmady. Olar başlygyň beýdip oturmasynyň sebäbine, onuň bu adamlardan näme isleýändigine düşünmeýärdiler.

– Anna başlyk, bu wagt maslahatyň wagty däldir. Purontda oglanymyz gan döküp ýör, biz bu ýerde nätsek bize ýeňil bolarka diýip bilmeris. Sen bize näme etmelidigini aýt – adamlar gapdala ýaltyldaşdylar. Ol Durdy ýasawuldy. Ol öňem bir berdaşly adam däldi. Häzir welin ýumruk ýaljak bolup otyrdy. Ol başlygyň sözüni diňläpdi. Onuň näme diýjek bolýandygyny-da çigitläpdi. Ýöne onuň sözüni aýdaryna garaşypdy. Başlyga häzir goldaw gerekdi.

– Hä, ýasawul, sen geldiňmi? Biz-ä bilmändirisem – Anna aga sözüni dowam etdirdi. – Durdym, meniň diýjek bolýanym, hasyly yraýona äkitmek üçin güýç gerek. Gündiz bulary ýygnamaly, ony çekmegem gijä goýsak nähili bolar – diýip, däninim geňeş salýan.

– Sen bize geňeş salma, näme etmelidigini aýt, başlyk.

Anna aga geregem şoldy.

– Geliň, onda, diýmek dänim, agşam köwçükden birneme yraýona aşyralyň.

Oturanlaryň biri towlanjyrap gürledi.

– A gyz, öýde mal-gara-da bar, neneň bolarka? Hany oňa araba?

– Adamlar, bir dänim bäş-alty gün hiç zat bolmaz. Ulag ýok. Adama bir goltuk eltsegem, peýdadyr. Tapanjamyzy alarys. Ine dänim, meniň ýabymam goşuň.

Gowurdy başlandy.

– Anna aga, Anna aga – Hudaýberdi gepi diňlenmänsoň ýerinden turdy. – Anna aga, sen ýabyňy ber, meni kamandir belle. Men seniň ähli otuňy yraýona çekeýin. Diýen adam-paýymam ber.

Anna aga oňa ynam etmedi.

– Bu dänim oglan işi däldir, Hudaýberdijan. Sen dänim...

– Ýok, meni kamandir belle. Men obanyň ähli eşeklerini ýygnaryn, adamam taparyn. – Bu gep Durdy ýasawulyň göwnüne makul boldy.

– Anna, sen «hä» diý oglana, ol dogumly oglandyr.

Başlyk oňa ýene-de bir gezek göz gezdirdi.

– Bar, sen diýmek däninim, kemendir.

Aýallar Anna aganyň sözüne gülüşdiler. Hudaýberdi bolsa häzir diriň-diriň böküýärdi. «Men kamandir, men kamandir, ur-ra!»

Durdy ýasawul hem mys-mys güldi.

Başlyk bu teklibi işde synap görmegi makul bildi. Ol Durdy ýasawuly hem bu işe goşmagy göz öňünde tutýardy. Ol: «Durdam, agşam salkynda kömek ber diýsem «ýok» diýip durmaz-la – diýýärdi. Şeýdip bu mesele çözüldi hasap etdi.

Diňe şondan soň adamlar gazetiň täze nomerinde çykan habary diňlemäge oturdylar.

## 6.

Iş diýseň gyzgalaňly gidýärdi. Kauçuk petdeleriniň sähelçe bölegi galypdy. Adamlar garşydaky meýdanda orak orýardylar. Ilamanam indi işe ýagşy öwrenişipdi. Ol tüwesini gölesi bilen dagdaky sürä goşupdy. Işden başga azar ýetirýän zat ýokdy. Onuň keýpini göterýän zat raýona kauçuk çekmekdi.

Hudaýberdi öz diýenini gögertdi. Oba-oba aýlanyp otuz dokuz eşek ýygnady. Agşam şol eşeklere kauçuk desselerini ýükläp raýon merkezindäki «Zagatkontor» edarasynyň howlusyna basýardylar. Hudaýberdi, Durdy ýasawul, Ogultäç hem-de Ilaman! Bular diýseň göwünjeň işleýärdiler.

Ilaman muňa diýseň begenýärdi. Kakasy dagy eşidäýse gör näme diýer, berekella, Ilaman. Ol ýadamany, ýaltanmany bilmeýärdi. Indi günorta naharynda etlije çorba-da berýärdiler. Özem bugdaý unundan bişen çörek bilen. Işläp-işläp gelip ýumşajyk çöregi ýagly çorba bilen iýende Ilamanyň gözi ýerine gelýärdi. Onuň işden ýaňa hiç zada eli degmeýärdi. Sülgün gelnejelerine baraýyn diýip gaty kän gün bäri niýet edip ýör. Emma gijäniň bir wagty öýe gelende elinde, aýagynda ysgyn-mydar galmaýardy. Öli ýaly ýatyşyna işe zordan ýetişýärdi. Ertesi ýene-de şol iş, şol alada. Giç öýläne çenli bugdaý orup, soňam raýona kauçuk daşamalydy...

* * *

Bu gün hem çalt geçdi. Hudaýberdi eşekleri kauçukly meýdana sürüp getirdi. Durdy aga bilen Ilaman aýratyn ýüpe kauçuk çykaýardylar. Hudaýberdi bilen Ogultäç bolsa başga ýerde çykaýardylar.

Ilamanyň Hudaýberdä gözi gidýärdi. Ol ot ýalydy. Ogultäç ýüpleri goşa-goşadan ýazyp ýetişdigi, Hudaýberdi onuň üstüne kauçuk petdelerini daşap ýetişýärdi. Onuň aýagy ýere degenokdy. Ol «komandirdi». Bir kolhozyň peri ýaly gyzy hem onuň bilen bile işleýärdi.

– Bol, köşegim bol, olardan galmaly – Durdy ýasawul Ilamany gyssady.

Ilamanyň bolsa göwni hyýaldan, başy pikirden doludy. Ol diýseň haýal işleýärdi. Durdy aga oňa düşünýärdi. Heniz on iki süňňi bekemedik oglanjyk är işini bitirip ýörmänmi näme? Ýaşulynyň özem işi keýp edip işlänokdy. Şonuň üçin Ilamana-da gaty-gaýrym söz aýdasy gelenokdy.

Ýükler taýýar boldy. Hemişe bolşy ýaly, ýükleri Hudaýberdi eşegiň üstüne atýardy. Emma oňa agyr düşýäni bellidi. Bu gün Ilaman bilen Durdy aga bileleşip ýuwaşrak eşekleriň üstüne ýük atdy. Hudaýberdiniň eşekleriniň başyny Ogultäç tutýardy.

– Duruň, howlukmaň, özüm bararyn – Hudaýberdi ýüki atyp, ýüpüni eşegiň garnynyň aşagyndan çekip durşuna gygyrýardy. Durdy aga her ýük atanyndan soň bilini tutup ep-esli durýardy.

Eşekleriň arasynda boýy kiçijik, ýuwaşja eşek bardy. Ilaman şony kiçiräk topbak edilip çykalan ýüküň gapdalyna söýedi. Soň ýüküň goşa ýüpüniň bagyndan pugta tutup özüne dartdy. Ýük süýşdi. Ilaman ýuki birden öňe garşy ýokary göterip, eşegiň üstüne atdy.

Onuň injikleri sandyrap, bili şatylap gitdi. Kiriş ýaly dartylan damarlary aýagyny gajatdy. Ýük ýerine düşüpdi. Ilaman begenjine agyrysyny duýmady.

– Biliňi agyrdarsyň, aý, oglan – Ogultäjiň mylaýym sesi oglanyň ýüregine ornaşyp, gulaklaryny şaňlatdy.

– Eý, paňkelle, seniň aklyň ýerindemi? Garaş diýildi saňa, ýa-da kamandiriň diýenini etmejek bolýarmyň? – Hudaýberdi aňyrdan ylgap gelşine topularly göründi. Ýöne beýtmedi.

– Men saňa ýagşylyk diýýän. Agyr ýük göterip biliňi döwjek bolýarmyň? Onsoňam kamandir günäkär, saňa.

Hudaýberdi gelip ýüki düzedişdirip, ýüpleri çekişdirdi. Ilaman onuň üstünden gelýän deriň ýiti ysyna çydaman gapdala sowuldy. Onuň bili jyzlap durdy.

Ýük çekmekde Ilaman üçin iň kyn zady ýüki eşeklere ýüklemekdi. Soňam eşekleri araba ýola çenli sürüp äkitmekdi. Onsoň tä raýon merkezine ýetilýänçä arkaýyn bolaýmalydy.

Eşekleri ýola salmakda Hudaýberdiniň öz plany bardy. Ol araba ýola çenli erkek eşekleri yzdan sürýärdi. Araba ýola düşenden soň, olary öňe geçirýärdi. Bolmasa urkaçy eşekler ýoldan çykyp, agyzlaryny çöpe urjak bolup durdular.

Araba ýol diýilýän ýer «Ynkylap» kolhozyndan raýon merkezine barýança araba gatnaýan uly ýokdy. Ol oba arasyndaky ýodajyklara garanyňda giňdi, tekizdi. Onuň ugrunda ot-çöpem bolmansoň, eşekler azar bermän ýöreýärdiler.

Otuz dokuz eşek we bir ýaby ýola düşdi. Hudaýberdi iň öňdäki daýaw ak eşegiň nogtasyndan tutup barşyna Ogultäje gygyrdy.

– Ogultäç, gel. Gel bäri.

Eşekler dogry ýola düşensoň Ogultäç şol ak eşege münýärdi. Hudaýberdi onuň uýanyndan tutup, yzdaky eşeklere göz-gulak bolup gidýärdi.

Ilaman öňler ortarakdan, hälki ýük ýüklän boýy keltejik eşeginiň gapdalyndan ýöreýärdi. Bu gün onuň ýüregine ýakymly duýgular gelip, ony birhili götergiledi.

Aý dogup, päkize asmanda asylan äpet çyra ýaly bolup araba ýoly ýagtylandyryp durdy. Kolhoz obasynyň içi çolady. Hiç ýerde yşyk görünmeýärdi. Biri-birine ýapbaşyp duran pagsadan salnan jaýlar diýäýmeseň, bu ýeriň obadygam bildirmeýän ýaly bolup durdy. Diňe käwagt itleriň ýalta «hawwuldysy» eşidilip gidýärdi.

Şeýle imisalalyk, günbatardan öwüsýän salkyn şemal Ilamanyň süňňüni rahatlykdan doldurýardy. Oglan rahatlygyň beýle lezzetini köpden bäri duýmandy.

Häzir onuň kim bilendir gürleşesi gelýärdi. Eşekler setir bolup günbatara garşy gidip barýardy. Öňde Hudaýberdi bilen Ogultäjiň ýuwaşja gürleşýän sesleri eşidilýärdi.

Ilaman eşeklere göz aýlady. Äpet gabaraly, ap-ak ýüküň bilinden geçýän ýüpleri synlaýardy. Hemme zat ýerbe-ýerdi. Ol Durdy aganyň deňine geldi. Ýaşuly bir eli bilen bilini tutup, biri bilenem ýabysynyň uýanyny çekip agyr-agyr ädimläp barýardy. Ol Ilamany görüp az-kem dikeldi.

– Galmagyn yza, eşeklere äň edewergin. Ýüküni agdaraýmasyn.

Ilamanyň ýaşuly bilen gürleşesi geldi. Ol ondan bir zatlar soraşdyrasy, ony gürledesi, başaryp bilse göwnüni awlasy gelýärdi.

– Durdy aga, uruş haçan gutararka?!

Ýaşuly asmana garady. Soň çalaja büdräp gitdi. Ol assaja hyklap, dyzyny tutdy.

– Aý, ogul, urşuň haçan gutarjagyny alla bilsin.

Ol soň sesini çykarmady. Ilamanyň oňa nähilidir bir gowy habar aýdasy gelýärdi.

– Üzümgül mugallym bar-a, Durdy aga, şol-a şu ýyl gyşa galman gutarsa gerek diýýä – Ilaman ýene-de bir topar zatlar aýtjakdy. Ýöne mundan artyk ýalan sözlemäni uslyp bilmedi. Bu ýalan hem däldi. Onuň öz hasaby bilen uruş gyşa çenli gutaraýmaly ýalydy.

– Şeýle bolsun-da, dostuň ogly. Diliň-diýşiň bitindir, diýeniňi alla basym kabul etsin-dä – Ýaşuly ýadaw gürleýärdi.

– Durdy aga, şu Oraz şyh bar-a, şol bar-a, biziň öýmüziň töweregine her günde aýlanyp gidýär. Özem bir hili adam-laý. Il bilen işi ýok. – Ilaman öz agyrýan ýerini tutdy.

Ol Oraz şyh barada köp zatlar bilmek isleýärdi. Ýöne kimden sorajak. Durdy ýasawul şol adam barada bir zatlar bilýän bolmalydy. Ilaman gürrüňi başlamaga çekinip ýördi. Bu gün özi duýman bu sowaly orta atdy.

– Durdy aga ýadaw göwresine agram salyp, ýalt edip Ilamana garady. Soň näme diýjegini bilmän sägindi. Ol ýuwaşja büdreýärdi. «Çüw, çüw» edip ýabysyny gyssaýardy. Ara dymyşlyk düşdi. Ahyry ýaşuly dillendi.

– Oraz şyh nirden ýadyňa düşüp ýör seniň.

– Ol obada gezip ýör-ä.

Durdy ýasawul «hym» diýip seslendi-de, ýene-de ýabysyny gyssady.

– Oraz şyh köne adamdyr, ogul. Biz olaryň kötegini kän iýendiris. Seniň ataň agasyna Nury diýerler. Olam olaň hyzmatyny kän edendir.

– Olar onda nämüçin Çynarlyda ýaşanoklar. Ilamanyň sowaly ýaşulyny alada goýdy. Ol häzir hakykaty aýtmak islemeýärdi.

– Sen Illi jan, Oraz şyh bilen, beýleki bilen işiň bolmasyn. Ol adamlardan näçe daş bolsaň, şonça şat bol. Aç başyň, dynç gulagyň bilen gezde ýör.

– Ýok, men ony başga zat üçin soramok. Dädem aýdypdyr, Oraz şyhy Durdy ýasawul gowy bilýändir, şondan sora diýipdir, hemmesini aýdar diýipdir, arada maňa hat geld-ä ondan.

Ýaşuly Ilamanyň ýüzüne ýene-de bir gezek garady.

– Aý, bolmady, ataňy ara saldyň, dostuň ogly.

Durdy aganyň göz öňüne Çynarlynyň geçmişi geldi. Giden ýaýla gara öýdi. Seýit şyhyň kowum-garyndaşlarynyň öýi ýaýlany tutup ýatyr...

– Aý, köşek, ol günleriň azabyny sanasaň sogaby ýokdur. Onda-da Seýit şyhyň görkezen güzaplaryny. Oňa Seýit baý diýerdiler. Onuň kakasyna Italmaz diýerdiler. Onuň ýeke ogly şu Oraz şyh bolmaly. Ganojakdyr, ganojak. Bylaryň maly, dünýesi jahana sygmazdy. Ýöne balşebik geläýdi. Balşebik gelen ýylam bylar serhet boýunda ýaşadylar, menem äkitdiler. Baýyňky hemişe baý, garybyňky hemme ýerde şol gedaýlygy.

Şolaryň malyny bakyp, baý entändiris-ä. Onsoň bir gün näme bolsa şol bolsun diýdim-de, Nury neresse bilen gaýdyberdik, ene watana.

Durdy aga gürrüňiniň arasynda «çüw» diýip ýabysyny gyssaýardy.

– Onsoň, inim, yzymdan adam iberipdirler. Gelsin, hakyny alyp gitsin diýip. Beý, bi adamlarda-da ynsap bar-ow diýip, bir gitjegem boldum. Teý, oglum bilen aýalym goýbermedi. Aý, näme, ýerjagazymyz, maljagazymyz bar. Haljagazymyz gowy. Golhozam hak-heşdigini kem edenok. Onuň üstüne on-onbäş sanjak ýüň tüýliňem bolaýsa diýilýä-de, näme. Teý, goýberenoklar. «Gerek däl» diýýär aýalym. «Şol hak Seýit baýyň soň aşyna ýarasyn» diýip, aýalym şol waýkyryp ýatyr. Eý, onsoň men diýdim: «Şu heleý halkynyň diýeninem bir edip göreýin» diýdim. Nury neresse welim, hiç kime gulak asmady. Soňam neresse gaýdyp gelmedi. Ýigidiň gülüdi, köşek. Saryýag ýalydy. Seni görsem ýadyma düşüberýä...

Onsoň hökümedem bylary ýene-de bäri kowdy. Maly-garasy bilen oba eňdiler. Şo ýyl Seýit baý-a öldi. Birki ýyl ötensoň Orazynam gulak diýip, öýi-içersi bilen sürgün etdiler. Mal-mülkünem golhoz aldy. Ine bar bilenim meniň.

Asmandan aýa garşy bir ýyldyz süýnüp gitdi. Aý ýoluň üstünde çyra ýaly bolup ýagty saçýardy. Hudaýberdi bilen Ogultäjiň gürleşýän sesi eşidilýärdi.

Indi raýon merkezi golaýdy. Durdy aga bilini tutup gelşine «ähm», «ühm» edip ardynjyrady. Onuň hyýaly gürrüňi jemlemekdi. Ol az-kem säginen ýaly boldy:

– Sen, köşek, şolaryň gürrüňini etme. Olar bir ýöne adamlar däldi. Hudaý saklasyn. – Ýaşuly doga okap, elini ýüzüne ýetirdi. – Hana, şol tümmegi gör. Şolam bir naçaryň gubury. Ýanky öýünde ölmedik Oraz şol naçary gündiziň günortany dogram-dogram edip, şu ýerde kerçäp gidipdir, balşebik gelen ýyly. Kim ganyny alsyn. Hun diýip, bäş-on sany kel toklyny getiren boldular gyzyň atasyna. Wah olarmy. Olar adam däldir-le. Maşgala dagy däldi, görgüli Garasaç diýseň, Garasaçdy... Elbetde, Orazam dolanan bolsa günäsi geçilendir-dä. Özüm-ä sorap göremok.

– Durdy aga... – Ilaman ondan Oraz şyh bu ýere indi nädip, näme üçin gelendir – diýip sorajak boldy. Emma ýetişmedi. Öňden eşekleriň güpürdisi eşidildi. Ogultäjiň «waý» diýen sesi aýly agşamyň gulagyny şaňladyp gitdi.

Hudaýberdiniň hyklamasy eşidildi.

– Ilaman, Ilaman diýýän, ýet, çaltrak.

Ilaman ýükli eşekleriň gapdalyndan ok ýaly atylyp geçip, Hudaýberdiniň ýanyna ýetişdi.

Ogultäç araba ýolda burlup ýatyrdy. – Men elimi degrip bilemok. Galdyr, galdyrsana ýerinden, ony.

Hudaýberdi aglamjyrap, gaharly gürleýärdi.

– Galdyr. Dur, häzir – Ol gapdala gyşaran ýüküň ýüpüni açdy. Göz açyp ýumasy salymda eşegiň gaňňasyny düzedip, onuň golaňyny ýagşy çekip, ýüki üstüne atdy.

Ilaman Ogultäji ýerden galdyrdy. Soň onuň egninden goluny geçirip, söýget bilen saklady.

Ogultäjiň iki örüm saçy Ilamanyň eliniň üstünden geçipdi. Ilaman beýle zady ömründe görmändi. Gyzyň gorkudan ýaňa titir-titir edýän süňňi, tyrs-tyrs edýän ýüregi oglanyň bedenine geçip gidýärdi.

– Gel, münäý, indi beýle bolmaz – Hudaýberdi Ogultäje golaý geldi. Häzir ol Ogultäji eliniň aýa- synda göterip Kap dagyna äkitmäge-de taýýardy. Emma erkek oglanyň utanjaňlygy onuň elini-aýagyny bagla- ýardy.

– Aý, ýok, men-ä gorkýan – Ogultäjiň sesi ynjyly çykdy.

– Gorkmasana, indi beýle bolmaz, how!

Hudaýberdiniň azym gatyşykly, ahmyrly sesi Ogultäji razy etdi. Ol eşege golaý geldi. Hudaýberdi bir eli bilen eşegiň boýnundan, bir eli bilen onuň öň aýagyndan pugta tutup aşak egildi. Daýaw eşek butnap bilmedi.

– Bas arkama aýagyňy, bas, gorkma.

Ogultäç beýtmegi uslyp bilmedi.

– Bas arkama aýagyňy, bas diýýän.

Ilaman gyza söýget berdi. Ol Hudaýberdiniň arkasyna basyp eşegiň üstüne münüp jaýly oturdy.

Eşekleriň hatary bozulypdy. Durdy aga ýabysyny idip hol öňden barýardy.

Hudaýberdi eşegiň nogtasyny eline alyp sürüp başlady. Ilaman henizem özüni tutup bilenokdy.

– Näm bold-a, bu eşege – Ogultäç indi birazrak açylyşyp sorady.

– Aý, şagalmy, möjekmi, bir zat ýoly kesjek boldy. Eşegem şondan ürkdi. Ýükem gapdala gyşaraýdy.

Raýonyň itleri äwmezlik bilen «haflaşyp» eşeklere habar gatýardylar.

## 7.

«Ynkylap» kolhozynyň adamlary uly gaýrat bilen işleýärdiler. Darawadaky kauçuk, kelem ýygylyp, raýondaky baza tabşyrylypdy. Oba arasyndaky galla hem sabap barýardy. Indi adamlar daga çykmaga taýýarlanýardylar.

Anna başlyk adamlardan diýseň razydy. Araba derek «kyrk eşekliler» onuň alnyndan diredi. Başga bir ýerde şeýle edipdirler diýse, ol ynanmasa-da ynanmazdy. «Emma döwrüň dartgynlylygy çagalaram tijeýän eken. Nätjek, ýaş oglanlar dözer ýalam däl, ýöne döwürem näme, elpe-şelpeligiň döwri däl-dä».

Ýöne başlygy oda salan başga zat boldy. Ol ýary gije öýüne gelip, teläriň aşagyna, takyr ýere ýazylan keçäniň üstünde ýassyga gyşaryp hum çäýnegi boşatdy. Günuzynky ýadawlykdan soň jülgeden gelýän salkyn akym, gurbagalaryň jomartlyk bilen warryklaşmasy, dury asmanda rahatlyk bilen tigirlenip barýan gögümtil aý, gök çaýyň keýpi onuň süňňüni lagşadyp barýardy. Ýeriň giňinde tagta ýaly gaty görnen keçe-de häzir küpjekden ýumşak degýärdi. Häzir dünýäde ýanyňy ýere bermekden süýji zat ýok ýalydy.

Emma häzir ýatmanyň wagty däldi. Durdy ýasawulyň gelmeli wagty bireýýäm bolupdy. Emma ondan henizem derek ýokdy.

Başlyk ýasawula garaşsa-da garaşýardy, emma onuň getirjek habaryndan edýän hederi welin çeniň däldi. «Dagy ol nätsin, ol bir ýumuş oglany ahyry». Başlyk içini

hümletdi. Öten agşam ýasawulyň ýüzüni alypdy. «Getirýäniň şumluk». Ýasawul gözlerini ýumman goýberdi. Onuň gözünden zarply atylan damjalaryň birki sanysy başlygyň aýagyna şapylap damdy. Anna aga düýn agşamky damjalar henizem duran ýaly aýagyny gaýta-gaýta sypalady,

Ýasawul gözlerini uly çit ýaglygy bilen syryp durşuna gazaply gürläpdi:

«Anna, bes et, men şu garry ýaby bilen köne horjunyny diläp alamok. Hana ýabyň, uýanyň, kime berseň şona ber. Men öň bagrymy köýdürip, salymy suwa aldyryp ýanyňa gelýän. Göwünlik bermeden-ä geçen, gaýta seniňki agyr degýä. Näçe günläp yraýona köwçük çekdik. Hezil etdim. Il bilen işlemek janyň ujy eken. Emma...»

Durdy ýasawul turjak bolanda ýene-de iki kagyzy keçäniň üstüne taşlapdy.

– Bular kime?

Ýasawul ädigini gors-gors etdirip barşyna:

– Özüň okaber – diýip, tutluga siňip gidipdi. Başlyk bölejik kagyzlary gözüne tutdy. «Hormatly Sülgün Myratly!..» Myratly, Myratly! Sen nähili ýigitdiň? «Hormatly Atabaý Orazmämmet!» Sygryň dili ýaly-da bolsa bu kagyzlar giden iki öýi çaýkajakdy. Gör näçe adamyň umydyny hazana berjekdi. Wah, şu hatlar gelmese gowy bolardy. Gelmese... Bir-ä ölýä, yzynda müň adamyňam umyt-arzuwyna gylyç salýa... Wah, hökümediň ýerine bolsam, şu haty iberjek däl. Bir adam ölýä, gör näçe adamam... Şu haty äkidip bereniňden özüň urşa gidip, hemmesine derek ölenіň müň paý gowy ahyry... Haty ibermeli däl. Biz adamlary toýa iberemizok ahyry?!

Anna agany başga bir gynandyrýan zadam bardy: «Gelýän çekip çydardan agyr habarlar adamlaryň dänim, elini işden sowudýar. Her kim jebirli bendäniň gözüne görnüp gaýtjak bolýar. Häzir her minut bolsa dänim, gymmatly. Bir çaý içim salymda dünýäň işini bitirip bolýar. Ondan başga-da aş-suw diýip, birneme urbalygam bermeli». Başlyk türkmençilik etmegi gowy görse-de, bugdaýyň her gysymyny endamynyň etini kesip berenine barabar görýärdi. «Wah, hökümet şu haty ibermeli däl. Agyny-gynanjy ýeriň giňine goýmaly, ýeriň giňine... Ine, nesip bolsa giňişlige çykylar ahyry. Şonda dänim, düz bir abraýly komissiýany, aýla maşgalasyna, et näme kömegiň bolsa... Wah, häzir ýeri däl».

Durdy ýasawul baradaky ynjy başlygyň aladalarynyň, oýlarynyň içinden çöregiň içine düşen saçyň tary ýaly bolup bildirip, ýitip, bildirip, ýitip durdy. Ol ahyry edip oturan pikirini jemläp bilmäň şol tary yzarlap başlady.

«Be, Durdy, göwnüne alaýdymyka? Aý, şu Durdyň bar bol. Oglan öýkesi tükenjek däl-ow, munuň dänim. Aý, ondan dänim, gatam görmeli däl, menem. Iki sany çynar boýly oglunyň puronda gidişi, gidişi. Menem, gaýtyp dänim göwünlik bermeden geçen. Ýagdaýyny soramadan geçen. Ýa, Gurbangulyny yzyndan iberäýsemmikäm...» Anna aga ýadawlykdan zerzaw bolan aýaklaryny, dyzlaryny owkalap ýerinden turdy. Ýöne sekiz ýaşly ogluny oýarmaga dözmedi. Häzir asmandan sary aý tigirlenip barýardy. Horazlar ynamsyzlyk bilen gyryk gygyryşýardy. Tutlukdan öwüsýän şemal iniňi tikenekledýärdi.

Başlyk tutlugyň gyrasyna bakan ugrady. Göwnüne bolmasa ýasawul şol ýerde gelip bilmän, ýaýdanyp duran ýalydy.

Anna aga Durdyny gaty gowy görýärdi. Ol onuň bilen kolhozdanam kän öň Seýit baýyň talabany bolupdy. Soň Annany Tejene ors okuwyna äkitdiler. Ol gaýdyp gelenden soň patyşalyk ýerde ýer ölçeýji boldy. Durdyny şonda Seýit baýyň çopançylygyndan

çykaryp, patyşalyk ýeriň hojaýynynyň ýasawullygygyna aldyrdy. «Ýasawul» ady oňa şondan galypdy. On sekizinji ýyldan soň, olaryň ikisem Allaýar hanyň ýygynçagyna goşulypdy. Soň Annany oba şura başlygy saýlanlarynda-da, «Ynkylaba» başlyk saýlanlarynda-da Durdyny ýanyndan aýyrmandy. «Durdy ýaly ýigit barmy näme...»

Başlyk balhy tuduň ýapraklaryny şygyrdadyp, ýüzüne tut çybyklarynyň şapylap degerinden ätiýaç edip, ýüzüni goraglap barşyna geçen günleri ýatlaýardy. Ol tutlugyň çetine çykmaga ýetişmedi. Yzdan, öýi tarapdan biri onuň adyny tutup birki gaýta çagyran ýaly boldy. Bu ýasawuldy.

Durdy ýasawulyň ýüzi ýaraly ýolbarsyňka çalym edýärdi. Sähel diýmesizini diýseň, üstüňe zyňjak çaky bardy. Başlyk keçäniň üstündäki ýassyklaryň birini goltugynyň aşagyna süýşürdi. Birinem ýasawula tarap süýşürdi.

– Durdym, bu gün gijä galdyň-la?! Sökellik tapynaýdymy by diýip öýüňe baryşymdy.

Ýasawul ýalt edip başlygyň ýüzüne garady. Annanyň aýyň ýagtysyna çil-çil bolup duran ýüzünde mekir-hile görmäninden soň, özüni keçäniň üstüne goýberdi.

– Anna, sen meni ahyr ýaşymda maýmyn etdiň. Agşam-a ýüzümi aldyň, indem Durdym, Durdym diýen bolýan. Men indi çaga däl-ä. Heý, agşamky bolşuňy görüp, gapyňdan ahyrada çenli geler ýalymy, ahyry? – diýip, ýüzüni kese sowup oturyşyna gürledi. – Durdy, sen meni gynama, meniň öz derdim özüme ýetik. Sen meni gynama...

Ýasawulyň sesi batlandy.

– Men näme bilemokmy, men näme adam dälmi? Mende näme ýürek, bagyr ýokmy? Meniň derdim ýokmy? Ýa men adam dälmi?

Başlyk ýadaw ýylgyrdy.

– Bolýar-la, Durdym. Sen dänim, gitde ýat.

Durdy ýasawulyň ýüzünden onuň ýatmaga meýliniň ýokdugy bildirip durdy. Ol başlygyň has gowşanyny görüp, oňa sowal berdi.

– By, Oraz «dostuňam-a» sürgünden gaýdyp gelipdir. Şondan habar aldyňmy? Indem obada sümsünip ýörmüşin, aýtmaklaryna görä. Päli-niýeti düzüw bolawersin-dä, hernä.

– Ol, nähili meniň dänim, dostum bolýarmyş? Ol tetellileri elimden gelse sürgünden ömri ötýänçä getirjek däl, men. Senem, Durdy bir zady aýdyp goýberiberýäň...

Durdy ýasawul başlygy azysynyň astyna aldy.

– Aý, ol-a şeýle-le. Han-ha Akga brigadam buýtar-suýtar etdi welin, gözüni Sibirde açdyrdyň-la, başlyk.

Anna aga dyzlarynyň üstüne galdy.

– Sen çaga ýaly bolmasana, Durdy. Näme, biz dänim, çöregi ýeňsämizden iýýäsmi? Arada dänim, Akga bilen bu meselede sözleşdim. Şol doňuz ogly indem bir Çynarlyda görünsin. Onsoňam bir edişime seret, şony. Senem, dänim...

Durdy ýasawul başlygyň hyjuwyna begendi. Ýöne onuň hyryny ýene-de towlasy geldi.

– Annam, şol haramzada bilen gepleşdim-ow diýip arkaýyn bolma. Men şony messepsiz, arsyz görýän. Her wagt, her wagt tanapyndan dartyp dur. Onsoňam Oraz şyham gözden salmaly däl. Adamyň üsti-başy, akly-huşy üýtgäpdir diýseler ynanaryn,

ýöne gylygy üýtgäpdir diýseler ynanmaryn. Zandyýamanlyk ol adamyň emen süýdi bilen ganyna girendir. Şony unutma.

Başlyk Durdy ýasawulyň ýüzüne geň galyp seretdi. Onuň göwnüne bolmasa öňünde şol köne dosty däl-de, pähimli-paýhasy okumyş adam oturan ýalydy. Ýöne ol dostunyň halys ýürekden sözleýändigine düşünýärdi.

– Durdym, berekella! Senem meniň dänim, edip oturan pikirimi aýtdyň. Özüňem şu galhozyň çlini. Senem göz-gulak bolawer. Oglanlara-da tabşyr gaýta, «göz-gulak bol diýip» dänim.

* * *

Soňky wagtlarda Üzümgül mugallymyň göwnüne birhili howsala aralaşýardy. Niredendir bir ýerlerden gelýän gamgyn, gussaly oýlar onuň ýüregini tüýdüm-tüýdüm edýärdi. Ol özüni ýat ýurtda ýeke, ýalňyz galan naçar hasap edýärdi. «Huw» diýip, çykyp gidiberesi gelýän wagtlaram bolýardy. Bir gezek asyl goşlarynam düwüşdirdi. Soň raýon merkezine baryp, ýaşan, okan ýerlerine gitse, ýüregi köşeşäýjek ýaly göründi.

Emma ony başga pikir saklady. «Birden Bezirgen gaýdyp geläýse... Hawa, birden ol gaýdyp geläýse. Üzümgülem öýde bolmasa, ol näme pikir eder, il-gün näme diýer...» Ine ony saklaýan zat diňe şol oýlardy. Diňe bu oýlaram däldi. Tomus geçip barýardy. Basym başlangyç klasda okuwçylara ders berip başlamalydy. Onsoň beýle bolubam durmaz... Çagalar, mekdep, iş Üzümgül üçin rahatlygyň öýüdi. Ol diňe mekdepde rahatlyk tapar, ähli gam-gussany undar. Ol ýerler söwer ýaryň boýuna guwanylan ýerler, ol ýerler goşa deregiň taýlaşan ýerleri ahyry. Üzümgülüň göwnüne Bezirgen klaslaryň birinden ýylgyryp çykaýjak ýalydy.

Anna aganyň gelip, «orsetden getirilen çagalara göz-gulak bol» diýeli bäri, onuň derdi ýeňläpdi. Neresse çagalar oňa öwrenişipdiler. Olam çagalara diýseň öwrenişipdi. Ýöne göwnüne Bezirgeni geläýjek ýaly bolup durany üçin giç agşam öýüne gelýärdi. Irdenem kolhozyň merkezi uçastogyna, çagalaryň ýanyna gidýärdi.

Bu gün ol has ir turdy. Düýşüne aýal dogany giripdi. Ol demir ýol stansiýasynda aglap durdy. Onuň dört örüm saçyny şemal asmana garşy göterýärdi. Adamlar bu gyzyň bolşuna geň galyp garaýardylar. Üzümgül muny görüp örän gynandy. Ol doganynyň ýanyna ylgady, gelende dogany ýylgyryp durdy. Özem elinde bir zat saklaýardy. Dogany ony Üzümgüle berdi. Ol owadanja gülýakady. Ol gülýakany ejesi Üzümgül bolan ýyly ýasadypdyr. Soň gyzy göze görnüp ugransoň, enäniň gyza iň gowy, arassa peşgeşi hökmünde beripdi.

Üzümgül gülýakany eline aldy. Eýýäm ýanynda dogany ýokdy. Üzümgül çirkin gygyrdy... Ol öz sesine özi oýandy. Soň asyl ukusy gelmedi.

Üzümgül bu düýşi gowulyga ýordy. Ol «Nesip bolsa Bezirgenim geler, ýene-de bagtly günler başlanar. Gülýakanyň ýakut gaşlary ýaljak oglum, gyzym bolar...» diýip oýlandy.

Doganynyň gözden gaýyp bolmagy bolsa onuň ýüregini tüýtmeledi durdy. Ol bu eýýamlarda doganyny ýatlamandy. Enesiniň, doganlarynyň mähriban keşbi onuň gözünden uçupdy. Doganynyň keşbini aýan görmegi, ýakut gaşly gülýaka ony arkaç gapdallaryna, Garagumuň jümmüşine alyp gitdi.

Ilerimiz-ä dagmydyr-a,

Üsti gara bagmydyr-a,
Uçup barýan ak guşlar-a,
Ilim-günüm sagmydyr-a.

Çuňňur guýa daş atsaň-a,
Çümer gider eje jan-a.
Ýat illere gyz berseň-ä,
Ýiter gider eje jan-a.

Balguýy obasynyň keşbi Üzümgülüň aňynda lälä beslenip otyrdy. Bu ýerde adamlar nähili ýaşadylar, olar näme bilen meşgul boldular, ony Üzümgül bilenokdy. Ol diňe ýekeje zady bilýärdi. Sähel ugruny tapsa obanyň ilersine gidip, öz deň-duş gyzlary bilen läle kakardy. Ejesem, kakasam onuň raýyny ýykmandylar. Ol oýnap ýörmekden başga zady bilmezdi. Ejesiniň, doganynyň haly dokap, darak kakyp oturyşyny, gaýma gaýap oturyşyny görende, «menem etjek» diýip özelenerdi. Şonda-da ejesi:

– Waý-eý, aýrylaweri, entek iş etmäge-de ýetişersiň, şu wagt bir başymyza towky bolup inme-de, hol ala gidip, läle kakyň – diýerdi.

Üzümgül ýene-de tükezzibana tutdurardy.

– Eje, men läläniň täzesini bilemog-a, öňküleri aýdyp gutardym. Täzesini öwretsene...

Ejesi agyr börüginiň inli ýaşmagyny agzyna çekip, gözlerini mölerderdi.

– Wah, saçy kesilen. Il-gün näme diýer. Ataň eşitse deriňi soýar. Hakyt, bu gyrnaga seret. Men öň muňa läle öwredip ýören ýaly – diýerdi. Şonda dogany edip oturan işini etegine salardy-da owadan gözlerini güldürerdi.

– Gel, jigim men öwredeýin, ýöne toýuňda bir ketenim bardyr – diýerdi.

Balguýynyň ýaýlasy-ýa,
Ýüregimiň aýnasy-ýa,
Arkadagym ejemjan-a,
Aýyň-günüň parasy-ýa.

– Ýok, maňa «Şetdalynyň şänigini» aýdyp be-er – Üzümgül öz diýenini tutardy. Dogany ejesinden uýalyp, owadan gözlerini balkyldadyp töweregine garanjaklardy-da:

– Toýuňda ýene-de bir keteni algym bardyr – diýerdi. Soň işini ýene-de etegine ýygnardy-da, sülük barmaklary bilen içen suwy görnüp duran alkymyna çalaja kakyp, bokurdagyny gaýnadyp aýdardy:

Şetdalynyň nänigi-ýä,
Ajymyka jorajan-a,
Söwer ýaryň gujagy-ýa,
Süýjümikä jorajan-a...

Bu läle Üzümgüle şeýle ýarardy. Sebäbi dogany ony şeýle bir gamgyn, şeýle bir näzik ses bilen aýdardy. Asyl ony güni bilen diňläp, diňläp oturasyň gelerdi. Emma ejesi bir ýerden çykardy.

– Wah, saçyň kesilsin, özüň-ä Hesel däli ýaly bolup, öýüň işinden bizar. O gyzada iş etdireňok, ýok bol, lälesi başyny iýen.

Üzümgülüň toýuny görmek, ondan keteni paýyny almak doganyna nesip etmedi. Olary nirädir bir ýerlere göçürdiler. Demir ýol stansiýasy, kakasynyň gazaply keşbi, ejesiniň, gyz doganynyň bagryny paralap oturyşy onuň çalaja ýadyna düşýärdi. Ol poýezdin içinde ukudan oýananda dogany ýokdy. Olar ençeme ýyllap Samarkantda ýaşapdylar. Kakasy ýogalandan soň, Üzümgül ejesi bilen dogduk obasyna gaýtdy.

Daýysy olara eýe çykdy. Ýegenini Gyzylarbadyň rabfagyna okuwa saldy. Aýal doganyny gum içine, öz obasyna alyp gitdi. Üzümgül iki ýyllap rabfakda bilim aldy. Şol ýerde-de Bezirgen bilen halaşdy. Onun bilen dag içine işe gaýtdy. Ýaňy bir ýyl ýaşap ýaşamankalaram bu hazan uruş turdy...

Öten günler Üzümgülüň gözüniň öňünden garlawaç ýaly bolup geçip gitdi. Ýaş gelniň bagry para-para boldy. Ykbal gör, ony, nirelerden alyp, nirelere taşlapdy. Ony köseýän indiki zat ýalňyzlykdy.

Üzümgül agşam-ertir has horlanýardy. Obada biriniň öýüne barybermäge, gatnaşybermäge çekinýärdi. Oba adamlarynyň bolsa işi başyndan agdykdy.

Bu obanyň adamlarynyň özüne goýýan sarpasyndan ol diýseň razydy. Kerwen aganyň fronta gitmänkä aýdan sözlerini ýatlady. Bu ýaşuly, onuň ogly Ilaman göwnüne juda mähriban ýaly duýuldy.

– Wah, häzir Ilaman nädýäkä? Alada bilen görübem bilemok çagajygy...

Üzümgül öňki agşamky wakany ýadyna salanda birden üýşenenini duýmady. Ol ellik, jorap örüp oturan ýüňüni tükedipdi. Şonuň üçin gapylaryndaky kümeden az-kem ýüň almaga çykdy. Garaňky ýaňy gatly şypdy. Ol çekine-çekine kümä girdi. Çykan wagty bolsa gapylarynda bir garanyň garantga ýaly bolup duranyny gördi. Oňa salam berdi. Mäşbürünç sakally, başy pürsýan telpekli adam onuň salamyny aldy.

– Keýgim, gurgunmyň? Amanmyň, aman sagmyň? Eý, menem goňşy öýde yşyk ýanyp duransoň gümür-ýamyr edişmäge gaýdyberendirin – diýip, ol adam mysapyrsyrady.

Ýaşulynyň äheňindäki asudalyk Üzümgüle täsir etdi. Ol gapa keçe taşlady. Ojakda çigräp duran tüňçäniň astyna odun atdy.

Ol adam böwürslen ýapragy atylyp demlenen çaýy öňüne aldy. Ondan käsä guýup uzyn-uzyn owurtlady.

– Päh, büý-ä, çaýam däl-le. Näme, ýorunja ataýdyňmy, goňşy, muňa?

Üzümgül uýaldy. Ol eliniň ýukalygyny näme bilen düşündirjegini bilmedi.

– Bu wagt bir gök çaý, beýlekem keýigiň şahyna mündi. Biz-ä şu böwürsleniň ýapragyna-da öwrenişäýipdiris. Guradyp, oňatja döwseň içimi erbedem däl...

Myhman käsä guýan çaýyny eliniň tersine serpip goýberdi. Soň synyny silkip ýerinden turdy.

Ol gidensoň Üzümgülüň dünýesi giňedi. Onuň ýakyndan bäri şol «jynly jaýa» girip-çykýandygy onuň ýadyna düşdi. Ol içeri girip ýüň daragyny aldy. Onuň begenji uzak gitmedi. Hälki adam donuny ýasgynjak alyp ýene-de öwrülip geldi.

– Me, goňşy, sen çaýsyz hor bolma. Ine, muňa guşdyrnak çaý diýerler. Tükense ýene-de äbärin.

Üzümgül çaýa elini uzatsa-da, aljyramakdan näme diýjegini bilmedi. Göwnüne bolmasa bu adamyň gylly, demir penjeleri onuň ellerine galtaşyp giden ýaly boldy.

Üzümgül tisgindi. Ol gijäniň içinde bu ýat adamyň nähili päliniň-niýetiniň bardygyny aňyp bilmän ýerinden laňňa galyp, gaýra çekildi. Onuň elindäki daşy ýaldyrap duran gurşun gap ýere gaçyp, honda tigirlenip gitdi.

Nätanyş gelniň howsalasyny duýdy. Ol çokga sakgalyny eliniň aýasy bilen gaýta-gaýta sypalap durşuna, hajyk-hujuk etdi.

– Aý, goňşym, menden çekinme. Men seniň goňşyň. Kyýamat güni goňşudan diýipdirler. Entekler biziň berek-birege gerek ýerimiz kö-öp bolar, enşalla.

Üzümgül indi öýe girmäge-de gorkýardy. Ol adamyň çaltrak giderini isledi.

Ýaşuly beýle bir ýüz tapmansoň pürsýan telpegini eline alyp eýlesine-beýlesine öwrüşdirip gürledi.

– Goňşy, bereket bersin. Men gideýin. Gelişer, gidişer durarys, enşalla.

Onuň ýaly syrylan takyr kellesine aýyň şöhlesi düşüp, ýaldyrap gidýärdi.

Bu adamy Üzümgül tanamady. Ol Oraz şyhdy.

* * *

Ilaman üçin şatlykly günler duýdansyz başlandy. Oňa kakasyndan birbada iki hat gowuşdy. Sülgün gyzjagazy Aýsoltan bilen kolhoz işine çykdy. Ene-de işe yzygiderli gatnap ýördi. Hudaýberdi bolsa Ilaman bilen şeýle dostlaşypdy. Asyl bir gezek ol Ilamany öýlerine-de alyp gitdi.

Işem indi beýle bir agyr däldi. Olar harmandaky taýýar bugdaýy halta gapgaryp raýonyň galla alýan edarasyna çekýärdiler. Iş şeýle gyzyklydy. Indi her eşege bir oglan tapylypdy. Ýükem kauçuk çeken ýaly däldi. Her eşege iki halta bugdaý ýüklenýärdi. Ýüp üzüläýmese onuň kän bir agjak, beýleki etjek aladasy ýokdy.

Şol günleriň birinde ol Hudaýberdi bilen işden gaýtdy. Olar eşeklerini kolhozyň mal howlusyna gabadylar. Öňlerine ot dökdüler. Howludan çykyp barýarkalar Hudaýberdi dillendi.

– Illi, men şu agşam sizde ýataýaýyn-da, bir maslahat bar – diýdi.

Ilaman hem begendi, hem gynandy. Ol Hudaýberdilere baranda onuň ejesi Akjagül daýza olary nirede oturtjagyny bilmändi.

– Wah, boýuňyza döneýin, beýdişip, tirkeşip ýörmäň, obanyň heleýleriniň gözi, dili gursun. Gözleri bilen alarlar, gözi guranlar. Wah, taýly çynarym, taýly inerim – diýipdi. Tapdygyndan ony-muny öňlerinde goýupdy. Şol gün Ilamanyň ýadyndan çykmajak günleriň biri bolupdy. Emma häzir Hudaýberdini öýlerine alyp barsa, gugaryp duran öýden başga zat olary garşy aljak däldi. Onuň bolsa öz dostuna nähilidir bir ýagşylyk edesi gelýärdi. Şonuň üçin-de ol belli jogap bermedi.

– Eý, Illi, bolýamy, men sizde ýataýaýyn-la – Hudaýberdiniň çynydy. Ilaman üçin sypara ýer galmady.

– Bolýar. Ýöne ejeň käýäýmese?

Hudaýberdiniň mawumtyl, owadan gözleri dogumly lowurdady. Ol nämedir bir zat diýmek isledi. Ýöne dilini dişledi.

– Ejemiň özi ýataý diýd-ä. Men saňa bir zat aýtmaly, düşdüňmi?

Ilaman Hudaýberdi bilen tirkeşip öýlerine geldi. Ol gapynyň köneje gulpuna açar sokdy. Açary towlamanka gulpuň açykdygyny duýdy. Ol haýran galdy. Ony haýran galdyran zadam, soňky günlerde her gün işden geleninde gulpuň açyk bolmagydy. Ol

mundan öň «gulpy çala gulplaýandyryn» öýderdi. Bu gün ol özüne ynam etmän, gulpy telim gezek çekip, çekip görüpdi. Gulp ýene-de açykdy. Ýöne muny daşyna çykarmady.

Garaňky ýagşy gatyşypdy. Töwerekde iňlär siňek ýokdy. Ilaman içeri girmäge çekindi.

– Näm-äý, açyp bilmän durmuň? – Hudaýberdiniň ýarym gazaply äheňi Ilamany özüne getirdi. Ol açyk gapyny itdi.

Ilaman arabanyň tigrine çalynýan ýaga gysdyrylan peltäni otlady. Öýde hiç kim ýokdy.

– Gel, çaý içeli – Ol burçdaky suwly kädiden tüňçä suw guýdy. Soň daşardaky ojakda ot ýakdy. Çaý gaýnansoň, oňa bir gysym böwürslen ýapragyny atdy. Öýe girende Hudaýberdi gap böwürde süýnüp ýatyrdy. Özem assaja hor çekýärdi.

Ilaman gaty-guty çöregi saçagyň üstüne üýşürişdirdi. Hudaýberdä ýassyk taşlady. Ol dostuny oýarmaga dözenokdy. Eger öýde adam bolmadyk bolsa, onuň özem heziller edip ýatardy. Emma häzir dostuny oýarmalydy. Çünki, ol möhüm zat aýtjak diýip, ýörite gelipdi ahyryn.

– Hudy, eý, Hudy, tur çaý içeli! – Hudaýberdi laňňa ýerinden galdy. Gözlerini elek-çelek etdirip, töweregine garanjaklady. Ýagşy özüne gelenden soň, gynançly gürledi.

– Häk, gardaş, birazajyk oýatmaly däl ekeniň! Men ýaňyja Ogultäje duşupdym-da, wah, oýadaýdyň-da, häk...

Hudaýberdi çaýyny öňüne alyp, gapa seretdi.

– Eý, gapyny ýapsana! – Ilaman oňa geň galyp seretdi.

– Öý yssydan ýaňa oturar ýaly däl-läý, senem ýöne... Gapyny ýapsaň dem alyp bolmaz-a.

– Azajyk ýap-aý. Sen meni diňle. Onsoň açaýaly...

Ilaman ýeňillik bilen ýerinden turup, gapyny ýapdy.

Hudaýberdi şeýle bir şatlykly ýylgyrdy. Asyl aşygy alçy gopan oglanjyk ýalydy. Ol könelip, sary gaçan soldat pilotkasyny kellesinden aldy. Soň onuň içki işligini uzak wagtlap sermeleşdirip bir kagyz çykardy.

Al, şuny oka! – Ilaman bir tagta kagyzy eline aldy. Ölügsije, dumanlap duran yşyga tutdy.

...Hanow Hudaýberdi, 1924 ýylda doglan. Sprawkanyň berlen wagty 9/IX - 1942ý.» diýen ýazgyny zordan okady. Ýöne nämäniň nämedigine welin düşünmedi.

Hudaýberdi elini çarpyp güldi.

– Eý, pekgiruş, men fronta gitjek. Düşnüklimi?

Ilamanyň ýüregi endiräp, bir gyzgyn zat aýagynyň ýanyndan akyp, depesine urdy.

– Urşa!? Sen urşa gitmelimi? Sen ýaňy on alty ýaşadyň-a.

Hudaýberdiniň gahary geldi.

– Ýogsa, näme, men siziň ýaly agzy suwly ejem ogludyr öýdýäňmi, tentek? – Howwa, men on alty ýaşadym-a. Öne oba sowet aýaly on sekgiz ýaşadym diýip aldadym. Ol aýalam ynandy. Näme ýogsa ýalanmy? Maňa häzir ýigrimi ýaşynda diýseňem ynanarlar. Özüm daýaw, güýjümem bar. Düýn yraýona baranymda bir ýere baryp geljek diýdim-ä, şonda weýennikemada bardym. «Arza ýaz» diýdiler. Arza ýazdym.

Oglanlaryň ikisem dymdy. Birden Hudaýberdiniň owadan gözlerine gussa indi. Ol boşan käsäni elinde pyrlap oturyşyna ýuwaşja gürledi.

– Ýöne hiç kime aýtmagyn, aldanymy. Gitjegimi heniz ejemem bilenok. Ýöne Ogultäje aýtgyn. Men uruşdan geroý bulup gelerin. Nemisleň pirini kädä gabaryn. Meniň gynanýan zadym, şu bar-a, men barýançam uruş gutararmyka diýýän. Hudaýberdi kem-kemden açylyşdy.

– Eý, gardaş, sen bar-a, Ogultäçdenem göz-gulak bol. Ol meniň çyn söýgülimdir. Purontdan saňa hat ibererin. Hökman Ogultäje-de okatgyn. Sen bara... neme. Sen, şoňa meniň söýýänimem aýtsana...

– Wah, meniň ýüregim edenok, gardaş. Ol birden gynanaýsa, ýa-da utanaýsa näderin – Hudaýberdi özelendi – Sen aýdaýsana, men ine şu soldat papagymy bereýin. Purontdan gelenimde znaçok bilen täzeje papagam getirip bereýin.

Ilaman razy boldy. Sebäbi häzir Ogultäje: «Hudaýberdi seni söýýän diýdi» diýip aýtmak beýle bir kynam däl ýalydy.

Ilaman Hudaýberdiniň ýüzüne gamgyn gözleri bilen seretdi.

– Sen, oňa häli aýdaňogammy?

Oglanlaryň gözüne uky gelmedi. Olar gümür-ýamyr edişip otyrdylar. Şol wagt gapy batly açyldy. Gapyda Hudaýberdiniň ejesi durdy. Ol öýüň içine bir laý seretdi.

– Hudaýberdi – diýip howsalaly sorady. – Hugaýberdi barmy? – Hudaýberdi ör boýuna galdy.

Akjagül daýza özelendi.

– Eziz balam Hudaýberdi! Arkadagym Hudaýberdi!

– Ejeň, gursun çagam-eý, bir zat bolaýdymyka diýip gara janym galmady. Ejeň gursun, was-wasa düşen ýaly bolupdyryn.

Ene ýüreginiň nämedir bir zady syzýandygy bellidi. Onuň bolşy, özüni günäkärleýşi Ilamanyň ýüregini gyýym-gyýym etdi. Olar çykyp gidensoňlar Ilamanyň gözüne uky gelmedi.

Şondan birnäçe gün geçenden soň işe baranda «Akjagül Hanyň ogly Hudaýberdi fronta alnypdyr» diýip gürrüň edýärdiler.

* * *

Hudaýberdiniň fronta alynmagy Ilamana diýseň erbet täsir etdi. Göwnüňe bolmasa gözüňe görünmeýän bir elhenç bela onuň hem üstüne süýşüp gelýän ýalydy. Ol näçe giňlige saljak bolýardy. Uludan-uludan dem alýardy. Ýöne şol agyr howsala aýrylyp gidiberenokdy. Gaýta onuň ysgynyny alýardy.

Ol günorta arakesmesinde çörek dogran çorbasynam iýmän, ýanyny ýere berdi. Şol wagtam ymyzgandy. Ol düýşe meňzeş bir garma-gürmeligiň içinden gidip barýardy. Ol nämäniň nämedigini saýgaranokdy. Diňe Meretgül garrynyň şaňňy sesini eşidýärdi.

Ol ýalpa gezüni açdy. Hakykatdan hem Enäniň ejesi Tagy gelniň ýanynda, Ilamanyň gapdaljygynda otyrdy.

– Wah, şu gije anna agşamy. Adamyma degsin etjek. A gyz, eliň boşuň baraweriň, agşam. Gowy tüwüden palaw bişirjek – Meretgül joşup gepleýärdi. Adamsyny magtaýardy. Başga-da birtopar zatlar diýýärdi. Ýöne hiçisi Ilamanyň gulagyna ilenokdy.

Ilaman ömrüne palaw iýip görmändi. Ýöne adamlaryň gürrüňine görä, ol diýseň tagamly zat bolmalydy. Ylaýta-da, käşir, kişmişini köpräk atyp, käkilik etine bişirseň gaty süýji bolýan nahar bolmaly.

Ol öýlän harmanda galan-gaçan bugdaýy halta gapgarmaga kömekleşdi. Oba arasyndaky işler gutarypdy. Indi dagdaky düme bugdaý galypdy. Birnäçe adam telär dikmek üçin eýýäm daga gidipdi. Basym beýleki adamlaram daga çykmalydy. Ilaman daga gitjegine kän bir begenibem baranokdy. Sebäbi dagda onuň üçin höwes döredäýjek hiç zat ýokdy. Ýöne Meretgülüň agşam bişirjek palawy welin, onuň ýadyndan hiç çykanokdy. Günortan hem naharyny ýagşy almadyk oglanyň garny eýýäm jugurdap başlapdy.

Ol palaw iýmegi näçe höwes etse-de Meretgüllere barmaga aýagy çekmedi. Kolhozçylaryň hemmesi diýen ýaly Çynarla gaýtdy. Tagy gelniň jak-jýklap gülýän sesi uzaklara ýaýylyp gidýärdi.

– A gyzlar, siz nirä eňişip barýasyňyz, bar bişän-ä bir gazan palaw, ol öz obamyza-da ýetjek däl ahyry – aýallar onuň sözüne gülüşýärdiler.

Ilaman özleriniň öýüne geldi. Geň galmaly zat, bu gün gapynyň gulpy urulgydy. Ol gapyny açmaga howlukmady. Onuň gözi Enelerdedi. Göwnüne bolmasa şolar tarapdan gelýän bir gowy, ys, tutuş obany gaplap alan ýalydy. Şol ys, goňşy öýden gelýän çasly gülki sesleri, ömürboýy diýen ýaly ýalňyzlykda ýören oglany erksiz özüne çekýärdi. Ýöne indi ol ýerde Ilamany baglanyşdyrýan hiç zat ýokdy. Eger häzir Goçakly bolaýan bolsady, onda ol öýe ilki bilen Ilaman barardy.

Ýöne soňky wagtlarda Ilamanyň şol öýe barasy gelmeýärdi. Baraýyn diýäýende-de Ene-de, onuň ejesem oňa ýüz berip baranokdylar. Akga brigadiriň ýygy-ýygydan gelmegi, soňky wagtlarda gijesine şu ýerler-de sümsünip ýörmegi onuň ýüreginde bu öýdäkilere inçejik ýigrenji döredipdi.

Ilaman bu iki öýüň arasyndaky ýodajyga seretdi. Otuň derdinden şol ýodajyk asyl bildirenokdam.

Ilamana niredendir bir ýerden agyr erk geldi. Ol agzyndan gelýän gara suwy merdemsilik bilen tüýkürdi. Soň gapynyň gulpuny açyp öýe girdi. Öý häzir salkyndy. Ýere ýazylan şal düşegiň dymyljyk ysy diýäýmeseň, şol mähriban içeridi. Ol ýüküň üstünden kakasynyň ullakan ýassygyny aldy. Oňa kellesini goýup-goýmanam guzy ýaljak uka gitdi. Eger häzir Üzümgül mugallym gelmedik bolsa, ol ertire çenli gapdalyna dönmän ýatmalydy.

Üzümgül açyk gapydan boýnuny uzadyp, gaýta-gaýta gygyrdy. Içeri garaňky bolansoň, onuň gözüne zat ilmeýärdi.

– Illi, aý Illi. Ýa ýokmuň öýde, aý oglan.

Ilaman çalnyp turdy. Ol gözlerini owkalap durşuna, çalt-çalt samyrdady.

– Häzir, häzir barýan, Sülgün gelneje!

– Men Sülgün däl, Üzümgül...

Ilaman gapa çykdy. Gapyda Üzümgül mugallym durdy. Ilaman aljyrady, begendi. Ol näme diýjegini bilmedi. Ýöne bir gowy sözler tapyp, mugallymyna aýdasy geldi.

– Men ýatyp galypdyryn. Seniň sesiňi eşitmän galypdyryn.

– Illi jan, ýör Enelere gideli. Ejesi irden çagyryp gitdi. Ýeke özüm barmaga çekinýän, ýör, jigi.

Ilaman bu çakylyga birhili boldy. Ýöne oýlanman razylaşdy. Heý, ömrüňde mugallymyň öýe geler-de, olam bir zat towakga eder-de, onam etmän bolarmy?

Ol sesini çykarman barýardy.

– Itleri ýok gerek, itleri bardyr diýip gara janym galmady. Soň sen ýadyma düşäýdiň. Köpden bäri seni görübem bilemok-da, Illi jan.

Eneleriň gapysy adamdan doludy. Ilamanyň işdeş ýoldaşlarynyň hemmesi bardy. Pesräk agaç sekiniň üstünde Oraz şyh otyrdy. Onuň gapdalynda ýene-de bir nätanyş adam uly ýassyga ýaplanyp ýatyrdy.

Ilaman oturyp-oturmanka Akga brigadir hem geldi. Ol Oraz şyhyň oturan sekisine ýöneldi. Yzrakda gelen Durdy aga töweregine göz aýlap, gelip Ilamanyn ýanynda oturdy.

Meretgül sekiniň töwereginde iki baka ýorgalaýardy. Ilaman onuň süňňüniň ýeňilligine haýran galýardy. Ol agzy ýaşmakly bolsa-da çalt-çalt gürleýärdi. Şonuň üçin ýaşmagy öl-myžžykdy.

Ol Ilamanyň edil dyzyna diýen ýaly büdräp, ýene-de geçip gitdi. Baryp Oraz şyha birzatlar diýişdirdi:

– Bor, bor, sen naharyna serediber. Tebäregi özümiz bir zat ederis.

Meretgül Ilamana ýene-de büdredi.

– By oglany gyz, etdil eliňi-aýagyňy baglap dur, ýer gytmy, şü geçiljek ýolda oturmanyňda. Oturma, tur, bar-da myhmanlaň eline suw akyt. Heý, mysala...

Akga azymly gygyrdy.

– Bar-aýt, kündik bilen legen äkel. Suw akyt ellere – Ilaman ýerinden turdy. Ýöne näme etmelidigine düşünmedi.

– Bar, köşek, ýaňky kempirden sora, kündik bilen legeni. Getir bir suw aýla. Elini ýuwjak, beýleki bolsa.

Durdy aganyň äheňi Ilamany goldady. Ol kündük bilen kiçiräk mis tabak getirdi, ýaşuly ýene-de ýol görkezdi:

– Bar, şol oturan ýaşuludan başlaber.

Ilaman Oraz şyhyň öňünde mis tabagy goýdy. Ol elini uzadan badyna suw akytdy.

Oraz şyh elinden ary çakan ýaly yzyna çekip aldy. Onuň bulançak gözleri hyýrsyzlandy.

– Suw akytmanam bileňokmy? Tut bir eliň bilen kündügiň jürnüginden. Hä, biri bilenem sapyndan tut. Häýt, nätdi?!

Akga syçyrap ýerinden turdy. Ol kündügi Ilamanyň elinden kakyp alyp, Oraz şyhyň, soň nätanyşyň eline suw akytdy.

Oraz şyh pürsýan telpeginiň içinden ullakan ak ýaglyk çykaryp elini süpürdi.

– Eý, hak, edeniňe döneýin. Indi edep-ekram, dyn-myrat galyp barýar-ow. Biziň oglanlygymyz nähili, ýaňkynyňky nähili? Ulamylary, aksakallary görende şapbat ýaly ýetişer durarsyň. Aýtma gerek däldir. Ýaňkyňyz bolsa eline kündük alana meňzeş däl-ä!

– Agasy, sen aýt, siz ýalagy hormatlar ýaly ýene biz galypdyrys. Bolmasa şolardan hormat görersiňizmi? Bizden göreniňiziň ýarynam görmersiňiz. Biz näme göreris. Öňki wagtlaryň ýaşlarynyň garrylaryň elini-aýagyny daňyp, dagdan aňry taşlaýyşlary ýaly, bizem dagdan aňry taşlarlar bylar.

– Wah, dagdan aňrynyň gurbany bolaýyn. Dyn, ymmat, edep-ekram şol ýerdedirle. Bolçabik diýdi, golçabik diýdi, din, messep goýdumy? Hana, ertirki eýe boljagyň, ýaňky dälmi oba? Bylardanmy...

Oraz şyhyň gürrüňini Meretgül kesdi:

– Gurbanyň bolaýyn, aga, nahar-a ýetdi. Çekibersinlermi?

– Aý, bi zamanda burnumyza beýle ys uran däldir. Meretgül gelin, seniň palawyň ysy külli Turanyň burnuna urdumykan diýýän. Ysyndan doýrup oturma-da, getiriber ahyry, dogry dälmi, gelinler, hä.

Aýallardan tassyklany bolmasa-da, Akga geçiniň öň aýagy ýaly gürledi.

– Haý, Oraz agam, şun-a dogry diýdiň. Men bu palawyň ysyny Çeşmeliden alyp gelendirin. – Bu gürrüňler, Oraz şyhyň ymamsyrap oturmasy Durdy ýasawulyň aňyrsyny bäri getirdi. Ýöne ol sesini çykarmady.

Palawly tabaklar orga goýuldy. Oraz şyh «bisimilla» edensoň her kim tabaga el uzatmak bilen boldy. Ilaman bilen Durdy ýasawulyň öňünde ýalpaňja tal tabakda nahar goýdular. Durdy aga naharyň üstündäki süňkleri Ilamanyň öňüne süýşürip:

– Al, al, iýiber. Diýen-aýdan köp bolar. Sen garnyňy doýur – diýýärdi. Ilamanyň işdäsi ýanypdy. Olam känbir tabaga el uzadyp oturmady. Ýöne Oraz şyhyň gürrüňleri welin oňa ýaramaýardy. Şyh bolsa samahullaýardy.

– Haý, haý-eý, sadap ussadyňa, Meretgül gelin. Bu palaw däl-de, jennet höregile. Munuň tüwüsi Eýran bürünji ýaly-la, hä.

Meretgül garaňkynyň içinden aýallaryň arasynda oturan ýerinden üzlem-saplam tassyklap gürledi.

– Äl, munuň kişte-kişmişi niräniňki, gelin.

– Eýran kişmişidir. Kiştesem Eýranyň Samarkant kiştesinden aga.

Oraz şyhyň bolmajysy boldy. Ol garaňkyda gaplaň gürlär diýleni ýaly, şol takyrdap otyrdy.

– Äl, bi Eýran bürünjini goýaý sen. Äl, munuň şiresini, äl munuň ysyny. Bu tüwi däl, her biri barmak ýaly how munuň. Bah, munuň kişte, kişmişi bilenem alyşaýşyny. Aý, how, men şu Eýrany ýaman güýçli görýän, how. Aý, munuň bürünjimi, aý, munuň şiwýodymy, aý munuň kişte, kişmişimi, aý munuň tiregimi sanasaň sogaby bar, how. Bu ýerde dänäni dermanlyk üçin tapjak gümanyň ýok, olarda welin labaşy iýere adam tapylanokmyş, baý, döwletli il-ow, diýseň yrsgallymyş.

– Öz-ä, bizem-ä bir gidip görmesek, ölinçäk armanlydyrys, Oraz aga şol döwletli ili – Akganyň sözi Oraz şyhyň peltesine ýag damdyrdy.

– Nesip bolsa, Akga han, sen şaýyňyjyk tutuber. Indi gitjek wagtyň uzak däldir. Eşidişime görä, ýurt ýene könä dolanjakmyş.

– Ol nähili? – Durdy ýasawul sowal berenini duýman galdy.

– O nähilisi bolarmy? Heý, özüň oýlanyp gör, seniň obaňdan näçe adam gitdi. Iliňde näçe oba bar. Şolardan näçe adam gitdi. Heý, özüň oýlanyp gör, dolanyp gelýän barmy? Aýdyşlaryna görä, bu çozandaryn öňüne çöp atjak güýç ýokmuşyn. Olar bir allatagalanyň gudraty bilen adalat üçin ýere iberilen adamsypat jandarlarmyşyn. Olar siziň oglanlaryňyzy ýelem-ýüwlet edip barýamyşyn. Musulmana welin, barmagam batyranokmyşyn. Onsoň sen aýt, käpire arka direjekmi, musulmana.

Durdy ýasawul gaharly gürledi.

– Kim diýse poh iýipdir. Nemisiň nähili güne düşenini gazetler, radýa aýdyp dur. Ýöne seniň öz ýürejigiň şeýle bolanyny isleýän bolaýmasyn, Oraz şyh? Tapdyň bu ýerde etjek gürrüňiňi.

Oraz şyh sesini çykarmady.

Üzümgül mugallymam oturyp bilmedi.

– Durdy aga hak aýdýa. Gazetler, radio aýdyp dur kimiň kimligini. Biziň iner boýly agalarymyz, çynar boýly ýarymyz Watany goramaga gitdi. Biz umyt bilen gije-gündiz olaryň ýoluna garap otyrys. Biziň umydymyzy köýdürjek bolýanyň ýüzüne köz degsin.

Oraz şyh özüniň eden gürrüňinden gorkdy. Ol haýdan-haý özüni aklamak bilen boldy.

– Weý, men bir eşitmiş. Oglanlar üstem çyksa oňa ýetesi näme bar. Belki agzy boşuň gürrüňidir, byý.

Hiç kimiň eli tabaga uzanokdy. Meretgül onluk çyrany ýakyp, edil Oraz şyhyň gapdalynda goýdy. Indi Oraz şyhyň ýüzi mese-mälim saýgarylýar. Ilaman onuň çokgarak sakgalyna, döwleriňki ýaly kölegelenip duran gözlerine, gylyç ýaly gaňrylyp duran burnuna seredip bilmedi. Ol häzir eýä meňzeýärdi.

Ilamanyň ýadyna «jynly» jaý düşdi. «Bu adam şonda bolýar ahyry. Megerem, bu jynyň özüdir».

Ýöne Ilaman pikirini çuňlaşdyrmaga, ölçerişdirmäge, döküşdirmäge ýetişmedi. Ol Akganyň warryk sesine tisginip özüne geldi.

– Haý, men-ä by gazetlere-de ynanyp duramok. How, näçe adam gitdi. Ugrunda bir zat bolaýmasyn how, şu agamyzyň aýdýan zadynyň.

Oraz şyh hem kem galmady. Ol indi has mysapyrsyrady.

– Wah, meniň gynanýan ýerim, ine şu bala-çagalaryň güni kynaldy. Ýanky, hol gyýmazyň aýdyşy ýaly, biziň goç ýigitlerimiz-ä gaňryp elimizden aldy, uruş. Indem, bu çyr-çülpe bendelerem agta öküzi kündä salan ýaly bolup, horlap ýör. Bular başga bir ýurtda (ol Eýranda diýjek boldy. Emma saklandy) bolan bolsady, eli sowuk suwdan yssy suwa batyrylarmydy, ýok...

Oraz şyhyň sözüni Durdy ýasawul bozdy.

– Hany, hany il-günüň hossarlary, garnyňyz doýaň bolsa bir omyn ediň. Siz ýaly işsiz ýok bärde. Näme diýýäniňizi gulagyňyz eşidenok. Tapdyňyz etjek gürrüňiňizi.

Meretgül ýasawulyň al petinden aldy.

– Goýaweri, iýmäge goý adamlary, ne günlük bilen çagyrdym, ozalam. Ýöne aňryňyza bir bölek atdygyňyz dyzaşyp durmaň beýdip.

Durdy ýasawul garaşmady. Ol omyn edip, hüňürdäp, gaharly turup gitdi.

Oraz şyh, bu gürrüňleri eşitmedik bolýardy. Ol omaçanyň birini uzyn dili bilen «jylk-jylk» edip ýalap goýberýärdi. Soňam ýuwaş seslendi.

– Ýanka ynanmaň, Eýrany kapyr ýurdundan kem göremok men-ä. Onuň güýjümi? Beý, buw. Onuň arkasynda külli arap, turan, ispihan dur. Olaram Eýranyň bitiniň burny ganan ýerinde durup bilmez.

Akga elini saçagyň gyrasyna süpürip oturyşyna ýallaklap gürledi.

– Agam, biz-ä güýçlüniň tarapdary. Eýranyň güýji zor bolsa, Eýranyň saýasyna bararys, orsuň güýji zor bolsa onuň saýasyna bararys, agam.

Oraz şyh omyn etmäge ýetişmedi. Oturanlar turup-turup gaýtdylar.

Meretgülüň aglamjyrap, adamlary saklajak bolmagy başa barmady.

* * *

Ilaman şol agşam ýatyp bilmedi. Alasarmyk düýşler, süňňündäki galagoplylyk oňa ynjalyk bermeýärdi. Ýöne ol şol ýatyşyna birki sany nätanyş adamyň öýe gireninem duýmandy.

– Ilaman, köşek, ýatanmysyň – Ilaman alasarmyk ukynyň arasynda laňňa ýerinden galdy. Emma gözleri hiç zat görmeýärdi.

– Kim bi?! Kim bi?! – Ilamanyň gorkuly, howsalaly sesi öýüň içini ýaňlandyrdy.

– Sen däninim, gorkma. Biz, by, salama sowuldyk.

Ilaman gepleýäniň Anna agadygyny tanady. Ýanyndaky Durdy ýasawuldy.

– Inim, sen däninim aýt. Biz däninim käbir zatlary anyklaly! – Gelen adamlaram düşegiň gyrasyna çökdüler.

Ilamanyň ini dyglap gitdi. Ol Meretgüllere barany üçin käýýärler diýip gorkýardy. «Näme üçin Oraz şyhyň gürrüňlerini diňledimkäm?» Onuň bu oýlary uzak dowam etmedi. Anna aga sowal berdi.

– Sen, dänim howlukma, diňle, seni juma gijesine kim çagyrdy. Kim bardy ol ýerde.

– Meni hiç kim çagyrmady. Üzümgül mugallym gideli diýip üstümden geldi. Soň gitdik. Kolhozçylar bardy. Durdy aga-da bardy.

– Akga bardymy?

Ilaman gorsanjyrady:

– Hawa, bardy.

– Sen howlukma, sen dänim aýt, Akga näme diýdi.

– Ol hiç zat diýmedi. Ýöne Oraz şyh diýdi. Ol diýdi: «Nemisler gaty güýçli, biziň obamyzdan gidenleri öz tarapyna çekipdir».

– Durdy turup gaýdansoň dänim näme diýenini ýadyňa salyp bileňokmy!?

– Bilýän, ýöne meniň ýadyma düşenok. Ol köp zat aýtdy. Bizem turup gaýtdyk.

Olar daş çykdylar. Ilaman olaryň hümürdisini eşidip durdy. Anna aga ýene-de içeri girdi.

– Inim, sen dänim aýt, öýüňiziň töwereginde hiç hili üýtgeşme ýokmy? Şol Oraz siziň töweregiňizde görnenokmy?

Ilaman «ýok» diýip başyny atdy. Birdenem onuň ýadyna gapynyň gulpunyň açyk bolýandygy düşdi.

– Anna däde, men işe gidenimde gapyny gulplaýan welin, ol işden gelsem açyk durýa-laý.

– O nähili beýle bolýar? Sen dänim, gapynyň gulpuny ýapman gidýän bolaýma?!

– Ýok, çörek bar – Ilaman bu sözüň agzyna nähili geleninem bilmedi. – Men soň gulpy ýapykmy, dälmi diýip, ýagşy çekibem görýärin. Işden gelýän welin, ýene açyk.

Başga hiç zat duýaňnokmy?

– Ýok.

Anna aga düşege çökdi. Ol elini Ilamanyň eline goýdy.

– Ilamanjan, inim, sen dänim meni pugta diňle. Ine, Oraz şyh diýen adam dänim, Sowet hökümetiniň duşmany. Bir wagt siziň öýüňiz olaryň mülki bolupdyr. Ol öň şu ýerde ýaşansoň sürgünden ýene-de dolanyp şu ýere gelipdir. Onuň nähili geleni dänim

belli däl. Biz barlap göreris, ony. Sen entek daga, beýlekä dänim gitmäňi goýbolsun et. Başaryp bilseň dänim, şol adamy gözden salma. Üýtgeşiklik bolsa, Durda, ýa dänim maňa habar et.

Ilaman sesini çykarmasa-da razy boldy.

**8.**

Ertir 1-nji sentýabr diýlen güni Sülgüniň başyna kyýamat gopupdy. Durdy ýasawul şol gün oňa Myratlynyň söweş meýdanynda mertlerçe gurban bolandygy baradaky ajy habary getiripdi.

Ajy günleriň özüniň bir ýodasy bolýar ogşyýan-da. Ol ýöne bu biçäräniň üstüni depeledi durdu-la, jan allam. Bu ikimiziň gözümiziň ýaşyndan başga näme aýbymyz bar, jan alla.

Arzy doktoryň eňremesi, Üzümgülüň agysy Sülgünin derdini ýeňletmeýärdi. Ol öňem bir «çöpe jan bitdi» diýenleri ýaly, zordan yrgyldap ýörensoň, bu gün ýerindenem galyp bilenokdy. Onuň üstesine Aýsoltanjygyn hem tisginmesi, wägirip-wägirip goýbermesi ýürekleri para-para edip, süňňüne bitmez ýaralar salýardy.

– Wah, çagam, wah, balam, goý aglama. Hudaýyň özi gowusyny bilýändir. Belki hudaý, duşmanyň diýeni bolmasyn-da.

Arzy doktor Aýsoltanjygy gujagyna alyp eňreýärdi.

Gün öýläne aganda Meretgül gelip ýaňy kellesini galdyran Sülgüniň derdini gozgady. Sülgün ýene-de huşuny ýitirdi.

– Wah, gara maňlaý, şor maňlaý. Maňlaýyň şor bolmasa balyk ýaly balaňy, çynar boýly hemraňy aldyrarmyň. Hudaý gargan diýerler saňa. – Bu kempiriň aglamjyrap aýdýan sözleri Arzynyň bagryndan hanjar bolup geçýärdi, – Dogup doga dakynmasaň, döräp çabyt ýapynmasaň, galyp öwliýä ýykylmasaň alla seni nätsin, hudaý senden nädip bizar bolmasyn. – Ol sesini peseldip samyrdap gürleýärdi. – Agla, agla, gözýaşyň deňizmidir, wah, wah. Aglap-aglap aňyrsyna çykmarsyň. Gara bagryňy ýakanyň galar, gül ömrüňi ýakanyň galar, wah, wah.

– Goý, gyz, Meretgül, bu çaganyň ýüregini ýarýaň. Göwünlik bereniňmi, gaýta. Bu bendeleriň derdine dag goşma, goýaweri – Meretgül Arzy doktoryň özüne ýapyşdy.

– Adyňa döneýin Arzy jan, gözüňe döneýin, gyzyýam. Seniň çynar boýly ogluň guma garylanda men aglaman kim aglasyn. Seniň gara gözli ogluň gözi gumdan dolanda men ölmesem kim ölsün, men ölmesem kim ölsün-eý...

Arzy doktoryň depesinden gaýnag suw guýlan ýaly boldy. Häliden bäri özüni saklap otursa-da ýeke dikrarynyň dünýäde ýokdugy baradaky ajy duýgy onuň beýnisini, ýüregini deşim-deşim etdi. Ol Meretgülüň ýüzüne alarylyp bir seretdi, soň ýüregini tutup gyşardy.

Arzy doktoryň ýykylan gününiň ertesi Sülgüniň uluja gyzy Aýsoltanjyk dünýesini täzeledi. Adamlar onuň keseli garahassaçylyk bolsa gerek diýýärdiler. Sebäbi «Sülgüniň özem ýanar oduň içinde ýatyr, nogta ýaly saçy tokga-tokga gopup, dökülip gutaryp barýar» diýýärdiler.

Hakykatdanam Sülgüniň iýýän-içýän zady ýokdy. Üzümgül mugallym gün içinde barmak başy ýaly hamyrdan belkejik edip getirerdi. Emma syrkawyň bokurdagyndan zat geçenokdy. Ýöne samyrdap ýatyrdy. Raýon merkezine gidip dogtar çagyrmaga-da adam ýokdy.

Sülgüniň derdine ýanmaga Üzümgülüň özüniňem haly ýokdy. Onuň hem işi, aladasy, gaýgysy özüne ýetikdi. Soňky günlerde onuň adamsyndan asyl habar-hatyr ýokdy.

Häzirem ol özüniň Bezirgenini ýatlap Sülgüniň başujunda gözlerini sykyp otyrdy. Onuň başyndan müň bir dürli oýlaryň kerweni geçip durdy. Ol pikir kerweniniň aňyrsam-bärsem ýokdy.

– Wah, eziz dogan Sülgün, seň deregiňe bu azaplary men çeksem ýagşy bolardy. Gül parasy Aýsoltan, saňa derek men solup gitsem gowy bolardy. – Üzümgülüň eňremesi bu öýe hazan ýeli bolup aýlanýardy. Üzümgül şol zalymyň penjelerine düşmäge taýyn terizde bir gysym bolup otyrdy.

– Suw, suw, wah, Aýsoltanym, Nursoltanym, Myratly, suw, jan doganlar suw beriň – Sülgüniň iňňildisi Üzümgüli tisgindirdi. Ol köne suw kädiden käsä suw guýjak boldy. Suw gutarypdy.

Ol kädiniň gyrasyndan tutup daşaryk ylgady. Guýy uzak däldi. Ilamanlaryň arka ýüzündedi. Bu guýy ol Bezirgen bilen durmuş guran ýyly gazylypdy. Kerwen aga «Toýa gabat geldi. Indi bu guýynyň suwuny içen Görogludan az ýaşamaz» diýip, olaryň toýunda gürrüň edipdir.

«Kerweniň guýusynyň» çarham üýtgeşik ýeňildi, suwam gowudy. Şonuň üçin obada başga-da iki guýy barlygyna garaman, adamlar şu guýa suwa gelýärdiler.

Üzümgül çarhy saklap, suw kädä suw guýýarka Meretgülüň özüne tarap gelýändigini gördi. Emma aýak çekmedi. Sülgüniň gözgyny haly, «suw» diýip delminip ýatyşy, onuň aýaklaryna ganat bitiripdi.

Sülgün ýanar oduň içindedi. Ol samraýardy, aglaýardy, gülýärdi. Üzümgül beýle derdi, beýle belany hiç haçan görmändi. «Bu gelniň çeken dagy bir adamyň gerdenine agyr dälmidi?» Üzümgülüň gözünden süzülip gaýdýan monjuklar Sülgüniň assary solan ýorganyndan çykyp duran aýaklaryna damýardy.

Sülgün erbet tisgindi. Üzümgül içine gaýta-gaýta tüýkürdi.

– Näme etmeli? Ol häzir kelebiň ujuny ýitiripdi. Sürüsinden azaşan garlawaç ýaly, nätanyş üçekde busulyp otyrdy. Näme etsin ol. Kime dadyny aýtsyn. Ýa raýon merkezine gitsinmi?

Şol wagt gapydan Meretgül girdi. Ol ýalum-ýulum gürledi.

– Äý, gysyr gyrnag-a, şunça gygyrsam durmadyň. Ylgaý-ylgaý daljygagaýdym.

Ol dyzyna çöküp büzmeksiz dodaklaryny suwkädä basdy, soň it ýaly şalp-şalp edip suw içdi. Üzümgülüň getiren suwunyň köpüsi onuň ýakasyndan dökülipdi.

– A gyz, diýýän-ä, bu bagty ýatanyň şo bir bolşumy? – Üzümgül sesini çykarman Sülgüniň ýalaňaç aýaklaryny ýorgan bilen ýapyşdyrdy.

– Wah, bu görgülem uzak gitmez, adamyň ýüregi üýtgemesin. Myňky birden bolaýdy-da, äri öldi, iki gyrnak öldi, onsoň ol neneň çydasyn beýle otlara. Ýürek üýtgäpdir, ýürek. Üýtgedigi gutardy, bary bir gutaraýmalydyr. Men bu belalary kän görüpdim, kän...

Üzümgülüň ýüregi ýarylara geldi. Onuň aňyna raýon merkezine gidip, doktor çagyrmaly diýen pikir geldi. Ýöne hassany ýeke taşlap gidip boljak däldi. Eýsem, häzir kimden haraý gözlejek.

Ol Meretgüle ýüzlendi.

– Daýza, men raýona gidip tohtar çagyraýyn, sen şu gelne göz-gulak bolsana, suw diýip turuberýär.

Meretgül janlandy.

– Bolýa, sen git, ýöne men saňa bir zat aýdaýyn, a gyz. Diňle, ol gurbany gitdigim Oraz şyh bar-a, sen-ä öwýä gyz!

Üzümgülüň ýadyna öwgi düşenok. Onuň ähli pikiri Sülgüni halas etmekdi.

* * *

Meretgülüň aýagy ýere degmeýärdi. «Kyrk ýyldan gyran geler, onda-da ajally öler» diýenleri boldy. Uruş diýdi, galmagal diýdi, il gedaý düşdi. Meretgül welin gönenip galdy. Gaýta, bu galagoply günler oňa düşdi. Adamsynyň aşyny berdi. Onda-da nähili berdi. Eýran tüwüsinden, Samarkant kişmişinden, kiştesinden garyp bişirdi. Onda-da nähili döwürde. Il göz monjugy etmäge ýeke däne tüwi tapmaýan döwründe, ol äriniň aşyny berdi. Äri beýle hezzeti diri wagtam gören däldir...

Meretgül öz ykbalyndan ýüzde-müň razydy. Ýöne bir zada welin onuň içi tüteýärdi. Olam Enedi. Ene onuň diýeni bilen boluberenokdy. Ol Akgany ulanmagy başarmaýardy. Muňa bolsa kempiriň her gün jany ýanýardy.

«Biziň bu gyrnagymyz mes bolýa. Bir başyny başlady. Indem şol ýerçekeni gysymyna gysyp bilenok. Tamdyra gyzanda ýapmaly. Şu wagt dagy özüm bolsam näderdim, oňa hajyk-hujuk eden bolup, urularymy çäçden doldurardym. Bu gyrnak bolsa guýrugyny bulaýa».

Ertesi onuň süňňi has hem ýeňläpdi. Irden turup çaý demledi, işigi süpürip suwlaşdyrdy. Ýüzi suwlurak keçeleriň ikisini düşedi. Soň agşam işden giç gelen Enäni turuzdy.

Ene soňky döwürlerde ukudan doýanokdy. Onuň dünýäde iň uly arzuwy ýatyp-ýatyp ukusyny almakdy. Häzir ejesi oýadanda-da onuň ýorgandan galasy gelmeýärdi.

– Tur gyz, şeýtanyň diýenine gidip ýatma, tur, tur. Şeýtan:

«Ýene-de azajyk ýataý, azajyk ýataý» diýermiş. Şeýtanyň azdyrany özüniňkimiş, tur.

Ene ýerinden turup saçyny darady. Soň ýuwnup, keçäniň üstüne geçdi. Ýöne ol ukudan heniz doly açylmansoň ejesiniň süňňüniň ýeňländigini duýmandy. Gaýta, ejesine öz ýanyndan minnetdar bolýardy.

Meretgül gyzynyň ýüzüne gülüm-ýalymjyrap seredýärdi. Onuň bolşy häzir uly söwdagärden bolmasyz zady dilejege meňzeýärdi.

– Al, gyz, şujagaz gowurdagam käsäňe at, zat iýmäniňsoň ýüzüň-gözüňem solaýypdyr-la. Iý köpräk, ýa gaýgy-alada özüňi halys aldyraýypdyrmy?

Ene gözlerini mölerdip ejesine seretdi.

– Ýok, ýok, eje, men nämäni gaýgy edeýin. Hudaýa şükür, kem zadymyz ýog-a. Senem ýanymda.

Meretgül muňa monça boldy.

– Wah, şony bilseňem bolýa-la. Men-ä edenim gara derýa gark bolaýýar diýip ýörün.

Dymyşlygy Meretgülüň özi bozdy.

– Aý, gyzym, «gelen geçip baradyr» diýipdir öňde bir ýagşyzadalaryň biri. Ejeňem seniň alnyňy alyp durmaz. Onuňam çöpi sanaglydyr. Seniňem garyp ejeňi gury

ynjydanyň galar. Biz-ä ölmänkäk ogluň-gyzyn ýagşysyny görüp, gabra giremizsoňam arkaýyn ýatarmykak diýýäs. Arman, bolmady...

Ene ejesiniň ýüzüne kirpikmen, ullakan gözlerini balkyldadyp-balkyldadyp garady.

– Eje jan, sen nämeler diýýäň. Heý men seniň diýeniňe däl, edeniňe telek diýdimmi ahyry?

Meretgül gyzynyň uzyn kirpiklerine ýapyşýan kiçijik gözýaş monjuklaryny gülümsiräp, biperwaý synlady.

– Eýse, men şol Äkge jany gysymyňa pugta gys diýip näçeler zarynladym, näçeler aýtdym. Sen welin...

Enäniň ýüzi laplap gyzyp gitdi. Şol ýalyn süňňüne ornap, ýüregini pugta myňçgalan ýaly boldy. Ol ýüregini tutjak bolup elini göterdi. Emma ýetişmedi. Ýanyny ýere berdi.

Meretgül gyzynyň perişan halyny görse-de görmezlige salýardy. «Goý, kösensin, gyrnak. Garry enesiniň tutanyny goparmasa aýrylmaýanlygyny bilsin, gyrnak». Ol aňyrsyna garap samyrdaýardy:

– Atasyzka atasy bolup, enesizkä enesi bolup, ýenesizkä ýenesi bolup ekläp-saklap almytyňy aldyňmy diýsene. Gözüň aksyn, gyrnak. Ýetim guzy saklasaň agzyň-burnuň ýag eder, ýetim gyzy saklasaň agzyň-burnuň gan eder, gözüň aksyn, gyrnak...

Ene ýüzüni tutup ýatyrdy. Ejesiniň iňleýän sesi, yzy üzülmeýän samramasy oňa ahy-nala bolup eşidil- ýärdi.

Ol ysgynsyz gollaryny keçe düşelen ýere diräp, çommaldy. Soň ejesine bakan süýşdi. Baryp kempiriň gurap, gury süňk bolan eginlerinden ýapyşdy.

– Eje jan, goýsana, men näme seniň diýeniňe heý ýok diýdimmi ahyry. Sen meniň ne güne düşüp ýörenimi bileňokmy? Meniň adamym bardy. Belki gaýdyp geler. Hem onuň öňünde, hem iliň öňünde masgara boldum-la men.

Kempir ýumşamady. Gaýta, möwç aldy.

– Wah-heý, sen şol ýetimçäň öňünde masgara bolarmyň? Ilem näme diýse şony diýsin. Dyrnagyň össe begenýän barmy näme? Seni aldajy gyşlarda, epgekli jöwzalarda Symrugyň öz çagasyny ganatynyň astynda penalaýşy ýaly penalan kim? Äkge dälmi seniň maňlaýyňdan hydyr ata bolup çykan, hä. «Poh, doýranyň sakgalyna» diýenlerini etjekmidiň? Wah, hudaýym, ertiriň säher çagynda, seniň şol ýer ýuwdanyň etini iýen gargalar şu etraplara tezegem taşlamasyn-da jan huda...

Ene ejesiniň agyp barýan gamaşyk gözlerini, agzyndan akýan ak köpügi synlap sandyrady. Onuň ýüregine eýmenç gorky aralaşdy. Ejesini köşeşdiresi geldi.

Ol ejesiniň gaty eginlerini giň gujagyna gysdy.

– Aýryl, aýryl. Degme maňa. Meniň ýüregime ot salyp, indem jögüsirän bolma – kempir gowşak siltenjirän boldy.

Enäniň ýüzi sallandy. Onuň ýüregini gam-gussa ersdirdi. Meretgül welin möwç aldy.

– Gyzym, sen halamasaňam, ýigrenseňem sesiňi çykarma. «Günüm üçin günimiň çagasyny allalaryn» diýipdirler. Öz göwnüňe seretme. «Erkek göwni ýüpek, aýal göwni kepek» diýipdirler. Sen ur hoşamaýy, et diýenini. Iliň näme işi. Sen öz günüň geçenini bil. Bu dünýede ýetmiş gyşy, ýetmiş ýazy gördüm. Namysa, ara zat berlenini görmedim. Onsoňam hudaý seni bagyşlar, hudaýsyz çöp başy gymyldaýan däldir.

Enäniň içinden tutan sanjy wagty bilen goýbermedi. Meretgül welin henizem samyrdap otyrdy.

* * *

Anna aga ertir daga, orakçylaryň üstüne gitmänkä etmeli işlerini ýekän-ýekän kellesinde aýlaýardy. Bary möhümdi, bary gaýragoýulmasyzdy. Iň esasysy hem Oraz şyhly meseledi.

Anna aga başaryp bilse bu morsakal bilen ýüzbe-ýüz boljak däldi. Ýöne alaç ýokdy, isleseň-islemeseňem ýüzbe-ýüz bolmalydy. Onda-da haýyş etmelidi. Ol işiniň esasysy bolansoň, şondan başlamagy ýüregine düwdi.

Oraz şyh başlyk üstüme geler, onda-da gijäniň bir wagty haýyş bilen geler diýip ýatsa-tursa oýuna getirmeýärdi.

Häzir oňa hiç bir zat ýaranokdy. Ol gözlerini haýaljak ýanýan çyra dikip, hyýallaryň çuňňur girdabyna özüni taşlapdy.

«At basman diýen ýerine müň basar» diýenleri bolupdy. Oraz şyh gaýdyp gelip bolmajak, şeýle uzak ýollary külterlemeli bolupdy. «Eý, pelek, pelek, gör seniň oýnuň nähili? Deprenmez döwlet, mal-mülk, barysy gitdi, indi bolsa ogry, kümsük it ýaly aç syryljyrap ýörmeli».

Oraz şyhy mundan on bir ýyl öň sürgün edipdirler. Onuň bilen gidenler iberilen ýerde ornap galypdylar. Emma Oraz şyhyň ýüregi Çynarly diýdi durdy. Onuň: «Bu bolşewigiň düzgüni uzak gitmez» diýen bet tamasy başa barmandy. Şonda-da onuň Çynarlyny arzuwlamagy ata watany küýsemek diýip boljak däldi. Onuň ähli umydy köne mülkünde gömlen bir küýze gyzyl puldy. Bir arzuwy gidip şony alyp, soňam Eýrana geçmekdi.

Ol özüniň bu niýetini ilden gizledi. Özüni hemişe «Watan!» diýip ölüp-öçüp barýan ýaly görkezdi. «Ölmänkäm ilime bir baraýyn. Ölsemem şol ýerde öleýin. Köpüm geçip, azym galdy» diýip, ol ýerdäkileriň gulak etini guradypdy. Uruş turansoňam ýarym duýduryp, ýarym duýdurman Çynarla gaýdypdy. Ol ilkinji maksadyna ýetipdi. Indem iň esasy zat gyzylly hum ele salynýança kän bir göze ilmezlikdi. Ýöne ol ony başarmandy. Öz ýüregindäkini dili gizläp bilmändi.

Ol juma gijesi Meretgüllerde öteräk geçenini aňypdy. Şondan soň bolsa känbir daşda-içde hem görnenokdy. Göwnüne bolmasa, bu Durdy ýasawul dek ýatman, iki sany milisioneri yzyna salyp getiräýjek ýalydy. Ol şol adamdan az gorkanokdy. Şonuň üçin indi gaty seresaply gezýärdi.

Ol ýerinden turmaga hyýallanyp otyrdy. Pagtasy çykyp duran çäkmenini agtaryp içerä göz aýlady. Çyranyň öçügsi yşygy ýalaňaç diýen ýaly içerini hasam içgysgynç görkezýärdi.

Gapydaky güpürdi ony özüne getirdi. Ol aljyrady. Çäkmenini sermeläp tapdy. Daşardan ýene-de hümürdi, güpürdi, takyrdy eşidildi. Kimdir biri «Oraz, Oraz» diýýän ýaly boldy.

Oraz şyh böküp ýerinden turdy. Gapynyň yşyndan daşary seredişdirdi. Soň ylgap gelip çäkmenini egnine ýasgynjak aldy.

Gapyda duran atly atyndan düşjek bolup çemlenýärdi. Aty welin otsuz-çöpsüz, ýalaňaç ýerde durmak islemeýäne çalym edýärdi.

Oraz şyh gapynyň içinden ildirilýän bagyny çözüp, özüne çekdi. Gapy beýle biwagt açylanyna gaharlanýan ýaly erbet jygyldady.

– Essalowmaleýkim, Oraz! – Oraz şyh özüne berlen salamy aljyraňňy aldy. – Tanadyňmy, men Anna – Ara dymyşlyk düşdi, başlygyň ýabysynyň burnunyň pyrryldysy gijäniň rahatlygyny bozdy. Oraz şyhdan ses çykmady. – Aý, bir dänim, halyňdan habaram alyp bilemok, gel dänim, salamlaşaýyn diýdim.

Oraz şyh «hüm» edip çalaja baş atdy:

– Aý, ýatlanyňa taňry ýalkasyn, bizem bir mydar bardyrys – diýdi.

– Bi, häzir döwürem gahatçylyga çykdy, purant diýdi, uruş diýdi, galmagal diýdi, aljyraňňyrak bolup ýörüs, sen dänim özüň baraýmal-a, galla, beýleki gerek-ýarak zat üçin. Şu bizi dänim, getirjek bolman.

Oraz şyh başlygyň näme isleýändigini, näme diýdirjek bolýanyny, näme diýjek bolýanyny aňlap bilmedi.

– Wah, oňuşyk-ha kyndyr, Anna. Gelenime puşmanlar edip, gijeleri çirim etmän geçirýän. Ne mülk bar, ne mal. Onuň üstesine-de açlygam heläklejek. Il-gün diýip gaýtdyk, iliň-günüňem gadyra-gymmata eli deger ýalymy? Döwürem kyn döwür boldy, kyn...

Anna aganyň diýeni boldy. Öňem Oraz şyh ony görse halymsyrap, «açylaýjak» ýaly bolupdy. Soň oňa az-owlak ýumuş buýursa-da «Ä-ä» diýip durmaz diýip oýlanypdy.

Onuň eden tamasy çykdy. Indi ýumşy göni aýtmalydy. Ýöne nähili aýtmaly? Sypaýyçylyk bilenmi ýa-da azym bilenmi?

– Oraz diýýän-ä, men-ä dänim seniň ýanyňa ýumuşlyja geldim diýsemem boljak.

Anna aga Oraz şyhyň ýüzüne seretdi. Emma ýarygijäniň galyň garaňky perdesi onuň ýüzündäki galagoplylygy, şyhyň çokga sakgalynyň ujunyň titreýşi başlygyň ýadawlykdan awuşap duran gözlerine ilmeýärdi.

«Ogry syrty gowşak» diýleni ýaly, Oraz şyhyň gara gaýgysy özüdi. Başlygyň bimahal gelmesi, onuň sypaýysyran bolmagy şyhyň ýüregine symyljak galpyldy saldy. Şonuň üçinem Anna aganyň gürrüňini başly-baratlyrak eşitdi.

– O nämäň ýumşumyş, aýdyber!

Anna aga onsuzam irkilip duran ýabysynyň uýanyny silkip «dur-r» diýdi. Emma bu ýagdaýy Oraz şyh aňmady.

– Diýmek dänim, näme ýumuş bolsun, kömegiň gerek. Biziň dänim, ähli güýjümiz puronda gitdi. Indem dänim aýal-ebtat, çaga-çuga bolup galdyk. Olaram dänim, hol dagda-darawada iş üstünde. Ine, senem edil tüýs wagtyny peýläp dänim, aljyran wagtymyz dänim, tüýs Hydyr ata ýaly bolup gelipsiň.

Oraz şyhyň ýüregi birneme ynjaldy. Onuň özem by zatlary syzýardy. Ýöne başlygy içinden içikdirmelidi. Oraz şyhy görende ýaýaplap gezer ýaly etmelidi. Ol bu ýerde näçe bolsa-da, näme etse-de «towguna tok» diýilmez ýaly etmelidi. Ol şonuň üçin dyzmaç gepledi.

– Ýok, Anna, sen kömek, beýleki diýip, meniň başymy-gözümi aýlama. Men bu ýere şura ýykylyp barýar-ow, şona goltgy bolaýyn diýip gelen däldirin. Bir gysym toprak diýip gelendirin. Adam, ahyr gününde göbek gany daman ýerinde aýagyny uzadyp, öleýin diýip gelendir. Seňem, şuraňam maňa azary ýetmese ýagşy bordy...

Anna aga Oraz şyhy ýöne hoşamaý söz bilen, ugruna kowup, razy edip bolmajagyna düşündi. Ol «ölmäge geldim» diýen bolşuny «öldürmäge geldim» diýen ýaly kabul eşitdi. Oraz şyhyň gelmeginiň sebäbini bolsa ol çalarak güman edýärdi. Onuň Meretgül garrynyňkyda, juma agşamy eden gürrüňleri bolsa ýüreginiň henizem düzelmändigini görkezipdi. Şonuň üçin ol bu mysapyrsyraýan şyhy gowja dalamagy ýüregine düwdi.

– Oraz, Oraz, sen dänim «ölmäge geldim» diýen bolup gep çagalatma. Geldiňmi, indem seniň ýadyňa häzir ölüm däl-de, duşmany dänim ýeňmek, ondan ar almak düşmeli. Sen dänim, oglan gürrüňini etme. Sen dänim, şura hökümeti ýykylyp barýar diýip küpür gepleme. Şurany ýykjak güýç dünýäde ýokdur. Seniňem dänim, şura daýanç bolmajagyňy bile-bile, göre-göre gelýäs. Indem dänim, gelipsiň, diýleni etmeli borsuň. Diýleni etmejek bolsaňam, goşuňy daňyp, nirede işletmeýän bolsalar, şonuň ýaly ýere gitmeli bolarsyň.

Anna aga sözüniň yzyny ýabynyň üstünde aýtdy.

Oraz şyh birden janlandy. Ol ylgaşlap atyň jylawyna ýapyşdy.

– Dur, dur. Sen adamyň ýüregini tolkundyryp, beýdip gitmersiň. Adam ýaly edip gelmediň, adamkärçiligiňi ýitiribem gitjek bolýaň, hä...

Anna aga öz çözgüdiniň nyşana degendigini aňdy.

– Näme diýjek bolýaň? Ýogsa dänim, men seniň aýagyňa ýykylaýynmy? Gije gelmän, näme, men seniň üstüňe saçakly, serpaýly geleýinmi? Şu gelenme dänim şükür et. Indi dänim, çagalarymy görmänime on gün boldy, oba üstünde bolup...

Oraz şyh başlygyň gazabynyň gowşanyna begenmän durmady. Şonda-da kirşiniň tiriňini peseltmän gürledi.

– Sen öz öýüňe ýyllap barmadym diýip, iliň öýüni depelemeli dälsiň, il adamsy boljak bolsaň. Onsoňam gepi uzaltmaly, nirede, näme işlemeli bolsa aýdyp otur....

Anna aganyň ýadaw ýagyrnylary dikeldi. Ol gamçysynyň sapy bilen derläp maňlaýyna ýapyşan telpegini galdyryşdyrdy. Onuň maňlaýyny jana şypaly salkyn şemal sypap geçdi.

Iş agyr däl, ine, şu mekebiň bir jaýyna dagdan arassa bugdaý getirjekler, şoňa dänim göz-gulak bolarsyň. Sen dänim, hälki bir açara-gulpa göz-gulak bolsaň dänim bolany. Ýanyňa-da dänim kömekçi birin oglanlaň birini, hol Kerweniň ogluny. Çaýyňa-suwuňa esewan bolar. Hem hümürdeş bolar. Elek getiriňe, soky getiriňe ýarar...

Oraz şyhyň geçisi daga ýaýrap, derisi ýazylyp gitdi. Ol beýle şowlulygy hiç haçan arzuwam edip biljek däldi. Ýöne ol garry gurtlygyny edip, syr bildirmedi.

– Aý, näme, sakalyňy sallap geleňsoň, sözüňi ýykmaýyn. Obanyň kähudasy bolanyň üçin ýumşuňy bir gezek bitireýin – diýdi.

– Ýagşy, Oraz, sen dänim, gaýrat et, oglanlar ertirden gijä galman ýük daşap ugrarlar, menem seniň dänim, gadryňy bilerin, hak-heşdegiňi hor etmerin...

Ýaby uýanynyň gowşandygyny bilip, çala mytdyldap ýola düşdi. Çynarlynyň horazlarynyň sesi asuda obanyň içinden syçrap çykýardy.

Oraz şyhyň gözüne uky gelmedi. Ol bu işiň amatlylygyny doly göz öňüne getirjek bolup azara galýardy. Ýatan ýerinden içegeleriniň jugurdap durmasyny ýadyndan çykaryp, oýlanýardy. «Tamdyr çöreginiň doýa iýilmänine-de, gör, näçe wagt bolupdyr». Oraz şyh oýlanýardy, ölçerýärdi, dökýärdi, soňam aldygyna hudaýa şükür edýärdi. Indi onuň ýüregindäki etsem-goýsamyna çalaja yş açylypdy.

* * *

Başlyk «häli-häzir daga gitmän galaý» diýse-de, Ilaman taýýar bugdaýyň ilkinji tapgyryny çekişmek üçin daga gitmeli bolupdy. Ol iki-üç gün harmanda ol-bi işe kömek berip işledem.

Ol bu günem ukudan üşäp oýandy. Bu ýylyň güýzi ygally gelipdi. Il-günüň bagtyna açyk günler şeýle azdy. Şonuň üçin bugdaýy ormagam, döwmegem, daşamagam hyllylla bolup durdy. Daňdanyň bu sowugam ýeňem içiniň gory, egniniň dolagy ýuka adamlary halys edip barýardy.

Adamlaryň bir ýarym örüşeni bardy. Ilaman welin köneje ýorganyna hezil edip sümüldi. Ýorganyň içi ýyljakdy. Birneme ýylynansoň Ilamanyň süňňüne ýyly ýöredi. Şojagaz ýyly onuň süňňüne enaýyja umyt uçgunlaryny salan ýaly boldy.

Gör, adam nähili täsin jandar? Ýogsa, düýn Ilamanyň umytlarynyň bary tükenen ýalydy. Ýadawlykdan, gurpsuzlykdan, açlykdan eňki gidip özüni zordan şu teläriň aşagyna atypdy. Hatda, Ogultäjiň degişmesem, Tagy gelniň hoşamaýam onuň syngyn göwnüni seýiklemändi. Ol gijäniň bir wagty Akga brigadiriň gelenini hem zordan ýadyna salýardy. Ol: «Häýt, ertir irräk turgun, oba bugdaý çekmeli sen» diýmeginiň manysyna-da indi akyl ýetirýärdi.

«Oba gitmeli!» Oba Ilamanyň arzuwlarynyň başydy. Ýüreginiň uly yhlasydy. Onuň gizlin, mukaddes arzuwy obadady. Ol şol arzuwyň nämedigini aýdyp biljek däldi. Ýöne şu dagyň çür başynda-da karar tapanokdy. Iller her gün bir ýyla deň diýýärler. Ilaman üçin welin her sagat bir ýyla deňdi. Bir gije-gündizde ýigrimi dört ýyl bar ýalydy.

«Oba gitmeli!» Ilaman tas bar sesi bilen gygyrypdy. Ýöne ol indi ýatyp bilenokdy. Şonuň üçinem turup ýorganyny düýrüp, paýanyň gapdalynda endiganlap goýdy. Soňam çarygyny aýagyna çala-çula sokup, çeşmä tarap ugrady. Ol çeşmäniň başynda oturanyň Ogultäçdiginem duýmady. Barşyna çeşmäniň sowuk suwuna şapyrdadyp ýüzüni ýuwdy.

– Aý, oglan, suw syçratma diýýän, Ilaman.

Ilaman gözlerini ýalpa açdy. Öz bolşundan uýaldy. Ogultäjiň öňünde özüni ýazykly ýaly duýdy.

– Ogultäç, men oba gidýän, näme sargydyň bolsa aýt.

Ogultäjiň ýüzüne mämişi reňk çaýylan ýaly boldy. Ol başyndaky ýaglygyny alyp, ýüzüni süpürip durşu. na, assaja dillendi.

– Sag-aman baryp gel! – Ol başga zat diýmedi. Ilamanyň bolsa begenji öz ýanyndady. Ol goşa çenli bökjekläp gitdi...

...Ilamanyň diýeni bolmady. Oba dagdakydanam beter içgysgynç eken. Ol munuň şeýledigini haltalardaky bugdaýyň mekdebiň jaýyna döküp, ýoldaşlary ýene daga dolananyndan soň duýup galdy.

Ol öýlerine gelende haýran galmakdan doňup galdy. Içeriniň düşekleri çala-çula düýrülipdir. Öýüň içi bolsa gazym-gazym, çukur-çukurdy. Çukurlardan çykarylan gumlar şol çukurlaryň gyrasynda diýen ýaly durdy. Onuň howsalasy artdy. Çukurlaryň her biri döwüň gözi ýaly hoňkaryp, ony ýuwdarly görünýärdi. Ol ylgap daş çykdy. Kime dadyňy aýtmaly, kimden pena gözlemeli. Ol «tyrs-tyrs» edýän gursagynyň sesini diňläp, ýola çykdy.

Obada iňlär siňek ýok ýalydy. Patrak ýaly bolup lowurdap ýanýan ýyldyzlar, gögümtil äpet asman hemem bu uzyn boýluja, süňňi hasratdan doluja oglan ömürlik bile

galaýjak ýaly bolup durdy. Ilamanyň göwnünde höwesem, arzuwam, şu gün ertirki keýik owlajygy ýaly bökjekledýän keýpiçaglygam ýokdy, barysy sönüpdi. Şol duýgular indi hiç haçan gaýdyp gelmejek ýalydy.

Ol iki dyzyna başymy goýup irkilip oturdy. Ýöne ýerinden galyp öýe girmek, öňden arzuw edip gelişi ýaly, ýatyp-ýatyp ukudan doýmak asla ýadyna-da düşenokdy.

Ol dagdan gaýdanyna puşman etdi. Jugurdaýan içegeleri onuň ýadyna çaý-çöregi saldy. Emma ol jübüsindäki ik-üç agyz çöregini agzyna salmaga-da äwmedi.

Süňňünden geçip barýan sowuk ony oýarýardy. Emma heniz ýagşy bekemedik, ýadaw çaga göwre welin sowugy-beýlekini bilmän, tä guruşýança irkilýärdi.

– Waý, Ilamanjan, sen geläýdiňmi? – Ilaman ýalpa gözüni açdy. Öz üstüne abanyp duran aýaly tanamajak boldy. Ol Sülgün gelnejesiniň keşbine giren eýe ýaly bolup durdy. Ilaman gorka-gorka oňa garady. Göwnüne bolmasa, onuň başy dik asmana ýetip duran ýalydy. Ol birden wägirip goýberdi. Soňam bat bilen ylgap öýe girip, işigi içinden gulplady. Gapydan kimdir biriniň jak-jaklap gülýän, adyny tutup gygyrýan sesi eşidilýärdi.

Ol irkilmän daňyny atyrdy. Daňyň ümüş-tamşynda gapyny açdy. Düşekleri galdyryp, çukurlary gömüşdirdi. Içerini süpürip, düşekleri ýazyşdyrdy. Soň gapylary syryşdyrdy. Ýöne onuň agşamky gözüne görnen eýe ýadyndan çykmaýardy. Çalaja şygyrda ýüregi gürs edip gidýärdi.

Ilaman ýekelik bilen öwrenişipdi. Şonuň üçin ol hemişe ýekeräk bolmagy, gören, eşiden zatlaryny ölçermegi, dökmegi gowy görýärdi. Oraz şyh bilen işläp başlandan soň onuň ýagdaýy has kynlaşdy. Oraz şyh ony gördügi nämedir bir ýumuş buýurýardy. Aýyn bolmasa ýarty halta bugdaýy arkasyna berip, «Me, şuny Akga birgadyň öýüne eltip gel», «Bar, dagdan indi haçan bugdaý geljek, kanturdan sorap gel» diýip iberýärdi. Hiç bolmanda, eline bir tabak bugdaý bernip, içiniň çöp-çalamyny arassaladýardy.

Iş beýle kyn bolmasa-da bu ýumuşlar, ownuk iş oglany irizdi.

Ilaman beýle ýalta adamyň näme üçin bu işe bellenenine düşünmeýärdi. Iň ýaman ýeri-de, ol Ilamana agzyndan gelenini diýýärdi. Bir gezek bolsa ony ýagşyja ýençdem. Şol gün süňňüne giren galpyldy oglanyň endamyndan henizem çykanokdy.

* * *

Ilaman Oraz şyh gapa çykdygy şol elhenç güni ýatlaýardy. Ol Akganyň Oraz şyhyň ýanyna gelşini, olaryň arasynda bolan gürrüňi indi ýatdan bilýärdi.

...Şol gün Ilamanyň ömründe hakykatdanam elhenç gün bolupdy. Ol işiň ahyrynda öýlerine gelip gyşarypdy. Şol wagtam bir ýerden Sülgün gelnejesi gelipdi. Onuň üsti-başy eleşandy. Ilaman gözlerine ynanmajak bolupdy. Ol aýal welin, şeýle şadyýandy, batly gürleýärdi, gülýärdi. Onuň saç galman düşen kellesindäki börügi hem sallam-sajakdy. Öňki owadan, mähriban göreçleri içine gidip, gözleriniň owasy hoňkaryp ýatyrdy. Ol Ilamany görüp şeýle bir begenýärdi. Içi-içine sygman gürleýärdi.

– Waý, Illi jan, men saňa şatlygymy aýtmaga geldim. Men gitjek bolup şaýymy tutup ýörün. Hol, Myratly dädeň gelipdir. Wah, käbäm, ýanynda-da Aýsoltanjygam, Nursoltanjygam barmyş...

Ilaman Sülgün gelnejesiniň zabyr-zabyr edip gepleýşini, içiňden geçip barýan gözlerini görüp düýrükdi. Ol Myratly dädesiniň gelenini-gelmänini bilmese-de, Nursoltan bilen Aýsoltanyň indi bu dünýäde ýokdugyny gowy bilýärdi.

– Gelneje, kim aýtdy ony sana. Kim aýtsa-da ýalan sözläpdir. Seni aldapdyrlar, ynanma, gelneje jan, ynanma...

Ilamanyň naýynjar garaýşy, onuň ýalbaryşy Sülgüne täsir eden ýaly boldy. Ol elini agzyna tutup oýa batan ýaly bolup oturdy, soňam ýuwaşja gürledi.

– Ýa şeýlemikä, meni aldaýdymyka o ýer çeken. Ýa gelmedimikä, hä, Illi jan!.. – Ol birden ukudan açylan ýaly aýgytly gürledi:

– Onda hany Nursoltan, hany Myratly, hany Aýsoltan, hä, hany olar?..

Ol ýene-de gaýgyly görnüşe girdi, Ilamanyň ýüzüne ýiti-ýiti garady. Soň ýene-de gürläp başlady.

– Illi jan, men çelpek ýapaýynmy, pişme bişireýinmi? Hä, un kän, ýag kän. Özem şeýle bir gowy un, didäm, ýöne çelpek ýapyp oturmaly. Elim boş gitmäýin olaryň ýanyna. Dünýe malym şolaryňky ahyr.

Ol gürrüňini gutarman çykyp gitdi. Ilamanyň ýüregi agzyna gelen ýaly bolupdy. Bu oňullygyň alamaty däldi. Sülgün gelnejesine bir zat bolýardy. Ol garahassaçylykdan soň köp adamyň was-was keseline duçar bolýandygyny eşidipdi. Ýöne ol uzaga çekmän aýrylyp gidýärmişin. Belki, şeýle bolsun. Ilaman hem howsaladan hem gorkudan içini çekdi. Oňa çenli aňyrdan tanyş düňküldi, Sülgüniň ýalaňaç aýaklarynyň sesi eşidildi.

Onuň bir elinde tabak, bir elinde deriden edilen köne kendirik bardy. Ol kendirigi ojagyň başyna ýazyp, tabagy oňa düňderdi. Ilamanyň burnuna külüň ajymtyk ysy urdy. Onuň gara gözleri peträre geldi. Sülgün gelnejesiniň un diýip ýugrup oturany ýandagyň külüdi. Külüň üstüne her sapar suw guýanda, ol içeriniň ep-esli ýerine tozap gidýärdi. Asyl onuň öz ýüzi, saçy, kiripikleri kilwanyňky ýaly bolupdy. Ilamanyň jebegesi darygyp, dem almasy kyplaşýardy. Sülgüniň welin sesi hasam dabaralýňýardy.

– Illijan, ine, häzir ýüpek ýaly hamyr bolar, görersiň. Onsoň pişmesinem bir iýip gör, didäm, gulagyny kesselerem bilmersiň – Ol birden ziňk edip dikeldi. – Waý, dur, bir ses bar ýaly-la. Ýa olaň özlerijik geläýdimikä? Hä, Illi jan, bar ýola seredip gel. Dur, dur, özüm çykaýýnla...

Ol daş çykdy. Eliniň palçygyny gyňajyma, solgun alaça köýnegine çalýardy. Ol gidip ýene-de düňk-düňk edip geldi. Gelibem, Ilamanyň ýüzünden-gözünden ogşaşdyrdy.

– Sen Myratly bolaýma, Illi jan, hä, sen Myratlym bolaýma. Sen gelip, indem meni aldajak bolýan bolaýma. Hany, Nursoltanjan, hany, Aýsoltanjan hä, olary nirede goýduň?..

Sülgüniň içine giden öçügsi gözleri Ilamanyň içinden geçdi. Ol ýerinden batly turup, wägirip aýagaldygyna gaçdy.

Ilaman gagşaýardy. Sowuk galpyldy onuň bütin süňňüni lerzana getirýärdi. Emma häzir nirä barjak. Ol Üzümgül mugallymlara barmagy ýüregine düwdi. Şonuň üçin mekdebiň golaýyndan geçdi.

Mekdebiň bugdaý salynýan klasynyň agzy açykdy. Ilamanyň kellesine bugdaýly jaýa girip ýatmak pikiri geldi. Eger ol bu jaýa barsa Sülgün gelnejesi gelip biljek däldi. Häzir onuň yzyndan kowalap gelýän bolmagam mümkindi. Onsoňam bugdaýly haltalaň üstüne çykyp, üstüňe halta ýapyp ýatsaň ýorgandan kem boljak däldi.

Ilaman şeýle niýet bilen bugdaýly klasa girdi. Jaýyň içinde hiç kim ýokdy. Şonuň üçin ol haltalaryň depesine çykdy. Haltanyň üstünde Oraz şyhyň çäkmeni ýatyrdy. Onam ýanyna aldy. Häzir onuň hiç zadyň pikirini edesi gelmeýärdi. Iň esasy zat

ýatmalydy. Ol haltalaryň depesine çykdy. Oraz şyhyň çäkmeninem üstüne çekdi. Şeýdibem, ýüreginiň tyrsyldysyny diňläp, meýmiräp başlady.

Ol ymyzganan ýalam etdi. Birdenem, bu ýere näme üçin gelenini oýuna getirdi. Ine, onsoň ýatyp bilseň ýat-da. Sülgün gelnejesiniň naýynjar, hasratly keşbi, ýalaňaç aýaklary, sal-sal alaçasy, saçy düşüp, ak kel bolup duran kellesindäki bulaşyk börügi, içine giden howsaladan, gussadan doly gözleri onuň süňňüni yrap-yrap goýberdi. Göwnüne bolmasa, ol Ilamandan hasap soramaga ýetip gelýän ýaly bolup göründi. Ol haltalara ykjam gysyldy.

Jaýyň gapysy jygyldap gitdi. Kimdir biriniň sesi, hyşşyldysy eşidildi. Bu Sülgün gelnejedir öýdüp, Ilaman tas wägiripdi. Onuň ýüregi tyrsyl-tyrsyl edip, ýene-de agzyndan çykara geldi.

– Oraz däde, Oraz däde, barmyň, how!

Ilaman az-kem köşeşdi. Bu erkek adamyň, kimdir bir tanyş adamyň sesidi.

Ilaman bu tanyş sesiň kime degişlidigini derrew tapady. Ol Akgady. Ilaman onuň dagda orakçylaryň ýanyndadygyny bilýärdi. Häzir onuň bu ýerde näme işleýänine düşünip bilmedi. Şonuň üçin ýüzüni açdy.

– Oraz däde. Oraz däde, be, bu nirä ýok bolýakan-aý, skladyň agzyny açyp? – Akga ýene-de hümürdedi. Ol doly haltalara depişdirip gördi.

Aňyrdan kimiňdir «ähüm-ühümi» eşidildi. Bu megerem Oraz şyhdy. Ol çokaýyny şyrpyldadyp, howlukman ýöräp gelýärdi.

– Ä, ähem, Äkge baý, amanmy, sagmy, çaga-çülpeler mesmi?!

Akga onuň bilen elleşip, iň eziz hossary bilen ýyl aşanda zordan tapyşan ýaly edip görüşdi.

– Agamjan, şükür, özleňiz nähili? Iş nädýä, iş. Başlyga diýip, diýip zordan yrandyryn. «Şony belle ysgylada» diýdim. «Etmez» diýdi. «Etmese-de belle» diýdim. «Ýalbar» – diýdim. Tüýs bolaýdy, indi.

– Ä, Äkge baý, bizi sylasaň seni hudaý sylasyn. Äý, şuranyň golaýyna gelmejegim hakdy. Ýöne şu ýetim-esir, aýal-epdady, çaga-çugany ara salyp -otyr, onsoň gel, aýak depip durmaýyn diýdim. Aý, bolýa-da, bize...

Kemi ýok. Ýöne, Oraz däde, men bir zat eşitdim. Şol çynmyka, ýa duşman gepimikä?

Oraz şyh doly haltalaryň biriniň üstünde oturdy.

– O nä gep? – Akga pyşyrdap diýen ýaly gürledi.

– Garşyky Çeşmeliden Hojameňliniň ogly purontdan gelipmiş. Şol diýýämiş, nemisleň tumşugyna kakýas, Maskawanyň ýanynda biloňurgasyny owratdy. Indem kellesini çym-pytrak etmäge barýardyk welin...

Oraz şyh haşlap dem aldy. Akganyň sesi ýatdy.

– Hojameňliniň ogly poh iýipdir, onda-da ata-babasy bilen poh iýipdir. Haramzada. Türkmeni orsa dönderen şolar ýaly iblisler dämi. Indi ors şurasymy hudaýyň pata berip, kuwwat berip ýola salan güýjüni ýeňjek. Ors etdi türkmene etdi. Päle diýdi men diýen ýigitler gitdi. Döwletli, yrsgally adamlaryň nijesini sürgün etdi. Basmaçy diýip nebir adamlary gyrdy, otuz ýedide hordasyny çöpledi. Uruş diýip galan-gaçanyny ýygnady. Kim galdy indi, heleýlerden, heleýsypat nalajedeýinlerden başga kim galdy. Wah, Äkge, Äkge özüň ýaly pygammersypat türkmeni çyra alyp gözleseňem tapmarsyň. Ine ors bize näme etdi. Näme bu zatlary hudaýtagala görýän däldir

diýýäňmi? Onuň gahary gelmeýändir diýýäňmi? Baý gelýändir-ä. Näme türkmende sen ýaly., men ýaly hudaý diýip oturan ýokdur diýýäňmi? Ine şu kowahat tuguny çalyp gelýänler ýöne ýere gelýändir öýtme. Olary hudaýtagalanyň özi ýola salandyr. Olar hudaý diýip, şehit ölenleň aryny almaga gelýändir bilseň. Seniň, meniň köýen arymy almaga gelýändir, bilseň...

Akga özüni lampa aşak goýberdi. Ilamanyň burnuna harpygyň tozan-kokynyň ysy urup gitdi.– Äkge baý, meniň saňa göwnüm ýetýä. Arada sen «Kim güýçli bolsa men şonuň tarapynda» diýipdiň. Şol sözi aýtmak üçinem kelle ýaly ýürek gerek.

Akga gaýtalap uludan demini aldy.

– Men biriniň duran ýerinde duraryn, aga. Ýöne näme etmelidigini aýtmaly bolar ahyry. – Akga ýerinden turjak boldy.

– Otur, otur, dur, häli – Oraz şyh jaýyň az-kem açylyp duran gapysyny emaýlyk bilen ýapdy. Soň ýerine geçip gürledi – Bilýäňmi häzir näme etmeli? Şu şura hökümetine eliňden gelen ýamanlygy ediber. Näme ýamanlyk gelse...

Ilamanyň ukusy başyndan uçdy. Ol Oraz şyhyň gürrüňlerini diňläp, galpyldap başlady. Olaryň edýän gürrüňi adam ýüregine sygjak gürrüň däldi.

– Ýak, düme bugdaýy otla. Sen obanyň kähudasy, adamlar seniň aýaňda, boşat olary, paýla gallany, birem işlemesin, ýeke-ekeden aýt, düşündir olara...

Akga sesini çykarmady. Oraz şyh oňa gönüsini aýtdy.

– Hudaý ýetirse, men-ä bu gün-erte dagdan aňry aşmakçy. Meýliň bolsa ýoldaşym borsuň. Harjyny gaýgy etme. Bir zady bor. Enşalla, yrsgalymyzdan çykarmadyk bolsa, birki adamyň ömrüne ýetjek harç tapylar...

Akga ýerinden turdy. Gapynyň agzynda ýaýdanyp durdy. Soň gapa çykdy. Oraz şyham onuň yzy bilen çykdy.

Olar gapyda hümürdeşip durdular. Soň Akga içeri girdi. Ol hyklady, megerem Oraz şyhyň oturan haltasyny galdyrýardy. Haltany arkasyna atyp gapa çykdy.

Oraz şyh ýene-de içeri girdi. Ol töweregi sermeleşdirdi.

– Äkge, Äkge – Ol ýene-de hümürdäp, sermeleşdirýärdi – Beh, nirä gitdikä, nirede goýdumka?

Akga hem içeri girdi.

– Äl, aýt, meniň çäkmenim bolmalydy. Tapamok.

– Öýde bolaýmasyn.

Ýok, ýaňy öýden şuny alyp geleýin diýip bäri gaýtdym ahyry.

Akga jübülerini sermeleşdirdi. Birdenem bugdaýly jaýyň içi ýagtylyp gitdi. Oraz şyh onuň eline topuldy.

– Edýäniň näme, öçür peltäňi, il näme diýer?

Ilamanyň jany bokurdagyna geldi. Ol durşuna suw bolup ýatyşyna doňup galdy. Ol çäkmeni üstünden sypyrjak bolup dyzandy.

– Hol, ýokarda gara zat ýatyr-la...

Oraz şyh çäkmeniň aşagynda kimdir biriniň ýatanyny gördi. Ol ýüregi ýarylan ýaly bolup oňa topuldy.

Ilaman erbet agyra gözüni açdy. Kimdir biri ony süýräp barýardy. Ol depesine gözüni aýlady. Hasylap, daljygyp, süýreýän Oraz şyhdy.

Ilaman bükülip ýene-de özünden gitdi...

* * *

Ilaman şol elhenç güni ýatlasa, onuň zähresi ýarylan ýaly bolýardy. Ol bu waka, bolan gürrüňler barada Anna aga, Durdy ýasawula aýtmak üçin kontorada barypdy. Ýöne Anna aganyň dagda bolmagy, Durdy aganyň raýona gitmegi bilen niýeti başa barmandy.

Ol häzirem çöpjagaz bilen ýeri çyzyp oturyşyna, ol elhenç günüň ýatlamasyndan daşlaşmakçy bolýardy. Ýatlamalar ony öz erkine goýmaýardy. Onuň gözüniň gyzyly, maňlaýynyň gögi, garnyndaky, arkasyndaky agyry henizem aýrylanokdy.

Onun ýekeje arzuwy bardy, olam, daga orakçylaryň ýanyna gitmekdi. Basym orakçylar gelmelidi. Ýöne Ilaman misli şol güne garaşmaga takaty ýetmejek ýalydy. Ol boşap galan oba syganokdy. Ýalňyzlyk, açlyk ony halys edipdi. Ol «Front erikdäki», dagdaky iýen ýarmasyna, şol günlerdäki şatlygyna ýene-de dolanasy gelýärdi. Şonuň üçin-de daga gitmelidi. Ýöne nähili gitjek.

Ol umytlaryň süýji kölüne batyp, adynyň tutulanynam eşitmedi.

– Aý-u, Illi jan – Ol tisginip gitdi. Sülgün gelnejesi dik depesinden seredip durdy. – Illi jan, çagajyklam aç otyr diýip habar geld-ä, sen eşitmediňmi? – Ilaman ony gorka-gorka synlady. Bir wagtky baýdak ýaly gelniň guran ýaňaklary, kesewi ýaly elleri ony tisgindirdi. Onuň ýakasyndaky bagjygy açykdy. Şonuň üçin-de hor göwüsleri durşuna diýen ýaly görnüp durdy.

– Nursoltanjanam, Aýsoltanjanam ejem kökejik bişirip gelewersin, biz aç diýip, sargyt edipdirler. Sen maňa azajyk bugdaý ber, aý birki çümmük beräý, olara kän zat gerek däl, hersine bir kökejik bolsa bolany – Ol Ilamana etegini tutdy. – Guý, guý, gorkma.

Ilaman näme etjegini bilmedi. Ol häzir kolhozyň gallasyndan ýekeje däne-de alyp biljek däldi. Şonun üçin oýlandy. Birdenem öýe tarap ylgady. Az-kem säginip gygyrdy:

– Gelneje, dur, men öýden getirip bereýin. Öýde azajyk un bar, gelneje, garaş.

Ilaman hasylap öýe girende, gözlerine ynanmajak boldy. Oraz şyh öýüň düşeklerini bir gapdala düýrläp, jaýyň ortarasyny gazyp otyrdy. Onuň kellesine daňynan kirli ýaglygynyň aşagy damja-damja derdi. Ol Ilamany görüp aljyrajak ýaly etdi. Soňam gazap bilen azgyryldy:

– Nirä geldiň, köpeý ogly. Ammary kime taşlap gaýtdyň, hä? Nämä çiňňerilýäň, ýok bol şu ýerden, haram güjük, ýok bol diýýän saňa. Ýogsa, şu kepje bilen kelläňi kerçärin. Itiň süýdüni emen.

Ilaman aljyrady. Gorky, Oraz şyhyň hyrsyz gözleri ýokary galan ýalaw ýaly kepje onuň zähresini ýardy. Ol jaýdan dazlap çykyp, daga bakan tutdurdy...

Emma gaçyp gitjek ýeriň nire? Ol agşamara ýene-de öwrülip mekdebiň jaýyna geldi. Oraz şyh ony birhili hoşamaý garşylady.

– Sen han ogul, bal tutan barmagyny ýalar diýenlerini ediberme. Hana, seniň jaýyň ortasyna gömüp goýan haltalaň. Men indi saňa näme diýeýin. Açlyk uruş, kynçylyk, ýöne maňa aýdaýmaly ekeniň, beýdip menden ogurlap bugdaý gömüp ýöreniňden. Häýt, seniň..

Ol mylaýymsyrady.

– Demiň içiňde bolsun, hemişe. Ýogsa, bu edip ýören oýunlaň bilen sen aman sypmarsyň.

Ilamanyň ysgynsyz gursagyndan bir agyr agyry aşaklygyna süýnüp gitdi.

* * *

Kyrk ikinji ýylyň güýzi ortalaman gyşa sapypdy. Ilkinji gar oktýabryň ortalaryna ýagdy. Şondan birki günden soňam orakçylar oba indi.

Oraga gidenleriň gelmegi bilen oba dolmady. Gaýta oba uly hasrat indi. Obanyň ýagşysyna-ýamanyna ýarap ýören Arzy doktor agyr ýatyrdy.

Ilaman Arzy daýzany görmäge günde barýardy. Ol aýalyň bir gysym bolan göwresi, somalyşyp duran çekge süňkleri, hanasynyň içinde çala bildirýän gözleri oglanyň ýüreginiň çuňlugyna çenli agyrydan doldurýardy.

Howa sowukdy. Ilaman ol aýalyň agajyny çapyp, oduna, çaýyna, suwuna seredişýärdi. Kä günler bolsa ol öýlerine-de baranokdy. Göwnüne bolmasa Oraz şyh jaýyň ortasyny henizem gazyp oturan ýalydy.

Arzy daýza ikinji ýagan gar eräp, gün çykan güni ganymatlaşdy. Indi ol taýagyna söýenip iç-daş çykýardy. Şonuň üçin Ilaman indi köplenç agşamyna öýe gaýdýardy. Arzy daýza ondan diýseň minnetdardy.

– Serdar janyň beýle bolanyna hapa bolup ýördüm, köşek. Ogluň ornuny tutduň. Ýaşyň uzak bolsun-da hernä, köşek.

Ol bu sözi telim gezek aýtdy. Ol sözüň manysyny Ilaman çözüşdirjegem bolmaýardy. Ol bir artyk hyzmat bitirendirinem öýdüp baranokdy. Ýöne ol bu aýalyň sagalaryna çaga yhlasy bilen, heniz ýaňy hal atan ýigitlik yhlasy bilen garaşdy. Ýogsa, ol bu aýala beledem däldi. Ýöne ol kimiň ýanyna barsyn. Kime dadyny aýtsyn. Onuň kalby durmuşyň bu agyr gussalary, bu agyr kynçylyklary, horluklary sebäpli emele gelen sowallardan püre-pürdi. Ol ýüreginiň dykysyny açyp, biraz gowzadasy gelýärdi- Ony ýeriň ýüzünde diňe şu aýala aýdyp boljakdy.

Arzy daýza oglanyň ýüregini duýdy. Oňa sowal berdi.

– Näme köşegim, bir zat diýjekmi? – Oglanyň kalbyndaky harasat onsuzam, ýüzünden bildirip durdy. – Aýdyber, köşegim, çekinmegin, meniň senden başga söýenerim, daýanarym ýokdur. Senem menden hiç çekinme...

Ilaman ýüregini dökdi:

– Arzy daýza, uruş haçan gutararka, dädem haçan geler, meni Oraz şyh gaty horlaýa...

Oglanyň gözünden paýrap giden monjuklar gumak ýola düşen doly damjalary ýaly bolup ýaryldy. Beýle sowala garaşmadyk aýalyň özem ejizlän ýaly boldy.

– Goý, ogul, bu uruş hemmämiziň başymyza horluk boldy. Bu Oraz şyhyň soňy tursun, ol biziň ata-baba gören horlugymyzyň sebäpkäridi, oglum, ýene-de alnymyzdan çykdy. Bu zatlaryň barysy, oglum, dokçulyk, dynçlyk günleň gadyryny bilmedik – Ol ýassyga gyşardy – Gadyryny bilmedik köşek, indem bize allatagala göz görkezýändir. Haçan adamlar toba edende dünýe düzeler. Wah, boldy, boldy biz ýaly garry-gurta, çaga-çoluga boldy. Nirede neresse, päkize bolsa şoňa boldy, oglum. Muňa-da şükür et, beteri bardyr...

* * *

Arzy doktoryň haly agyrdy. Ilamanam onuň ýanyndan kän uzaga gidenokdy.

Arzy daýza bu gün kellesini galdyrdy. Ol Ilamana «has golaýyma süýş» diýen yşarat etdi. Soň ýuwaşja gürledi.

– Oglum, menem ölmänkäm, şu gowganyň ýatanyny bir görsedim, görümde aýagymy süýndürib-ä ýatardym. Wah, heý, bu belanyň ýatjak sesi ýokmy, oglum.

Ilaman sesini çykarmady. Ýöne Üzümgül mugallym pejiň gapdalynda kiçijik çäýnegi arassalap oturyşyna gürrüňe goşuldy.

– Daýza jan, sen bir çaltrak gutul. Urşam ýatar galmagalam – diýdi.

Ilaman hem ýöne oturmady:

– Hol, gaýraky obadan biriniň ogly gelipdir. Şol-a, uruş eýýämem ýatandyr diýýärmiş. Men gaýdanymda nemisleriň pirini kädä gabadyk diýýärmiş. Aý, kemendirlerim «Sen gaýdybersen-äý, galanyny özümiz bir zat ederis» diýdi diýýärmiş. Ýöne ol: «Biziň obalarymyz uruşdan daşda, habar gaty giç gelýär» diýenmiş.

Arzy daýza gözlerini açdy. Bu gürrüň onuň gulagyna ýakýandygy bildirip durdy. Ilaman ýene-de bir zat aýtjakdy. Ýöne Durdy ýasawul ony gyssagly kontora çagyrýanlaryny atyň üstünden aýdyp gitdi.

Ilaman tä kontora çenli Arzy daýzany aldanyna ökünip gitdi. Onuň jugurdap duran garnynyň aşagyndan bir ýiti agyry gelip bokurdagyna dykylýardy. Soňam iň soňky deminde ýatan adama hakykaty aýtmany üçin odukdyryp goýberýärdi. Ýöne Ilaman hem şol agyra özüçe jogap berýärdi. Sebäbi onuň özem frontdaky edil häzirki ýagdaýy bilenokdy. Uruş bir ýerde, Ilaman bir ýerdedi. «Belki uruş ýatandyr. Belki gidenler gaýdyp gelýändir, içinde dädejanymam bardyr!» Ilaman süýji hyýallaryň oýuna çümdi. Ol gidenleriň gaýdyp gelşini, olary garşy alşyny, kakasy bilen görşüp, gülşüp, gürleşişini, şonda boljak hemme şatlygy häzir başyndan geçirýärdi. Ol olary görýärdi.

Ilaman içeri girende Anna aga Durdy ýasawul bilen garaşyp otyrdy.

– Dogrusy, Ilaman bu güne kän garaşypdy. Ýöne häzir onuň hiç zat aýdasy gelmeýärdi. Ol özüne zor saldy. Ilki bilen öýlerinden tapan tegelek gyzyl puluny stoluň üstünde goýdy. Soň bolsa Oraz şyhyň öýleriniň içini ala dörjük edip ýörşünem, onuň Akga brigadire aýdan sözlerinem, kime näçe bugdaý bereninem aýtdy. Özüni ýenjeninem aýtdy. Özem gylyny gymyldatman aýtdy. Onuň çaga ýüregindäki berç dyrmalanan ýaly boldy. Ýöne agyry welin gowzady. Onuň özlerinden düwme-düwme akýan damjalar, onuň çorlap giden elini gijidýärdi. Şonda-da säginmedi. Baryny-baryny gürrüň berdi.

Şol wagt içeri Üzümgül girdi. Ol Ilamanyň ýarym ýaş bolup oturyşyny görüp, yzyna gitjek boldy. Emma birden saklandy.

– Anna aga, Arzy doktor gidip barýa, zol Ilamany soraýa. Ýetişeweriň.

Ilaman ýerinden atylyp turdy. Ol gapydan çykanda Üzümgül mugallym ony saklady.

– Dur, dur, Illi jan, bile gideli. Saňa bir aýtjak zadym bar – Ilaman oňa kän ünsem berenokdy. Onuň hyýaly häzir Arzy daýzanyň ýanyna uçup barmakdy.

– Dur, köşek, maňa gulak as, bu oýun iş däl, diňle. Ol pahyr jan berip bilenok. Sen gaýdalyň bäri çabalanyp ýatyşy. Özem «Uruş ýatmadymy» diýip zol-zol sorap dur...

Ilaman sowukdan ýaňa ýygrylyp az-kem sägindi-de ýene aýak aldygyna ylgap başlady.

Üzümgül mugallymyň sesi ony ýene-de özüne getirdi.

– Nirä barýaň, dur, diňle meni, Ilaman...

Ilaman saklandy. Üzümgül mugallym «Ilamany indi sypdyrmaýyn» diýen niýet bilen, onuň elinden berk ýapyşdy. Soňam ony silkeläp-silkeläp goýberdi.

Ol aglaýardy. Soňam birzatlar diýýärdi. Ilaman onuň sözlerine känbir düşünmedi. Ýöne özüniň etmeli işine welin düşündi.

– Ylga, indi ylga, ýetiş, çalt ýetiş, görgüli horlanmasyn...

Ilaman gapyny açanda öýüň içinde birki sany adamyň bardygyny gördi. Çarygyny zadyny çykarman töre topuldy.

Garry oglany görüp, gözüni açdy. Ilaman oňa has golaý baryp demi-demine ýetmän gepledi.

– Arzy daýza, gözüň aýdyň, uruş ýatypdyr. Serdaram gelýämiş.

Arzy daýzanyň ýüzi nurlanan ýaly boldy. Ol yranyp, ysgynsyz eginlerini dikeltjek ýaly etdi-de özüni erksiz ýassyga goýberdi.

## ÜÇÜNJI BÖLÜM

### 1.

1943-nji ýylyň bahary juda ir geldi. Fewral ýaňy ýüzüni görkezenden, meýdanlar gök parç bolup ýaýylyp ýatyrdy.

Adamlaryň göwnüne bolmasa basym bir ýerlerden «uruş ýatdy» diýen habaram gelip ýetäýjek ýalydy. Giden adamlaram bir ýerlerden topar tutuşyp, ýylgyrjaklaşyp geläýjek ýalydy. Çünki, biziň goşunlarymyz ýeňiş üstüne ýeňiş gazanýardylar. Stalingrad ugrundaky göreş uly ýeňiş bilen tamamlanypdy. Indi biziňkiler hasam öňe barýardy. Tutuş sowet halky bu ýeňişler bilen galkynypdy. Hemme ýerde ýeňşe sabyrsyzlyk bileň garaşylýardy. Üýşülip gazet okalmaýan ýekeje günem ýokdy. Gazet okalşygyň yzynyň mitinge sapýan wagtlaram az bolmaýardy. Şeýle günlerde her kim daşyna çykarmasa-da, içinden dogan-garyndaşynyň gelerine uly tamakinçilik bilen garaşýardy.

Çynarly obasy bahary has ir duýdy. Obanyň gaýrasynda bir wagtlar at çapylan meýdan gök otdan ýap-ýaşyl bolup ýatyrdy. Şol meýdana ysmanak ýygmaga kolhozyň beýleki uçastoklaryndan, hatda raýon merkezindenem adamlar gelýärdiler. Olar ertir bilen gelişlerine, giç agşam torbalaryny dolduryp, yzlaryna geçip gidýärdiler.

Ysmanak welin heniz ýetmändi. Asyl, bu ýyl ot bol bolsa-da, ysmanak ýok diýen ýalydy. Meretgül kempiriň aýtmagyna görä «bu ýyl «goýun» ýylydy. Özem ýaz heniz çykmanka oty-çöpi ýaldyrak alyp, il-gün maňkasyny çekip, hor-homsy, ölmez-ödi güzeran görmelimiş».

Bu aýdylan ugruna bolmasa-da, ýazyň mazasy birden gaçdy. Çabgaly ýagyşlar yzyny üzmän ýagýardy. Ot-çöp öserini alyp bilmänsoň, mal-garanyň-da doýup ugry ýokdy.

Diňe maý aýynda ekişe girişmäge maý boldy. Howa birden açyldy. Ot-çöp gaýtadan güýç alyp parç bolup ösdi. Meýdanlar ömründe görmedigini gördi. Hat-da obanyň içinem, ol öýden, bu öýe barylýan takyrjak ýodalaram ot basdy.

Obanyň ortasyndaky tamdyra öň niresinden barylandygyny hem biljek gümanyň ýokdy. Hatda tamdyryň özem ösgün gök otdan ýaňa ullakan ýaşyl tabagy ýadyňa salýardy.

Bu ýaz iliň-günüň, malyň-başyň abat bolsa dokuzyň düzüw bolsa är ömründe ýatdan çykmajak bahar bolupdy. Meýdanlaryň beýle esränini, gülüň-gunçanyň beýle yhlasyny gören-bilen ýokdy. Bu ýöne ýere bolmaly däldi. Bu bir gaty uly şatlygyň alamaty bolmalydy. Adamlar daşyna çykarmasalaram içinden şeýle şatlyga uly tamakinçilik bilen garaşýardylar.

Şeýle günleriň birinde oba bir hoş habar düşdi. «Çynarly obasyndan bir ýigit gaýdyp gelýärmiş!» Bu habar adamlaryň sönen umydyny alawlatdy. Misli Çynarlynyň indi näçe günläp, näçe aýlap, näçe ýyllap hesret içinde ýaşan adamlary däl, ýegşerilip oturan pagsa jaýlary hem bilini ýazan ýaly boldy. Her kim bu hoş habary özüne çekdi. Her kim şeýle tamakinçilik bilen ýola garady.

Eger güýjüň ýetýän bolsa, her öýde çyra ýakyp, her öýde toýa taýýarlanybermelidi. Çynarlynyň on öýlüsiniň hemmesindenem giden bardy. Gelýän esger öýleriň haýsyna girende-de toý toýlugyna galmalydy. Bu bir gaýtalap, gaýtalap

bolmajak uly wakady. Bu kiçijik obanyň adamlarynyň näçe ýyllap eden yhlasynyň jemidi.

Üzümgül mugallymyň getiren bu habary bütin obany sarsdyrypdy. Adamlaryň gözi ýoldady. Üzümgül başyny ýuwup, saçyny darap, bir wagtky rabfakda höwes edip geýýän ýakasy çaňňaly ketenisini, çaluwy gyzyl ýüpekden kakylan çabydyny geýipdi. «Belki, Bezirgenim gelýändir?» Belki...

Ol at gaýtarym töweregi syryp, süpürip, suwlap goýdy. Geçen ýazdan bäri, «Ynkylaba» uruşdan getirilen çagalara seretmäge işe gireli bäri sübse garasy degmedik gapysyny toý edibermeli etdi. «Gelýän hökman Bezirgenimdir. Meniň yhlasym alypjyk gelýändir!» Ol häzir guş bolup uçýardy.

Ýalňyzlygyň derdinden öler ýaly ýadaw, dünýäde in eziz, iň mähriban, iň ýakyn adamynyň didaryna suwsan ýürek, tutuş beden başga pikir etmeýärdi. Gaýtam ganat baglap al-asmanda gaýyp ýördi.

Ol demir ýol stansiýasyndan çaga alyp gelen arabakeşden gaýta-gaýta sorapdy. «Öz-ä, otuza ýetmedik ýigit. Salamlaşdyk. Tanamadym. Bir eli boýnundan asylgy. Bir gözem gara mata bilen daňylgy eken. Heýt, ogul, tanamadym, haýsy obadan bolarsyň diýsem «Agam, tanamarsyň, men Çynarla, hol «Ynkylap» kolhozynyň çetindäki Çynarla barjak diýdi. «Syrdam, berdaşly ýigit. Aý, soňam çintgäp durmadym, ondan...». «Edil Bezirgenim. Elem, gözem owarram. Gelse bolýa... dünýäm...»

Üzümgül Bezirgen geläýen ýaly bolup begenýärdi. Öz ýanyndan gülýärdi, aglaýardy. Iň esasy zat, ol ýeňdi. Akga ýaly agzy suwlyny, şoňa meňzeş bigaýratlary ýeňdi. Ýagşy ada galdy, ýaman ada galmady. Açlyk boldy, horluk çekdi, emma duşmana duýdurmady. Indem, ine, söwer ýary gelýär...

Bu habar Enäniň ýüreginiň başyna bir gysym gor guýlan ýaly etdi. Onuň bedeniniň ysgyny el bilen sogrulan ýaly boldy. Ol iki obanyň ortasyny kesip geçýän ene ýabyň gyrmançasyny, otuny gyrçap ýören adamlaryň ýanynda gaýtarmakdan zordan saklanyp, öýlerine ylgady. Aýallaryň hemmesi umydygär bolansoň Enäniň bolşy söwer ýara bolan telwasyň tolgunmasydyr diýip oý edýärdiler. Emma Enäniň kalbyndaky harasat telwasyň, tolgunmanyň işi däldi. Ol indi özüniň ýagdaýyny gowy bilýärdi.

Ol özüniň gaýtaryp, garabaşyna gaý bolup ýörşüniň, «aý, hudaý bardyr» diýip, pitiwa etmän ýörşüniň, bu günem garnynyň çep gapdalynyň şarpyldap gitmesiniň derdi-dagyny bu gün çekmeli bolupdy.

«Çynarla bir esger gaýdyp gelýärmiş!..» Bu habar onuň dünesini daraltdy. Ol özüni zordan pejiň gapdalyna atdy. Aýyň parasy ýaly ýüzüni, balkyldap duran köşek gözlerini sadapdan guýlan ýaly bilekleri bilen ýapyp titiräp, titiräp eňredi. Emma aglap bilmedi. Tolgunma, howsala, gorky onuň ýüregindäki hesreti çogup çykarmaga, aglap-aglap gözýaşyny egismäge päsgel berýärdi. Ol gözlerini ýumdy. Birdenem göz öňünde Goçaklynyň ýylgyryp duran keşbi göründi. Ol şu geçen iki ýylyň içinde Goçaklyny beýle aýan göz öňüne getirip bilmändi. Ol ýylgyryp durdy. Günäsiz, garawsyz gözlerini ýylgyrdyp durdy.

Ene şol gözlere garap durup bilmedi. Utanjyň, haýanyň ajy duýgusy gursagyna urup, demligini daraltdy. Ol «wah» diýenini duýman galdy. «Waý, bagtym ýatdy. Şoldur, şoldur doganlar. Indi ne alaç ederin, indi näme diýerin...» Ol ýere süýndi. Ysgynsyz-mydarsyz göwresini tisgindirip, uly ili bilen aglady.

Şol wagtam bir ýerlerden ejesi ylgaşlap geldi. Ol dady-perýadyna ünsem bermedi. Gaýta başga heň urdy.

– A, gyz, gözüň aýdyň, Äkge jan başlyk boljakmyşyn. Ol Anna garantgyny puronda alanmyşlar. Indem, Äkgäni ýerine galmaly diýip yraýona çagyrypmyşlar...

Ene ejesiniň sözlerine sesini kesdi. Ýöne çydap bilmedi. Şumjaryp gürledi.

– Bir adamyň purantdan gelýänini görüpdirler. Men «Çynarlydandyryn» diýipdir. Salgyndan Goçakla meňzeýär. Şoldur, şol gelýändir. Eje jan, gara bagtym ýatdy-la, eje jan, indi men näme diýip, näme aýdaýyn...

Meretgül gyzynyň bolşundan erbet eýmendi. Ýöne syr bildirmedi.

– Kim diýse, goýup otursyn-a... Diliňde aňsatdyr, o zyndanlardan çykaýmak. O bir purant däl-de, zyndanmyşyn-a. Şo zyndanlardan çykmagyň aňsat bolaýşyny. Hol, Büjnürdiň zyndanyndan çykyp bilmän niçe pyýada upbat boldy. Nemis saňa Eýranyň hany däldir. Olaram özüni seniň kelpeze ýaly kerri garantgyňça görýändir...

Ene ejesiniň delillerine söz tapmady. Ol eňegini dyzlaryna diräp perişan bolup oturyşyna parhsyz gürledi:

– Salyg-a şol, näme diýseňem-ä.

Kempir gaýtadan möwç aldy.

– Sen näme, salygy şol diýip, özüňi Agaýunus peridirin öýütdiňmi? Dyrnagyňa seredeniňde salgyny görüp oturar ýaly...

– Iller aýdýa... Ýüregim syzýar. Şoldur, şoldur.

– Il gursun, iliň dälmi şu günlere salan bizi. Kişiniň dyrnagy össe gynanýan iliň gursun, ylahym. Ajap-da bir illi ekeniň, şerraý. Il agzyny ýygyp bormy? «Alan ogry – gören taňry» iliň bardyr-da...

Meretgül möwjedi. Ol işden-güýçden bizar bolup, gurpdan gaçan alaşa ýaly, syrtyny işige berip şol takyrdap otyrdy.

Enäniň welin içini it ýyrtýardy. Ol gelýäniň Goçaklydygyna bolan ynanjy ýüreginden syryp taşlap bilenokdy.

Jadygöý ýaly bolup, gyzynyň içindäki gumalaklary sanap oturan Meretgül ýuwaşragadan, azymly gürledi.

– Seniň iliň gepi bilen işiň bolmasyn. Bu dag eteginde Çynaram gyt däldir, «Çynarlam». Ady guran obalaryň hemmesiniň ady «Çynarly», «Söwürtli-dä» Haýsy birine meňki diýjek.

– Salgy şo-ol-ow, eje!

– Salgy şol! Sen nireden bilýäň?

– Şoldur, obadan gidenlerden Myratly neressäň haty geldi, Kerwen aga ýaşuly, Hudaýberdi ýaş, başga kim bar...

Kempir ýerinden galdy. Ölen kelguşyň ganatlary ýaly gatan goluny, leňňejiň aýagy ýaly barmagyny gyzyna uzatdy.

– Hol, obanyň gaýrasyndaky mollasumak ganjygyňky bolsa näbildiň.

– Kim ol?

– Hol, mollasumak heleý, Arpagülmi, Dänegülmi?..

– Wiý, Üzümgülüň adamsy Bezirgenmi?

Ene duýdansyz begendi. Üzümgülüň salykatlylygy, akyllylygy ony bendi edipdi. Üzümgülde onuň ömür boýy arzuw edeninde-de ýetip bilmejek mert, çydamly sypatyň baryny ol gowy bilýärdi.

«Wah, Üzümgül ýaly bolsam, menmi häzir burlup, ojagyň başynda içimi hümledip oturjak. Uçuplar bireýýäm ene ýabyň köprüsine barmazmydym? Goçaklyny gözden uçuran ýerimde, onuň didaryny görmäge umydygär bolup oturmazmydym?..»

Ene özüni diýseň alaçsyz saýdy. Häzir Goçaklynyň geleninden gelmänini ybaly gördi. «Gyzyl ýüzli ýigidiň gyz uýasy bolmasyn» diýlen gürrüňi ýatlady. Ol Goçaklynyň gyzyl ýüzüni soldurdy. Onuň mertebesini saklap bilmedi.

«Ýok, Üzümgül meniň ýaly bihar bolmady. Ol namysyny depeletmedi. Ol öz päkligini ölinçä-de saklar. Şonuň ýaly gelne gurban bolsaň». Ene gözlerini balkyldadyp, içini hümledip otyrdy. Birdenem onuň sag böwri ýuwaşja tyrsyldap gitdi. Ene erbet tisgindi...

* * *

«Çynarlynyň» gelinleriniň ýüregine ot salan esger geler ýerde gelmedi. Şondan iki gün geçenden soň bolsa başga bir gürrüň oba ýaýrady. Olam Akga brigadiriň Anna aganyň ýerine başlyk bolandygy baradaky habardy. Anna agany kolhozlardan sowgat-serpaý alyp frontçularyň arasyna gidýän ýörite brigada goşupdylar.

«Dälä galdy bulamak» diýenleri boldy. Kolhozda Akganyň towguna tok diýen ýokdy. Oraz şyhyň diýeni gelipdi. Ol indi kän bir çekinmän il arasyna çykýardy. Ýüregindäki gara niýetini çekinmän samraýardy.

Bu günem ol Çynarlynyň gapdalyndan geçýän uly ýabyň gyrmançasyny gyrçap ýören gelinleriň ýanyna geldi. Aýallar Oraz şyhy görüp ýaşmaklaryny agyzlaryna çekdiler.

– Amanmy, gyzlar, aman sagmy?

Oraz şyh mor sakgalyny gysymlap-gysymlap, maňlaýynyň güne ýygrylan gasynlaryny eli bilen darap, göwnüýetmezçilik bilen garanjaklady. Ep-esli oturybam brigadire söz gatdy.

– Men saňa bir zat aýdaýyn, Sapargül gelin, hudaýtagala heleýleri erkek kişiniň gapyrgasyndan ýasapdyr. Howwa, şonuň üçinem heleý-gyzlar hor-homsy boluberse, erkek kişiniň gapyrgasy awaberermiş. Şu siziň gara günüňiz meniň gapyrgama degýä...

Sapar brigadir öňem guşagyna gaýym gysdyrylan gyňajyny ýeňsesine atyp goýberdi.

– Howwa-la, Oraz agajan, gapyrgaňa degensoň gelip, elimizden pilimizi alyp, agan ýükümizi galdyryp ýörsüň, taňryýalkasyn.

Oraz şyh Sapar brigadiriň kinaýasyny eşitmediksirän boldy. Ýöne ol bu dillije heleýden gep alyp galmagy kemlik bildi,

– Weý, weý, gara gelin, sen ony diýýäň, men haýsyňyzyň eliňizden alaýyn piliňizi. Ýöne hudaý eliňizden alsyn piliňizi diýäýmesem. Siziň şuraňyzdan allatagala ýakyndyr görseň. Allany, hudaýy unutdyňyz, çekiň-dä jezasynam...

Sapar brigadir «bir ýaraly esger gelýärmiş» diýseler, özüniň Durdusydyr diýip gaty tama edipdi. Geçen iki gün bolsa onuň ersen höwesini çökeripdi. Şonuň üçinem ol häzir çagasyny elinden aldyran ene ýolbars ýalydy. Oraz şyhyň teýeneli sözleri onuň öňem dilim-dilim bolup duran ýaralaryna duz sepen ýaly boldy. Ol ajan gyýgyny dökmejek bolsa-da, saklanyp bilmedi. Agzynda çeýnelmeden gyrasy öljeren gyňajyny aşak sypyrdy. – Wiý – diýip, dikeljiräp gygyrdy. – Wiý, gurbanyň bolaýyn seniň. Sen «jezaňy çek» diýip gyjalat berjek bolýaňmy? Sen, mor sakgalyňy titredip, diýjek sözüňi

bilip sözle, şyh. Gyjydy özüňe ber. Şura hökümetine dil ýetireniňden kümüs-kümüs edip, puranta gideniň aýalynyň haýsynyň uçgury gowşakka diýip, ak girse-de aň girmedik messepsizliginden utan...

Oraz şyh näme diýjegini bilmedi. Ýöne onuň gany depesine urdy. Ol liňkildäp ýerinden galdy.

– Häý, seniň diliň gursun... Diliňi ýyg, ýogsam ýelniňi keserin seniň, ganjyk...

Sapar brigadiriň hem ýüreginde köpükläp duran gahar-gazap şindi egsilmändi. Şonuň üçin ol hem sesine bat berdi.

– Ejeň ganjyk, bajylaň ganjyk. Naçar bilen deň bolup duran diliň ganjyk... Mor sakal ýer çeken... Hany bir barmajygyňy degir, sakgalyňda sallançak uçaýyn...

Oraz şyhyň bolmajysy boldy. Ol çäkmeniniň agyr synlaryny silkip Sapar brigadiriň üstüne topuldy. Sapar brigadirem kem galjak däldi. Ol elindäki ýalaw ýaly pilini Oraz şyhyň depesinden inderdi.

Şol wagtam gelinler gyr-da-gykylyk bolup, Oraz şyhyň üstüne topuldylar. Ýöne kimdir biriniň sesi has çasly çykdy.

– Aý-u-uwlar, han-a biri purontdan gelýär-u...

Oraz şyh gelinleriň ýadyndan çykdy. Olar garasar ýaly hürre örüşip, ýabyň raýşyna çykdylar. Soňra her kim sozan guýruk bolup araba ýola garşyn ylgady.

Oraz şyh bolsa bu wagt «assa gaçan – namart» diýişleri ýaly, pil gyltyzrak degip, mazaly ganjaran kellesini tutup, aýak aşagyna düşüp tozana garylan telpeginiň çöpüni-çörüni hem kakman ýorgalap tutluga siňip barýardy. Emma oňa häzir üns berenem bolmady.

Hakykatdan hem bir esger gelýärdi. Ýanynda-da Üzümgül bardy. Her kim ylgap barşyna «waý Bezirgen-dä, Bezirgen» boluşýardylar. Emma ol Bezirgen däli.

Gelinler ony tanamadylar. Ýöne hiç kim badyny saklajagam bolmady. Her kim onuň bilen gujaklaşyp görüşdi. Iň utanjaň ýygra Ogultäjem ýaraly esgeriň boýnuna gol saldy.

Her kimiň gözünde ýaşdy. Her kimiň dilinde doga Herkimiň ýüreginde umytdy. «Allajan, biziňkilerem öýe şeýdip gelsin-dä, jan allam!» Bu sözi gelinleriň bary gaýtalaýardy. Olar esgeriň gansyz ýüzüne hasa bilen saralgy goluna, insizje gara mata daňan gözüne uly höwes, ýiti ynjy, inçejik tama bilen garanjaklaşýardy.

Her kim giden adamsynyň, agasynyň, doganynyň, ilen-çalanynyň bir alamatyny bu syrdam boýly, başy sargylt esger papakly, az-kem sary giden eşikli adamdan tapjak bolýardy. Adamlaryň ýüreginde ýanan umyt uçguny olaryň süňňüni ýylydýardy. Olar uly ýol bilen esgeriň yzyna düşüp, topar tutuşyp, Çynarla tarap barýardylar.

Iş-güýç hiç kimiň ýadyna düşenokdy. Her kim bu pursatda ýüreginde hasyl bolan mukaddes duýgulary ürküzmejek bolýan ýaly, sesini çykarman, syrdam boýly esgeriň yzyna düşüp barýardy.

Oba golaý baranda aýallar biri-birleriniň ýüzüne garanjaklaşmaga başladylar. Sapar brigadir Üzümgülüň elindäki ýeňiljek goşhaltany çekip aldy, soňam «hany, aýak çek!» diýen manyda ümledi. Olar «bu gelen kim-de, kim» bolşup, Üzümgülden soraýardylar.

Üzümgül esgeri tanyşdyrdy.

– Bu ýigit Arzy doktoryň ogly Serdar bilen frontda bile bolupdyr. Ol neresse ýogalanda ýanynda eken. Oňa «oba dolansam ejeň ýanyna bararyn» diýip söz edipdir. Ine-de obamyza gelşi...

– A gyz, Arzy pahyryň beýle bolanyny bir aýtdyňyzmy, bu neressä?

– Kanturda aýdypmykalar diýýän, menden-ä ýeke agzam soramady. – Esger ýigit çep eliniň ýeňi bilen gansyz ýüzüniň düwme-düwme bolup düzülip duran derini süpürdi. Soň bir zat diýjek ýaly etdi-de, sesini çykarmady.

Arzy doktoryň öýi gulpludy. Aýallar gulpuň açaryny agtaryp başladylar. Häzir açaryň nirede goýlany hiç kimiň hakydasyna gelenokdy.

Açar tapylmady. Aýallar topar tutuşyp durdular. Olar «gulpuň tagta kakylan zülpüni goparmaly» diýen karara geldiler. Oňa çenli Üzümgül gapdaldaky ýylmanajyk daşy görkezdi:

– Şol daşy galdyryň. Ol pahyr açary hemişe şonda goýardy – diýdi.

Aýallar daşa topuldylar. Hakykatdanam, daş aşagynda, takyrjak ýerde alaja bagly, ýarysy posly açar ýatyrdy.

Arzy dogtaryň eli degen zatlary görüp aýallar bozuldylar. Ýöne bar zat çalt unuduldy. Aýallaryň her haýsy bir işiň başyna geçdi.

Kolhozçylaryň günortan iýmeli nahary agşam Arzy dogtaryň öýünde iýildi. Adam kändi. Adamlar sygmansoň öýüň ähli keçesi, soň bolsa goňşulardan getirilen keçeler-de daşary, otuň üstüne ýazyldy. Ortada bolsa uly ot ýakyldy.

Bu ýigidiň adam Serdar eken. Ol gürrüň berýärdi. Adamlar demlerini alman diýen ýaly diňleýärdiler. Ortadaky ot sönüp gidipdi. Säheriň mylaýymja çigregi endamyňy jümşüldedýärdi. Emma adamlar şo-ol diňläp otyrdylar. Her kim gürrüň soňlanaryna, öz ýakynyny sorag-ideg etmäge garaşýardy. Gürrüň welin gutaranokdy. Her kim uruş, front diýip, näçe ýyllap arwahyň syry ýaly bolup duran ýagdaýlara göz ýetirjek bolýardy.

Serdar ýerinden turdy. Ol çep eli bilen synlaryny kakyşdyrdy.

– Ine, adamlar, haýyn güllesiniň yzlary, hut şinelimiň endam-janyny pers ala etdi. Şu iki sanjagy maňa degeni, beýlekilerem degen bolsa, onda men nire, beýdip oturma nire.

Serdar gürrüňiniň arasyny kesende, Sapar brigadir bir gyrada çugutdyryp oturan Oraz şyha gözüniň gyýtygyny aýlap, sowal berdi.

Serdar jan, «nemis diýen bela dünýäni gysymyna gysyp barýar. Diňe biz galdyk. Bizem basym holtumyna gysjak» diýen gürrüň bar-la, ýa o-da bir agzy boşun gürrüňimidir...

Serdar öçen ojaga garady. Soň uludan demini aldy.

– Aý, ýeňňe, nemes faşistlerinde etsem-petsem kändi. Biziň bir kamandirimiz bardy. Ol nemisleri dünýäni tutup süýrenip gelýän äpet aždarha meňzedýärdi. Ol diýýärdi: «Aždarha dünýäniň gaty köp ýurduny ýuwutdy. Onsoň süýrenip Sowet Soýuzyna geldi» – diýerdi. «Ol aždarha Moskwany ýuwutjak bolanda biziň sowet halkymyz onuň kellesini mynjyratdy» diýýärdi, onsoň men gospitaldan çykjak bolup ýörkäm ony agyr ýaraly halyna gospitala getirdiler. Bir gün ýanyna bardym.

Ýoldaş kamandir, faşistik aždarha nädýär – diýdim. Ol bolsa – Heý, towariş, Işankulyýew, nemes faşistik aždarhasynyň biloňurgasyny Kursk dugasynda, Stalingradda kül-peýekun etdik. Indi bir guýrugy galdy. Olam Berline çenli uzalyp ýatyr – diýdi.

Bu gürrüňiň Oraz şyha ýaramandygy ýüzünden mese-mälim bildirýärdi. Ýöne ol sesini çykaranokdy. Bu gürrüň tükenip-tükenmänkä bolsa ol garaňka siňip gitdi. Bu ýagdaýy synlap oturan Sapar gelin bolsa öz ýanyndan monça boldy.

Serdar ertesi öz obasyna gaýtdy.

**2.**

...«Täze başlygyň» beýle arkaýynçylygy Durdy ýasawulyň içegelerine gor guýlan ýaly etdi. Ol «gözüň ak ýagyny alýar» diýen ýaly bolup oturan arpaly meýdanyň içinden her gün diýen ýaly geçýärdi. Arpa ýagşy ýetişipdi. Onuň göwnüne bolmasa torgaýlaram «Arpa ýetişdi, arpa ýetişdi» diýip jüýgüldeşýän ýalydy Öň açlygyň dagyny görensoň, bu ýyl geçen ýylky kauçugyň ýerine ekilen arpanyň ýygnalman ýatyşyna onuň gözleri patlajak bolýardy. Göwnüne bolmasa arpa ýetişip, indem guş-gumra şam bolup, ýere siňip barýan ýalydy. Ol bu arkaýynçylygyň aslyna ýetmese ynjaljak däldi. Şonuň üçinem ýabysyny loňkuldadyp, güni bilen diýen ýaly Akganyň gözleginde gezdi. Ahyram ony tapman, obanyň etegindäki tutluga gidýän ýaby gyrçap ýören gelin-gyzlaryň ýanyna geldi.

Sapar brigadir ýasawulyň ýüzünden daş asylan ýalydygyny görüp erbet gorkdy. Onuň göwnüne ýene-de bir şum habar getirip, indem bir bendäniň bagtyny ýatyrmakdan çekinýän ýaly bolup göründi. Ýasawulyň «Sapar, munda gel!» diýmesini hem erbetlige ýordy.

– Heý, waý, Durdy aga, bagtym ýatdymy meniň?

Durdy ýasawul gözlerini gazaply ligirdedip azgyryldy:

– Bagtyň ýatmasa, şeýder ýörermiň...

– Men näme edipdirin, doga bagty garalykdan başga...

Sapar brigadir özüni lampa aşak goýberdi.

Sapar brigadiriň bolşy ýaşula jögülik edýän ýaly bolup göründi.

– Goý, şerraýlygyňy. Garnym doýdy diýip supraňy püçege satan diýerler size. Bar çörek gara ýere gark boldy. Sen bolsa munda salmanyň otuny gyrçadýasyň. Ýaby başyňa ýapjakmy? Arpaň guma garylyp ýatyr, bugdaýyna serçe degipdir, siz bolsa ýap gyrçaýaňyz. Mundan beterem bagtyýatanlyk bolarmy? Sen bolsa şerraýlygyňa başlaýarsyň.

Ýasawulyň sözi brigadiriň heniz erbet tolgunmadan köşeşmedik ýüregini gamçy ýaly awuly çawlady. Awy brigadir gelniň bütin süňňüni titretdi. Ol gyňajyna ýapyşan çöp-çalamy zarply kakyşdyrdy.

– Wah, agajan, adyňa döneýin, men nä alaç edeýin. «Entek ir, entek ir» diýip, bizi atyzyň gyrasyndan eltenok, ol jallyk meýdi ýanan. Özem şo-ol Meretgülüň tulasynyň tüneginden çykanok, diýmäýin diýsem, ýaşy kesilen.

Sapargül özüne öwşerilişip duran aýal-agyzlardan haraý isledi.

– Eger ynanmasaň sora şu bendelerden. Tomsuň şu jokramasynda ýap gyrçadýar ýaşy ýanan. Ýap gyrçatjak bolsa suw tutmaga başlanjak wagty gyrçatmal-a. Indi gaýa ýok, gopuz ýok, gabryny suwartjakmyka bi ýapdan suw akdyryp, diýmäýin diýsem, gabry ýanan...

Durdy ýasawul sesini çykarmady. Ol göýä bu gykylyklaşýan adamlary diňläp, öz-özünden uýalýan ýaly ýuwaşja sortduryp duran ýabysyna güýmendi. Köne palasdan

tikilen horjunynyň gözleriniň ýüpüni çözüşdirdi. Ol horjuna elini sokanda, yzda turan gowura başyny galdyrdy.

– Hana, ýer çekeniň özem gelýä... – Aýallar indi näme bolarka diýen terzde ýasawula garanjaklaşýardylar. Durdy ýasawul horjunyň bagyny gowşagrak büzüp ýene-de daňdy. Onsuzam onuň Akganyň bolşuna jany ýanyp ýördi. Öz ýanyndan ony itden beter ýigrenýärdi. Eneli gürrüňi bolsa ýüregine sygdyryp bilenokdy. Ilaman onuň «Oraz şyh bilen atyny goşandygy» barada aýdaly bäri bolsa, gözünde oky bolsa Akgany atjakdy. Onuň ýüregindäki ähli gazaby oýandy. Ol: «Gel, men şunuň bir otuz ikisini damagyna ýollaýyn-la» diýip gazap bilen ýaba atlandy.

Akga welin ýabysyny «düldüliň ýorgasy» diýilýäne goýberip, eýere ýaplanyp hekgerip gelýärdi. Ol işläp duran adamlaryň ýanyna sowulman, tutlugyň gapdalyndan geçýän araba ýol bilen kolhozyň merkezi uçastogyna tarap tutduryp barýardy.

Ýasawulyň diýeni bolmady. Emma ýasawul ony beýle goýberjek däldi. «Yssammyla gitseňem yzyňdan ýeterin, köpeý ogly». Ol «gel şunuň yzyndan depeýin-le» diýip, ýabynyň uýanyny batly dartanda, aýallar ýerli-ýerden gykuwlaşdylar.

– Ak-gu-uw, aý, birga-at. Gelip, gidewer-u-u.

Sapar brigadir sesini goýup, goýmanka Tagy gelindir beýleki aýallaram ýerli-ýerden gygyrdylar.

Gelinleriň adyny tutup, ýerli-ýerden gygyryşmagy Akgany janlandyrdy. Ol ýabysyny saklady. Soň töweregine garanjaklan boldy-da, yzyna dolandy.

Akganyň bolşy Durdy ýasawulyň keçje damaryny hasam gataldýardy. Onuň temegini ýellendirişi, hondan bärisiräp, dähedem-dessemläp gelşi ýasawulyň arwahyny atlandyrdy. Onuň gelerine takat edip bilmän, ep-esli aralykdan gygyrdy.

– Haý-ow, seniň bolup ýörşüň näme, hä?

Akga onuň diýenini eşitmedi. Sebäbi ol başga bir has wajyp habara garaşýardy. Anna agany apreliň öň ýanynda, frontdakylara 1-nji maý sowgadyny hem-de obadaşalarynyň salamyny äkitmeli diýip, iberişleridi. Onuň käbir adamdan eşitmegine görä, nemis ol ýere baranlaryň guş bolsa ganatyndan, gulan bolsa toýnugyndan dyndaryp, özünem jähenneme iberýärmiş. Onuň pikiriçe «Annajygam» şol neresse gulanjyklaryň gününe düşmelidi. Ol nokgy-nokgy edip, başlyksyrap, ahyram «bal gününe» bulaşmalydy. «Ýogsa näme, bir ýeňiýoluk ömürboýy başlyk bolmaly däl. Äýt, onuň başlyk boldugymy, beri? Başlyk bolsaň biziň ýaly bolmaly, bu dünýäniň gülüni çürtmeli. Gelinleň güli meniňki, iýsem öňümde, iýmesem ýeňsämde, diýenim bolup dur, başga näme gerek Akga han...»

Akga häzir biziňkileriň nähili ýeňişleri gazanyp, nähili üstünlik bilen nemes basybalyjylarynyň söbügine münüp barýanyny eşitmän duranokdy. Häzir uludan-kiçä hemmäniň gürrüňi frontdaky şol ýenişler baradady. Ýöne Anna aganyň şeýle bolmagyny onuň göwni isleýärdi. Munuň hökman şeýle boljagyna çyny bilen garaşýardy.

Durdy ýasawulyň bir zat, bir zat diýýänini eşitse-de, ol onuň näme diýýänini aňşyrmady. Ýöne onuň süňňi ýeňläp gitdi. Atynyň böwrüne kelte aýaklary bilen gaýta-gaýta depgiledi.

– Salowmaleýkim, ýasawul – Ol «Durdy ýasawul häzir Anna aganyň bir bela ýoluganyny aýdar» diýen tama bilen, oňa has golaý geldi. Çalarak eşidýän gulagyny gamçynyň sapy bilen dözümli gorjalady.

– Seniň bu bolup ýörşüň nähili diýýän, saňa?..

Akga gözlerini jüjertse-de, ýene-de ýasawulyň näme diýýänine düşünmedi.

– Anna başlyk ölmändir – Durdy ýasawul has aňyrdan aýlap gep düşündirjek boldy. Emma Akganyň gulagyna bu söz «Anna başlyk öläýipdir, sen bu habary eşitmän nirede gezip ýörsüň» diýen ýaly bolup eşidildi. Ol içki begenjinden has hem gyşaran agzyny wagty bilen ýygnap bilmedi. Soňra birhili aljyrap gürledi.

– Habarym ýok, jan agasy, hiç habarym ýok. Öýüne getirdilermi? Haçan ýogalypdyr ol neresse.

Durdy ýasawulyň içi-bagry ot alan ýaly boldy. Ol ömründe, megerem, ilkinji gezek özüni unutdy:

– Sen näme, it ogly, meniň üstümden güljek bolýasyňmy? Hä, başlyk ölmändir, sen hekemsiräp ýörer ýaly. Beýleki golhozlar arpany bireýýäm harmana daşap, bugdaý oragyna girişdiler. Sen bolsa ýap gyrçadyp ýörsüň, adamlara...

Diýeni çykmansoň, Akganyň boýny eginleriniň içine giden ýaly boldy. Ol bu ýaşulynyň beýle gaharyny öň hiç haçan görmändi. Şonuň üçin ol birneme çekinmänem duranokdy. Ýöne töweregini alyp duran aýallar, az wagtam bolsa, özüniň kolhozyň «eýesidigi» baradaky duýgy ony götergiledi. Ol ýasawulyň ýanyna barmasa-da, şol duran ýerinden gygyrdy.

– Näme-äýt, ýasawul, sen yraýkomdan gelen wekil-ä däldirsiň. Meniň üstüme baýarsyramaga. Ba-ar, öz işiň bilen bol. Men seniň ýasawullygyňa goşuldymmy. Senem goşulma.

Durdy ýasawul atyny birgadiriň üstüne sürdi. Soň gazabyna bäs gelip bilmän gyryk sesi bilen gygyrdy.

– Seniň ýaly gurrumsaga emel berene nälet bolsun, doňuz ogly – Ol birden özüne gelen ýaly boldy – Seniň bilen ýaňkalaşma hyýalym ýok. Ýöne sen maňa jogap ber, nämüçin oraga başladaňok. Şony aýt...

Akga ýaşulynyň äheňiniň peselmegini onuň ýeňildigi hasap etdi. Şonuň üçinem sesini öňküdenem batlandyrdy.

– Sen menden hasap sorajak bolýaňmy ýene, heý akly çaşan oraga girmek, orakdan çykmak meniň öz işim. Islän wagtym saljak oraga...

Ýaşulynyň diýeni bolmady. Ol erbet gyjynyp sögündi. Atyny ýene-de Akganyň üstüne sürdi. Emma durup birneme sowaşan ýaby ýerinden gozganmady. Gaýta gapdala-gapdala buruldy.

Ýasawulyň gamçy bilen garşydaşynyň «eýini bermek» niýeti bolmady. Ol gamçysyny howada galgatdy. Soňam, başyndaky agyr telpegini alyp, Akga bakan dazyrdadyp zyňdy. Telpek Akganyň ýüzüne degdi. Soňam gapdala atylyp gitdi.

Akganyň ýabysy telpegiň ýelginine ýüregi ýarylan ýaly bolup çarpaýa galdy. Akga bolsa tüpeňlenen gulatynyň maslygy ýaly bolup patlap ýere gaçdy.

Durdy ýasawul muňa ünsem bermedi. Ol gazaply gygyrdy.

– Ýa arpa oragyna başlatman, ýa-da seň bilen bellisini etdirmän, şol telpegi başyma geýsem, it ogly boldugym bolsun – Soň bolsa ýabysyna gamçy çalyp, kolhozyň kontoryna tarap gitdi. Akga welin hiç kim «wah, sen barmysyň», «şeýle bolaýdyňmam» diýmedi. Ol ýabysyny münüp ters ugra bakan gitdi.

* * *

Akganyň atdan agan güni adamlaryň aňyndan köp wagtlap çykmady. Munuňam esasy sebäbi Durdy ýasawul boldy. Ol kolhozçylaryň ýanyndan göni raýkoma gyp basypdyr. Özem raýkomyň ketdesine şeýle diýipdir. «O ýerde il-bendäniň daban azaby gara ýere gark bolup ýatyrka, Akga ýaly agzy suwly haram siňirini elinde bulaýlap ýörkä, men başyma telpek geýip gezip biljek däl. Ine, heleýimiň gyňajyny başyma oradym, tä orak başlanýança, şol agzy suwly bilen bir ýaňalyk edilýänçä başyma telpek geýmerin. Indi baýlaryň Merkini berip, kolhoz gurup, purontyň jepasyny çekip, gel-gel ahyr netijede-de şol ernini oňarmadyk bize hekem boljak bolsa, ýaşabam ýörjek däl», diýipdir. Şol günüň ertesi raýondan wekil gelip, adamlar ir bilen oraga girişdiler. Soň görlüp oturylsa: Akga raýondan oragyň ýagdaýyny barlamaga gelen wekilem aldap: «Oraga bireýýäm başlanyldy» diýip, arkaýyn edip yzyna gaýtaran eken. Şol gün günorta arakesmesinde gysgajyk ýygnakda wekil Akganyň ýagşyja suwuna degipdi.

Durdy ýasawulyň beýle batyrlygy Ilamany haýranlar galdyrdy. Ol hemişeler Akga brigadire hiç, kimiň dili, diýşi ötýän däldir, diýip oýlanýardy. Wekiliň aýtmagyna görä, ol häzir başlygam däl eken.. Ýöne Anna aga gelýänçä bäş-üç gün hojalyga göz-gulak bolmak tabşyrylan adam eken. Bu gün bolsa onuň ýerine Durdy ýasawulyň özüne başlyk gelýänçä kolhoza göz-gulak bolmagy tabşyrdylar.

Ilamanyň göwni birden göterildi. Ol Akga raýkomyň ketdesiniň aýdanlaryny ýat belläp bilmedi. Ýöne «şol adam gaty pähimli adam eken» diýip gürrüň edýärdiler. Ýogsam, Akganyň iki aýagyny bir gonja sokup biljek barmy?

Ilaman arpa oragynda arman-ýadaman işleýärdi. Bu gün ol täzeden dünýä inen ýaly boldy. Mähriban kakasyndan indi alty-ýedi aý bäri gözüni ýolda galdyran hat gelipdi. Onuň ýene-de bir begenji Hudaýberdiniň hatydy. Öz eli bilen gyşyk-çaýşygrak çeken harplarynyň arasyndan Hudaýberdiniň arslanyňky ýaly hyjuwly, batyr, owadan gözleri seredip duran ýalydy.

«Eý, dostum, Ogultäje meniň aýt diýenimi aýtdynmy? Näme diýdi?» diýip sorap duran ýalydy.

Iň erbet ýeri, Ilaman onuň haýyşyny bitirip bilmändi. Çünki, onuň özem indi Ogultäji görse, birhili aljyrap ýördi.

Ol häzir hatlaryň ikisinem bagryna basyp, süýji-süýji oýlara gark bolup otyrdy.

– Näme, özbaşyňa ýylgyryp otyrsyň, getir hatlary, hemmämiz eşideli näme ýazlanyny... – diýip. Sapar brigadir täze gazet okalşygy gutaransoň aýtdy. Ol Ilamanyň haýyna-waýyna bakman, gujagyndan hatlary sogrup aldy.

– Waý, gyz, bu oglanyň bolşuny, bukjalary düýrüm-düýrüm edäýipdir.

Ol adamlaryň has gürräk ýerinde ýazylan köneräk şaldan düşekçesiniň üstüne geçdi. Soňam jaýly oturyp, iki hatam maňlaýyna degirdi.

– Adyňa döneýin, alla jan! Her bendäniňki aman gelsin, içinde biziňkem.

Onuň gözlerine birden gubar aýlandy. Töwerekden her kim «Wah, şeý diý-de, wah şeý diýeweri!» diýen sesler onuň keşbine çaýylan gussanyň gatyny hasam galňatdy.

Adamlaryň hemmesiniň gözi Sapar brigadiriň elindedi. Ol haty açman, şo-ol ýüzüne seredip otyrdy.

– Hany, Sapargül gelin, okap yzyň gelmedi-de. Okasana – diýip, ýaşulylaryň biri dillendi. Sapar brigadir şondan soň özüne gelen ýaly boldy. Hasyr-husur bukjany açdy.

– Aý-u-u, heleýler, haýsy birini okap bereýin...

Aýallar onuň näme diýjek bolýanyna düşünmediler. «Okasana gyz, okasana, okajak bolsaň» diýişdiler.

Sapar brigadir howlukmady. Ol bir gapdaly adres bolup duran içbe-iç, goşa kagyzy gözüne has ýakyn tutup yzarlady. Soň ýaşmagyny agzyna çekip, gazaply çeýnäp-çeýnäp goýberdi. Emma yzyna çenli yzarlamaga takaty ýetmedi. Hat onuň etegine gaçdy.

– Bar, Ogultäç, şol haty oka-la – diýip, aýallaryň biri aýtdy. Ogultäç dört örüm ýogyn saçyny eli bilen tutup, egilibräk orta geçdi. Ol gazet okap bermäge ýagşy öwrenişipdi. Şonuň üçinem kän bir güýmenmedi. Haty eline alyp hiňlenibräk okap başlady.

«Dugaýy salam! Kim men, budurki, öz dädeň Kerweniň tarapyndan onda bolan oglum Ilamana, onda bolan oba-goňşy, garyndaş-dogan, dost-ýar, tanyş-biliş hemmä köpden-köp dugaýy salam bolsun!

Salamdan soň sözüm budurki, eý Ilamanjan, oglum, arma, alla kuwwat bersin, saňa. Neneň ýaşaýarsyň, oglum?

Indi özüm barada gürrüň bersem. Kyrk ikiniň awgustynda tawar magunlaryna münüp, Meskwanyň golaýyna, Noginsk diýen ystansa gelip düşdük. Meskwanyň etegi giden tokaý, ot-çöp. Bu ýerde teýzeminde bolup, ýene-de türgenleşdik. Ondan soň Nowgorod oblastynyň Kreste ystansasyna gelip, mundanam Pola diýen Derýanyň gyrasynda, bir Pola diýen ystansa gelip, ondan däni ýene Yrkalowo oba geldik. Edil nemisiň ýany. Häzir bolsa abarunda durus.

Töwereklerimizde nemisi kül-peýkun edýärler diýip aýdýarlar. Bizem indi basymdan-basym abarundan çykyp, öňe gitmeli, hüjüme geçmeli diýip, gürrüň bar.

Nesip bolsa, bu günleriň hem soňy geler, köşek Sen oba-gara barada köpräk ýaz, gowja edip, howlukmaň ýaz, bolýarmy?

Hoş sag bol, köşegim, soran-idäne köp dugaýy salam diý.

Ýanymda maryly Gurban Çary diýen oglan bar. Ol saňa köp dugaýy salam iberýär. Ol gaty şahyr ýigit. Özem goşgy baryny goşup ýatyr. Ol Ilamanjana iki keleme goşgy iberýär.

Müň dokuz ýüz kyrk birde düzülipdi Aşgabatda,
Gyzyl goşun spisogna bezelipdi Aşgabatda,
Segsen ýedi nomer bilen ýazylypdy Aşgabatda,
Türgenleşip harby işe, göz olupdy Aşgabatda,
Jeň meýdanda gar galada gyşlady türkmen polkum.

Düzülende bäş müň golaý Garagumuň börüsi,
Tälim okap, bişip, bekäp guýma gursak barysy.
Gül watanmy faşistlerden azat etmek çäresi,
Gürsüldetdi gursaklaryň ýanyp gahar därisi,
Hut ajalyň ýakasyndan ulaşdy türkmen polkum.

Moskwanyň maňlaýyndan urmak isläp goşuny
Iýul aýy doňy çözlüp, galdyrdylar başyny,
Gyzyl goşun bölümleri gerdi öňe döşüni,

Garşylykly çozuşa geçdi, uşatdyrdy dişini,
Meýdi-meýdan degişdirip taşlady türkmen polkum.

Kerwen ogly Ilaman
Goşgularmy halaman,
Okaman, ýyrtaýsaň-da
Ömür senden nalaman.

Hoş sag bol, haty bolşy ýaly göçüren Gurban Çary.

Adamlar agyzlaryny açyp, haýran galyp diňleýärdiler. Hatda erigiň bir ýerlerden tebil alyp çalaja şibirdeşýän ýapraklary hem sesini tapba kesipdiler. Her kim Ogultäjiň agzyna garap otyrdy.

– Gutardyňmy, gyz – diýip, aýallaryň biri dillendi.

Ýaşulularyň biri gyryk ses bilen gürledi.

– Bä, Gurban Çary diýdimi, ol şahyr-aý, aý, tüweleme, düýne giň-ow. Türkmeniňem ganat açyp ugrany bar-ow, tüweleme. Tüýs hakdan içen eken. Ýöne baryny goşga salaýypdyr.

– Aý, hakdan içeň eken öz-ä. Gör, Meskwa diýdi, nemis diýdi, asyl Ilamanyň öz adynam goşga salaýypdyr.

Ýaşulular hatyň goşgy bölümini ýene-de okatdylar. Son her kim işli işine dargady.

– A gyz, Hudaýberdiniň hatynam birje, okaýsa-na, eşideli-le, gyz diýip aýallaryň biri gygyrdy. Ilaman hatlary aljak bolup Ogultäjiň yzyndan okduryldy. Ogultäç eýýäm arpasy orulan uly atyzyň ortasyna ýetipdi. Ol assaja ýöräp barşyna, Ilamana gözleriniň gytygyny aýlady.

Ilaman hasyrdap, onuň yzyndan ýetende, ol sesini çykarman, bukjasy açlan haty onuň eline berdi. Oglan beýleki haty almaga taýýarlanýardy, eger bu gyz garşylyk görkezäýse, onuň eline topulmaga häzirlenýäne çalym edýärdi.

Ogultäç saçlarynyň ýogyn örümlerini gysymlap-gysymlap, zordan dillendi.

– Bu haty, ilki men okaýaýyn, onsoň saňajyk bereýin, bormy?

Ilaman bu gyzyň owadan gözlerindäki naýynjar garaýşy, juda uly haýşy howsalany duýdy. Ol «haty hökman maňa bergiň soňundan» diýjekdi. Emma diline söz gelmän yzna öwrüldi.

Onuň begenjinemi, içki tolgunmasynamy, işläp kän bir höwesi bolmady. Ogultäjiň gözlerinde gören tolgunmasy, howsalasy onuň ähli pikirlerini diýen ýaly garjaşdyrýardy. «Ýa Ogudtäç Hudaýberdini gowy görýärmikä?» Ilaman özüne bu sowaly gaýta-gaýta berýärdi. Emma bu sowala dine Ogultäjiň özi jogap berip biljekdi ahyryn. Ol bilini ýazmak üçin her galanynda Ogultäç tarapa gözüni aýlap goýberýärdi.

Ogultäç bolsa bajaklar düňderilip ýatan çiliň üstünde oturyp haty okaýardy Ilaman onuň soňam ep-esli oturanyny gördi. Ol häzir bu gyzyň hat okaman, Hudaýberdiniň bir bölek kagyzyň ýüzünde janlanan keşbini synlap, onuň bilen pyýhan-pynhan sözleşýändiginden, onuň sag-aman özem çaltrak gelmegini dileg edýäninden habarsyzdy.

«Hudaýberdi näme ýazdyka? Meniň hatymyň içinde bu gyza-da bir zatlar ýazdymyka?» ol oýlanýardy. «Ýadyňa düşýärmi, Ilaman, sen meniň halaýandygymy Ogultäje aýtmaga söz beripdiň-ä. Ýa-da heleýläp ýörmüň?» Ilaman Hudaýberdiniň

teýeneli garaýşyny gördi. Onuň sesini eşitdi. Şonuň üçin-de özüniň gaty uly, gaty kän zady boýun alandygyna indi düşünip galdy. Ýöne ol bir zady bilýärdi. Beýle sözleri Ogultäje aýdyp biljek däldi. Sebäbi onuň garaýşyça, şol sözi ol gyz diňe Hudaýberdiniň dilinden eşitmelidi.

Gün batandan soň öýe ugran Ilamanyň keýpi ýok diýen ýalydy. Surnukdyryjy oý-pikirler, ganyňy gowrup barýan yssy, şatylap alyp barýan bilagyry, çarygyň içinde gyzyp, sanjaşyp duran barmaklar onuň süňňüni hasam agraldýardy.

– Ilaman, Ilaman – bu ses ony tisgindirdi. Ogultäjiň ýadaw, emma mähriban garaýşy oňa diýip-aýdyp bolmajak täsir etdi. Ol Ogultäç deňine gelýänçä saklandy.

– Me, taňry ýalkasyn. – Ilaman «bile ýalkasyn!» diýmelidi. Emma aljyraňňylyk bu sözi onuň dilinden uçuryp goýberdi. Ol haty elinde tutup durşuna, dünýäni unutdy. Ogultäjiň badam gabaklary, mähir çogup duran goýun gözleri onuň hälki duran ýerinde üzülip, asylyp duran ýalydy. Eger ýerinden gozgansa şarpyldap, ýere gaçaýjak ýalydy. Ol gözüni ýumup gördi. Ýöne şol gözler ýitmedi. Oglan ganatlanan ýaly boldy. Onuň süňňündäki ýadawlyk, agyry, agyrlyk zym uçan ýaly bolupdy. Onuň ganynda, süňňünde boş ýer ýokdy. Hemmesini balkyldap duran goşa göreç eýeläpdi.

Ol Hudaýberdiniň hatyny okap bilmedi. Eýýäm garaňky düşüpdi. Galam bilen gyşyk-çaýşygrak ýazylan harplar topraga gaçan dary däneleri ýaly bolup ak kagyzyň ýüzünde ýazylyp ýatyrdy. Ýöne olary bir ýere jemlemek kyndy. Hudaýberdi tutuş gijeläp onuň düýşünden çykmady. Ol öňküdenem mylaýymdy, ýürekdeşdi. Özem fronta gitjek bolup duran görnüşindedi.

Ilaman ertir ir turdy. Säher bilenem Hudaýberdiniň hatyny ele aldy.

«Salam, dost!

Men indi soldat. Özem hakyky soldat. Bize häzir okuw geçip ýörler. Indi gaty basym söweşe girmeli.

Eý, dost, eger faşist bilen söweşe girsek, Ogultäje derek bir faşist, ejeme derek bir faşist, sana deregem bir faşist kaklaryn. Şondan soň meniň hatyma garaşyň. Ogultäje-de gahryman bolýançam hat ýazmaryn diýdi diýip aýt».

Ilamanyň göwnüne Hudaýberdi eýýäm gahryman bolan ýaly boldy. Ol özüniň fronta gitmänine gaty kemsindi.

### 3.

«Anna aga fronta gidip gelipdir! Obadaşlardanam göreni barmyş!» diýen habar tutuş «Ynkylaba» doldy. Oba arasyndaky arpa-bugdaýy orup tükedip barýan adamlar başlygyň aman-sag dolananyna begenseler, basym daga, düme ormaga gidiljegine gynanýardylar. Onuňam özboluşly sebäbi bardy. Adamlar indi urşuň uzak gitmejegine ynanýardylar. Her kim «basym bu gowgalar sabaşyp, gidenlerem, aman-sag dolanyp geler. Şondajyk öýde, öňlerinde bolunsa gowy boljak» diýip oýlanýardylar.

Uruş bolsa şo-ol gidip otyrdy. Gidenlerden derek ýokdy. Günler aýa, aýlar bolsa ýyla deňdi.

Anna aganyň gelenini eşiden aýallar «agşam onuň öýüne baralyň» diýişýärdiler. Emma Anna aga olary agşama çenli garaşdyrmady.

Ol Durdy ýasawul bilen atyny ýanaşyk sürüp geldi. Gelibem «front erigiň» aşagynda ýabydan düşdi. Ýasawul bolsa ýabysyny gorduryp, kolhozçylaryň ýanyna bakan sürdi.

– Hemmäň «poront erigiň» teýine gelmeli. Sabran boljak, ho-ow!..

Aýallar, çagalar, erkekler birki aýlap gözden uçan adam bilen gollaşyp salamlaşýardylar. Anna aga dik maňlaý papagynyň gaşyny gaýta-gaýta elleşdirip, her kim bilen mylaýym gürleşýärdi. «Amanmyň, gurgunmyň, saglykmy» – diýip, her kimiň özüne görä äheň, mylakatlylyk bilen, her kimiň özüne görä basym bilen gürleýärdi.

Adamlar bir çugdam bolup oturdylar. Olar näme üçindir ala kölegeräk ýerde oturypdylar. Erigiň saýasynyň iň goýry ýeri boş durdy.

– Geçiň, ho-ol kölegä, näme günde otyrsyňyz?!

– Başlyk, ol ýeri saňa goýýalar gelinler – diýip, ýaşulularyň biri dillendi.

– Ýok, men oturjak däl, siziň bilen saglyk-amanlyk soraşyp, yraýona gitmeli. Geçiň kölegä.

Ilki ýaşulular, soňra aýal, oglan-uşak bary erigiň goýry kölgesine süýşdi.

Anna aga papagynyň gaşyny az-kem ýokary süýşürip, dodaklarynyň üstünde çalarak bildirýän çap-çal, gytyk murtlaryny sypalaşdyryp söze başlady. Ol adamlaryň ýüzüne seretmäge çekinýän ýaly, nirädir bir ýerlere seredýärdi.

– Onsoň dänim, aý näme, bir aýa golaý ýöräp dänim, Meskewäniň etegine bardyk. Ilki dänim wospitana (gospital bolsa gerek) baryp eli-aýagy döwülen, ýaraty bolan sellat oglanlara ser-sowgat berişdirdik. Uly sobran boldy. Onsoň biz kepledik, sallatlar kepledi.

Aý, kepiň keltesi bir gün porondyň iň öňdäki uçaskasyna gitmeli diýdiler. Aý, janym, size ýalan, maňa çyn, ýöne obalar doňuz dören gawun joýasyndan enaýy däl-ow. Taňk ýatyr pozulyp, pozulyp, maşyn ýatyr kül bolup, araba ýatyr mynjyrap, oba ýatyr gara ýanyk bolup, ýollar ýatyr gorp, gorp bolup, bizem dänim, şol gidip otyrys, gidip otyrys.

Onsoň däninim, biziň ulymyz görüp, gözünden ýaş döküp, başyny ýaýkap barýa, pahyr. Aý, çydar ýaly däl-ow, görüp. Onsoň dänim, ýoldaşlar, sowet salladynyň nähili güýjüniň bardygyny şonda biliberiň. Nemis paşistler dişine çenli ýaragly, taňkam olarda, topam olarda, atdamadam olarda, pilimýodam olarda, bomba-da olarda, somba-da olarda, aý dänim, adyny tutan ýaragyň şolarda bar. Çozupdyrlar. Çozan ýerlerinde dänim, edenlerini edipdirler.

Anna aga gidişlerini, soldatlaryň arasyna baryşlaryny, front meýdanyny öz sözi, öz garaýşy bilen sadaja, düşnüklije suratlandyrýardy. Nemes basybalyjylarynyň haýynlygyny, Sowet Goşunynyň beýik edermenligini mysallar bilen düşündirýärdi.

– Aý, ýoldaş golhozçylar, size ýalan, maňa çyn, biziň sowet sallatlarymyzyň şeýle bir güýji bar, şeýle bir güýji bar. Men dänim, kepi köpeldip, sizin wagtyňyzy alyp oturmaýyn. Ýöne, ýeňiş indi uzakda däl. Ýöne dänim başda, ýere gurt düşen ýaly bolup çozupdyr nemis. Indi hiç gyryp tükedip bolanok diýýäler. Sowet goşuny janyny aýaman söweşýä... Şol är kimin söweşip ýören ärlerimize, ogullarymyza, atalarymyza, dänim, ýoldaşlar elde baryny edip dänim, kömek bermeli.

Biz köp-köp sallatlara ser-sogat paýladyk. Aý, maýybam bar, ýaralam bar, sagam köp. Hemmesi size köp dugaýy salam iberdi. «Köpräk, dänim, işläp, bizi hor etmesinler, enşalla nemis paşistlerini gabra dykyp, ýeniş bilen bararys. Onsoň gelinleri depämize täç ederis» diýdiler, ýoldaşlar... Menem «oňat işläris» diýip siziň adyňyzdan dänim söz berdim. Bolupmy? – Anna aga sözüni gutardy.

– Ýoldaş, golhozçylar, şu sabrannyda her kim bäş-üç agyz keplesin. Nähili işlejek, sowet goşunyna kim näme aýtjak.

Sapar brigadir ýerinden turdy.

– Uruş ýatyp, gidenlerimiz aman gelse bolýa. Biz şolar üçin depämiz bilen daş çekmeli bolsa taýyn – Sapar brigadirden soň gürlemäge döwtalap tapylmady. Ýygnanşyk gutardy. Adamlar bu resmilikden çaltrak dynanlaryny kem görenokdylar. Her kim uruş barada, öz urşa gideni barada, sorag, ideg etjek bolýardy.

Durdy ýasawul ýygnanyşygyň gutararyna mähetdel, hemmäniň diliniň ujundaky sowaly berdi.

– Anna, diýýän-ä, bi, nemis, nemis diýip, biz adammyka, diýsek, biý diýýän-ä, otuz üçüň çekirtgesi ýaly ýere-göge sygman, gelen ýerini takradyp barýan möjek oguşýan?

Anna aga sadaja ýylgyrdy. Ol häzir ýasawulyň sowalyna däl-de, öz meňzetmesiniň ýerine düşendigine göwnühoş bolýardy. Oturan kolhozçylar hem başlygyň ýylgyranyny görüp ýylgyryşdylar.

– Aý, Durdym, men-ä dänim, şolara heýran galandyryn. Otuz üçünji ýylyň çekirtgesinem toýlabermeli muny görende... Çekirtge ot çeýnese, nemis agzynda ot çeýneýär.

– Aý, biz oglanlara ser-sogat berdik, onsoň däninim, kemendir diýdi, gelipsiňiz, peredowoý liniýä hem baryp görüň, häzir nemisiň sesi çykanok – diýdi. Bizem, şundan ugradyk. Onsoň şol peredowoý liniýäniň golaýyna geldig-ow. Ine, bir başlady apy-tupan. Asmanam gümmürdi, zeminem gümmürdi, öňüňem gümmürdi, yzyňam gümmürdi. Ýer-gök lerzan, lerzan, lerzan. Aý, biz-ä, ýöne hudaýy çagyryp dänim, akobyň içinde oturandyrys, aý berekella janyna, sallatlaryň...

Aýallaryň biri çekine-çekine başlygyň sözüni böldi.

– Gidenlerimizden göreniň bolmadymy, Anna däde. – Başlyk bu sowala öňünden taýýarlanyp ýören ýaly gürledi.

– Ýoldaş gelinler, puront giň, siz dänim, ine gije asmana serediň, şonda dänim näçe ýyldyz bar. Sowet ýurdunyň obasy şonuň ýaly. Biz dänim, şol ýyldyzlaryň birki sanysyna bardyk. Onsoň dänim, gaty görşüp durmalyň barmandyr, görmändir diýip.

Anna aga gürrüňi gutardym edip ýabysyna bakan ýöneldi.

* * *

Kakasyndan hat gelen gününiň ertesi Ilaman ata sargydyny ýerine salmak üçin Enelere barypdy. Çünki, kakasy hatynda goňşulara baryp durmagy aýratyn sargapdy.

Meýdanyň oragy azalypdy. Indi desseleri harmana çekip, döwegi güýçlendiribermek galypdy. Orak birneme giç başlananam bolsa, adamlar gije diýmän, gündiz diýmän işläp, wagtyň yzyndan ýeteňkirläpdiler. Basym daga düme oragyna çykmalydy.

Kakasynyň salamyny gowşuraýyn diýmese, Ilamanyň Enäniň ýüzüni göresi gelmeýärdi. Öňki hormat, sylag, söýgi indi ýiti ýýgrenje öwrülipdi.

«Dädem, näme üçin zol-zol, «Ene gelnejeň sagmy, näme onuň adyny hata salaňok?» diýýärkä?» Ilaman Enäniň keşbini göz öňüne getirjek boldy. Emma bolmady. Onuň göz öňüne Enäniň Akga bilen tutlukda gysmyljyraşyp oturyşy geldi.

Ene barada kolhozçylaryň arasynda her hili gürrüň bardy. Ýöne Ilaman üçin olaryň bary gyzyksyzdy. Çünki, şol gürrüňleri onuň özi gözi bilen görüpdi. Onuň oglan ýüregindäki ýigrenjiň ýanynda bu gürrüňler juda ejizdi.

Ilaman özüne döz geldi. Ata salamyny gowşurmagy ýüregine pugta düwdi.

Eneleriň suwagyny ýel-ýagmyr iýen pagsa tamy bilen boýdaş bolup duran teläriň teýinde hiç kim ýokdy.

Teläre garşy açylýan köne dagdan gapy ýarym açyk durdy. Töwerekde iňlär siňek görünmeýärdi.

Ilaman birbada iliň işigine barybermäni birhiliräk gördi. Şonuň üçin öýlerine tarap nazarlady.

Ýöne häzir öý diýip, öwzar diýip güýmeň-saman edip ýörmäge wagtam ýokdy. Ýene-de yzyza, oraga dolanmalydy. Şeýle oýlar gyssansoň, Ilaman ýoluny üýtgetdi.

Häzir utanyp, çekinip oturmaga wagt ýokdy ahyryn. Ol gapyny çekinjeňlik bilen açdy. Içerde adam bara menzemeýärdi.

– Salow-ma-leý-k-i-m! – Ol bilgeşleýin sesini sokduryp gürledi. Emma içerden ses çykmady. Oglan içeri boýnuny uzatdy.

– Geliber, kimem bolsaň! – Bu nätanyş, ysgynsyz ses zordan eşidildi. Ilaman çarygyny çykarman, belent işikden içeri ätledi. Ol gözlerine ynanmajak boldy. Öňünde bir wagtky mähriban aýala derek, başga bir jadygöý sypatly biri oturan ýalydy. Ýöne gözler Enäniňkidi.

– Waý, Ilaman, bagtym garaldy, meni hudaý tutdy. – Onuň kemşerilýän dodaklarynyň aňyrsynda gädik-gädik dişleri gyzyl ýara bolan dilini gizläp bilenokdy.

Ilamanyň ýüregi gyýym-gyýym boldy. Ol bu aýalyň bir wagtky ýüreklere surat bolan mähriban keşbini agtardy. Onuň garahassa degeniňki ýaly keljerip, tozgalap duran saçy, ýakal-ýakal bolup, tutuş kesmeklän çüri ýüzi, gädilen, gemmik-gemmik dişleri nätanyş kempire çalym edýärdi. Onuň gözünde çeşme bar ýaly, şänik ýaly damjalar şabyrdap dökülip durdy. Ilaman dözümsizlik bilen gürledi.

– Ene gelneje, dädem saňa köp dugaýy salam iberip, hat ýazypdyr. «Köpsalamymy hökman ýetir» diýipdir. Şony aýdaýyn diýip geldim.

Ene özüni takyr ýere goýberdi. Möňňürip, silkinip-silkinip aglaýardy. Ilaman näme etjegini, näme diýjegini bilmedi. Ol çykyp gitmäniň ugruny tapmady.

Birden gapy açylyp, içeri Meretgül girdi. Ol gelin ýaly geýnipdi. Egnindäki keteniniň reňki solmandy. Başynda owadan gyňaç bardy. Ol öýde bolup geçýän hekaýaty özi guran ýaly arkaýyndy. Birden Ilamany boýdan-başa synlady-da, azymly gürledi.

– Waý-eý, waý-eý, bu gykylyk näm-eý. Ýa pisiňi aşyryp, bu gyza bir zat aýdaýdyňmy, hä, ýok bol, şu içerden, deýýus diýsäni...

Ilamanyň öňem petiş alyp duran howada derden şypbyldap duran endamyna şagga der indi. Ol tasanjyrap daşary çykdy. Şondan aýak aldygyna ylgap, «front erige» bakan tutdurmakçy boldy.

Emma ene mährine zar göwün aýal maşgalanyň agyr halyny görüp, ony beýle taşlap gitmäge dözmedi. Onuň aýagy ýekeje ädimem öňe ädilmedi. Ol kempiriň şerraýlyk bilen Enäniň üstüne eňteýän sözlerini eşidip, süňňüni saklap bilmän gagşady.

– Haramy diýsänim, iki barmak teniňi saklap bilmän meni ile metgi etjek bolýaňmy, ile yryswa etjek bolýaňmy, haram tula. «Ýetim guzy saklasaň agzyň-burnuň ýag eder, ýetim gyzy saklasaň agzyň-burnuň gan eder», künti...

Ilaman çydamady. Onuň gany depesine urdy. Ol bürgüt ýaly atylyp öýe girdi. Çatydan asylan boş ýanlyk ýaly yranjyrap duran kempiriň gulagynyň düýbüňe bady bilen bereninem duýman galdy.

Kempir beýle-beýle urga garaşmansoň, burçdaky bugdaýly çuwallaryň düýbüne süsdürildi. Bir salymdan soň gözüni elek-çelek edip, haýran-birýan bolup dyzyna galdy.

Ilamandan başga hiç kimiň ýokdugyny bilip, şeýle bir gykylyk turzup başlady. Ilaman ömründe beýle agyly, şerraý sesi eşitmändi.

– Wah, ýaşyň gyrkylsyn, salajaň sallanyp, meýdiň ýansyn, ylahym...

Ilaman ýumrugyny düwüp, dyzanaklap gelýän kempiriň üstüne süründi.

– Bes et, bes etmeseň, öldürerin... Sen şerraýlyk eden bolma, Enä indi azar berseň, göni başlyga aýdaryn.

Kempir agzyny açyp galdy.

– Hawa, bilmeýändir öýtme, Akga ikiňiz Enäni şu güne saldyňyz. Näme bilmeýändir öýdýäňizmi? Hemmesini bilýän. Hol çuwaldaky bugdaýlaram, şu köýnegem Akga berdi saňa. Özem hemmesi kolhozyň zady. Hemmesine sen günäkär. Hemmesine Akga ikiňiz günäkär...

Kempir ýere ýazyldy. Biline urlan ýylan ýaly towlanjyrady. Ene welin ojagyň ýanynda, takyr ýerde bulaşyp ýatyrdy. Oglan gözüniň ýaşdan dolanyny indi duýdy.

Kempir Ilamanyň yzyndan «walalaýlaýardy». Ilaman yzyna gaňrylanda, kempir garry geçiniň bulaşan sakaly ýaly hüžžük saçyny penjeläp-penjeläp goparýardy. Keteni köýneginiň keşdeli ýakasyny ýumruklaýardy.

Onuň gykylygy bütin oba doldy. Ýöne oba adamlarynyň hemmesi işde bolany üçin, onuň şerraý sesini eşidýän ýokdy.

«Hemmesine sen günäkär, hemem Akga ikiňiz günäkär...» Dogry aýtdym. Oňardym».

Ilamanyň kemzorynyň jübüsindäki bukjalar galkynan ýaly bolýardy. Diýmek, hatlaram oňa «berekella» aýdýarlar. «Oňardyň Ilaman, oňardyň ogul!»

* * *

Şol günüň agşamsy Ilaman öýde ýeke ýatmaga çekindi. Şonuň üçin Üzümgül mugallymlara bakan ugrady. Olaryň gapysy ýapykdy. Ilaman lapykeç halda, nirä gitjegini bilmän durdy. Birden, Üzümgül mugallymyň işleýän ýeri ýadyna düşdi. Ol ýeňillik bilen şol ýere bakan ugrady.

Ilaman Üzümgül mugallym hakynda oýlananda şo-ol kyrk ikinji ýylyň ýazy ýadyna düşýärdi. Ondan bäri bir adam ömri geçen ýalydy. Ol günler uzak-uzak ýyllarda galan ýalydy. Emma bary-ýogy birje ýyl geçipdi ahyryn. Üzümgül mugallymyň şonda aýdan lälesi Ilamanyň gulagynda henizem ýaňlanyp durdy. Ondan bäri tutuş bir ýyl geçipdir. Üzümgül mugallym bolsa gör, näçe läleler düzüp, gör, näçe gazallar aýdandyr.

Ilaman agşamyň salkynlygynda gumak ýol bilen barşyna töweregini synlady. Töwerek hem agşam salkynlygynyň hözirini görýän ýalydy. Hiç ýerde hereket ýokdy. Ilaman kolhozyň merkezi uçastogyndaky mekdebiň girelge gapysyny çekdi. Bu mekdepde adam ýok ýalydy.

Gapy içinden berk ýapylandy. Ilaman gapyny birki gezek tarkyldatdy. Soň yza çekildi.

Içerden «kimsiň?» diýip çalaja ses eşidildi. Ilaman näme diýjegini bilmedi. Birden özüne gelen ýaly bolup, ysgynsyz dillendi:

– Men, Ilaman!..

Gapy jygyldap açyldy.

– Gel, gel, Illijan, geleweri – Üzümgül mugallymyň mylaýym sesi Ilamanyň süňňündäki aljyraňňylygy gowşatdy. – Wah, Illi jan, ýat bolup gitdiň-le. Nädip geldiň bu ýerlere. Gel, men saňa gowja-gowja çagalary görkezeýin.

Mekdebiň jaýlarynyň ikisi boşadylyp, içine ullakan palaslar, köneräk halylar ýazylypdyr. Jaýlaryň ikisinde-de onluk çyra ýalpyldap ýanyp durdy. Ilamanyň göwnüne içeri gündizlik ýalydy. Jaýlardan tagamly naharyň ysy gelýärdi. Oňa has ýaran zat çagalar boldy. Olar nätanyş dilde jagul-da-jugul bolşup gürleşýärdiler.

Ilaman palasyň gyrajygynda oturdy. Ona çenli meleje saçly gyzjagaz onuň ýanyna ylgap geldi. Ol çagajyk şeýle owadanjady, näzijekdi. Edil gurjak ýaly, eliňe alyp oýnaberesiň gelýärdi.

Ilaman olaryň tämizje üst-başyny görüp özüniň egin-eşiginden utandy. Çagajyk welin muňa ünsem berenokdy. Ol gelip Ilamanyň dyzynyň üstünde oturdy. Oňa çenli ýene bir oglanjyk gelip, Ilamanyň başyndaky gulakjynyny aldy-da kellesine geýdi. Ilamanyň dyzynyň üstünde oturan gyzjagaz bolsa aglamjyrap eli telpekli oglanjyga topuldy.

– Daý, daý, moýa şapka – Oglanjygam bererli däldi.

– Net, moý!

– Net, moýa! – Ilaman aljyrady. Ol ýöne ýylgyryp durdy. Bagtyna Üzümgül mugallym eli tabakly geläýdi. Ol tämiz palasyň üstüne uzyn saçak ýazdy. Soňam gelip bu çagajyklary köşeşdirdi.

– Lenajan, Saşajan, nahar iýmeli. Goýuň dawaňyzy. Geçiň saçagyň başyna – Üzümgül mugallymyn arassa türkmen dilinde gürleýşine çagalaryn düşünip durşuna Ilaman haýran galdy.

Çagalar tamdyrdan täzeje çykarylan çörek bilen çorba iýýärdiler. Olaryň gürrüňleri tudanaly tuda gonan garasar sürüsiniň sesine çalym edýärdi. Bu ýerdäki tämizlik, süýji nahar bolsa bu çagalar üçin kolhozyň serişde gaýgyrmaýanyny aňladýardy.

Üzümgül mugallym olary naharlap bolup barýarka, başga bir aýal bilen, uly gyz geldi. Onsoň Üzümgül mugallymam egnindäki ak haladyny çykardy.

– Illi jan, çagalary haladyňmy? Görseň gül ýadjakdyr. Kyrk sany neresse çaga. Wah, uruş gursun-da Hersi biriniň dünesidir bu neresseleň...

Ilaman Üzümgül mugallymy öýlerine çenli ugratdy. Üzümgül mugallym özüniň minnetdarlygyny nähili beýan etjegini bilmedi. Ol bu mähriban oglany öýüne goýberesi gelmedi.

– Illi jan, köşek, senem şujagaz ýerdejik ýatyber bolmasa...

Ilaman özi barada beýle alada edilmegine utanyp gürledi:

– Men öýe gideýin, ertir gaty ir işe gitmeli...

Ilaman gündizki ýadawlygy duýanokdy. Onuň süňňi birhili ýeňläpdi. Ol ýeňil ýöräp öýe gaýtdy.

Birdenem, onuň göwnüne gögüň garaňky böwri ýalpyldap giden ýaly boldy. Şo-ol tanyş göreçler. Olar Ogultäjiň balkyldap duran goşa didesidi. Olar ertekilerdäki şamçyraglar ýaly bolup, ýigdekçäniň bütin dünesini ýagtylandyrdy.

Ilaman öýe gelip, gapyny açdy. Emma ukusy gelmedi. Ol daş çykyp ojagyň tekizje sekisiniň üstünde ykjam oturdy. Ullakan erigiň ýapraklary, deregiň şelpeleri ýaly şybyrdaşýardy. «Diýmek, erigiň ýapragam gatapdyr, basym güýzem gelibermeli!» Ilaman kakasynyň birwagtlar köp gaýtalan sözlerini ýatlady...

Birdenem onuň gulagyna inçejik agy sesi gelip başlady. Günbatardan öwüsýän salkynjak şemal bu sesi garym-gatym edýärdi. Ilaman howlynyň insizje agaçdan edilen pessejik derwezesini açyp, köçe tarapa çykdy. Ses ýatdy. Ol ýene-de diňşirgendi.

Bu ses bir görseň aga, bir görseň hüwdä, bir görseňem ulugyzlaryň lälesine meňzeş bir owazdy. Özem Sülgün gelnejeleriň tamyndan gelýärdi. Ilaman garaňky jaýa has golaý bardy.

Uzak-uzak ýyllarda
Taýyň galdy Nursoltan
Uzak-uzak illerde
Daýyň galdy Aýsoltan

Uza-ga-uzag-a iller-de-eý
Ýarym galdy, alla jan
Uza-ga-uzag-a ýyllar-da, waý
Arym galdy, jan hudaý...

Ilamanyň bedeninde bir gysym garynja ýörän ýaly boldy. Ol iki gulagyny elleri bilen ýapyp öýlerine garşy ylgady.

**4.**

Meretgül kempiriň bolup gelşini görüp Akganyň haýýady uçdy. Tasdanam obaçylyga garşy ökjäni göteripdi. Emma saklandy. Onuň başy açykdy. Saçy sürlen bozagan sübsesi ýaly bulaşyp durdy. Üsti-başy çaň-tozandy. Ol gele-gelmäne ýoluň ortarasyna, jöwza-da köze dönen urpagyň üstüne özüni taşlady.

– Öýümiz, ilimiz üstümize ýykyld-eý, Äkge jan, taňrynyň gargyşyna galdy-geý, Äkge jan-eý.

Akganyň dodagy dodagyna mumlanyp, bokurdagyna gum dykylan ýalydy. Ol bitaý gözlerini mölerdip, gyrpyldadyp durdy.

– Ol ýetimçe, hudaýym upbat bolsun, meni suwa salma ýençdi. Özem başlyk diýdi, beýleki diýdi, hiçisini goýman diýip gitd-eý. Bu gelni şu güne salan Äkge ikiňiz diýip, her-her edip git-deý, Äkge jan-eý...

Kempir her gezek ellerini kakanda, garaguşuň ganatlary ýaly helpildäp gidýän ýeňleriniň astyndan ep-esli tozan galýardy. Olam göni Akganyň üstüne dökülýärdi. Ol bir gapdalrak çekiljek boldy. Emma kempir ýüregi ýarylan ýaly iňledi.

– Waý, gurbanyň bolaýyn Äkge-leý, gitme-eý, ýüregim ýarylyp barýa-leý.

Akga özüne zor salyp gazaply gürledi.

– Kim?

Kempir aňk-taňk boldy. Ol Akga kimdir biri bilen gürleşýändir öýtdi. Töweregine garanjaklady. Ahyry Akganyň çaşgyn keşbini görübem, iki buduna şapbyldadyp urmaga başlady.

Hakykatdanam, soňky wagtlarda Akganyňky ugruna däldi. Geçen ýyl Anna aganyň oňa ýagşy daramagy, Durdy ýasawulyň aýdan sözleri, raýondan gelen wekiliň «Sen arpa-bugdaýyň näçe gymmatynyň bardygyny biler ýaly, fronta ibermek gerek» diýmegi Akganyň mazasyny alypdy. Ol indi nirä gitse, kimdir biri yzarlap ýören ýalydy. Ony was-wasy gaplap alypdy. Bu gün onuň üçin ahyrzaman gopana döndi, Ol ters aýlandy.

Soň kempiriň syrça bölegi ýaly çalymtyk gözlerine garady.

– Kim?!

Meretgül täzeden möňňürmäge, samramaga, sarnamaga başlady. Akgadan welin ne ses, ne-de seda çykdy. Ol birden tersin-oňlyn pyrlanyp, ýene-de kempiriň ýanyna geldi.

– Hany ol, hany?! – Kempir Akganyň gezlerindäki eýmenji görüp, guty guran ýaly boldy.

– Hany, ol nirede?

– Kim?

– Oraz şyh!

Kempir synyny silkip ýerinden turdy. Onuň üstünden ep-esli tozan asmana göterildi. Kempir oňa ünsem berenokdy.

– Wah, Oraz aga däl, hol gapdal ýanymyzdaky garantgy ýaly meýdi ýanan ýetimçe ýokmy, şo-ol!

– Oraz şyh, gerek. Oraz şyh ge-r-e-k.

Akga edil serhoş ýalydy. Enteýärdi. Onuň bolşuny görüp kempiriň hem aýaklarynyň ysgyn-mydary gaçdy – Oraz şyh öýünde, ýok, toba, ysgylatda...

Akga hiç zat diýmän ýap-çilleriň arasy bilen Çynarla tarap dogrulady.

Oraz şyh mekdebiň çolaja ganatynyň kölgesine ýazylan çäkmeniniň üstünde oýa çümüp otyrdy. Onuň öz hasaby bardy. Ol sürgünden gaýdyp, özüniň ilkinji maksadyna ýetipdi. Kakasy Seýit baý bilen gömüp goýan humuny tapypdy. Ony ýene-de öňküje ýerinde emaý bilen gömüp goýupdy. Ol Ilamandan başga onuň syryny bilen adamyň ýokdugyna çyny bilen begenýärdi. Ilamany bolsa hiç zadyň alyndan däl, bir sümükli oglan hasaplaýardy. Ondan özüne zyýan gelmejegine pugta ynanýardy.

Ýöne Durdy ýasawuldan welin onuň gorkusy az däldi. Ýasawul onuň ata-babasyna ýetikdi. Ol Oraz şyhyň ýüregine beletdi. Onsoňam, ol adam hiç haçan ýüz görüp, gapyrga syran däldi.

«Kim bilýär, «başga ýagyň bolmasa, babadaşyň ýokmudy» diýeni ýaly, köne saman sowuryberse... Ýok, indi bu ýerden çaltrak göterilmeli, çaltrak...»

Oraz şyh Durdy ýasawula gabatlaşanokdy. Ýogsa, onuň bilen dertleşen bolup, taryna kakyp görmek isleýärdi. Eger kabul etse, ýalynjalyk etmäge-de ýaltanjak däldi.

Şyh Anna agadan hem diýseň arkaýyndy. Ol başlygy gowşak, lellim görýärdi. Öz ýanyndan ony äsgermeýärdi. Ýöne ol başlygy görende-de, kiçelmegi, mysapyrsyramagy hiç zatça görenokdy. Onuň başlyk bilen öz hasaby bardy.

Ol gyzylly humy tapyp goýanam bolsa, ony göterip, başyny-aýagyny alyp, birden sumat bolmaga çekinýärdi. Eger-de ýoklugyny bilseler, serhetde ýetirmän gapjaljygyna onuň gözi ýetip durdy. Onuň üçin bir ýol bardy.

«Ýok, äwmek şeýtandan, sabyr rahmandan». Ýarym güne ýaryş ýok diýip yras aýdypdyrlar. Aňyrsy bäş-alty günden kolhozçylar daga, oraga çykmaly. Ine, başlygy her zat edip yryp, şolar bilen daga gitmeli. Onsoň, aňyrda näme ýol galýar...»

Oraz şyh ölçerip-döküp şundan amatly ýoly tapmaýardy. Ol özüniň bu pikirini juda makul görýärdi. Ony her dürli edip başlyga aýdyp görýärdi. Iň soňunda ony razy edip ýola düşýärdi.

Akganyň eňek alty-ýeň ýedi bolup gelmegi onuň galpyldysyny artdyrdy. Akganyň ýüzi gara ört bolup, kirpikleri urpaklapdy. Kellesindäki köneräk bagana gulakjynyň bir taý gulagy sallanyp, yrgyldap durdy.

Oraz şyh Akganyň örüsiniň daralýandygyny bilýärdi. Onuň bilşiçe, Akganyň bu edip ýören işleri beýle galmaly däldi. «Purontçynyň yzynda galan diýerler, beýleki diýerler, gözüni Sibirde açdyrarlar». Şonuň üçin-de bujagaz pursaty oňaryp peýdalanmalydy. «Akganyň eli bilen köp ojagyň oduny gorsasaň bolar».

– Gel, Akga baý, gel, şujagaz kölgä geçde otur – Oraz şyh gapdalraga süýşdi. Gözüni Akga, soňam günüň jokramasyna ýylap, aşagynyň közi tüsseläp duran tüňçä göz aýlady – Çaý-paý meýliň bar bolsa, şol taňkaň aşagyna iki penje garak atynaý.

Akga özüni dürsäp bilenokdy. Ol sojaýardy. Megerem, gürrüňi nämeden başlajagyny bilmeýärdi.

– Seň hanym, bir derdiň-hä bar. Aýdyber, men senden syr saklasam, sen menden syr saklasaň, onda neneňsi bolar? Öňem-ä iki sany kerri bolup galdyk, giň ýalançysynda.

Akganyň derisi giňän ýaly boldy.

– Agam, agamjan, maňa meslehat gerek, halys kelebiň ujuny ýitirdim. Bi, Annada, öýi ýykylan ýasawulam maňa gün berenok. Bu ganjygam içindäki güjügini göterip ýör. Telim aýtdym, düşürtsin diýip. Men-ä bilemok. Bu günem ho-ol arwah gelip «Kerweniň ogly başlyga çenli gidişerin, puranta gideniň maşgalasyny horlaýarsyňyz» diýipdir. Men-ä kelebiň ujuny bulaşdyrandyryn, agasy,,.

– Äý, senem Äkge baý, özüňi halys was-wasynyň ygtyýaryna beripsiň. Ol başlyga aýdyp, burnunyň maňkasyny oňarypmy?

Akga dowla düşüp gürledi.

– Beý, diýme agasy, ol eder, onuň atasy ters gün dogandy. Atasyndan zordan dyndyk. Tas alypdy bizi. Olarmy...

Oraz şyh göni nyşana çenemegi birhili gördi.

– Onda öz näme etsem-petsemiň bar?

Akga gözlerini ýaldyradyp, garşydaşynyň ýüzüne seretdi.

– Ýa, Anna başlyk bilen meslahatlaşyp, syýnyna ýapyşyp, kömek soraýsammykam, ä?!

Oraz şyhyň ýüzi gamaşdy. Ol penjeginiň bagjyklaryny sypalaşdyrdy.

– Aý, näme, Annanyň ýanyna gitjek bolsaň, bäri ýönelibem oturmaly däl ekeniň...

Ol Akgadan seda çykmanyndan soň zarply gürledi.

– Sen özüň, han ogul, oglanlygyň erbedem däl, ýöne ederini-eýlärini aňlamaz sen. Heý, sen kişiniň heleýine baryp «Meniň oýnaşym-a şeýle boldy. Çagasyny düşürsin» diýerlermi? Hany kelläň? Öz aýybyňy özüň açyp...

– Kime diýipdirin?!

– Sapar brigadire diýipsiň, Üzümgüle diýipsiň. Başga kime diýjekdiň... Olar bir dillerini ýygyp bilýän ganjyklarmy? Seniň işiňi gören şolar, şolar...

Bu gürrüň ugrunda bardy. Akga arada Enäniň göwreli bolanyny duýup gyssaga düşüpdi. Kelebiň ujuny ýitiribem, gelip Sapar brigadiriň ýanynda derdinipdi. Soňundanam: «Ene çagasyny düşürtsin, aýalymy kowup öýleneýin oňa» diýip gürrüň edipdi. Bu gürrüň tutuş «Ynkylaba» dolupdy. Onsoň Oraz şyhyňam gulagyna ýetipdi.

Akga ýere seretdi. Çokaýynyň üstünden ýörmeleşip, ikiýana at salýan atgarynjalara gözi düşdi. Olar Akganyň aşagyna kürsäp urýardylar. Akga at garynjanyň hininiň üstünde oturandygyny aňyna ýetirip bilmedi. Ol dilini peltekledip gürledi.

– Wah, men ilki seniň ýanyňa geljekdim-le, ýöne, munuň ýaly zady öň görmesem näme, agam, onsoň aljyrap ýörün. Ýöne baryny bulaşdyrjak ýene şol ýetimçe, şonuň bir alajyny etmeli...

Oraz şyh indi nyşana gönüledi.

– Wah, Akga, ol oglan näme, häzir zamanasy erbet, tutuş zamana. Sen ol oglan diýýäň, hany ol ýogam eken-dä. Onda başga biri, Üzüm diýdi, Sapar diýdi, ýasawul bormy ýa-da başlygyň özi. Şu purantdan gelip, arada pylan-pissigan diýip yzyna giden şol golagyňam her zatça bardyr, soňuna garaberseň. Şonuň üçin munuň köküne urmaly paltany. Wah, şony oňaryp bolsa...

Akga onuň sözüni böljek boldy.

Oraz şyh gyzaryldy.

– Goý, ol gürrüňiňi, meni diňle, men saňa ýagşylyk üçin aýdýan bulary. Köki diýýänim, aktipsyraşyp ýören Durdy ýasawulyň janyny jähenneme ibermeli. Senmi ony başarjak?!

Akga dyzyna galdy.

– Nädip, onsoň nirede ýaşamaly bolar, hä.

– Nirede, nirede? Sen oglan bolma. Ikimiz üçin şuranyň gapysy petiklendi. Ýa Sibir ýa-da hol gara dagyň aňyrsy. Sen meniň diýenimi etseň ýedi pyşdyň hor bolmaz ýaly ederin...

Akga sandyrady.

– Oňa nädip geçjek aga, çagalar dökülip galmazmy, onsoň?!

– Seni Sibirde çüýretseler çagalaň dökülip galmazmy, pelit? Ine, gama saňa, gaýratyň, içiňde namysyň bolsa, geljek annada ol ýasawulsumagy kakla-da gamyşlynyň ikinji tagtasynyň çetine çyk.» Onsoň garry agaň etjek oýnuna-da bir syn kyl, sen aňry geçmäniň gürrüňini etme-de.

Akga sesini çykarmady. Ýöne gamany aldy. Onuň kellesinde häzir «ýasawuly kaklamasamam, şu ýetimegiň damagyny-ha çalaryn» diýen pikir at çapýardy.

– Onsoň, agam, aňyrsy nähili bolar?!

Akganyň sowaly Oraz şyha ýaramady. Ol ep-esli oýlandy. Yssyda gaýnara gelen tüňçäni ilkinji gezek görýän ýaly, oňa tiňkesini dikip oturdy.

– Näme, aňyrsy bir musurman bendeleriň üýşen ýeridir. Uruşam, galmagalam, etdehadam, şura-da, ynkylabam görmersiň. Her kim tapanjasyny iýip, tapanjasyny geýip ýörüberýändir. Uly uly ýaly, kiçi kiçi ýalydyr, baý baý ýaly, garamaýak garamaýak ýalydyr. Her kim öz sylagyny, ornuny bilip gydyrdanyp ýörüberýändir.

– Ýok, men nähili bolaryn?

– Hüm, senmi? – Oraz şyh megerem, bu barada ilkinji gezek oýlanýardy. Şonuň üçinem ol tilkiligini etmelidi. Taýagyňam iki ujy bardy. Erte aňyrlara ötüläýse-de ýüňsakgal bolmaz ýaly, bergidar bolmaz ýaly etmelidi. Şonuň üçin ol öz pähiminiň güýjüne daýandy.

– Aňyrda, saňa, men näme diýeýin. Elpe-şelpelik bardyr-a diýip biljek däl. Ýöne sen meniň diýenimi etseň, şuranyň burnuny ganatsaň, o taýda hor etmen. Emma ki özüň birgat bolup, soňam etmişiňden eýmenip, pena arap geçseň, pena bolsalaram, saňa hanlygy-ha kepil bolmazlar. Şonuň üçrübem aňyrsy özüňe bagly...

Oraz şyh sözüni tükedip, jemläp bilmedi. Sebäbi Akga oturan ýerinden «Wä, wä, waý» diýip, zöwwe turup, soň ýüregi ýarylan ýaly bökjekläp başlady.

– Näme boldy – Oraz şyh zarply gürledi. Akga uýat ýerlerini elleri bilen tutup bökjekläp ýörşüne naýynjar – Gar-rynçga-a-a!.. – diýdi.

Oraz şyh juda çuňňur ýigrenç bilen garantgy ýaly helpildäp duran adama garady.

Akga gitdi. Agşamyň alagaraňkysynda ýene-de öwrülip geldi.

– Agam, bir halta bugdaý bermeseň, çagalaryň çuwaly gowzapdyr.

Oraz şyh jomartlyk etdi.

– Ikisini äkit, ýöne hälki gürrüňem gulagyňda bolsun.

Akga ýabysyna iki halta bugdaý ýükläp, hoşwagt halda garaňkylyga siňip gitdi.

* * *

Oraz şyhyň garry tilkiniňki ýaly, Durdy ýasawulyň özüni gözden salmaýan ýalylygyny syzmagy ýöne ýere däldi. Geçen gyş Ilamanyň kontora, Anna başlygyň ýanyna barmagy, öýüň içiniň gazylýandygy barada aýdanlary, asyl bir gyranlyk gyzyl puly eltip bermegi başlygy howsala salypdy. Ol bada-bat raýon milisiýasyna habaram beripdi. Emma raýondan bu işi ur-tut etmän, usullyk bilen etmegi makul bilip, maslahat beripdiler. Oraz şyha göz-gulak bolmagam, esasan Durdy ýasawula tabşyrypdylar.

Durdy ýasawul Oraz şyhyň ýanynda dikil-gazyk bolup oturmasa-da, garaz gözegçilik edýärdi. Onuň etmeli işem şyhyň barlygyny, ýoguny aňtap durmalydy.

Ýasawul daş-içden günde bir gezek habar alýardy. Soňam Oraz şyhyň obadadygyny başlyga habar berýärdi.

Durdy ýasawul bu gün Oraz şyhyň özi bilen gürleşmegi ýüregine düwdi. Ol bu adam bilen ikiçäk gürleşip, onuň näme matlabynyň bardygyny aňasy gelýärdi. Eger diýenini etse, kolhozdan ýer-ýurt alyp, ornaşykly ýaşamagy maslahat berjek bolýardy.

Onuň ýüregindäki niýeti başa barmady. Ol Akga brigadiriň paý-pyýada bolup gelşini görüp, atyny saklady. Akga Enäniň enesi bilen nämedir bir zat barada gürleşensoňlar ýene-de entirekläp-entirekläp gitdi. Durdy ýasawul ony serhoşdyr öýtdi. Emma onun ýüzüniň mekdebe tarapdygyny görensoň welin, niýetini üýtgetdi.

«Kerweniň oglunyň diýeni çyn bold-ow. Ol işini, güýjüni taşlap, şol şyh bilen aşna bolýan bolsa, ýüregini ýagşa-ha düwen däldir...»

Ol juma gijesi Meretgül kempirlerde bolan gürrüňi ýatlady. «Kim güýçli bolsa, biz şonuň tarapdary, aga!» Bu sözler Durdy aganyň azysynyň etini has gataltdy. «Haý, kezzap diýsäni. Indi seniň güýçlinem Oraz şyh tetelliler boldumy? Wah, günüňe ýanaýyn, nadan. Häk, Anna-da gör, kimi birgat edip saklap ýör. Häk, Anna, Anna!..»

Ol atyny yzyna dolady.

Agşam ol Oraz şyhyň ýanyna däl-de, Akganyň ýanyna ugrady. Emma ony öýünde tapmady. Aýalynyň salgyna görä, ol atlanyp, kontora bakan giden bolmalydy.

Emma ýaşulynyň göwnüne, ol häzir Oraz şyhyň ýanynda oturan ýalydy. Şonuň üçinem atyny göni Çynarla depdi.

Ol darawa suwy akýan ýapdan ýaňy geçende, Akga pete-pet gabat geldi.

Garaňky mazaly düşüpdi. Töwerek gijäniň gara şalynyň astyna duwlanypdy. Şonuň üçin-de Akga bu wagt adama duşaryn öýdüp pikirem etmeýärdi. Ol öňünden çykan atly adama ünsem bermedi.

– Hä, Akga, birgat, salowmaleýkim! – Bu sesi ol tanşam görse, ünssüz «waleýkim» diýip, oňa jogap bermäge çemlendi. Birdenem garşysyndan gelýäniň Durdy ýasawuldygyny görüp, köz depelän ýaly, bütin göwresi bilen ziňkildäp gitdi. Ol ýaba ýetmän, ýabysynyň uýanyny gapdala burdy.

Durdy aga ilki Akga ünsem bermezligi ýüregine düwüpdi. Diňe onuň Oraz şyhyň ýanyndan gelip-gelmeýändigini aňjakdy. Ondan Oraz öýündemi, dälmi, osmakladyp sorajakdy. Ýöne Akganyň ony görüp aljyraýşyny, ýabysyny yzyna garşy sürüberişini görüp, atyny ýapdan urduryp geçirdi.

– Heýt, hany, dur! – Akga ýabysyny saklady. Ýöne onuň başyny henizem bäri öwrenokdy. Durdy ýasawul onuň ýanyna ýetip saklandy. Diline gelen haýbatly sözi aýtdy. – Näme, syparyn öýtdüňmi, hä...

Akga aljyraňňy samrady.

– Eý, Oraz şyh, äkit, äkit diýip, duransoň, aldym gaýdyberdim.

Durdy ýasawul ýene-de sowal berdi.

– Nämäni?

Akga henizem ýasawul meniň bugdaý alyp gelýänimi bilip ýolumy saklaýandyr öýdüp oýlanýardy. Şonuň üçin, ogurlygyň üstünde tutuldym diýip, indem garabaşyna gaý bolup özüni aklamanyň pikirini edýärdi.

– Şu bugdaýy diýýän, Oraz şyh äkit diýip duransoň alyp gaýdyberdim diýýän.

Durdy ýasawul diňe şondan soň Akganyň ýabysynyň ýüklüjedigini bilip galdy. Ol gazap bilen gygyrdy:

– Näçe halta?! – Ol erbet sögündi. – Sen indi birgat bolup, golhozyň ysgyladyndan bugdaý ogurlaýarsyňmy, hä?

Akganyň ýüregi ýaryldy. Ol ýabydan özüni oklady. Gelibem, ýasawulyň ýabysynyň uýanyna ýapyşdy. Soň ýalbarmaga durdy.

– Agam jan, heý, men bir ogurlyk etjek adammy? Sen beý, diýmesene. Agam jan. Men, men...

Durdy ýasawul hem janlandy. Ol atyny dözümli sürüp, Akganyň ýabysynyň uýanyndan çalyp tutdy.

– Men seniň agaňam bilmen, iniňem. Ýör, häzir kantura baraly. Oraz şyhyňam geler, senem bararsyň. Kimiň kimdigini başlygyň özi çözer.

Akganyň ýüregi ýarylan ýaly boldy. Ol özüni saklap bilmän, ýapdan aňyrlygyna urup geçdi. Şol ýerdenem janhowluna gygyrdy.

– Sen, adam däl ekeniň. Men saňa aýdyp otyryn-a ogurlyk etmedim diýip. Senem bir gezek adamçylyk edäý. Görmezlige salaý, agam jan...

Durdy ýasawulyň sesi üýtgeşik gazaply çykdy.

– Şu golhozyň, şu golhozçyň malyna barmagyny batyrana menden ýagşylyk ýokdur. Onda-da Oraz şyh ikiňize – Ol ýabylary sürüp aňyrrak bardy – Düş diýýärin saňa-da, yzyma.

Akga ýene-de ýapdan batyp-çümüp bäriligine geçdi. Ol ýalbarmadan netije çykmajagyny bilip, ýabylaryň öňüne geçdi.

– Sakla, ýabyňy, ýasawul! Sen meni tutup, ýabymy elimden alarça kim bolupsyň? – Ol öz ýabysynyň uýanyna ýapyşdy – Goýber, uýany, kezzap.

Durdy ýasawul häzir öljekdi welin uýany goýberjek däldi.

– Aýryl, ýogsa, aýap goýmaryn – Ol Akganyň söze gulak asmajagyny aňdy. Sebäbi ol uýany aljak bolup, bar güýji bilen topulypdy. Şonuň üçin-de, ürken ýabylaryň hersi bir tarapa dyzaýardy.

Durdy aga özüniň ýabysynyň başyny yza dolady. Akganyň ýabysynyň uýanynam goýbermedi. Ýöne elindäki gamçy bilen Akganyň ýagyrnysyny iki-üç gezek daglap goýberdi. Soň gazaply gygyrdy.

– Düş, öňe, it ogly. Bolmasa, erbet bolar. Düş öňe...

Akga uýany goýberdi. Ýöne çöken ýerinden galmady.

Durdy ýasawul onuň öňüne düşüp gitmejegini aňdy. Az-kem gowşaşan ýaly bolup gürledi.

– Ýöri, kantura baraly. Orazy çagyraly, «berdim, özüm äkit diýdim» diýse, bolany. Maňa başga gürrüň gerek däl.

– Agam, men aýdyp otyryn-a, saňa... Nämä gerek kanturlaşyp durmak...

Durdy ýasawul ýabylary kontora tarap sürdi. Akga şol ýerde esli oturdy. Soňam, aýagynyň ölüni jorkuldadyp, Oraz şyhyň ýanyna ugrady.

* * *

Anna aga raýon merkezinde bolan ýygnakdan giç çykdy. Ol şondan soň raýon milisiýasyna-da bir barmakçy boldy. Ýöne gijäniň içinde onuň-munuň gapysyny kakyp ýörmegi birhili gördi. Bu işi şu durşuna goýup bolmajakdygyna-da ol düşünýärdi.

Ol Oraz şyhly meseläni basymrak çözesi gelýärdi. Onuň ep-esli pulunyň Kerwen aganyň jaýynda gömülgi ýatanynam aňýardy. Onuň şol puly çaltrak ýygnatdyrasy gelýärdi. Oraz şyham kän bir oba arasynda gezdirip ýöresi gelenokdy. Şonuň üçin raýon milisiýasyndan birki sany milisiýa alyp, şu gijäniň özün-de oba äkidesi gelýärdi. Bu zatlary edil şu gije çözmese ertir gijä galjak ýalydy. Çünki raýkomda aýdylan zat hasam möhümdi. Bu ýylyň gyşy ir düşerli-di, özem gaty gazaply bolmalydy. Kolhoz bolsa düme gallanyň ýeke gysymynam ormandy. Darawadaky galan-gaçany garry-gurta tabşyryp, ertiriň özünde düme bugdaýyň oragyna, daga çykmalydy...

«Aý, ýok, ertir-ä ýetişilmez». – Anna aga daşyndan hümürdäp aýtdy. «Beýlekis-ä durubersin, adamlara bitini kakmaga-da ýarym salkyn gerek ahym. Diýmek, dänim, birigünüň ertir namazynda ugramaly». Başlyk belli karara geldi. Ol ertir baryp ýagdaýy düşündirer, adamlary ýarym salkyn boşadar. Ýetdiginden her bendä bir gysym arpa-bugdaý paýlanar.

Ol şeýle oýlar bilen «Ynkylabyň» çetinden girende horazlar ikinji gezek gygyryşýardylar. Başlyk Oraz şyhly, gyzylly mesele ýadyna düşende, şony çözmänine juda gynandy. Sebäbi bu zatlaryň aslynda bir uly betbagtçylygyň ýatan hem bolmagy

mümkindi. Şonuň üçinem ol göni ýasawulyň öýüne depdi. Emma ýasawuly öýünden tapmady. Soň ol ýadawlygyna garamaz- dan, atyny kontora bakan sürdi.

Kontoryň işigindäki iki ýaby başlygy geň galdyrdy. Emma ýasawulyň bolup durşy ondanam geň» bolup göründi.

Durdy ýasawul başlygy atdan düşere goýmady.

– Annam, Akga birgady iki halta bugdaý ogurlap barýarka tutdum. Kantora getirjek boldum, ol ýene Oraz şyhyň ýanyna gitdi. Bir hekaýat goparmasalar ýagşydyr – Anna aga hyrçyny dişledi.

– Sen, ýet, onda, Kerweniň oglundan habar tut. Oraz şyh bir bolmasyz iş edäýmesin. Ol pul diýip her zat eder, sürenine ýetilenden soň. Men ýaňy çig etdim. Indi bir dänim, milisgä habar edeýin.

Gürrüň gysga boldy. Ýöne başlygam ýasawulyň ýüregindäkini diýipdi. Şonuň üçin bu wagt gep uzaldyp oturara ýagdaý ýokdy. Başlyk raýona giden badyna Durdy ýasawul ýene-de Çynarla ugrady.

* * *

Ilaman işden ýadap gelipdi. Ol güni bilen daga, orak ormaga gitmäniň pikirini edipdi. Geçen ýyllar-da ol dagda orak ormanyň lezzetini görüp bilmändi. Bu ýyl ony başga duýgular gaplaýardy. Daga çyksa ýüki ýeňläp, nähilidir bir hezilligiň üstünden baraýjak ýaly bolup durdy. Şonuň üçin daga gidesi gelýärdi. Ol jülgede galsa hor boljagyna, aç-suwsuz boljagyna oňat göz ýetirýärdi. Ondan başga-da, onuň has çekinýän zady Oraz şyhdy.

Oraz şyh soňky wagtlarda Ilamana kän bir degmese-de, olaryň jaýynyň töwereginde sümsünip ýördi. Ilaman ony ertirem, agşamam görýärdi. Ol bu barada geçen gyşda başlyga aýdypdy. Ýöne onuň netijesi welin bolmandy. Şondan soň bu barada birine aýtjagam bolup durmady. Ol bu alagöz adamdan daşrak bolanyny kem görenokdy.

Häzirem, bu zatlary birlaý, göz öňüne getiril oturyşyna, uka gideninem duýman galdy. Ol gapynyň şakyrdysyna tisginip oýandy.

Işikde ýaby durdy. Ondan düşen adam içeri girdi.

– Häýt, Kerwen dostuň ogly – Ilaman Durdy ýasawulyň sesini tanady.

– Häýt, Kerweniň ogly, ýatyrmyň?

Ýasawul ýuwaşja gürleýärdi.

– Hany, beýdip ýatma. Çyk daşary. Me, şu ýabyny howlynyň burçunda pugta daň. Özüňem ýuwaşrak bol.

Ilaman ýabyny howlynyň ortasyndaky erige daňyp geldi. Ýasawul ýene-de ýuwaşja gürledi.

– Ertirde, agşamda gelen giden-ä bolan däldir-dä?

– Ýok, ertir Oraz şyh gapymyzdan geçip gitdi. Ol howlyň agzynda, ýola seredip ep-esli durdy. Soňam gitdi.

– Häý, garry köpek. Öýe kim geldi, kim gitdi, yz çalýandyr ol.

Ilaman düşünmedi.

– Nämäniň yzyny çalýar, Durdy aga?

Ýasawul pyşyrdady.

– Adam yzyny. Seniň ýanyňa üýtgeşik adam geldimi, ýokmy – Ilaman ýene-de hiç zada düşünmedi.

– Ol näme üçin beýdýärkä, Durdy aga?

Ýasawul pallady.

– Soň bilersiň. Häzir hiç zat sorama. Gowusy, sen bir ýaş oglansyň, bar-da Oraz şyh öýündemi, dälmi bilip gel. Seresap bol. Hiç kim bilmesin gezip ýöreniňi.

* * *

Oraz şyh Akgany ugradyp sklady ýapdy. Soňra öýüne gidip çaý goýdy. Emma çaýyny ine-gana içmek oňa nesip etmedi.

Akga brigadiriň bolup gelşi yzyndan ýagy kowalaýanyňkydanam beterdi. Ol oturmaga-da gyssandy.

– Agam, bagtym ýatdy. Öýüm-ilimi ot alsa mundan ganymat bolardy. Durdy ýasawul ýaňy öňümde duran bolsa nätjek. «Nireden ogurladyň bugdaýy» diýip tutdy ýakamdan. Ýalbar-ýakar etdim. Bolmady. Ýabymy bugdaýy-sugdaýy bilen alyp gitdi. Indi mesladyny özüň bermeseň, meniň-ä gidere ýerim, girere deşigim galmady, aga...

Oraz şyhyňam ýüregine ot düşdi. Ol Akganyň nalajedeýinligine gaharlandy.

– Senem, «maňa bu bugdaýy Oraz şyh berip goýberdi» diýensiň. Şeýlemi?

– Howwa!

Oraz şyhyň ýüregi ýaryldy.

– Haý, haramzada diýsäni. Aý, ýagşylygy bilmez deýýus. Heý, beý diýerlermi? Men-ä saňa ýagşylyk edýän. Sen bolsa, meniň sakgalymy hapalaýarsyň.

Akga şumjardy:

– Nädeýin, aga, üstümi basdyrdym. Alaçsyz galdym. Sypdyrman dur. Onsoň agzymdan neneň sypanynam bilmändirin.

– Aý, doňuz ogly, ol-a iki halta, bir kile bugdaý ogurlany üçin nädýändiklerini bileňokmy adamlary bu wat, hä?!

Akga iňňildedi. Ýöne hiç zat diýmedi.

– Öz bagtyňam ýatyrypsyň, meniň bagtymam, doňuz ogly. Dogmanlar geçen, dogmanlar...

Oraz şyh oýlanýardy. Ol Durdy ýasawulyň bu işi ýöne goýmajagyna ynanýardy. Şonuň üçin öňünden gaçmalydy. Ýasawuly ýoklamalydy. Bu onuň üçin ýeke-täk ýoldy. Onam diňe Akganyň eli bilen ýoklamalydy.

– Sen, Akga, bu işi bulaşdyrman-a bilipsiň, düzetmänem başar, eşitdiňmi?

Akga ýerinden zöwwe galdy.

– Nädip düzedeýin, aga! Alajym ýokdur, salgy bermeseň – Oraz şyh ýuwaş, emma gazaply gürledi.

– Sen bar-da ony enesinden dogmadyk ýaly et. Düşündiňmi? Bir ýol bar, olam şu ýol. Ýogsa, ikimizem gözenege salyp, gözümizi Sibirde açarlar... Özüňem ugra häzir, gyssagyň özüň bilen bolsun, eşitdiňmi?

Akga yranyp ýola düşdi.

Oraz şyh oýlanýardy. Bar işi bulaşdyrany üçin Akganyň bokurdagyny çeýnem-çeýnem etmäge taýýardy. Onuň bar umydy puç bolup barýardy.

«Men muny assyrynlyk bilen etjek bolup näçe jan çekipler, ahyr soňunda-da öz elim bilenem bulaşdyrdym. Şol tetelli, özüni oňarmadyk bilen atyňy goşmanyňda

bolmadymy, aý, ak girse-de aň girmedik. Sen nirelerden, nädipler geldiň bu ýere. Indem gör. Ol ýerjygun bolan ýasawulam başlyk diýer, beýleki diýer, milisge diýer – dek ýatmaz. Onsoň sen nämüçin berdiň, asyl nireden geldiň. Soňam görnüp dur onuň aňyrsy. Ýok, diňe gitmek gerek. Gaçan gutular indi...»

Oraz şyh özüni şeýle seresap, mysapyr görkezjek bolup azap çekenine ökündi. Baýlygyny bada-bat alyp gitmänine-de diýseň örtendi. Ol häzir içerä birlaý göz gezdirdi. Daş çykybam ep-esli durdy. Soň ýene-de içeri girip çäkmenini egnine geýdi. Tapan-tupan zadyny orta üýşürdi. Üstüne-de köne ýorganyny örtdi. Ol: «Häzir yzymy yzarlasalar, bul-a ýatyr-ow diýsinler» diýip oýlandy. Burçda keserip ýatan kelte saply kepjäni çäkmeniniň synyna gizläp ýene-de daş çykdy. Soň göni Ilamanlaryň howlusyna bakan ugrady.

* * *

Anna aga ömür etmedik işini edip, tä raýona çenli atynyň uýanyny gowşatmady. Özi atdan beter ýadady.

Onuň çep böwri gyzyp gitdi. Süýjümtil sanjy yzly-yzyna birküç gezek gaýtalandy. Emma başlyk muňa üns bermedi. Häzir onuň bar ünsi öňdedi. Ol bir zada düşünmeýärdi. «Adamlaryň ynsaby bu zatlara neneň çatýarka?» Ol Akganyň tutup ýören oýnunam eşidipdi. Enäniň halynam oňa aýdypdylar. Ýöne näme etmeli? Oraz şyhly mesele oňa hemmesinden agyr degýänidi. «Akga-da, Ene-de ynsaplarynyň öňünde, iliň-günüň öňünde özleri jogap bererler. Emma munuň ýaly işler üçin...»

Ol ýabysyna ýene-de gamçy çaldy. Onuň ilkinji hyýaly raýkoma girip maslahatlaşmakdy. Emma raýonyň gyrasyndan girenden soň pikirini üýtgetdi.

– Göni milisä sürmeli. Wagt ýok, göni şoňa sürmeli...

Nobatçy milisioner ony resmi kabul etdi.

Anna aga kellesindäki reňkiniň nähilidigi bildirmeýän papagyny çykardy. Heniz, ömründe bu jaýlara girip görmäni üçin ini birhili jümşüldedi.

Milisiýanyň naçalnigi ony ýerinden turup garşy aldy. Anna aga ony gowy tanaýardy. Ýöne adyny bilenokdy. Hemmeler oňa «Ataýyf» diýýärdiler.

Anna aga oturyp-oturmanka habaryny berip başlady.

– Ýoldaş, Ataýyf. Ikimiz öňem bir dänim, meslat edipdik bu meseläni. Indi dänim, ony çynyrgatmasaň bolmaýa.

Ol Oraz şyhly meseläni, Akgaly meseläni janygyp ýekän-ýekän gürrüň berýärdi. Onuň howlukmaçlygy, aladasy naçalnige-de geçipdi. Onuňam ýüzi juda howsalaly görünýärdi.

Anna aga şu gün Durdy ýasawul bilen Akganyň arasynda bolan wakany gürrüň berýärkä, naçalnik nobatçy milisioneri çagyryp «Häziriň özünde atly ýaragly milisionerleriň üçüsini ýola salmaly, özümem bile gitmeli» diýen buýrugy bermegi aňynda oýlaýardy.

* * *

Ilamanyň ýüregi Durdy ýasawul hiç zat aýtmanynda-da bir zatlar syzýardy. Ol gijäniň bir wagtlary ýasawul aganyň öýlerine ýöne ýere gelmejegini aňýardy.

Ýöne onuň «Oraz şyh öýündemi, ýokmy, gör» diýmesi, özüniň öýde galmasy Ilamana düşnüksiz göründi.

«Ýa Oraz şyh bir bolmasyz iş edäýdimikä? Onda näme üçin onuň özi Oraz şyhyň öýüne baryp hasap soranokka? Ýa-da bugdaý saklanýan jaýa baranokka?»

Bu sowallaryň jogaby Ilaman üçin düşnüksizdi. Ol Oraz şyh bilen işlände onuň ýaramaz adamdygyny, onuň gaty erbet gürrüňler edenini başlyga duýduranda näme üçin oňa çäre görmändiklerine-de düşünip bilenokdy. Oraz şyhyň öýleriniň içini gazyşdyryp ýörenine-de düşünenokdy.

Ilaman ýuwaşlyk bilen baryp, Oraz şyhyň ýaşaýan jaýyna tarap seretdi. Ol jaýda yşyk ýanýardy. Diýmek Oraz şyh öýündedi.

Ilamanyň ýüregini düşnüksiz duýgular gaplap aldy. Ol mekdebiň jaýyna arkasyny berip oturdy. Dünýe asudady. Gökde ýyldyzlaryň arasynda aý erkana ýüzüp ýördi.

Ol häzir Hudaýberdini ýadyna saldy. Onuň ýazan hatyny içinden okady. Ol: «Eý, dost. eger söweşe başlasak, Ogultäje derek bir faşist, ejeme derek bir faşist, saňa deregem bir faşist kaklaryn. Şondan soň meniň hatyma garaşyň! Ogultäje-de söweşde gahryman bolýançam hat ýazmaryn diýip aýtdy diý» – diýen setirlerini indi ýatdan bilýärdi.

«Ýa Hudaýberdi henizem gahryman bolanokmyka? Ol henizem hat ýazanog-a!» Ilaman ýene-de içini gepletdi. «Eger häzir Hudaýberdi bolan bolsa näderdikä? Oraz şyh bilen bellisini ederdi. Men welin...» Ol gamlanjak boldy. Birdenem ýüregi süýjüje gürsüldedi. Iki sany äpet göreç oňa balkyldap seredip, onuň dünesini gündizlige öwürdi. «Illi, mert bol, gaýrat et!» Bu Ogultäjiň köşegiňki ýaly owadan, kirpikmen gözleridi.

Ilaman ýerinden tarsa turup, öýlerine bakan ugrady. Ol işige ýetende özüne geldi. Az-kem aýak çekip oýa batdy. Yzyna garady.

Hälki aý eýýäm batan ýalydy. Bütin oba garaňkylygyň gujagyna çümüpdi. Misli bu ýerde oba ýok ýalydy. Töwerek-daşyň hemişelik garaňkylyk bolup, indem hiç haçan ýagtylyk bolmajak ýalydy.

Oglanyň ýüregi sarsyp gitdi. Ol iki jahanyň owarrasy bolup, ikiarada elewräp durdy. Ýekelik, ýadawlyk, gam-gussa, alaçsyzlyk ony gowrup gysýardy. Häzir onuň bu jelegaýlardan uzak bir ýerlere gidesi, ganat baglap uçasy gelýärdi. ýöne ol bu işem edip bil- jek däldi. Basym uruş- gutarar. Onsoň onuň dünesi dolanyp geler. «Däde jan!» Ilamanyň gursagy joşdy. Onuň gözlerinden gaýdýan, ýyly damjalar burnunyň ýanyny gijedýärdi. «Däde jan! Arka dagym däde jan! Seni juda, juda göresim gelýär-ä! Däde jan, haçan gelersiň, däde jan! Haçan geler-s-i-ň!» Ol soňky jümläni daşyndan aýtdy. Ýüregi gowzan ýaly boldy. Ýene-de has batly gygyrdy. «Dädejan, haçan gelersiň, arka da- gym, seni göresim gel-ýä-ä-är-r!»

Howly juda garaňkydy, içgysgynçdy. Diňe Durdy ýasawulyň ýabysy erigiň töweregindäki guran ýaz otlaryny gütürdedip iýýärdi. Ol her ädim uranda teblemyhy urlan irişmesi şyňňyrt edip seslenýärdi.

Ilamanyň gözi arkasyny diwara berip oturan Durdy ýasawula düşdi. Ol aglaýan ýaly inçe, ýürekgysdyryjy ses bilen haýsydyr bir tanyş aýdyma hiňlenip otyrdy.

Durdy aga häzir özüni gabaýan pikirlerden daşlaşmaga çalyşýardy. Ol ömründe adama içini döken adam däldi. Onuň Anna agany diýäýmeseň belli dosty-da ýokdy. Aýaly onuň bu ýekemenräk häsiýetini galaba kötek astyna alýardy. Towşantüýräk bolmagy maslahat bererdi. Ol bolsa: «Haý, heleý halkynyň aýdaýjagydyr. Dogry sözlüňem bir dosty bolarmy?.. Ata-babalar heniz biz dogmankak bu zatlary aýdyp geçmänmi!» diýerdi-de öz nşine turar giderdi.

Durdy ýasawulyň ogullary Şiri bilen Pirem kakalaryna çekipdi. Emma olara özleriniň bir sözli häsiýeti bilen kakalaryna söýeg bolmak nesip etmedi. Olar uruş turan badyna fronta gidipdiler.

Düýn-öňňün bolsa ýaşulynyň uly ogly Şiriniň gahrymanlarça wepat bolandygy barada hat gelipdi Bu hat ýaşulynyň ýüreginiň bagyny üzere getiripdi. Emma ol çydady. Bu habary aýalyna-da aýtmady. Asyl bu haty almadyk ýaly bolup gezip ýördi.

Aýaly şu gün irden: «Ýasawul, Şirjandan hat-habar gelenokmy?» – diýip gaýta-gaýta sorapdy. Ýaşulynyň kiçi ogly Piriniň dereksiz ýitendigi barada baryp, kyrk biriň aýagynda hat gelipdi. Şondan bäri olaryň bar umydy Şirä direlipdi.

Ýaşuly aljyrajak ýaly etse-de, özüni dürsedi.

– Haý, senem-ä! Hat beýleki gelse maňa gelmel-ä. Ony saňa bermän nirä äkideýin. – Ýaşuly soň eglenmän daş çykypdy.

Häzirem ol oglunyň, aýalynyň aladasyny edýärdi.

«Eý, hudaý, urşam gursun, beýlekisem. Goşa çynaryň saýasynda saýalajakdym. Agtyga guwanjakdym, baryny hazan urdy».

Ýaşuly gözüniň çygyny ýumrugy bilen süpürdi. Ol kimdir biriniň aýak sesini eşidip, edip oturan pikirini, ejizlänini kimdir biri gören ýaly utandy. Özüni ýagşy tijedi.

Ýaby Ilamany görüp gulaklaryny keýerjekletdi. Soň howply bir zadyň ýokdugyna göz ýetirensoň, gütürdedip otlamaga başlady. Ilamanam haýata çykyp aýaklaryny sallap oturdy. Onuň oturan ýerinden mekdebiň agzy, onuň tutuş töweregi oňat görünýärdi.

Aý dogdy. Indi ýasawul aýyl-saýyl görünýärdi. Ol gamçysy bilen ýeri ýuwaşja tapbyldadyp özüni güýme- ýärdi. Bütin ömrüni ýabynyň üstünde geçiren adama häzir boş oturmagyň kyn düşýändigine Ilaman düşündi. Onuň ýasawulyň ýanyna baryp: «Sen gaýdyber, ýadansyň, men ýeriňe oturaryn» diýesi gelýärdi. Emma bu ýaşulynyň kellesine gör nämeler geler.

Ýaby aýyň ýagtysyna otuň has gür ýerini gözläp, Ilamana tarap ýorgalady.

– Häk, buýurman geçen, dur-r. – Ýasawul ýeňillik bilen ýaba tarap ýöneldi. Onuň irişmesini şaňňyrdadyp, has aňyrrakda, howlynyň burçunda örkledi. Ýene-de ýerine baryp oturdy.

Ilamany uky bürýärdi. Günuzynky halys surnukdyryjy ýadawlyk, aýyň rahatlyk beriji ýalkymy, günbatardan öwüsýän salkynjak ýel, topragyň üstünden gelýän goýras ys onuň süňňüni lagşadyp, meýmiredýärdi.

Ilaman aýa garady. Ol haýran galmakdan ýaňa dolup galdy. Ol aý däldi-de iki sany balkyldap duran göreçdi. Özem şol tanyş, şol mähriban göreçlerdi. Ol bu owadan, kirpikmen göreçleriň öňünde eredi. Meýmiräp, arzuw kölüne batdy.

«Uruş gutarar. Dädejanym geler. Toý ederis. Onsoň... Onsoňmy? Onuň bilen bileje işe giderin, oňa kömek bererin. Hiç haçan ýaňyndan aýrylmaryn. Onsoň... Onsoň, onsoň, puronta giden oglanlar geler. Hudaýberdi, Bezirgen mugallym... hemmesi geler. Bize beýle kän agramam düşmez. Ähli aýallara, gyzlara, siz arkaýyn öýli-öýüňizde oturyň. Indi özümiz bir zat ederis diýeris. Onsoň, onsoň olar razy bolarlar. Ogultäjem has owadan, has mähriban ýylgyrar. Onuň gözleri häzirkisindenem owadan bolar. Onsoň. Onsoň me- nem ullakan ýigit bolaryn, gulluga giderin. Suratymy aldyryp, hat ýazaryn. Obanyň ähli adamlaryna, özem günde-günaşa ýazaryn. Olar meniň hatlarymy okap, suratymy görüp baý begenerler-ä. Ylaýta-da, Üzümgül mugallym dagy «Tüweleme, Ilaman jan gül ýaly ýigit bolupdyr. Ömri uzak bolawersin...» diýer. Şonda

dädem baý begener-ä. Özüne ýazan hatymy usullyk bilen açar. «Salam, däde jan!.. Öz ogluň Ilaman!» Ol hatymy hemmelere okap berer. Şonda Ogultäjem ýere garap, mylaýymlyk bilen ýylgyrar... Azajyk gynanar. Sebäbi dädeme aýdyp, meniň hatymy alyp okap bilmez. Utanar. Gynanma, Ogultäç, men ilki bilen saňa hat ýazaryn. Ilki bilen saňa suratymy ibererin. Şonda sen baý begenersiň-ä... Onsoň». Ilaman özüni gyssaýardy. Onuň durmuş barada bolsady ekesi, onuň düýbüne ýetýänçä arzuw edesi gelýärdi. Onuň şu güzaply, gussaly günlerden sähel wagtam bolsa daşlaşasy gelýärdi. Şeý- le oýlar onuň yhlasyny göterdi. Süňňündäki ýadawlygy el bilen aýran ýaly etdi.

Emma ýakynjakdan gelýän aýak sesi onuň umytlaryny, hyýallaryny bilinden şarpa üzen ýaly boldy. Oraz şyh gaty-gaty ýöräp olaryň öýüne tarap gelýärdi. Ilaman haýatdan düşüp, gyra çekildi.

Horazlar ýarym gijäniň bolandygyny gyryk ses bilen habar berýärdiler. Aý indi öňki ýaly ýalkym saçanokdy. Gögüň ýüzünden topbak-topbak bulutlar süýşüp, aýy özleriniň holtumyna dykýardylar. Birdenem aý atylyp gomlukdan çykyp, beýleki bir gomuň goltugyna düşýärdi.

Oglan Durdy ýasawulyň oturan ýerine seretdi. Ol diwara çekilen gara surat ýaly bolup otyrdy. Onuň ýabysy indi otlanokdy.

Oraz şyh işikden girmedi-de, haýatyň burçuragyndan ätläp Ilamanlaryň howlusyna girdi. Şonuň üçinem ony Durdy ýasawul görmedi. Ilamanyň bolsa ýüregi gürsüldäp urýardy. Ol gaty gorkdy.

Şyhyň çäkmeniniň synyndan çykaran kepjesi onuň gözüne jadyly gylyç ýaly bolup göründi. Şonuň üçin-de ýerinde doňup galdy. Ol diňe Oraz şyhyň öýe sümlenini görüp galdy. Ol perwaýsyzlyk bilen:

– Heý, sen geldiňmi? – diýip sorady. Ilaman «Men bärde, dur!» diýip gygyrjak boldy. Emma agzy gymyldasa-da bokurdagyndan ses çykmady. Soň bolsa ýetişmedi. Durdy aga öýe boýnuny uzatdy. Oňa çenlem nämedir bir zat şarpyldap gitdi. Ýaşuly birnäçe ädim yzyna ýöräp: «Wah, wah...» diýip güpürdäp ýykyldy.

Ilaman duýdansyz ýerinden turup, oňa bakan ylgamak isledi. Emma aňyrdan kepjesini ýaldyradyp gazap bilen çykan Oraz şyhy görüp yzyna nädip gaýdanyny, nädip haýatdan geçip, araba ýola düşenini duýman galdy.

Häzir onuň bar pikiri bu wakany başlyga ýetirmekdi. Ol yzyna-da garaman güýjüniň baryndan ylgaýardy. Onuň galpyldaýan süňňi hiç zat syzanokdy. Gorkudan, howsaladan ýaňa uçaýjak-uçaýjak bolýardy. Ol şonda-da häzir özüni duýanokdy. Ysgyn-mydar galmadyk göwresine gurbat berýän zat «Etmeli, başlyga aýtmaly!» diýen ýeke-täk pikirdi.

«Ynkylaba» giren ýerinde oňa kimdir biri zarply gygyrdy.

– Kimsiň, hany dur! Öňem gorkudan zähresi ýarylara gelen oglan çöp-çörüň içine bakan tutdurdy. Nätanyş onuň yzyndan galarly däldi. Ol: «Dur diýýän!» diýip, iki bökende Ilamanyň yzyndan ýetdi. Oglan uly ili bilen möňňürdi:

– Goýber, goýber, men başlygyň ýanyna gitmeli, goýber – Nätanyş ony götergiläp diýen ýaly ýola çykardy. Ýoluň üstünde dört-bäş atly durdy. Şolaryň biri başlykdy.

Ilaman ähli güýjüni jemläp başlyga tarap okduryldy. Ol samraýardy.

– Anna aga jan, Oraz şyh, ýasawul, öldürdi, ýetiň, ýetiň ýasawul aga, Oraz şyh...

...Soň ol atyň aýagynyň aşagyna togarlandy...

* * *

Oraz şyhyňkydan gaýdansoň Akganyň başyna ahyrzaman gopan ýaly boldy. Ol özüniň alaçsyzlygyny aňdy. Oraz şyhyň gamasyny adamyň böwründen sokmaga onuň gaýraty çatjak däldi. Ol-a Durdy ýasawul eken, eşegiň palanyna-da tyg dürtmäge häzir onuň gaýraty ýokdy.

Akga üçin diňe iki ýol bardy. Birisi Oraz şyhyň saýlap beren ýoludy. Akga bu ugur bilen gitse, ykbaly ony oňat täleýe elter öýdüpdi. Bagty çüwüp dagdan aňry geçse täze ýurt oňa yrsgal, döwlet getirer öýdýärdi. Ýöne ol geljekki bagtyny şu gije satyn alyp biljegini, bilmejegini bilmedi. Munuň üçin ol Durdy ýasawuly öldürmelidi.

Ikinji ýol barada ol oýlanmagam islänokdy. Ol ýol Akga üçin dowzah ýoludy. Ol Oraz şyhdan galsa, nähili güne düşjegini gowy bilýärdi. Iň bärkisi, Enäniň başyna salan günem ondan hasap soramak üçin ýeterlikdi.

Akga Oraz şyhyň gonjuna gor guýluşyndan, gazetleriň habaryndan, frontdan iki ýeke gelýänleriň berýän gürrüňlerinden çen tutanynda bir zady bilýärdi.

Uruş, dawa indi uzaga gitmeli däldi. Onsoň goh, galmagal ýatsa, gidenlerem dolanar. Onsoň...

Ol ysgynsyz elleri bilen ýüzüni sürteleşdirdi.

Ýöne bütin süňňüne gorky kepegini sepeläp duran myrtar pikirleri kowup bilmedi. Kimdir biri onuň gula- gyna mydyrdap durdy.

...Onsoň Goçaklam-a dolanar. Enäniň ne güne düşenini bütin il bilýär, Hany, onsoň ber jogabyny...

Akga özüni lampa ýere goýberdi. Onuň ýüregi ornundan gopup, ýere sallanan ýaly boldy. Misli, Goçakly öňünde, eli aýpaltaly direnip, hasap soraýan ýaly boldy. Ol titredi, süýrenip oňa bakan ýöneldi:

– Men däl gardaş, üç ýüz altmyş är-pir kessin, haýsy öwlüýäden ant iç diýseň içeýin, heleýiň özi günüme goýmady. Olar bir döwüm tötek üçin meni seniň öňüňde biabraý etdi. Heý, ýogsa men saňa ýamanlyk etjekmi? Heý, men seniň namysyňy ýere çaljakmy? ýok...

Onuň garşysyndaky oňa ynanmady. Aýpalta ýyldyrym ýaly bolup lowurdap aşak indi. Ol özüniň aýylganç sesini eşitdi.

Akganyň kellesi ýere gütledi. Ol özüne gelen ýaly bolup, hasyrdap ýerinden turdy. Soňam göge tarap ýöreýän ýaly bolup entirekläp ugrady.

Onuň ähli pikiri garyşypdy. Nirä barýanyny, nirä ýöreýändigini hakydasyna getirip bilenokdy. Onuň ýüzüne tut çybyklary şarpyldap degýärdi. Emma onuň awusy ýürege, beýnä ýetmeýärdi,

It üýrdi. Soňra derzewe jygyldady.

– Akga, senmiň, geleweri – Anna başlygyň aýaly onuň bolup gelşini halamasa-da mürehet etdi.

– Ann... başlyk gerek... – Akga garaňky tarapda duran çuňňur boşluga sowal berdi. Ol özüni şol uçudyň, boşlugyň gyrasynda duran ýaly duýdy.

– Onuň-a şol aşak gidişi, henizem gelenok...

Ol özüne ýüzlenip diýilýän sözleriň manysyny oňly seljermedi. Sebäbi sähel haýal-ýagallyk etse uçutdan gaýtjakdy. Şonuň üçinem ähli güýjüni tijäp, yzyna bakan omzady. Boşluk bolsa onuň yzy bilen barýardy. Ol ýykylyp-sürşüp barşyna tenine bir

sowuk zadyň degenini bildi. Bu suwdy. Ol kellesini suwa basdy. Ýene, ýene, ýene... Jany aram tapan ýaly boldy.

Töwerek-daş göze dürtme garaňkydy. ýyldyzlar patrak ýaly bolup asmana seçelenip ýatyrdy. Ýyldyzlaryň çerrelip duran gözleri oňa gorky bilen seredýän ýalydy.

Ol ýöräp başlady. Onuň çokaýynyň içi suwdan dolup, aýaklary şalpyldap durdy. Ol her ädim uranda aýagynyň aşagy wyçjyldap gidýärdi. Emma bu zatlar ony gyzyklandyrmaýardy.

Aý dogdy. Onuň ýalkymy tutuş töwerege ýaýylyp gitdi. Akganyň göwnüne bu aý däl-de, Goçaklynyň aýpaltasy bolup göründi. Ol titräp aşak oturdy. Häzir süňňüni saklamak, özüne gelmek barada pikir onuň kellesine-de gelenokdy. Onuň bar arzuwy Oraz şyhyň ýanyna ýetmekdi. Oňa ýalbarmalydy, gapysynda guly bolup gezmelidi, emma bu ýerde galmaly däldi. Eneli meselesiniň üstüne, onuň ogurlan iki halta bugdaýy hem üste bolup göründi.

«Ol pedernäledem gaýdyp geler. Oňa-da... ýok, Oraz şyhyň gidip gapysynda gullar bolmaly...»

Akganyň maňlaýy işige şarkyldap degdi.

– Kimsiň-u-u, kimsiň?!

Akga näme diýjegini, asyl nirelerde gezip ýörenini aňşyrmady. Ses bolsa oňa Goçaklynyň gazaply sesi bolup eşidildi. Onuň barja ysgynam aýagynyň aşagyna döküldi.

Ol gapynyň jalkyldap açylanynam, maňlaýyny çilik ýaly çişireninem duýmady. Onuň bar pikiri içerdedi. Ähli hyýaly Enäniň aýagyna ýykylyp, ondan towakga etmekdi.

Içerden Meretgülüň eýmenç sesi eşidildi.

– Heý-wiý, sadagasy boldugym, şehit jan-eý, al- la jan-eý, hudaý-eý, özüň gorawer-eý!

Akga onuň gykylygyna üns bermedi. Ýazylyp ýatan ýorgan-düşegiň üstüne patanaklap geçdi.

– En-nä, En-nä, hany Ene!?

Ejesiniň eýmenç gykylygy, erkek adamyň boguk sesi ýaňy ymyzganan gelniň zähresini ýarara getirdi. Ol atylyp burça düşdi. Zähresi ýarylan ýaly bolup samyrdady.

– Waý, eje. Näme boldy?

Akga oňa bakan dyzady. Soňra zygyrdap duran injiklerinden ýapyşdy.

– Ene jan, bagtymyz ýatdy. Oraz şýh aýdýa. Howwa, gelýärler. Bagtymyz ýatdy...

Diňe peltesi ýanyp duran çyranyň ölügsi yşygyna Akganyň keşbi göründi. Onuň mysalasy, şalpy-şaraň bolup duran egin-eşigi, tot-tozandan kesmek tutan ýüzi adama meňzäbem baranokdy. Enä welin ol arwah-jyn bolup göründi. Onuň titremesi has artyp, samramasy güýçlendi.

Akganyň hyýaly başgady. Diňe ýalbarmalydy. «Kime, näme üçin?» Ol häzir ony pikirem edenokdy. Şonuň üçin ol has dikeldi.

– Saňa diýýän, gelýäler, gelýäler. Düşünýäňmi? Men aýtdym. Ýalbarýaryn diýdim saňa, gel...

Enäniň böwri erbet sanjady. Ol burlup burça bakdy.

Akga onuň üstüne möwç alyp gygyrýardy. Emma Ene bir zadam eşidenokdy.

Gapy jygyldap gitdi. Içeri Üzümgül girdi. Ol häzir işden gelýärdi. Ýoldan öýüne bakan geçip barýarka, Eneleriň öýünden çykýan gyrda-gykylygy eşidip, bäri sowlupdy.

Onuň ýüzi ap-akdy. Ol gele-gelmäne burçda garawsyz gelni ýumruklap durana tarap topuldy.

Hiç hili garawa garaşmadyk Akgany dazyrdadyp iteläp-iteläp işikden çykardy.

– Hany, ýene-de bir eliňi gaýtar. Näme ol bereniňi iýmedimi?..

Akga ýene öýe kürsäp girdi. Onuň hyýaly ýene-de Enä topulmakdy, ýalbarmakdy. Üzümgül gap böwürde ýanlygyň syrdam pişegini alyp Akganyň depesinden inderdi.

– Çyk öýden. Çyk.

Pişegiň ýülügiňe ýetýän awusy, azmly aýal sesi ony özüne getirdi. Ol kellesini tutup, entirekläp çykyp gitdi.

Daşarda Meretgülüň gykylygy eşidildi.

– Heý-wiý, Üzüm gelin-eý, ol öýi ýananyň öýi ýanýa-leý, ýetişeweri-eý...

Üzümgül pişegini elinden goýman tasap daş çykdy. Kerwen aganyň öýüne tarap ylgady. Ol aňy giden ýaly bolup öýe kürsäp urdy. Göwnüne bolmasa, Ilaman jaýyň içinde ýanyp küle dönüp barýan ýalydy. Ol üsgürinjiräp, ýeri, keçeleriň üstüni, tamyň burçuny sermedi. Doňuz giren ýaly gazym-gazym bolup duran, bulaşyk içeride eline hiç zat ilmedi.

– Ilaman! Ilaman! – diýip, gyryk ses bilen gygyrdy. Agzyny açanda ajy tüsse içine gabsaldy. Ol gözi ýaşarýança üsgürdi. Soňra ýene-de sermeledi.

Üzümgül ýerde ýatan keçeleriň birini başyna büredi. Soňra ýüküň üstünde duran ýorgan-düşeklerden goltugyna alyp daş çykdy. Olary ojakdan aňyrraga taşlap öýe ylgajak boldy. Birdenem süýnüp ýatan gara gözi düşüp, ony Ilamandyr öýdüp topuldy. Durdy ýasawulyň gana bulaşyp ýatan göwresini tanandan soň bolsa, çirkin-çirkin gygyrmaga durdy.

**6.**

Ilaman atlylaryň içinde Anna agany tanapdy. Oňa ähli wakany bir söz bilen aýtmak isläpdi. Emma dili diýen etmedi. Atlylar daşyna tegelenenden soň bolsa gözüniň öňüni sap-sary ýalyn örten ýaly boldy. Uludan demini aljak bolanda ýüregi bokurdagynda gürsüldäp urýan ýaly boldy. Ol soň näme bolandygyny bilmedi.

Diňe jaýlarynyň tüsseläp duranyny, adamlaryň hümürdeşip, Durdy ýasawulyň daşyny gallap duranlaryny gördi. Emma ýerinden turup bilmedi.

Bu ýere üýşen adam kändi. Ol Durdy ýasawulyň aýalynyň, Tagy gelniň ýürek paralaýjy sesini eşitdi.

– Hany, hany, goýuň, siz däninim, duşman güldürmäň – Anna aganyň sesi garyljyk çykýardy.

– Ýok, aglaň, aglaň, haýýarlar, aglanyňyz bilen Durdyny dikeldýän bolsaňyz, heý, heleýligini edýär-äý bular – Ilaman Sabyr aganyň sesini tanady. Ol bu adamy kän bir halanokdy. Ýöne bu gün giden kolhozyň adamlarynyň, hatda Sabyr aganyň-da bu ýere ýygnanyşyna haýran galdy.

Ýene-de bir topar adam geldi.

– A gyz, näme boldy gyz, kim edipdir. Ot näme, ýalyn näme, gijäniň bu wagty.

Bu Sapar brigadirdi. Ol üýşüp duran adamlaryň arasyna bardy.

– Eziz doganym, Sapargül, syrdaş dogan aý Sapar, Durdy gitdi elimizden...

Durdy ýasawulyň aýalynyň zaryn sesi Sapar brigadiriň ahy-perýat ediji sesi bilen garyşyp gitdi.

Ilaman garysyna galdy. Onuň ýüregi bulanyp, agzy guramakdan dodaklary darka-darka ýarylýardy. Ol çalaja iňledi:

– Suw, s-uw beriň! – Emma çalaja iňňildi bilen çykan sesi hiç kim eşitmedi.

Araba getirildi. Durdy aganyň jesedini araba ýüklediler.

– Adamlar, beýle işi eden kasas kyýamata galmaly däl. Biz dänim, milisgeler bilen jülge ýokary gideliň. Sizem dänim ägä boluň! Şol wenezzyna Oraz şyhy gören adam haýal etmän millisgä habar ýetirsin.

Ol ýaňky ýaşulynyň ulagyny alyp daga tarap süren bolmaly. Hany ýoldaşlar, daň atyp gelýär, ugralyň!

Ilaman şondan soň adamlaryň ýadyna düşdi.

– Ol birmidi ýa-da başga ýoldaşam barmydy? – Hälki geplän milisioner Ilamana habar gatdy...

– Bir Oraz şyh – diýip, Ilaman ýuwaşja jogap berdi.

Atly milisioner ýabysyny dözümli sürüp, beýleräk çekildi.

– Häýt, jigi, olar haýsy ugra gitdiler, anyk bilmediňmi?

Ilamanyň kellesi dumanlady. Ýöne ol Oraz şyh daga tarap gidendir öýdýärdi.

– Ol daga tarap gidendir. Kolhoza gitse, size duşardy. Ýa-da Akga brigadirlere gidendir.

Ilaman ýene-de özünden gitdi. Ol özüne gelende Üzümgül mugallym gözlerini balkyldadyp, onuň ýüzüne garap otyrdy.

Ol Ilamanyň başyndaky ýassygy düzetdi. Soňra onuň çykyşyp duran çekgelerini sypalaşdyrdy. Zenan eliniň ýylysy oglanyň süňňüni lagşatdy. Gözlerine ýyly perde tutulan ýaly boldy. Şol perdäniň aňyrsyndan şo-ol tanyş göreçler balkyldaşyp garaýardylar. Ilaman şol göreçleriň diýjek bolýan zadyna düşündi. Olar: «Mert bol, Ilaman!» diýýärdiler-ä.

* * *

Şol günüň ertesi Ilamany kontora çagyrdylar. Anna aganyň jaýynda milisiýanyň naçalnigi Ataýew ony mylaýymlyk bilen garşy aldy.

– Hany, gel, inim. Sowet döwleti seniň bitiren hyzmatyň gadryny biler. Sen komsomolmyň?

Ilaman «juk» diýip ýere garady. Ol komsomol bolmak üçin örän uly işleri bitirmäge, hatda söweşde ölmäge-de taýýar bolmalydygyny Üzümgül mugallymdan eşidipdi. Şonuň üçinem özüni bu belent ada mynasyp däl hasap edýärdi.

– Sen komsomol agzasy bolmasaň, tüýs pioneriň adyna mynasyp iş bitirdiň. Ine, meniň öz sagadym. Öz doganym ýaly görüp seni, hakyky gahryman ýaly görüp, şu sagady saňa berýän. Şu sagadyň dilleri ýaly hemişe dogry işle...

Ilamanyň ýüregi gürsüldäp urdy. Ol sagada elini uzadyp bilmedi. Sebäbi onuň gözlerinde tolgunmanyň täsirinden begenç ýaşlary buldurady. Soňam hor çekgeleri bilen düwmelenip gaýtdy.

Ataýew gelip ony mylaýymlyk bilen bagryna basdy.

– Gözýaşyňy gizle, inim. Duşman ikimiziň gözümizde ýaş baryny bilse, heşelle kakmazmy? Mert bol, taýçanak. Ikimiz, nesip bolsa kän-kän duşmanyň başyny aşak salarys.

Içeri giren milisioner Ataýewiň gürrüňiniň arasyny kesdi.

– Ýoldaş kamandir, getirdiler, size garaşýarlar.

Olar gapa çykdylar. Ilaman elindäki towguň ýumurtgasyna çalymdaşrak, ýylmanak zady synlaýardy. Tyrs-tyrs edip bökjekläp barýan dillere, goşa-goşadan jübütleşip duran sanlara, owadanja kertiklere uly haýran galma bilen seretdi. Nepislik bilen işilen akja zynjyr onuň dyzyna ýetip durdy.

Ilaman göwün ýüwürtdi: «Dädem geler, şoňa çenli ýygnapjyk goýaryn». Ol Üzümgül mugallymyň ýanyna guş bolup uçup gidesi geldi. «Ol baý begener». Ilaman onuň mylaýym sesini eşidip durdy. Ol sesde zenan söýgüsiniň, ene mähriniň täsin bir gudraty bardy.

Ataýew ýene-de jaýa girdi.

– Ýoldaş Kerwenow, ýörüň, häzir siziň bilen iş bar...

Ilaman sagady gysymyna gysyp daş çykdy. Ol gözlerine ynanmajak boldy.

Üç sany milisioneriň öňünde Oraz şyh sömelip durdy. Onuň eli arkasyna baglangydy. Ol kynçylyk bilen ýöreýärdi. Onuň kellesi kirli ýaglyk bilen daňylgydy...

...Oraz şyhyňky ilki ugruna boldy. Onuň bagtyna öýde hiç kim ýokdy. Ýogsa, ol: «Içerde bu ýetimçe bardyr, onuň bilen bellisini etmeli bolar» – diýip alada edip gelýärdi. Öýüň boşlugy ony şol aladadan dyndaran bolsa-da, soňy has bulaşypdy.

Ol keçeleri aýagy bilen bir gapdala sürüp, ýene-de araky gazan ýerini gazjak boldy. Emma içeri samanly suwag bilen suwalypdy. Suwag gatap, ýer zynja dönüpdi. Ol ýeri güpürdedip gazyp başlanda, işikden kimdir biriniň sesi, güpürdisi gelip, Oraz şyhyň ýüregini ýarara getiripdi.

Ol bu gelýän Ilamandyr öýdüpdi. Ony kepje bilen kerçemäge taýýar bolup durupdy. Emma kepje kelleden jaýdar degip, bu gelen adam ýykylandan soň, onuň Ilaman däldigini tanap galdy. Ol ýatany has pugta kerçemek üçin daş çykanda Ilamany gördi. Onuň yzyndan kowmakçam boldy. Emma gyzyly galyp barýardy.

Ol iki oduň arasynda galdy. Ýöne oňa gyzylly hum ýakyndy. Ol ýene-de ýer gazyp başlady. Emma her näçe gazsa-da, puluny, asyl mundan sähel gün öň hem gazyp, ýene-de gömen humuny tapmady.

Gapyda ýene-de güpürdi, tapyrdy eşidildi. Oraz şyh kepjesini häzirläp daş çykdy. Hälki kerçelän adamynyň ýanynda Durdy ýasawuluň ýabysy hokurganyp, hokurganyp durdy.

Oraz şyh ýene-de içeri girip gazdy, başga ýerlerem gazdy. Emma hum ýokdy. Ol agy gatyşykly ses bilen erbet sögündi, soň bolsa elindäki kepjäni dişini gyjyrdadyp zyňyp goýberdi. Soň çakmak daşy bilen peltäni otlap, ýüke degirdi. Çykybam işikde duran ata münüp derä bakan depdi.

Häzirem ol atanlykda üstüni basdyrany üçin özüne gargaýardy. Ilamany görensoň bolsa, ilki bilen şony o dünýä ugratmanyna puşman edip aňyrsyna çykyp bilmän durdy.

Ilaman şol gijeden soň öýlerini görmändi. Ony Üzümgül mugallym hiç ýere goýbermän öýde, düşekde ýatyrypdy. Tapdygyndan iýdirip, içiripdi.

Ilaman öýlerine gaty gynanmak bilen seretdi. Öýüň öňündäki kiçijik telär, gapy, penjire ýokdy. Öýüň goşlary ojagyň ýanynda tozana bulaşyp ýatyrdy. Jaýyň içi garagurumdan, düýpden görer ýaly däldi.

Ilamany içeri goýbermediler. Öýe iki sany milisioner girdi. Soň Oraz şyhy saldylar.

– Hany, nirede gömdüň – diýip, Ataýew azmly aýtdy. – Hany, çaltrak aýt... Wagt ýok.

Oraz şyh öýüň ortasyny aýagy bilen depdi. Milisionerleriň biri täzeje kepje pil bilen jaýyň içinden bir depim toprak aldy. Ýer ýumşakdy. Iş çalt gidýärdi.

Milisionerler ep-esli ululykdaky daşy yhlas bilen köwläp başladylar. Soň ony yralap gowşatdylar.

Daş ep-esli bardy. Üç bolup daşy bir gapdala agdardylar. Duranlar derini çalmaga ýetişmänkäler, Oraz şyh özüni daşyň duran ýerine taşlady.

– Bermen, bermen diýdim, bermen. Hakyňyz ýokdur. Ata-babamyň halal malydyr, bermen – Ol ýerde çabalanyp, bagyrýardy. Elleri arkasyna daňylgy bolansoň kükregini ýere oýkaýardy.

Ony üç bolup dikeldip, burçda oturtdylar. Ilaman hiç zada düşünmedi. Daşyň hälki duran ýerinde zülpi döwlen küýzäniň agzy hoňkaryp görünýärdi.

Ataýewiň özi pil alyp, küýzäniň daşyny köwüp başlady. Küýze ep-esli bardy. Daşy topragyň çygyna heňläp gidenem bolsa, içindäki teňňeler ýylp-ýylp edýärdi.

Küýzäni çykardylar. Ataýew jübüsinden elýaglygyny çykaryp işige ýazdy. Soň küýzeden oňa jogurdadyp altyn teňňeleriň ep-eslisini guýdy. Küýzäniň içinden ýakut gaşly gülýaka-da atylyp ýaglygyň üstüne düşdi.

– Waý, meniň ejemjanyň gülýakasy. Hakyt dädemiň özi goýup gitdi. Näçe wagtlap, gözläp ýörün-ä, men ony –Ilaman duran ýerninde özelenip bökdi. – Ynanmasaňyz yzynyň göbegini görüň, ýarysy döwükdir. Men bilmän döwdüm...

– Waý, edil meniň gülýakam, men ony fronta kömek bolsun diýip, ýakamdan aýryp berdim. – Üzümgül mugallymam jibrindi.

Agaýew gülýakany eline aldy. Onuň göbegi hakykat-danam döwükdi. Özem täze wagtlarda döwlüpdi. Ol ony Ilamana berdi.

Üzümgül mugallym Ilamanyň elinden ony emaý bilen alyp, ýuwaşlyk bilen bagryna basdy. Ýöne öz gülýakasy däldigini tanady.

Adamlar dargaşdylar. Milisionerler bilen başlyk galdy. Başlyk birden gazaplandy. Ol pilleriň birini alyp, Oraz şyhyň depesinden eňteribererli göründi.

– Wah, ol piduly, diýmäýin diýsem, ata watan diýen bolýady, seni dänim ata watan başyna ýapsynmy.

Oňa dänim şojagaz sary teňňeler diýip şu ýerlerde köwejekläp ýören aga diýerler. Haýp, biziň bir adammyzyň ömrüni gysga etdi, ganym.

Gün öýläne aganda milisionerler Oraz şyhy getiren ýollary bilen raýon merkezine tarap alyp gitdiler.

Ilamanyň gursagy hem gussadan hem-de şeýle uly begençden doldy.

* * *

Üzümgül Ilamanyň golundan tutup öýüne alyp gitdi. Ol häzir bu oglany elinden goýberse, ganat baglap uçup gidiberjek ýaly bolup durdy. Öýe gelensoňam sesini çykarmady. Ol gülýaka şo-ol seretdi oturdy. Ol ýerinden turjak boldy. Bolmady. Tolgunmadan ýaňa aýaklarynda ysgyn galmandy. Ol ýene-de oturdy.

Onuň göz ýeňüne gumuň içinde ýaýylyp oturan oba geldi. Ortada ýatan gülýaka bolsa pessejik alaňlara degäýjek-degäýjek bolýan altyn aýa ogşady.

Ilerimiz dagmydyr-a,
Üsti gara bagmydyr-a,
Uçup barýan ak guşlar-a,
Naçar dogan sagmydyr-a...

Onuň göwnüne bolmasa aňyrdan dogany Sona aý ýaly bolup gelýärdi. Onuň ýakasynda şu täsin gülýaka lowurdaýardy. Ol kakasynyň işinden örtendi, öz ykbalyndan ýandy. Gözlerinden çeşme bolup akýan ýylyja bulak onuň gursagyndaky yzany gowşadýardy. Süýji ýatlamalar onuň süňňündäki gussany aýyrýardy. Emma ony şeýle oňat duýgulardan üzüp bilenokdy.

Çuňňur guýa daş atsaň-a,
Çümer gider eje jan-eý...
Ýat illere gyz berseň-ä,
Ýiter gider ata jan-eý.

Kakasynyň mähriban, gyňyr keşbini göz öňüne getirdi. Emma ýatlamalaryň soňuny yzarlap bilmedi. Onuň gözi Ilamana düşdi.

Üzümgül gülýakany bagryna basyp ýerinden turdy. Ol näme diýjegini bilmän, elindäki gülýakanyň gaşlaryny dyrmalaşdyrdy.

– Illi jan, bu gülýaka kimiňki, nireden size düşdi?

Ilaman tarsa ýerinden turup gapa ýöneldi. Ol mähriban ejesinden galan ýalňyz ýadygärlik elinden gidip barýan ýaly gyssandy.

Üzümgül turup, onuň elinden çalyp tutdy.

– Tä aýdýançaň goýbermerin, aýt, aýdaý köşek.

Ilaman aljyrady. Bu gülýakanyň näme syrynyň bardygyny ýadyna saljak boldy, bolmady.

– Dädem puranta gidip barýarka, hol köprüniň üstünde berdi. Özem: «Ejeň pahyryň gülýakasy» diýdi. «Seniň gelniň üçin niýetläp goýupdy» diýdi. «Aýagyn» diýdi. Menem ýitirdim, soň köp gözledim...

Üzümgül şumjardy.

– Illi jan, ejeň ady nämedi? Ol nireden kakaňa sataşyp ýör ol?

– Dädem diýerdi: «Yssansiýada bir baý maňa goýun gitdi» diýerdi. Adam Sona... Muny kiçijik wagtym ejemem kän gürrüň beripdi maňa...

Üzümgül Ilamanyň üstüne özüni oklady. Oglanyň aýaklaryndan ogşady.

– Üzümgül mugallym, näme boldy saňa?

Üzümgül ýerinden galdy. Ol Ilamanyň ýüzünden gözünden öpüp, onuň gyzgyny henizem kemmedik başyny bagryna basdy.

– Seniň ejeň meniň doganym Sona... Eşidýärmiň, arka dagym, Ilaman, eşidýärmiň. Sen doganymyň balasymyň? Asyl ýüregim bir zat syzýady-la...

Ilaman lampa aşak oturdy. Üzümgül bolsa aglap gürrüň berýärdi. Sähra ýellerine goşulan läleler, otlynyň şakyrdysy, ejesiniň mähriban keşbi onuň ýüregine keşde bolup gaýalýardy. Aýly gijeler, kakasynyň salykatly didary, iki sany owadan göreç şol keşdelere minnetdarlyk bilen garap durdular.

## 7.

Ilaman üçin dagyň howasy ähli kesellerden sabadýan derman boldy. Onuň işledigiçe işläsi, iýdigiçe iýesi gelýärdi. Ol ýadamany, ýaltanmany bilmeýärdi. Gündiz işläp, gijesine desse çekmeli bolanda-da ol döwtalap bolýardy.

– Aý, oglan, sen dessäni azrak göter, bu wagt bilmeseňem, soň maýyp bolaňsoň puşman edersiň –diýip, Sapar brigadir oňa her gün diýen ýaly ýatladýardy.

Ilaman welin gaýta möwç alýardy. Ol işden ýadamaýardy. Il oturyp dynç alanda-da, ol işläp ýördi. Onuň işläsi gelýärdi. Öňküdenem köp işläsi gelýärdi. Üzümgül daýzasynyň beren gürrüňlerini, milisiýanyň naçalniginiň mylaýymlygyny her gün, her sagat ýatlaýardy. Ol şol mähriban zatlaryň derejesinden pes işlemejek bolýardy. Ilki oňa: «Haý, milisgelerem gutarypdyr, haw, şuňa-da şol sagady peşgeş berýärler, bu bir iýen çöregini ödänok ahyry» diýiläýjek ýalydy. Onsoňam ol indi ýeke däldi. Üzümgül daýzasy bardy. «Aý, Üzümgülem işini gutaran, şu işýakmaza dagam hossar çykyp...» diýdirmeli däldi. Ol ilki şonuň üçin işledi. Soňra bolsa bileklerine, dyzlaryna kuwwat gelip başlady. Ol indi işlemän biljek däldi. Ol indi öňki işleýşinden pes işlese: «Haý-haý, pişigiň ýyndamlygy samanhana çenli diýenleri-dä, Illi hanam ilk-ä bir darsdabansyran boldy, indem tüweleme. süriniň yzyna eýgerip bilse bolany...» diýjek tapyljakdy. Şonuň üçin ol güýjüni gaýgyrmaýardy.

Oňa gurbat berýän başga bir güýç hem bardy. Olam Ogultäçdi. Ogultäç ony görende mylaýym ýylgyrýardy. Mähriban garaýyş bilen «Arma!» diýýärdi. Ol kä gün bäş-on gezek «Arma!» diýýärdi. Kä gün ondanam köp diýýärdi. Ilamany ýadatmaýan, ardyrtmaýan güýç şol bolmagy hem mümkindi.

Ilaman adamlaryň ýanynda onuň ýüzüne-de garap bilmeýärdi. Emma bu gyzyň balkyldap duran göreçleri welin hemişe Ilaman bilendi. Bu göreçler her gün bir täsin reňk bilen nurlanýardy. Ol hem Ilaman üçin uly güýçdi, uly kuwwatdy.

Ol daga ilki gelende bir zatdan erbet çekinipdi. Adamlar «Oraz şyhy Illi tutdurypdyr. Bu adamlaryň derdinden işana-hoja-da gün boljak däl-ow» – diýerler öýtdi. Emma milisionerleriň ulusy, Anna başlyk bu ýerde ýygnak edenden soň, adamlar Ilamandan minnetdar boldular. «Ol biziň döwletimize, ilimize dänim, kast edipdir. Kast eden, pest bolar. Siziň dänim adyňyzdan, onsoň dänim öz adymdan Oraz şyhy tutmaga goldaw beren Ilaman Kerwen ogluna minnet- darlyk aýdýan». Bu sözleri adamlar hem ýadyndan çykarmasa çykarmaz welin, Ilamanyň-a ýüregine ömürlik nagyş bolar.

Güýz öz hökmüni ýöredip başlapdy. Dagyň başy agşamlaryna ir sowaýardy. Ertirine bolsa guşluga çenli gün gyzmaýardy. Indi ormaly meýdan barha azaldy. Adamlaryň bar ünsi işdi.

Oba gidýän-gelýän ýok diýen ýalydy. Dogry, harmandan gidip gelýän bardy. Olar hem orakçylardan ep-esli uzaklykda bolýardylar.

Bu durmuş adamlaryň ýüregine düşen borly. Guşluk çaýa çykylanda Sapar brigadir degşen bolup söz atdy.

– A gyz diýýän-ä, ärimiz puronda gitdi diýsek, özümiziňkem-ä oň bolmady, gyz...

Aýallar gülüşdiler.

– A gyz, howwa-la, gyz. Äriň oba gelip: «wah, heleýjigim haçan purantdan gelerkä» diýip garaşyp oturan bolsa bildiňmi? – Tagy gelniň çyny bilen aýdanyny aýallar gülki bilen kabul etdiler.

– Wah, ol-a, dagyň başymyş, ýeriň aňrybaşy bolsa-da, Durtjanmy, obada oturjak, ine gelmejekmi söwer ýar. Wah, gözden uçan garadag, seniň gujagyň ysam ýadymdan çykyp gidipdir, ysyňa döneýin, garadag – Sapar brigadir delminip ýola garady. Göwnüne bolmasa oba tarapdan onuň söwer ýary uçup-uçup geläýjek ýalydy.

– Wah, şo günlere ýetme-de barmyka, söwer ýar bilen tirsekleşip çaýlaşmagam barmyka, jan joralar? Bujagaz işler sil bolanda-da topugyma çykdy diýmen. Taýym aman gelse bolar. Oba-da bir gün ir barmasam, bir gün giç bararyn, ahyr soňunda nesibämde duşuşmak bolsa bolýa...

Gelinleriň hiç birinden ses çykmady. Her kim öz hyýalyny bozmajak bolup duran-duran ýerinden işe dargady.

Adamlar agşam goşa ir gaýtdylar. Sebäbi dagyň üstündäki tagtalaryň bugdaýy orlup, daşalyp gutarylypdy. Indi harmanyň gapdalyndaky käliň bugdaýy galypdy. Olam çynyňy etseň iküç güne çekjekdi.

Adamlaryň süňňi ýeňläpdi. Her kim obanyň howa- syndan dem alýardy. Her kim indi oba ýatlamasy bilen ýatýardy. Şonuň üçin dag ýeriniňem, çaýyň-çöregiňem gyzygy gaçan ýalydy. Her kimiň pikiri käliň bugdaýyny çaltrak gutaryp, oba gaýtmakdy.

– Irräk gaýdalyň, bagtymyza agşam aý dogsa, birsalym oraga çykarys. Indi näme galypdyr...

Sapar brigadiriň mesaýy gürrüňini hiç kim eşitmeýän ýalydy. Sebäbi adamlar dynç alýardylar. Geçen gazaply üç ýyl olara ýöräp barýarkaň dynç almagy, ukyňy almagy öwredipdi. Sähel begenç olaryň goltugyndan göterýärdi. Sähel mümkinçilik olar üçin giňelmegiň çeşmesi bolup bilýärdi.

Hiç kim sesini çykaranokdy. Orulan meýdanyň sypalyna çalnyp çykýan aýakgap sesleri olaryň ýöräp barýandygyny aňladýardy; Her kim bu sesden dynç alýardy. Bu günki sagat ýarymlyk boş wagt uly baýlykdy.

Adamlar goşa golaý gelenlerinde keýerişip durdular. Goşuň bäri gapdalyndaky ýatakda Durdy ýasawulyň ýabysy durdy.

– A gyz, Durdy aganyň ýabysy...

Tagy gelin gulpagyny tasadyp ýören gyzjagaz ýaly bolup, kötel aşaga ylgady. Ol barybam ýabynyň boýnuna ýapyşdy. Onuň çirkin sesi goşa gelensoňam ýatmady.

Ýabyny Sabyr aga münüp gelipdir. Onuň aýaly aşpezdi. Ol aýalyň tüňçeleriň, gazanyň aralygynda emelsizje ýorgalap ýörşi adamsynyň gelenine begenýändigini aňladýardy.

Sabyr aga adamlary görüp ýerinden turup «amanlykmy, saglykmy» diýýärdi.

Ol Tagy gelniň bolşuny kän bir halmady. Onsuzam ol Durdy ýasawulyň ýerine geçirenlerine näme etjegini bilmän ýördi. Ýasawulçylykda at üstünden düşmän günüňi geçirmelidi.

«At meniň nirede gören zadym-aý, eşege zordan münýän. Walla, bu zatlary Durda berseň, ol haw, atyň üstünde eneden dogan ýaly-la» – diýip onuň-munuň ýanynda kän zeýrenýärdi. Onuň iň halamadyk zady, ol haty oňa, munuň habaryny muňa eltmekdi. «Indi şu heleýleriňem gyjalatyny çekmeli bolsam-a, bar onsoň işiňi tapdyň, Sabyr...» – diýip käýinýärdi.

Tagy gelin agasynyň atyny görüp, Durdy ýasawuly ýatlap aglaýardy. Ol goýar ýerde goýmady. Onuň jyňňyldaýan sesine brigadir ylgap geldi.

– Sabyr agajan, erkek adamsyň, haý-küş etmeseň Tagy tutuş goşumyzy ýashana dönderjek-le...

Sabyr aga ýerinden gazaply turdy. Ol duran ýerinden gygyryp başlady.

– Näm-ä şumjarýaň, gelin? Näme bu ýer ýashanamy? Sen gowja bol. Ozalam gaharym, arym, namysym içime syganok. Hana, ärini urşa iberip, Akga brigat bilen bolup, indem yraýona metgi bolana janym ýanýar. Han-ha, özüni saklamady, ahyram arkasyna bäş ýyl aldy. Ol kemakyl birgada-da alty ýyl berdirdi. Şolar aglasyn.

Durdy ýasawul öýünde ölüp, dulunda süýndi. Hemmämiz ölmeli. Yzy ýarasyn. Galanlarnyň ömri uzagyndan bolsun. Oňa berilmedik bala-çagasyna berilsin...

Aýallar seslerini goýdular, Indi diňe ýaşulynyň namaz okaýan ýaly, şaňňy sesi eşidilýärdi. Onuň manysyny hiç kimiň beýnisi çigitlemeýärdi. Her kim: «Hana, ärini urşa iberip, Akga brigat bilen bolup, indem yraýona metgi bolana janym ýanýa. Han-ha, özüni saklaman bäş ýyl aldy. Ol kemakyl birgada-da alty ýyl berdiler» diýen sözlerden aňry geçip bilenokdy. Bu sözleriň manysy beýnilere bent bolup, indem hiç manyny kabul edenokdy.

– Sabyr aga, ol näme gürrüň boldy. Ala dagyň başynda zatdan habarymyz ýok, biziň...

Sabyr aga aýallaryň ünsüni özüne çekenine monça bolup, hasam azymly gygyrdy.

– Hawwa, hawa. Özüm şaýat diýenime. Men süýdüň peket gatnadýany boldum-ow. Ýogsa, mundan üç gün öň gelmel-ä men. Gideýin, hatym, petegim, ýatyr diýsem: «Aý, ýok, süýdi bir ýaňalyk etmän gitme» diýip durlar. Aý, ilkä, «aýyplowjy bol» diýdiler. Ýok diýdim. Aý, adam üýş-dä. «Özüm etdim» diýýä. «Ýalňyşdym» diýýä. Ol sary içýan-a. Ol haramzada-da «özi günüme goýmady, meni boşadyň» diýip zörledip otyr. Onsoň, oňa «Sen purantçynyň maşgalasyny horladyň, golhozyň emlägine el urduň» diýip, alty ýyl gazamat etmeli diýdiler. Oňa-da, aý, howwa-da, oňa-da bäş ýyl gazamat bolmaly diýdiler... Süýt, gatyk gutaransoň, zordan sypyp gaýtdym.

Ilaman gürrüňiň soňuna ýetişdi. Ýöne gepiň näme hakynda barýandygyna düşündi. Şonuň üçinem gelen yzyna bakan, baýryň aňyrsyna bakan ylgady.

– Haý-haý, oglan. D-u-ur. Men seniň üçin yraýondan geldim. Häk, gel bäri...

Ýany baýryň depesine çykyp başlan oglan, yzyna göwünsiz gaýtdy. Onuň beýnisi «Näme bolduka?» diýen sowaly ýürege geçirdi.

– Me, köşek, atańdan hat gelipdir, gözüň aýdyň.

Ilaman haty bagryna basdy.

«Köp dugaýy salam bolsun! – Köşegim, düýşüme köp girýärsiň. Amanlykmy, saglykmy? Il-gün, oba-gara, goňşy-golam, mal-başyň abatmydyr, köşek. Bizem duşmanyň haýyny-maýyny bermän, kowup barýarys.

– Nesip bolsa indi az galdy. Gaty az galdy, köşegim. Nätjek, il bilen gelipdir, il bilen gider, oglum.

Sen pikir etmegin, oglum, bize kyn bolýar diýip, bize hasam kyn. Hudaýym, paşist diýen belany adamzada görkezmesin.

Nebir ýigitleriň gül ýüzi soldy, nebir ýigitleriň nowçalygy talandy. Obalar, öýler, baglar, bakjalar barada gürrüňem etmäýin. Onsoň neneň ol haýynlary ýigrenmejek ahyry. Olary näçe gyrsaň az. Özler-ä gaçyp barýar, özlerem dünýäni küle öwrüp barýar.

Indi soňy geler, oglum, nesip bolsa öýe bararyn. Hiç haçan seniň ýanyňdan uzak gitmerin. Seni göresim gelip, ýüregim tütäberýär. Wah, meni senden aýran bu ganymlaryň damagyny çalyp, ganyny içmesem az görünýär.

Oglum, hiç zady gaýgy etmegin, oglanlyk etmegin, Üzümgül mollumyň, Ene gelnejeň, Sülgün gelnejeň bilen arkalaşgyn. Olar seni hor etmezler. Şu haty şolara hökman okatgyn.

Gyzym Üzümgül, Enemjan, gelnim Sülgün, köp dugaýy salam iberýän. Sizi hudaýa, Ilaman jany size tabşyrýaryn. Arkalaşyň, hor bolmaň. Nesip bolsa, ýeňiş bilen dolanaryn, şonda enşalla, siziň gadryňyzy bilerin, amanlykda, saglykda görşeliň. Gaýrat ediň. Mert boluň, enşalla bu günlerem bolmadyk ýaly bolar. Duşmanyň gabryny gazyp gidip barýarys. Ýeňiş indi gaty ýakyn geldi.

– Eý, oglum, Ilaman jan hoş sag bol, köşegim, gaýrat et...

– Eý, Ilaman, görýän welin, Kerwen aganyň seni göresi geleni çyn-ow. Ol häzir pulemýotyny süpürip oturyşyna maňa: «Haý onam ýazdyryp, hata saljakdym, aý, munam aýtjakdym» diýip hüňürdäp otyr. Özem edil Tura derýasynyň gyrajygynda. Beýlämizde-de Ukrainanyň Kobel şäheri seleňläp görünýär. Giden tokaýlyk, otluk. Kakaň bu ota biz «gyýak» diýýäris diýýä. Şu derýadan geçsek, onsoň Ukrainada nemis gelegurtlaryndan azat bolar. Enşalla, onsoň kakaň bilen nirdesiň gara dagym Türkmenistan diýip deperis gara magunyň biline.

Ilaman jan, sen meniň goşgularymy haladyňmy? Men ýene-de köp-köp goşgular ýazdym. Nesip bolsa, dädeň bilen barsam, saňa-da elin okap bererin.

Şu wagt saňa harmandan bir owuç iberýärin:

Tanklaryn penalap sansyz aldajy
Dakynşyp döşlerne demirden hajy,
Birimiz onundan alarys pajy,
Tur gerçekler, geldi urmaly pursat

Gorkym ýok haýyndan pil bolup eňse
Kerwen aga hem biz bermeris ýeňse,
Nälet okar ejem gaçanym bilse
Ber gerçekler jany bermeli pursat.

Düzdi Gurban otly çüýşe guşagna
Taýýar oklamaga tankyň aşagna
Nusga bolsun geljek nesliň uşagna
Ur gerçekler, geldi urmaly pursat...

Şu goşgyny düýn söweşden soň ýazdym. Göwnüňe ýarasa ýazgyn, indiki hatymda ýene-de goşgy ibererin.

Köp dogaýy salam bolsun,
Ilim-günüm aman bolsun,
Dişiň bitipdir köşegim,
Diý: «Gidenler aman gelsin».

Kerwen Ilaman oglunyň dilinden hem öz dilinden haty ýazan Gurban Çary ogly».

Ilaman güýzüň howasyna garylyp ýüregine aralaş- ýan ýakymly- hem-de gussaly duýgulardan ýaňa ýegşerlip otyrdy.

– Illi-u-u, aý-u, Ilaman, ýör-u-u, aý ýaşmanka gi- deli. Iller eýýäm bugdaýly käle ýetdi, ýör-u-uw – Sapar brigadiriň sesi ony ukudan oýaran ýaly boldy

Ol ylgap barşyna güýzüň saman bolup ýatan otlaryny şygyrdadyp barýan adamlaryň arasyna goşuldy.

## SÖZSOŇY ÝERINE

Kyrk bäşiň bahary gutaryp barýardy. Kyrk birde ekilen agaçlar tümüstan – baglyga öwrülipdi. Uruş başlananda doglan bäbekler, indi oba arasynda ylgaşyp, uzak ýerlerden geljek adamlaryň söýünjisini buşlamaga ýarapdylar.

Geçen dört ýylda Çynarlynyň uruşdan öň saçagy bitin, döwletli öýleriniň ençemesiniň işigine otlar bitipdi. Uly ýollara birigýän birnäçe ýodajygyň indi nirede bolandygyny hem aýdyp boljak däldi.

Ýöne ol ýodalaryň Ilamanyň ýadyndan çykjak gümany ýok. Olar onuň gan damarlarydy. Şol ýodalar bilen onuň ýüregine gan barýardy. Oňa dirilik, ömür, berýän şol ýodalardy.

Ol «front erigiň» ýanyndaky käliň arpasyny orup ýörşüne häzirem gaýta-gaýta oba garşy garaýardy. Göwnüne bolmasa şol ýodalar oňa, bu ýerdenem, hatda gözüni ýumanda-da görünäýjek ýalydy. Ol ýodalary kimdir biri arçap ak kirşen ýaly edip goýaýjak ýalydy.

Oba adamlarynyň süňňi az-kem ýeňläpdi. Kyrk bäşinjiniň geçip barýan ýazy adamlara gaty köp peşgeş beripdi. Erikler, igdeler başyna gördi diýenleri bolupdy. Arpa-bugdaý gap tapsaň ýene-de artyp galjakdy. Ýöne ýygnap ýetişip bilseň bolanydy.

«Dagyň düme bugdaýam bolsady ekilen ýaly bolupdyr» diýip gürrüň edýärdiler. Adamlaryň süňňüni ýene-de bir ýeňledýän zat: Anna aganyň: «Gaýrat ediň, indi dänim gaty az galdy, juda az galdy. Nesip bolsa bu gün erte bir ýerden «Uruş ýatdy» diýen gep çykar» diýmesidi. Günortan arakesmede tutuş kolhoz bolup üýşüşip okalýan gazetler hem biziň goşunlarymyzyň Berline ýetip barýandyklaryny uly buýsanç bilen beýan edýärdiler. Adamlar umyt bilen ýatyp, umyt bilen turýardylar.

Her kim ýatanda-da «geler», turanda-da «geler» diýen arzuw bilen ýaşaýardy. Her kimiň bu kyn günleriň pellehanasyna basym ýetesi gelýärdi. Her kimiň arzuwly didara ýetesi, şondan ganasy gelýärdi. Ol günler bolsa şeýle ýakyn gelipdi. Ýene-de azajyk, azajyk gaýrat etmelidi. Güýç, gaýrat welin azalypdy. Adamlar ýadapdylar.

Ilaman hem ýadapdy. Ýyllar onuň süňňüne galdowlyk guýupdy. Süýri ýüzi, kak çekgeleri, pakgyrak gulaklary, gamgynrak gözleri ony hasam hor, ýadaw görkezýärdi.

Ýöne ol zol-zol oba garşy garanjaklaýar diýäýmeseň, ýadawlygy duýmaýan ýaly bolup işleýärdi. Oňa tükeniksiz gaýrat gelipdi. Bu gaýrat iň soňky gaýrata meňzemeýärdi. Güýjüni iň soňky tijemesine meňzemeýärdi.

– Geliň-u, gyzlar, suw içseňiz-u – Sapar brigadir hem eline bir tüňçe alyp durşuna uly ili bilen gygyrdy. – Geliň içjek bolsaňyz-a, çeşmäniň suwundan içjek diýişip, meniň başyma, indem gana dönderdiňiz-ä...

Aýallar oňa tarap ugradylar.

– Ill-u-uw, gel oglan, senem bir owurt iç, beýtme-de biliňi ýaz ahyryn senem – Ilaman oragyny boglan dessä gysdyryp, aýallara bakan ugrady.

Aýallar guşaklaryndan çörek çykaryşyp, çiliň üstünde oturyşlaryna, gürrüňleşip çörek iýýärdi- ler.

Ilaman suw içdi. Şu ýyl gözi arçalan çeşmäniň suwy sowukdy, gowudy. Ýöne ganyp içip boljak däldi.

– Me, şujagaz çöregem iý, täze baryň çöregidir – diýip, Tagy gelin oňa barmak ýaljak arpa çöregini uzatdy.

Ilaman töweregine göz aýlady. Töwerek gözetime ýetýänçä saralyp ýatyrdy. Töwerek giden arpa, bugdaýdy. Guşgursak däneler çalaja ygşyldaşyp, «meni tizräk ýygna» diýýän ýalydy.

El güýji azdy. Şonuň üçin gije-gündiz işlemelidi. Ilaman muňa ýagşy endik edipdi.

– A, gyz, hol Ene bar-a, şol gelipmiş diýýäler gyz – Tagy gelniň bu gepi diňe bir aýallary däl, Ilamanam diňşirgendirdi. – A gyz, endam jany ýara-ýaramyşyn. Şonuň üçinem gazamatdan gaýtarypmyşlar. Hakyt, Sabyr aga yraýonda görüpdir. Ilk-ä tanamajak bolupdyr. Soň özi salam beräýipdir. Onsoň tanapdyr. Öňki ýüzi-gözi tabak ýaly gelin, indi çybyga dönüpdir diýýä, gyz.

Ilaman ýerinden turup öz çägine baransoňam aýallar gybat edip otyrdylar. Ilamanyň welin eli işe barmaýardy. Ol dessä arkasyny berip oturdy. Soň ýene-de karar tapman, oruma başlady.

Agşam öýe  gaýdyşlykda onuň aýagyndan daş asylan ýalydy. Bu günler onuň daýzasy Üzümgül Aşgabatda mugallymlar kursunda okaýardy. Şonuň üçin ol özleriniň öýünde bolýardy. Kolhozçylaryň kömegi bilen ol öýüň içini, daşyny suwapdy, gapysyny, penjiresini çalşyrypdy. Jaýyň depesine örülen gamyşdan duýaýmasaň, öýüň ot alanyny biljek gümanyň ýokdy.

Ilaman gapyny açdy. Öý arassady. Üzümgül Aşgabada gitmänkä keçeleri, düşekleri kakyp, silkip, içerini gül ýaly edipdi. Ilamanam girende-çykanda aýal eliniň yzyny bozmajak bolup jan edýärdi.

Ylaýta-da, onuň bu tämizligi kakasyna görkezesi gelýärdi. Kim bilýär. Ol bu gün, erte bir ýerlerden çykaýsa bildiňmi? Ýöne bir ýyla golaý wagt bäri ondan hat gelmezligi oglany oda salýardy. Adamlar bolsa: «Biziňkiler Berline ýetipdirler» diýýärdiler. Ol urşuň gutararyna garaşýardy. Kakasynyň gaýdyp gelerine bolsa aýdyp, ýazyp beýan edip bolmajak derejede garaşýardy.

Kolhozyň sygyr çopany oňa sygrynyň hem, tüwesiniň hem şu ýyl guzlaýmagynyň mümkindigini aýdypdy. Duldaky bogdak ýarym bugdaý uny, bir bogdak däne – bu zatlar onuň üçin uly baýlykdy.

«Dädem geläýse-hä, gaty begener». Ilaman onuň üçin içerinem päkize saklaýardy. Ol Üzümgül daýzasynyň tikip beren täzeje eşiklerinem sandygyň üstünde, görner ýaljak edip epläp goýupdy. «Dädem gelende görüp begensin...»

Ilaman gapydaky ojakda gara tüňçäni oturtdy. Aşagyna uludan ot ýakyp, galan suwlary işige sepeleşdirdi. Sübse alyp, işigi süpürişdirip, artykmaç keçeleriň birini ýazdy, ýüküň üstündäki ýassyklaryň birini alyp, keçäniň üstüne atdy. Soň çäýnege böwürsleniň guran ýapragyny atdy. Bu düzgüni oňa Üzümgül daýzasy öwredipdi. Ol:

«Ertir, agşam ojakda ot ýakgyn, işigi suwlap, süpürip keçe at, saçak ýaz. Päkizeje bolgun, içerini, üst-başyňy gül ýaljak saklagyn, adam diňe iş bilen başyna gaý bolman, arassa-da, päkize-de bolmalydyr. Ýigit oglan özünn oňarman ýörse halanýan däldir» – diýip, Ilamanyň gulagyna guýupdy. Ilaman şondan bäri bu düzgünini goýmaýardy. Göwnüne bolmasa kakasy hem bir ýerlerden seredip duran ýalydy. «Berekella, köşegim» diýäýjek ýalydy.

Ol çaý demlendi. Ýöne hiç işdäsi ýokdy. Agşamyň salkynlygy, bossanlykdan akyp gelýän salkynjak akym onuň süňňüni agraldýardy. Ukynyň süýji tolkunlary onuň bedenine aralaşýardy. Ol çäýnegi gyra süýşürip, başyny ýassyga goýdy.

Kimdir biri ony gaty-gaty silterlän ýaly boldy. Tanyş ses onuň adyny tutan ýaly boldy. Ol gözüni açanda ýarygijäniň garaňkylygyndan başga zady görmedi. Ony ýene-de bir geň galdyran zat, keçäniň aýaguç tarapyndaky garady. Asmandan gözlerini çerreldişip seredýän ýyldyzlaram onuň ýüzüni ýagtyldyp bilenokdy.

– Illi jan, tanamadyňmy, dünýäm. Men Ene, Ene gelnejeň...

Ilamanyň ýüregi ynjyly sanjyp gitdi. Häzir kakasynyň ýazan salam haty onuň ýadyna düşdi. Ýöne sesini çykarmady. Dogrusyny aýtsaň ol häzir gepläbem biljek däldi. Näme geplejek, eýsem, näme sorajak.

– Ukudan açyl, dünýäm, seni birje göreýin diýip geldim. Häzir turjak men...

Ilaman tarsa ýerinden galdy. Çäýnege ýapyşdy.

– Ine, çaý bar, iç...

Çaý sowapdy. Bu çaýyň sowandygy çäýnekden şyrlap akyşyndan bellidi. Ene özüne uzan käsäni alyp owurtlady, soňam uzyn-uzyn üsgürdi. Ol üsgürmesiniň arasynda ynjyly zeýrendi. – Wah, wah, ýene başlady, wah. – Ol käsäni ýerde goýup süňňüni sarsdyryp üsgürdi. Az-kem köşeşensoň ýene-de başlady.

– Wah, arkadagym Ilaman, başyma agyr-agyr işler düşdi.

Ol ýene-de agyr-agyr üsgürdi.

– Sen, dünýäm hemmesini gördüň. Meniň ähli azgynçylygymy gördüň. Meniň o dünýäm, bu dünýäm beklendi. Diňe ölüm meni myradyma ýetirip biler, didäm...

– Ine indem uruş ýatjakmyş. Gidenler geler, hökman geler, meniň ýeke arzuwym şolar gelmänkä guma garylaýyn. Geler olar, ýüregim syzyp dur, syzyp dur. Goçaklam geler. Men onuň mertebesini saklap bilmedim – Ene ep-esli salym geplemedi. Soň gyryljyk agyly sesi bilen başlady – Onuň gül ýüzüne gara getirdim. Ýöne meniň üçin başyny aşak salyp gezmesin. Hudaýym, bagty açyk bolsun...

Ilamanyň gözüne ýaş aýlandy. Misli Goçakly alynda durup, Eneden gazap bilen jogap soraýan ýaly boldy. Emma Goçakly ýokdy.

– Ene gelneje, nähili beýle bolýar ahyry? Ýa ejeň günüňe goýmadymy?

Ene ellerini ýüzüne tutup, kellesini iki dyzyna goýup, ýumak ýaly bolup oturyşyna iňledi.

– Wah, Illi jan, men ili günälemäýin, günä özümde, özümde...

Ilaman hiç zada düşünmedi. Ol Meretgülüň, Akganyň oňa beren horluklaryny görmese-de, duýupdy ahyry. Ol indi näme üçin olary garalamaýarka?

– Illi jan, men turaýyn, didäm. Ne ýüzüm bilen geldim seniň ýanyňa. Seniňem derdiňi gorjadym. Wah, gaýtmasamam, seni birje gör, gör diýip, göwnüm küýsedi durdy. Razy bol, dogan. Garyp biçäräni ýamanlykda ýatlama – Ene sakyndy. Ol hyklap Ilamana golaý geldi. Soň özi bilen boýdaş bolup duran hor göwräni bagryna basdy.

– Sen, dünýäm, Goçakla aýt, goý, meniň bilen deň bolmasyn. Garyp naçaryň günäsini ötsün.

Ilamanyň burnuna dermanyň ýiti, dymyljak ysy urdy. Ol Enäniň kükreginden tä bokurdagyna çenli ak hasa bilen daňylgydygyny gördi.

– Wah, endam-janym çüýräp barýar, dogan, men gideýin...

Ol ysgynsyzja ýöräp, tümlüge tarap siňip gitdi. Ilaman oýalykda düýş görýän ýaly bolup doňup otyrdy. Ol bu uly hesretleriň näme üçin bolandygyny, nireden gelendigine düşünip bilmeýärdi. Onuň göwnüne ähli günäniň, açlygyň, betbagtçylygyň sebäpkäri

Meretgül, Akga hem-de Oraz şyh ýalydy. Ol ähli betbagtçylygyň sebäpkäriniň uruşdygyna häzirem düşünenokdy.

Şol gijeden soň, dogry bäş gün ötüpdi. Heniz Enäniň janagyryly iňňildisi Ilamanyň gulagyndan gitmändi. Ol göwünsiz işleýärdi. Nähilidir bir agyry beýnisini penjeläp, şol gazap duran ýalydy. Ýüregi bulanyp, gulaklary kesilmän şaňlaýardy.

«Front erigiň» golaýyndaky käliň arpasy gutaryp barýardy.

Ilaman arpasy orlan meýdan bilen çeşmä tarap gönüläp gitdi. Onuň ýüregi gyzyp durdy. Çeşmäniň sowujak suwundan içse derdi dep bolaýjak ýalydy.

Ol käliň ortasyndan geçýän ýoluň ugry bilen gelýän arabany görüp saklandy. Arabany nätanyş adam sürüp gelýärdi. Onuň ýanynda ygala galan garantgy ýaly bolup Meretgül kempir otyrdy. Ol Ilamany görüp eňräp başlady.

Ilaman onuň eýgilige aglamaýandygyna düşündi. Araba duşundan geçenden soň, onuň üstünde ýorgana dolangy ýatanyň adamlygyny tanady. Ol yzyna öwrülmänkä orak orup ýörenler araba tarap ylgaşyp gaýtdylar. Iň öňünde Sapar brigadir bagryny paralap gelýärdi. Onuň:

– Naçar dogan Ene-eý, ne gün düşdi başyňa, naçar dogan Ene-leý, bizi ýetim goýduňmy – diýen ýürek paralaýjy nalasy uzaklara ýaýylyp gidýärdi.

Ilaman şondan soň nämäň nämedigine düşünip galdy. Emma araba tarap ylgamady. Ol gaty-gaty ýöräp çeşmä bakan gitdi.

* * *

Enäni jaýlan gününiň ertesi adamlaryň hemmesi kolhozyň kontoryna üýşdi. Adamlaryň hemmesiniň ýüzi salykdy. Aýtmaklaryna görä, häzir ýygnak bolup Oraz şyhyň meselesi boýunça anyklanan zatlar aýdyljakdy.

Ýygnak başlanar ýerde başlanokdy. Ýygnak geçirmeli adamlar gelip ýetenokdy. Hemmeleriň gözi araba ýoldady. Ilaman Ogultäjiň ýanjagazynda, kontoryň diwaryna arkasyny berip otyrdy. Ol gaýta-gaýta Ogultäje seredýärdi. Ogultäjem oňa enaýyja ýylgyryp garaýardy. Ol Ilamanyň hor ýüzünde, gamgyn gözlerin-de nähilidir bir hili mähribanlyk duýýardy. Şol düşnüksiz duýgy onuň ýüregini täsin ýagtylandyrýardy.

– Hana gelýärler – diýip, Tagy gelin tasanjyrap ýerinden turdy – Ir günümizi gijä goýdy. Bu wagta telim çaňňal orak orardyk gyz...

Hakykatdanam araba ýol bilen kimdir biri atyny uzyn salyp gelýärdi.

– Haý, Sabyr aga gelýär, eýgilik bolawersin – diýip, Sapar brigadir howsala bilen ýakasyna tüýkürdi.

Atly at gaýtarym ýerden düşnüksiz, düşnüksiz gygyrýardy. Onuň diňe sesi eşidilip, näme diýýänine hiç kim düşünmedi.

Ol märekäniň çetine gelip gyryk ses bilen gygyrdy:

– Adamlar, gözüňiz aýdyň, gözüňiz aýdyň, adamlar!..

– How, düşnükliräk aýtsana!

– Uruş ýatypdyr, uruş ýatypdyr, gözüňiz aýdyň adamlar!..

Adamlaryň bu wagtky aljyraňňylygyny ýazyp beýan eder ýaly däldi. Hemmeler ör turdular. Ogultäç Ilamanyň goşaryndan iki eli bilen ýapyşdy.

– Waý Illi, näme diýdi? Uruş ýatypdyr diýdimi? Waý, Illi, eşidýäňmi uruş ýatypdyr. – Ol Ilamana gysmyljyrady. Gözlerinden paýraýan damjalar Ilamanyň kükregini ezýärdi.

Ilaman özüni dürsemänkä, kontordan Anna aga ylgaşlap çykdy.
– Hany onuň dänim aýdýany näme? Kim aýdýa, bu hab...
Sabyr aga adamlaryň aljyraňňylygyny görüp, ogurlykda tutulan ýaly boldy. Ol birhili müzzerip mydyrdady.
– Yraýkom aýtdy, ähli yraýon miting edip, toý tutmaly – diýdi.
Anna aga ýaşulyny bagryna basdy. Soň nemlenen gözlerini uly ak ýaglygy bilen süpürdi.
– Taýhanlar, siziň hem prablininiň adyňyzdan, Sabyr aga, ýagşy habary üçin dänim, bir öweç baýrak bermeli. Sizem dänim, öýüňize gaýdyň, ýuwnup, ardynyp «Puront erigiň» aşagyna günortana gelmeli. Bu gün dänim, myradymyza ýetdik. Zalym gitler paşizminiň kellesini mynjyratdyk. Bu gün iş bolmaz. Bu gün toý edeliň.
Raýondan gelen adamlardan, kolhozçylardan ýaňa «Front erigiň» aşagy alma atsaň ýere düşjek däldi. Boldan bişirilen tagamly çorbanyň, süji ýarmanyn janyňa lezzet berýän ysy düýn-öňňünem juda garyp, gamgyn görnen meýdanlara akyp gidýärdi.
Adamlar diýseň şadyýandylar. Agşamara raýondan gelen bagşylar orta geçdiler. Olaryň hoşroý sesi bütin «Ynkylaby» hüwdüleýärdi.
Ilamanyň göwnüne bolmasa ýüregindäki gam-gussa syrylyp aýrylaýjak ýalydy. Emma ol näçe şatlanjak bolsa-da begenji ýüreginiň teýindäki gam-gussanyň duran ýerine ýetmeýärdi. Ol öýe ir gaýtdy.
Adamlaryň gülküsi Çynarla durman ýetýärdi. Ol öňki adatyna gör, daşaryny syryp, süpürip keçe atdy. Ojakda ot ýakyp, tüňçe goýdy. Soň kellesini ýassyga berdi.
«Uruş ýatypdyr». Ol bu begençli habary ýüregine, ganyna siňdiresi gelýärdi. Görülen jepalaryň, çekilen horluklaryň indi geçip gidendigini, gaýdyp hiç haçan gelmejekdigini özüne ynandyrasy gelýärdi.
Ýarygije dogan aý dünýäni gündizlige öwürdi. Ýarym ukuly ýatan oglanyň ýüregi duýdansyz ersip gitdi. Onuň gözleri şol mähriban gözlere, näçe ýyllap zar bolan, näçe ýyllap idän mähriban gözlerine sataşdy. Ol ýüregine ýeten süýjülige gark bolup pyşyrdady.
– Eje jan!
Aý dökülip duran tylla zülplerini Ilamanyň üstüne seçeläp oglany bagryna basdy.
– Illi jan, balam!
Ilaman ähli agyrylary, ynjylary boşap, ýelek ýaly ýeňil bedenini ejesiniň erkine berip, assaja pyşyrdady.
– Ejemjan, uruş ýatypdyr!
– Gözüň aýdyň, köşegim. Ylaýym, uruş diýen belanyň ady ýitsin.
– Eje jan, indi dädem janam geler, şeýle dälmi?
Ol ejesiniň ýüzüne inen gussany görüp tisgindi.
– Eje, eje dur. Sen nirä gidýäň, eje, jogap ber.
Ol bulutlara garylyp barýan aýy gördi. Göwnüne bolmasa aýyň ýüzünden oňa diňe bir däl-de, iki sany mähriban adamyň didary garap duran ýaly boldy.

# E P I L O G

Asmandaky aý, ýyldyzlar, gijäniň goýy reňki säheriň tämizliginde eräp giden ýalydy. Indi oba elin aýasynda ýaly aýdyň görünýär.

Men gözüme ynanmadym. Eneleriň öýüniň gaýrasyndaky tutlugyň ýerinde owadan posýolok ýaýylyp, «front erigiň» gapdalyndaky käle çenli ýetýärdi. Biziň erigimiz obanyň günbatar çetinde eginlerini göge diräp otyrdy. Giden posýolok gara baga bürenipdir.

Gör, adam eliniň nähili gudraty bar. Şol döwürde ýene pylança ýyldan bu ýerler köşk ýaly jaýlardan dolar diýseler kim ynanardy.

Men çemedanymyň gulpuny pugta tutup, ýerimden turdum.

Indi nirä gitmeli? Meni aljyraňňylyk gurşap aldy. Dogrudanam, men kimiňkä barmaly?

Men bir wagtky howlymyzyň derwezesinde duranymy aňyp galdym. Ýüregimi bire baglap derwezäni kakdym. Ýene-de, ýene-de kakdym.

Arzygül, aý Arzym, bar kalitkany aç. Oba arasynda gapy kakyp durma bor ogşýan.

Ýüzi aý ýaly owadan, ýylgyrjaklap duran gyz işigi açdy. Ol meni gördi-de yzyna ylgady.

– Däde, aý däde, bir daýy gelipdir bize. Gelsene...

Kimdir biri hüňürdäp derwezä garşy gaýtdy. Ol gelşine «Kim aýt ol, kim» diýip bilesigelijilik bilen gyzyndan soraýardy.

Derweze açyldy. Başy köne papakly ýaşuly meniň ýüzüme jikgerip garady. Tanamady. Ol Goçaklydy.

– Salowmaleýkim.

– Maneýkim – Ol ep-esli dikanlap garady.

– Geliň, öýden oturyň.

Men artyk saklanyp bilmedim.

– Tanamadyňyzmy? – Ol meni boýdan başa ýene-de bir gezek synlady-da, ötünçli ýylgyrdy.

– Haý, bizde huş galdymaý. Hiç gözüm kesmedi. Aý, ine, tanşar ýöreris, entek gel bakaly.

Men Kerwen aganyň ogly...

Ol ters pyrlanyp, meni garsa gujaklady.

– Ýolamanjan!

– Ýok, Ilaman!

– Weý, Ilaman jan – Ol ep-esli öňe ýöräp, yzyna gaňryldy. – Haý, tüweleme, haý, berekella. Eýýäm giroýam bolaýdyňmy?

Ol meniň penjegimiň ýakasyndaky ýyldyza garady. Soň ony sypalap-sypalap gördi. – Giroý bolupsyň inim, tüweleme. – Ol çaga ýaly begençli gygyrdy.

– Arzygül, jan gyzym, Ýolaman dädeň geldi. Çaýyňa, çöregiňe seret, bala. Durdy jan, bar ejeň yzyndan karownige ylga, gelsin, Aşgabatdan myhman gelipdir diý, bar bala.

Ol birden yzyna öwrülip, derwezä ýetip barýan ogluna gygyrdy.

– Haý, dur entek. Dur, köpeý ogly. Nirä barýaň. Entek bäri gel. Dädeň bilen salamlaş.

On-onki ýaşly oglanjyk ýygralyk bilen salamlaşdy.

– Indi boldy. Bar, bir aýagyň karownikde, bir aýagyň şu ýerde bolsun.

Soň ol sekiniň üstündäki düşekleri düýrleşdirip ýörşüne ýene-de aljyraňňy gygyrdy.

– Arzygül! Arzy jan, çaýyňa seret, bala! Çaýyňy tizleşdir!

Ýaşulynyň begenýändigi bildirýärdi.

– Aý, menem, gara mal permesi. Bu gün tüwämiz guzlajak diýdiler. Hiç tanasy çykmady. Ýa ilkinji garnyna bolany üçin adamdan gysylýa. Aý, sen şuwat derwezäni kakdyňam gullady-da... Aý bolaýdy.

Ol birden bir möhüm zat ýadyna düşen ýaly alňasady.

– Haý, meniň kelläm gursun. Hany, sen geçsene. Wiý, nätdim-äý men. Wiý...

Düşege geçdim. Bir wagtky uly durmuşymyň şaýatnamalary bir-bir göz öňüme geldi. Hanha, erigimiz. Hana jaýjagazymyz. Hana, ojak ýeri, telär...

– Ýolamanjan, hany çaý iç.

Aňyrda sajy çäýnekde galan ýyly suw bilen çaýkap oturan gyz ýylgyrdy.

– Waý, dädemi. Ýöne Ýolaman diýip otyr. Onuň ady Ilaman-a.

Ýaşulynyň ýüzüne begenç ýylgyrmasy çaýyldy.

– Haý, gyzym senem-äý. Ýolaman boldy, Ilaman boldy, näme tapawudy bar. Bizi sylap gelipmi, maňa şo bes.

– Goçakly aga, tüweleme, gowy jaýa salypsyň!

Ýaşuly çaýyny agdardy.

– Aý, inim, ýeke jaý däl, tüweleme hemme zat gowy. Nesip edip, ýaşap bilseň heýç erbet zady ýok, durmuşyň. Galhoz dagy şeýle bir baý. Isleseň her synaňa-da bir jaý gurup berjekler.

Men çaý guýundym. Ýöne düýnden bäri ýüzüme suw degirmänim ýadyma düşdi.

– Men bir agzymy çaýkaýyn.

Ýaşuly ýeňillik bilen sekiden düşdi.

– El ýuwulýanda ýyljak suw bardyr. Görkezeýin.

Men ýuwnup oturyşyma sowal berdim.

– Köne adamlardan kim bar, başga...

Ýaşuly pössük plotensany iki eli bilen tutup durşuna mydyrdady.

– Bä, köne adam, köne adam... – Ol birden has dikgerdi. – Uruş döwründäkilermi? Aý, kän-le, köne adam.

Ol töwerege göz aýlady.

– Hol, Anna aga barda, şo ýyllar başlyk bolmadymy?! O pahyr-a birki ýyllykda ýogaldy. Ogly Gurbangulam uşgolyň direktory. Onsoň, başga kim bar aýt. Başga ýogammy?

Men Sapar brigadir bilen Tagy gelini soradym.

– Bäý, inim, gaty ýatkeş ekeniň. Geçen oduh, Sapar ogluny öýerdi. Şonda gördüm.

Men geň galdym.

– Ol durmuşa çykdymy?

– Aý, ýok. Olam, ýaňky Tagylyňam dekdomdan çaga alypdylar. Özlerem pensiýede.

– Sen kime öýlendiň?

Ýaşuly gaty geň galdy.

– Weh, şonam bileňokmy, oglan! Hol, uruş döwründe tokgaja gyz bar-a, Ogultäç diýip.

– Ogultäç?!

– Howwalaý. Aý, guma öz garyndaşlaryna çykarypdyrlar. Onsoň durmuşy bolmandyr. Onsoň menem sallah, o-da ýeke. Şeýdip, öýlendik oturyberdik.

Men elimi, aýagymy ýitiren ýaly boldum. Sekä tarap ugradym.

– Bujagaz gyz, ulujamyz. Başky ikije oglumyz durmady.

Şol wagt Durdujyk ylgaşlap geldi.

– Däde, aýtdym. Ejem häzir barýan diýdi.

Oglanjyk sekiniň gyrasynda oturyp maňa bir hoş habar aýtjak ýaly ýygryldy.

– Hol ýerde, däli bar-laý. Zordan geçdim. Özem ertir bilen aýdym aýdýar. Sülgün däli-leý...

Ýaşuly gazap bilen dyzyna galdy.

– Haý, haramzadanyň çagasy. Däli diýme diýip şunça aýtmadymmy saňa...

Ýüzi alnan oglanjyk turup gitdi.

– Hol, Sülgün-läý, Myratlyň gelni. Aklyndan azaşaýdy. Birküç ýyl garyndaşlary äkitdi. Ýene gelipdir. Kolhoz köşk ýaly jaý salyp berdi. Hol, ýokary başdan. Ýene-de şu harabada otyr, görgüli.

Meni nähilidir bir güýç ýerimden göterdi Köwşümiň bagyny daňman köçä çykdym. Soň ýagyş-ýagmyra sürüp, haraba dönen jaýa golaýladym. «Sülgün gelneje!» diýip, ulilim bilen gygyrjak boldum. Emma saklandym. Jaýdan ýürek paralaýjy owaz, şo-ol tanyş owaz gelýärdi. Men ony eşidip doňup galdym.

Uzak-uzag-a ýyllar-d-a
Taýyň galdy Nursoltan.
Uzak-uzag-eý illerde-eý
Daýyň galdy, Aýsoltan.

Uza-ga-uzag-a iller-de-eý
Ýarym galdy jan balam.
Uza-ga-uzag-a ýyllar-da
Arym galdy, jan balam.